JON BIWER

*«USA TODAY»*-IŇ PIKIRINE GÖRÄ, BESTSELLERLERIŇ AWTORY

# HUDAÝÝŇ SIZE BEREN GÜÝJÜNI KÖPELDIŇ

Mähriban okyjym!

Biziň her birimiz – Onuň elleriniň ýaradylyşy, Ol bizi ýagşy işler üçin Isa Mesihde ýaratdy. Siz Hudaýyň perzendi bolaryňyz ýaly, Göklerden berlen merhemet arkaly gaýtadan doguldyňyz we aýratyn maksat üçin şol merhemetiň güýjüni kabul etdiňiz. Siz öz içiňizde täsin güýjüň – şu maksady berjaý edip bilmegiňiz üçin ruhy peşgeşleriň we başarnyklaryň bardygyna aň ýetirýärmisiňiz?

Siziň kabul eden zehinleriňiz we başarnyklaryňyz siziň özüňiz üçin berilmedi; olar siz arkaly başgalara ýetirilmeli. Sizde Hudaýyň başgalara bermek isleýän zady bar. Biziň her birimiz öz ruhy peşgeşlerimiz barada bilip, olary dogry dolandyrmaly we olary başgalaryň peýdasy, Hudaýyň Şalygynyň ýaýramagy üçin maksadalaýyk ulanmaly.

Öz ruhy peşgeşleri barada bilýän, olar arkaly hereket edýän adam ýalkanan we bagtlydyr. Başga biriniň ruhy peşgeşleri arkaly hereket etmäge synanyşýan adan betbagt we sustupesdir. Wepaly we Hudaýyň merhemeti bilen hyzmatdaşlyk edip, Onuň mesh etmesiniň astynda bolmak bilen, biz öz ruhy peşgeşlerimizi göreş garaýşyndan däl-de, rahatlyk garaýşyndan artdyrmaga ymtylmaly.

Siz Onuň merhemetinden we mesh etmesinden paý alansyňyz. Aýgytly boluň we Hudaý üçin beýik işleri amal etmek üçin öňe hereket ediň!

Hormat bilen,
Jon



MessengerX

Jon Biwer
JohnBevere@ymail.com

MESSENGER
INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

X

**JON BIWER**

*«USA TODAY»*-IŇ PIKIRINE GÖRÄ, BESTSELLERLERIŇ AWTORY

# X

# HUDAÝYŇ SIZE BEREN GÜÝJÜNI KÖPELDIŇ

***X: Multiply Your God-Given Potential,*** Turkmen, by John P. Bevere
© 2021 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as X: Multiply Your God-Given Potential
Additional resources in Turkmen are available for free
download and video streaming at **MessengerX.com** and on the **MessengerX** App
To contact the author: JohnBevere@ymail.com

This book is a gift from Messenger International and is
NOT FOR SALE

***“X: Hudaýyň size beren potensialyny köpeldiň”,*** Jon Biwer, türkmen dilinde
Copyright © 2021 Messenger International
MessengerInternational.org
Ilkibaşda iňlis dilinde «X: Multiply Your God-Given Potential» ady bilen neşir edildi.
Jon bilen Liza Biweriň türkmen dilindäki goşmaça resurslaryny **MessengerX.com** saýtyndan we **MessengerX** prilozeniýasy arkaly mugt inderip ýa-da tomaşa edip billersiňiz.
Awtoryň elektron salgysy: JohnBevere@ymail.com

Bu kitap “Messenjer Interneşenel”-den sowgat
SATUWA DEGIŞLI DÄL

App Store Apple Inc.-iň ABŞ-de we beýleki ýurtlarda hasaba alnan söwda belgisidir.
Google Play we Google Play logotipi Google LLC-iň söwda belgisidir.

*Ogullarymyzyň ajaýyp gelinlerine bagyş edilýär....*

Liza we men sizi tüýs ýürekden söýýaris. Siziň her biriňiz aşakda agzalýan ajaýyp häsiýetlere we ondan-da köpüsine eýe, ýöne bu häsiýetler siziň durmuşyňyzda has aýdyň görünýär:

*Juliana*

2009-njy ýylyň 25-nji oktýabryndan bäri Edisonyň ýanýoldaşy.

Sen owadan we paýhasly.

Sen elmydama meniň nowbahar gyzym bolarsyň.

*Jessika*

2018-nji ýylyň 24-nji sentýabryndan bäri Ostiniň ýanýoldaşy.

Sen rehimli we ajaýyp.

Seniň bolan ýeriň bada-bat şatlykdan dolýar.

*Krisçen*

2018-nji ýylyň 18-nji noýabryndan bäri Ardeniň ýanýoldaşy.

Sen şeýle gözel, ýüregiň mähirden doly.

Oglumyza bolan söýgiň şeýle ajaýyp.

*Gelejekki Missis Alek Biwer*

Meniň ýüregim seni görmegi küýseýär.

Men seni eýýäm tüýs ýürekden halaýaryn.

Siziň her biriňiz Liza we maňa uly şatlyk getirýärsiňiz.

Biziň maşgalamyzy köpeldýänligiňiz üçin Taňry ýalkasyn.

Siz elmydama biziň gyzlarymyz bolarsyňyz.

# MAZMUNY


Şu kitap barada **IX**

1. Umumy surat **1**
2. Geçirilen başarnyklar **17**
3. Özüňize dogry baha beriň **35**
4. Dolandyryjylar **47**
5. Sadyk **67**
6. Zähmetsöýerlik we köpeltmeklik **87**
7. Beýik köpeltme **105**
8. Strategiki pikirler **121**
9. Maýa goýmaklyk **139**
10. Stimul **159**
11. Meniň ýaly boluň **177**
12. Köpeltmeklige böwet bolýan zatlar I **197**
13. Köpeltmeklige böwet bolýan zatlar II **213**
14. Öz ruhy peşgeşleriňizi ýüze çykaryň we olary ösdüriň **229**
15. Mesh edilen **249**

Goşundy **261**

Minnetdarlyk sözleri **264**

# ŞU KITAP BARADA

Şu kitabyň sahypalarynda durmuşyňyzyň maksadyny bilmäge we ymtylyşyňyzy oýandyryp, öz potensialyňyzy amala aşyrmaga ýardam berjek Mukaddes Ýazgylaryň danalygyny taparsyňyz. Her bir bapda oýlanmak üçin sorgalar berler, olar size öwrenen zatlaryňyzy durmuşda ulanmaga kömek eder.

Eger siz köpeltmekligi nädip almalydygy barada has köp bilmek isleýän bolsaňyz, meniň döreden goşmaça materiallarymy ulanyp bilersiňiz; olaryň düzümine wideosapaklar, ugrukdyryjylar we beýleki onlaýn resurslar girýär, siz olary ýekelikde ýa-da kiçi toparlarda ulanyp bilersiňiz. Siz bu resurslary **MessengerX.com** saýtynda şägirtçilik üçin niýetlenen resurslaryň kitaphanasy bilen bir hatarda alyp bilersiňiz. Millionlarça adamlar biziň resurslarymyzy eýýäm ulandylar, biziň maksadymyz – olary her bir adam üçin, onuň ýaşaýan ýerine, diline, maddy ýagdaýyna garamazdan, elýeter etmek. Wagt tapyp, biziň saýtymyza giriň we wekilleriň bütindünýä jemgyýetine goşulyň.

Soraglaryňyzyň ýüze çykan ýagdaýynda meniň we “Messenjer Interneşenel” hyzmatyndaky toparym bilen habarlaşyp bilersiňiz.

Üstünlik hemraňyz bolsun!

Jon

*Danalygyň başlangyjy Rebden gorkmakdyr. Danalyk günleriňi köpelder we ömrüňe ýyllar goşar. Dana bolsaň, munuň bähbidini görersiň.*

- Süleýmanyň pähimleri 9:10-12, NLT

# 1

# UMUMY SURAT

Bu waka 2012-nji bolupdy. Men Los Anjelisiň töwereginde ýerleşýän ýygnakda dynç alyş gününde wagyz etmelidim. Men adatça şenbe güni agşamara baryp, şenbe güni öýlänki we ýekşenbe güni irdenki hyzmatlary geçirip, şol günüň özünde-de gündiz öýüme dolanýardym. Emma şol gezek meniň iş tertibimde üýtgeşmeler meýilleşdirilýärdi.

Hyzmatymyzyň hyzmatdaşlarynyň biri (men ony Sten diýip atlandyraýyn) Los Anjelisiň töwereginde boljakdygymy bilip, maňa jaň etdi we şäheriň daşynda ýerleşýän meşhur "Riwýera" klubynda golf oýnamaga çagyrdy. Maňa köp ikirjeňlenmek-de gerek däldi, sebäbi men köpden bäri şol klubyň meýdançasynda oýnamagy arzuwlap gelýärdim. Men begenip:

– Elbetde, höwes bilen! – diýip jogap berdim.

Men 35 ýyldan gowrak wagtyň dowamyndaky saparlarymyň we Hudaýyň Sözüni wagyz eden döwrümiň dowamynda golf oýnuny halaýandygymy wagtal-wagtal agzaýardym. Munuň meýilleşdirilmedik, ýöne ýakymly netijesi hökmünde men dünýäniň iň oňat golf klublarynda oýnamaga birnäçe gezek çakylyk alypdym. Bu ýagdaýyň hem şol çakylyklaryň biridigi gürrüňsizdi.

Bu çakylyk üýtgeşikdi. "Riwýera" – hususy eýeçilikdäki örän abraýly klub, ol ýere düşmek gaty kyn. Her ýyl bu klubyň meýdanynda "Jenisis inwiteýneşel" (ozalky "Los Anjelisiň açyk çempionaty) atly "PGA tur" turniri geçirilýärdi. Bu klubda başga-da uly ýaryşlar: ABŞ-nyň Açyk

çempionatlarynyň birnäçesi, Golf oýnunyň hünärmen oýunçylarynyň birleşmesiniň ýaryşlary, Muşdaklaryň arasyndaky ABŞ-nyň çempionatlary we beýleki meşhur ýaryşlar geçirilýärdi.

Arzuwlaýan oýnuma äkitmek üçin, Sten şenbe güni irden meniň yzymdan geldi. Bu günüň meniň üçin ýakymly bolmagynyň başga-da bir sebäbi bardy: bir ýyl mundan ozal ýakyn dostlarymyň biri bolan Aron Bedelli Los Anjelisiň açyk çempionatynyň ýeňijisi bolupdy. Men boljak oýun barada höwes bilen oýlanyp, 2011-nji ýylda dostuma ýeňiş getiren şowly urgularynyň käbirlerini aňymda gaýtalaýardym!

Men dört çukurjygy geçip, uç urgy yza galýardym (biraz aljyrapdym), ýöne oýny tamamlanymda, iki urgy öňde boldum. Sten bilen wagtymyzy örän oňat geçirdik; bu säher diýseň ýakymlydy.

Sten meni yzyma, Los Anjelesiň merkezinde ýerleşýän myhmanhanama getirýärkä ýolda:

– Jon, köpden bäri çynlakaý oýlanýan bir soragym bar. Şony senden sorasam bolar-a? – diýdi.

– Elbetde!

Ol pespällik we akgöwünlik bilen:

– Jon, men soňky 20 ýylyň dowamynda arman-ýadaman zähmet çekdim, öz kärhanamy gurmak üçin köp wagtymy sarp etdim. Meniň şindiki hususy kapitalym takmynan dokuz million dollar boldy. Şindiki müşderilerim bilen gatnaşygym diýseň gowy. Köp ýyllap çeken yhlasly zähmetimiň netijesinde aýalym we çagalarym ömürleriniň ahyryna çenli üpjün edilen.

Şondan soňra ol soragyny mälim etdi:

– Şindi, 50 ýaşdan geçenimden soň, şol öňki depginimde işlemek gerekmi? Indiki 10 ýylyň dowamynda işläp, kärhanamyň maýasyny 35 million dollara ýetirmegä dyrjaşmak nämämä gerek?

Oňa jogap bermek üçin Mukaddes Ruh paýhasy bada-bat berdi. Men oňa şeýle diýdim:

– Saňa bir zady mysal getireýin. Göz öňüne getitip gör, men, hamala, saňa şeýle diýýärmişim: “Sten, men köp ýyllap yhlasly zähmet çekdim, 17 kitap ýazdym, olar eýýäm millionlarça tiraž bilen 80-den gowrak

dillerde neşir edildi. Soňky 25 ýylyň dowamynda men 16 milliondan gowrak kilometr geçip, sagat guşaklarynyň çaprazlygyndan kösendim, köpsanly medeniýetler bilen gatnaşdym, geň-taň naharlary iýdim, kiçijek myhmanhanalaryň otaglarynda ýaşadym – bularyň bary Hoş Habary dünýä boýunça wagyz etmek üçin edildi.

Meniň hyzmatymda ähli zat gülala-güllük, meniň maddy ýagdaýym durnukly. Liza we çagalar üpjün edilen. Maňa şindiki depginimde dowam etmek gerekmi eýsem?

Hemme zat öran gowy boldy. Sten kinaýaly ýylgyryp, şeýle diýdi:

– Isa Mesih bilen duşuşan wagtyňde seniň ýeriňde bolasym gelmezdi.

Men hem şobada:

– Sten, sen öz kärhanalaryň babatda hut şeýle aýtdyň – diýdim.

Onuň ýylgyrmasy zym-zyýat boldy. Ol gözüni ýoldan aýyrdy-da, sarsgynlyk duýgusy bilen maňa dikanlap seretdi. Sten gulaklaryna ynanman:

– Näme üçin beýle diýýäň? – diýip sorady.

– Sten, Hudaý Öz perzentleriniň her birini ruhy peşgeşler bilen sylaglady. Bu peşgeşler bize Onuň Şalygyny bina etmek üçin berildi. Emma bu ruhy peşgeşleri biziň özümiz dolandyrýarys, şoňa görä-de, islendik wagty şu üç usulyň biri arkaly ulanmagy çözüp bilýäris:

> Biz bu ruhy peşgeşleri Şalygy gurmak üçin ulanyp bilýäris;
> Biz bu ruhy peşgeşleri öz durmuşymyzy gurmak üçin ulanyp bilýäris;
> Biz bu ruhy peşgeşleri äsgermän, olara geleňsizlik edip bilýäris.

Sten meni ünsli diňleýärdi, men hem sözümi dowam edip, şeýle diýdim:

– Meniň mese-mälim ruhy peşgeşlerimiň biri – ýazyjylyk we wagyz etmeklik; seniň ruhy peşgeşleriň telekeçilige we sadaka bermeklige degişli. Sen meniň mysal getiren deňeşdirmäme güldüň! Ýöne şol zatlar barada hut özüň şeýle diýdiň-ä! Şalygy gurmakda seniň ruhy peşgeşleriň hem edil meniňkiler ýaly wajyp. Aslynda, seniňkileriň has wajyp

bolmagy hem ahmal, sen ýöne tutuş suraty görmeýärsiň.

Biz bu barada gürrüň etmegi dowam etdik. Söhbetdeşligimiziň dowamynda Steniň pikirleriniň we garaýyşlarynyň çalt özgerýänligini görmek diýseň ýakymlydy.

Alty aý geçenden soň, men hal-ýagdaý soraşmak üçin Stene jaň etdim. Biziň aramyzda ýatdan çykmajak gürrüňleriň ýene-de biri bolup geçdi.

– Sten, salawmaleýkim. Sag-aman otyrmysyňyz?

– Waleýkimessalam. Hakykaty bilmek isleýäňmi? – diýen jogaby meniň üçin oslagsyz ýaňlandy.

– Elbetde, bilesim gelýär!

– Seniň alty aý mundan ozal aýdanlaryň maňa hiç rahatlyk berenok, gowy manysynda rahatlyk berenok.

– Hawa, onsoň sen näme etdiň?

Ol güldi-de, şobada:

– Men Şalygyň gurluşygy üçin kapitalymy 35 million dollara çenli galdyrmak üçin arman-ýadaman zähmet çekýärin.

– Gaty ajaýyp!

Sten Hudaýyň Şalygynyň işleriniň ilerlemeginde ýöne bir synçy däldigi baradaky hakykaty özleşdirdi. Ol köp adamlaryň şeýle sypdyrýan zatlaryny görmegi başardy. Ol özüniň aýratyn başarnyklarynyň diňe wagtlaýyn durmuş üçin däl-de, bakylyk üçin wajypdygyna düşündi. Indi ol bu ruhy peşgeşini özünden we onuň maşgalasyndan has uly bolan maksat üçin alandygyna doly düşünýär. Men onuň gönümelligi, açyk ýüregi we tabynlygy üçin diýseň minnetdar. Bu häsiýetler oňa durmuşyny özgerden hakykaty kabul etmäge kömek etdi. Onuň bu şaýatlygy arkaly diňe onuň durmuşy däl, başga-da köp adamlaryň durmuşy hem özgerdi.

Bu hakykata aň ýetirenligi sebäpli Sten häzirki wagtda köpeltmä ymtylýar we öz göreldesi arkaly şu kitabyň esasy maksadyny görkezýär. Gynansam-da, köp ýyllaryň dowamynda giden saparlarymyň we imanlylar bilen eden gürrüňlerimiň netijesinde men köp adamlaryň Sten ýaly pikir edýändigini ýüze çykardym. Adamlaryň köpüsi muny

gönümel boýun almasa-da, söhbetdeşligiň dowamynda şeýle pikirdedigi ýüze çykýar.

Eger siz çagyrylandygyňyz babatda şübhelenýän bolsaňyz, men bu kitabyň siziň eliňize düşendigine gaty begenýärin. Men siziň-de pikirleriňiziň özgermegine tüýs ýürekden umyt baglaýaryn.

Sten ýaly, öz-özüňize hakykaty aýdyň; bu size umumy suraty görmäge mümkinçilik berer. Şeýle pespäl halda siz özüňiziň üýtgeşik ruhy peşgeşleriňizi ýüze çykararsyňyz we olary Şalygyň gurluşygy üçin köpeldip bilýändigiňize berk ynanarsyňyz. Siz hem edil çopanyňyz we men ýaly Hudaý tarapyndan çagyrylansyňyz. Siziň çagyrylyşyňyz hem edil beýik Billi Gremiň ýa-da islendik meşhur hyzmatçylaryňky ýaly hakykydyr.

Biz çakylygyňyzyň täsirini giňeltmek üçin, ruhy peşgeşleriňizi nädip ýüze çykarmalydygy, ösdürmelidigi we, iň esasy zat, nädip köpeltmelidigi barada gürrüň ederis. Hudaýyň Sözi we şu kitapdaky wakalar siziň imanyňyzy berkider we netijeliligiňizi ep-esli artdyrar. Men muny "myş-myşlar" esasynda bilemok: bularyň bary şu kitaby ýazanymda we ony redaktirlänimde hut meniň özüm bilen bolup geçen zatlardyr.

## MAKSAT BILEN – AÝRATYN BIR MAKSAT ÜÇIN DOGLANLAR

Geliň, Mukaddes Ýazgylaryň örän meşhur aýatlaryny öwrenmekden başlalyň:

> "Çünki siz iman arkaly Hudaýyň *merhemeti bilen* halas edildiňiz. Bu siziň öz tagallaňyz bilen bolmady, muny size Hudaý peşgeş berdi. Hiç kim ynsan tagallasy bilen halas boldum diýip öwünmesin"(Efesliler 2:8-9).

Şu iki aýatda Hudaýyň merhemeti barada aýdylýar. Biziň Hudaýyň merhemeti arkaly halas edilendigimiz mese-mälim, bu Hudaýyň peşgeşi. XXI asyryň ýygnagy bu hakykaty ajaýyp tärde mälim etdi. Biz bakylygy öz Ýaradanymyz – Gudratygüýçli Hudaýymyz bilen geçirmek üçin aýratyn hukuga mynasyp bolar ýaly derejede yhlasly işläp bilmeris,

päk ýaşap bilmeris ýa-da şeýle köp sadaka berip bilmeris. Mukaddes Ýazgylaryň bu meşhur aýatlary wajyp hakykaty açyp görkezmek bilen, Mukaddes Ýazgylaryň esasy ýerleriniň biri, belki-de, iň esasy ýerleriniň biri bolup durýar. Emma biz şu aýatlardan soň ýazylan aýatlara biperwaý garadyk.

> "*Sebäbi* Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi owaldan taýýarlap goýan ýagşy işlerini *etmegimiz* üçin ýaratdy" (Efesliler 2:10).

Dokuzynjy aýatdan soň ilkinji sözüň "*sebäbi*" diýen sözdügine üns beriň. Bu söz baglaýjy kömekçi bolmak bilen, bu iki tassyklamany birikdirýär. Başga sözler bilen aýdylanda, bu pikiriň birinji bölegi öz-özünden tamamlanan bolup bilmeýär."Sebäbi" sözi "çünki, şol sebäpden" diýmegi aňladýar; hut şoňa görä-de, sekizinji we dokuzynjy aýatlar mysal getirilende, onunjy aýada äsgermezçilik etmeli däl. Sebäbi şeýle edilen ýagdaýda bu parçanyň manysyna doly düşünip bilmeris.

Onunjy aýat biziň Onuň elleriniň işidigini, aýratyn maksat – ýagşy işleri etmek üçin ýaradylandygymyzy ykrar edýär. Aslynda, Pawlus şu üç aýatda şeýle pikiri göz öňüne tutýar:

> "Biz, *birinjiden, kimdir biri,* ýagny Hudaýyň perzendi bolmak üçin merhemet arkaly halas edildik; *haýsydyr bir zatlary* etmäge-de hut şol merhemet bize gaýrat berýär".

Biz hiç haçan bir hakykata çendenaşa üns berip, beýlekisine äsgermezçilik etmeli däl. Ýöne şuny ilkibaşdan nygtamaga ygtyýar ediň: biziň Isa Mesihe meňzeşligimiz biziň işlerimizden has ähmiýetli bolup durýandyr, *sebäbi edýän ähli işlerimiz biziň kimdigimizden gelip çykmalydyr*.

Işler baradaky hakykatdan sowa düşmek aňsat. Bu bizi Şalygy gurmak üçin zähmet çekmelidigimiz bilen baglanyşykly bolan islendik basyşdan boşadýar. Adamlaryň şeýle etmegi gynandyrýar, sebäbi bize hut işlerimiz güýç berýär ahyryn. Isa Mesih şeýle diýýär: "Meniň iýmitim Özümi Ibereniň yradasyny berjaý etmekdir, Onuň işini ýerine

ýetirmekdir” (Ýohanna 4:34). Ol şeýle hem diýýär: “Size rahatlyk bolsun! Atamyň Meni iberişi ýaly, Men hem sizi iberýärin” (Ýohanna 20:21). Şu iki tassyknamany birleşdirsek, biz iýmitimiziň bizi iberen Isa Mesihiň yradasyny berjaý etmek, ony ýerine ýetirmekdigini aýdyň görýäris. Iýmit – bu bize güýç berýän zat. Eger biz iýmitlenmesek, tapdan düşeris we az zatda peýdaly bolarys.

Geliň, muny öz ruhy durmuşymyza geçireliň. Eger biz özümizi iberen Isa Mesihiň yradasyny berjaý etmesek, tapdan düşeris. Tapdan düşenimizde bolsa, synaglar babatda gowşak bolarys.

Isa Mesih bilen geçiren kyrk ýyldan gowrak döwrümiň dowamynda men adamlaryň “etmekligiň” ýetmezçiliginden ýaňa imandan daşlaşýandygyny ýüze çykardym. Olar öz çakylyklary babatda ýalta we biperwaý bolýarlar, wagtyhoşluk serhoşlugyna we ahlaksyzlyga batýandyklaryny ýa-da olary dünýewi durmuşa tarap yza çekýän zatlara ulaşýandyklaryny-da duýmaýarlar. Olar öz ruhy güýçlerini ýitirýärler. Munuň asyl manysy şundan ybarat:

*Biziň edýän zadymyz bize güýç berýär.*

Şunlukda, bu üç aýatdaky hakykaty gaýtalamaga ygtyýar ediň. Siz Hudaýyň perzendi bolmak üçin merhemet arkaly göklerden doglansyňyz we hereket etmek üçin hem şol merhemetden paý alansyňyz. Hudaýyň Sözi ähli ýagşy işlerimiziň her birini öňünden meýilleşdirendigini ykrar edýär. Dawut pygamber şeýle ýazýar:

> “Heniz şekilsizkäm meni gözleriň gördi, maňa bellenilen günleriň hiç biri heniz gelmänkä, olaryň her biri Seniň kitabyňda eýýäm ýazylgy” (Zebur 138:16).

Hudaý siziň berjaý etmeli işleriňizi siz heniz dogulmankaňyz eýýäm meýilleşdirdi. Ol olary hatda kitaba ýazyp goýdy! Bu kitabyň nähili ägirtdigini göz öňüne getirmek-de çetin, sebäbi onda durmuşymyzyň her bir pursady ýazylan. Onuň biz üçin meýilleşdiren wezipeleri Onuň Şalygynyň gurluşygyna degişlidir. Onuň iň uly islegi – biziň Onuň Şalygyny gurmagymyz, ýöne muny etjekdigimize hiç kepil ýok. Efesliler 2:10-daky “*etmegimiz* “ diýen söze üns beriň. Bu aýat biziň bu işleri

hökman *etjekdigimizi* aňlatmaýar. Biziň erkin yradamyz hut şu ýerde orta çykýar. Hudaý biziň işlerimizi öňünden meýilleşdirdi, ýöne Onuň meýilleşdirişi ýaly hereket edip-etmezligi özümiz çözýäris.

Biz imanlylara kazylyk ediljek wagty (şonda biz mesihilik zähmetimize görä sylaglanarys ýa-da geleňsizligimiz zerarly ýitgi çekeris) Isa Mesihiň huzurynda duranymyzda, Ol şu kitaby açyp: "Hany, gel, ýaşan durmuşyňy Biziň Ata bilen seniň üçin ilkibaşdan niýetlänlerimiz bilen deňeşdirip göreli" diýjekdigine berk ynanýaryn. Kazylyk babatda bolsa şuny aýdyp bileris: Mukaddes Ýazgylaryň iki dürli kitabynda "kitaplaryň açylandygy" barada ýazylgy (ser.: Danyýel 7:10 we Aýanlyk 20:12). Men Hudaýyň bu kitaplary durmuşymyz barada biz heniz dogulmankak eýýäm ýazandygyna ynanýaryn. Biziň şahsy çakylygymyz babatda bolsa şeýle: biz eden işlerimiz üçin däl-de, etmäge çagyrylan işlerimiz babatda höküm edileris. Bu aýňaldyjy pikirdir.

Siz muny okap, howsala düşmegiňuz ahmal. Haýyş edýärin, beýtmäň! Bellige almaly wajyp üç delil bar. Birinjiden, Hudaý siziň çagyrylan zatlaryňyzy etmegiňizi sizden-de köp isleýär. Şonuň üçin-de, Ol Öz meýlini sizden gizlemekçi bolanok. Ol siziň öz çakylygyňyz barada bilmegiňizi sizden-de köp isleýär! Ikinjiden, öz çagyrylyşyňyzyň doly güýjüne girmek prosesi ýoluň geçilmegine meňzeýär. Ol bir sagadyň dowamynda bolup geçmeýär; şonuň üçin-de, takatsyzlyga ýol bermäň. Üçünjiden, siz bu kitapda Mukaddes Ýazgylardan maslahatlar, şeýle-de şahsy tejribeden dörän maslahatlary taparsyňyz, olar size öz çakylygyňyzy ýüze çykarmaga we ony ösdürmäge ýardam berer.

Muny düşündirmek üçin, şeýle bir mysaly ulanaýyn. Men, hamala, şäher gurujymyş diýeli. Men şäheriň merkezinden uzak bolmadyk bir ýerde ajaýyp ýaşaýyş jaýlaryny, tomaşa-güýmenje we söwda toplumyny gurmak isleýärin. Men şäher gurujy hökmünde baş binagärmiş hem diýeli. Şoňa görä-de, men hünärmen gurluşykçylar we binagärler bilen baş taslamany işläp düzýärin. Men bu toplumda oýun we sport meýdançalary, attraksionlary, fontanlary, dynç alyş zolaklary we pyýada ýodajyklary gurmak isleýärin. Mundan başga-da, men köp gatly jaýlaryň birinji gatynda dükanlary ýerleşdirmekçi, toplumymyzy üýtgeşik etmek üçin, onda restoranlary, kinoteatrlary

we beýleki döredijilik elementleri bina etmekçi.

Taslamany düzüp bolanymyzdan soň, men baş taslamanyň dürli böleklerini ýerine ýetirmeli potratçylary saýlaýaryn. Men olary işe çagyryp, berjaý edilmeli işleriň möhletlerini mälim edýärin. Meniň taslamam durmuşa geçirilmäge taýýar.

Eger potratçylaryň hemmesi meniň görkezmelerime eýerseler, bu örän uly taslamanyň gurluşygy aňsat we ýüzugra tamamlanar. Emma potratçylaryň käbirleri üçin bu taslama ilkinji derejeli bolmasa näme? Eger olar olar tabşyrygy kabul edip-de, gurluşyga berlen wagtyň dowamynda öz başarnyklaryny başga işleri etmäge ulansalar näme? Olar balyk tutmaga, golf oýnamaga ýa-da sport çärelerine ýygy-ýygydan gatnaşyp, gurluşygy idegsiz goýsalar näme? Başga potratçylar ýaltanyp, öz işlerine geleňsizlik etseler näme? Eger men bütinleý olara garaşly bolsam, bu taslama bellenilen möhlete çenli asla tamamlanmaz. Aslynda, olar ony asla tamamlamazlar.

Potratçylar öz wagtyny we zehinlerini nädip sarp etmelidigini özleri çözýär. Ýöne men, şäher gurujy hökmünde çynlakaý yza çekmeler we bu taslamanyň asla tamamlanmaz ähtimallygy bilen ylalaşyp bilmerin. Muňa derek men işleri ýerine ýetirmek üçin başga potratçylary işe çagyraryn.

Netijede näme bolar? Birinji potratçylar ajaýyp toplumy bina etmäge gatnaşanlar üçin niýetlenen sylaglary almazlar. Şäheriň bu owadan merkezindäki işleriň arasynda öz çagalaryna, agtyklaryna we dost-ýarlaryna öz işlerini görkezip bilmezler. Olaryň çagalary öz ene-atalarynyň bu toplumyň haýsy bölegini gurandygyny başgalara aýdyp bilmezler. Olar hem öz ýumuşlaryny berjaý etmekdäki peşgeşlerini ýitirerler.

Siz şeýle ýagdaýy tutuş Mukaddes Ýazgylarda görüp bilýärsiňiz. Hudaýyň Öz Şalygyny gurmakda baş taslamasy bar. Ýöne taryhyň dowamynda Hudaý Onuň islegini amal etmedik adamlar bilen iş salyşmaly boldy. Şonuň üçin-de, Ol ilkibaşdaky taslamasyna ýygy-ýygydan düzedişler girizmeli boldy. Men ýöne ynsan düşünjelerini ulanýaryn, sebäbi Hudaý ahyry ilkibaşdan bilýär, Ol wagta garaşly däl. Şoňa görä-de, “meýilnamanyň” üýtgedilmegi Onuň üçin oslagsyz bir

zat däl. Ol Öz işgärleriniň näme etjekdigini öňden bilýärdi we olary çalyşmaklyga eýýäm taýyndy.

Munuň köpsanly mysallary Mukaddes Ýazgylarda köp duş gelýär. Siz muny Ybraýym pygamberiň atasy Teranyň mysalynda görüp bilersiňiz (muny maňa golaýda körpe oglum Arden ýatlatdy). Biziň köpimiz Ybraýymyň Hudaý tarapyndan Kengan ýurduna gitmäge çagyrylmazyndan öň babyllaryň Ur galasynda doglup, şol ýerde kemala gelendigini bilýäris. Giňden belli bolmadyk bir waka bar: eger siz onuň atasy Tera barada has ünsli okasaňyz, onda Hudaýyň ilkibaşdan ony gitmäge çagyrandygyny ýüze çykararsyňyz. Geliň, bu barada okalyň:

> “Tera ogly Ybramy, agtygy Haranyň ogly Luty, gelni bolan Ybramyň aýaly Seraýy öz ýanyna alyp, *Kengan topragyna gitmek üçin* babyllaryň Ur galasyndan çykyp gaýtdy. Olar *Harana gelip*, şol ýerde mesgen tutdular. Tera iki ýüz bäş ýaşynda Haranda aradan çykdy” (Gelip çykyş 11:31-32).

Biz iki zada üns bermeli. Birinjiden, kimdir birine hiç bir sebäpsiz tutuş maşgalasy bilen Ur galasyndan çykyp, Kengan ýurdy ýaly görnüksiz ýurda ýetmek üçin müňlerçe menzili geçmek nämä gerek? Düýe kerweninde edilýän syýahat haýal we agyr geçýär. Aýallardyr çagalar bilen edilen syýahat azyndan birnäçe aýa çeken bolmagy gaty ahmal. Teranyň internete girip, ondan Kenganyň ýaşamaga we işlemäge örän ajaýyp ýerdigini bilmek üçin makalalary okamandygy, suratlaryny görmändigi belli zat. Ol bu barada köpçülik torlaryndaky makalalardan hem bilmedi. Şeýle uzak syýahata birdenkä ugramagyň bir sebäbi bolmaly.

Ikinjiden, eger ol Kengana ýönelen bolsa, näme üçin Haranda mesgen tutdy? Näme üçin ýönelen ýerine ýetmän, syýahatyny tamamlady? Bökdençlik döreden isleginiň ýüze çykan bolmagy, kynçylyklara duçar bolmagy, maşgala agzalaryndan biriniň bu syýahatdan ýadan bolmagy ýa-da başga bir ýagdaýyň dörän bolmagy mümkin zatmy? Ol Haranda has köp mümkinçilikleri gören bolmagy we şol zatlar babatda Hudaýdan alan ýeke bir sözi sebäpli töwekgelçilige ýüz urasy gelmändigi mümkin zatmy?

Bularyň baryny nazara alyp, Hudaý tarapyndan “köp milletleriň atasy bolmaga” Teranyň birinji bolup çagyralandygy babatdaky netijä gelip bilýärismi? Häzirki wagtda Ybraýyma degişli “*Iman atasy*” diýen ada ilkibaşdan Tera eýe bolmaly dälmidi? (ser.: Rimliler 4:16-7)?

Tera soňuna çenli gitmezligi karar etdi; ol Haranda mesgen tutdy. Eger ol ýoluny dowam etdiren bolsady, onda häzirki wagtda biz onuň başdan geçirmeleri we Hudaý bilen baglaşan ähti barada okardygymyza ynanýaryn. Ysraýylyň ony öz atasy diýip atlandyryp, Isa Mesihe bolsa “Ybraýymyň nesli” däl-de, “Teranyň nesli” diýlerdigine ynanýaryn (ser.: Galatýalylara 3:16).

Hudaýyň baş meýilnamasyna üýtgetmeleriň girizilmeginiň başga bir mysaly – serdar we baş ruhany Eliý. Ol we onuň nesli ruhany bolmaga bellenendi, olar Hudaýyň haky üçin Hudaýyň huzurynda durmalydy. Emma Eliýiň ýanyna şu sözleri aýtmaga bir pygamber iberildi:

> “Ysraýyl Hudaýy Reb şuny aýdýar: ‘Seniň öz nesliň-de, ata-babaňyň nesli-de hemişelik Meniň huzurymda gezer diýip, Men öň söz beripdim. Emma indi Men-Reb muny aýdýandyryn: gaýtmyşym bolsun, çünki Men Özümi sylany sylaryn, äsgermezlik edeni bolsa ryswa ederin. Şunlukda, siziň we siziň ata-babalaryňyzyň ganatyny gyrjak günlerim uzakda däl — sizden doglanlaryň hiç birine uzak ömür miýesser etmez’” (1 Şamuwel 2:30-31).

Eliýiň boýnyýogynlygy özüne-de, onuň nesline-de täsir etdi. Eger Eliý Hudaýyň huzurynda yzzat-hormat bilen gezen bolsady, onda onuň maşgalasy ruhanylyk derejesini saklardy.

Dawut pygamberiň ogly Süleýmandan başlap, onda soňra patyşa bolan Ysraýyl patyşalaryň ählisi mysalyň ýene biri bolup durýandyr. Hudaý Süleýman patyşa şeýle diýdi: “Seniň Meniň bilen eden ähtiňi bilgeşleýin bozup, Meniň saňa tabşyran parzlarymy saklamandygyň üçin, Men patyşalygy hökman seniň eliňden alyp, ony köşk emeldarlaryňyň birine bererin (1 Patyşalar 11:11). Eger Süleýman wepaly bolan bolsady, onda şalyk onuň ogly Rehabgamdan asla alynmazdy. Şalygyň köp bölegi Ýarobgama berildi, ýöne soňra ol hem biwepa bolup çykdy. Hudaý oňa şeýle diýdi:

> “Men seni halkyň arasyndan saýlap, halkym Ysraýylyň üstünden patyşalyga belledim. Patyşalygy Dawudyň neslinden alyp, saňa berdim. Emma sen Meniň tabşyryklarymy berjaý edip, Meniň nazarymda dogry işleri edip, bütin kalby bilen Maňa wepaly bolan gulum Dawut ýaly bolmadyň....Menden ýüz öwürdiň. Şonuň üçin hem Men Ýarobgamyň nesilleriniň başyndan betbagtçylyk indererin...” (1 Patyşalar 14:7-10).

Ýarobgam öz derejesini we ruhy peşgeşlerini Hudaýyň Şalygynyň bähbidi üçin ulanman, öz şahsy bähbidi üçin ulandy. Eger ol şeýle etmedik bolsady, onuň şa neberesi mäkäm bolardy. Ýarobgamyňky ýaly habary patyşalyk ynanylan ysraýyl şasy Bagşa (ser.: 1 Patyşalar 16:1-7) we beýleki patyşalar hem aldy.

Hudaýyň çakylygyna biwepalyk etmeklik köplenç diňe bize däl, eýsem biziň neslimize-de täsir edýär. Bu Tera babatda bolmady, ýöne başga köp adamlar babatda welin boldy.

Biz şeýle ýagdaýy pygamberleriň arasynda görýäris. Elýaşa Ylýas pygambere hyzmat etdi we onuň durmuşynda bolan ak patanyň iki essesini aldy. Ýöne ýyllar geçip, Elýaşanyň hyzmatçysy Geýhaz - pygamberlik peşgeşini almalylaryň indikisi, wajyp bolan zady göz öňünden sypdyrdy we öz çakylygyndan mahrum boldy. Ol heýwere keseline ýolukdy we özüniň çagyrylan hyzmatyny goýbolsun etmeli boldy (ser.: 2 Patyşalar 5:20-27). Täze hyzmatçy (onuň ady görkezilmedik) onuň ornuna geçip, Elýaşanyň kömekçisi boldy.

Täze Ähtde biz munuň Ýudas Iskariýot bilen bolup geçişini görýäris. Ol özüne ynanylan çakylygy we ruhy peşgeşleri betpällik bilen ulanansoň, ony çalyşmaly boldy. Petrus otagda şägirtlerine şeýle diýdi: “Zeburda: ‘...Başga biri onuň ornuny alsyn” diýlip ýazylan” (Resullaryň işleri 1:20-21).

Nähili gynançly we ýürek gyýyjy! Köp adamlaryň öz çakylyklaryny we ruhy peşgeşlerini mynasyp tärde ulanmadyklary üçin nähili ökünjekdikleri baradaky pikir bizi aýňaldyp biler.

Indi bolsa ýakymly tarapyna dolanyp, şuny aýdaýyn: siz, mähriban okyjym, maksat üçin – aýratyn maksat üçin doglansyňyz. Ebedi bolan

zatlaryň gurluşygynda siziň durmuşyňyz öräm ähmiýetlidir. Bu adaty adamlaryň yradasy däl-de, Hudaýyň hut Özi tarapyndan kesgitlenendir.

## SIZ ÖZ NETIJELILIGIŇIZI KESGITLEÝÄRSIŇIZ

Munuň sizi örän geňirgendirmegi mümkin, ýöne siziň *näderejede netijeli* bolup-bolmazlygyňyz Hudaýa däl-de, size baglydyr. Eger siz durmuşyňyzdaky ähli üstünlikler Hudaýyň özygtyýarlygynyň netijesidir diýip hasaplaýan bolsaňyz, şeýle jümläniň Hudaý babatda sypaýyçylyksyz eşidilýär diýip oýlamagyňyz mümkin. Emma men bu jümläniň Hudaý babatda sypaýyçylyksyz däldigi we Onuň özygtyýarlygyny asla peseltmeýändigi babatda doly ynandyrasym gelýär. Bu jümle Hudaýyň bize ynanýandygyny we Öz perzentlerine beren erkinligini - öz erkin saýlawlaryny mälim etmeklerini isleýär.

Şu babyň başynda Mukaddes Ýazgylardan mysal getiren parçamyzy ýene-de bir gezek okalyň:

> “Danalygyň başlangyjy Rebden gorkmakdyr. *Danalyk günleriňi köpelder* we ömrüňe ýyllar goşar. Dana bolsaň, munuň bähbidini görersiň” (Süleýmanyň pähimleri 9:10-12, NLT).

Bu hakykat dogrudan-da ruhlandyrýar we täsir edýär! “Günleriňi köpelder” diýen jümle näme aňladýar? Bu siziň ömrüňiziň uzamagyny aňladyp bilmeýär; bu barada eýýäm “ömrüňe ýyllar goşar” diýen jümlede aýdyrlýar. Bu jümläniň ýeke-täk manysy siziň her günki netijeliligiňiziň köpelmegini aňladyp bilýär. Başga sözler bilen aýdylanda, Hudaýyň danalygy bolmadyk adam bilen deňeşdirilende, siz her günki günden has köp zatlary alarsyňyz.

Siz Süleýmanyň pähimlerinden şu aýady eşiden bolmagyz ahmal: “Eger palta kütek bolsa, ýüzi ýiteldilmese, oňa köpräk güýç sarp etmeli bolýandyr. Danalyk bolsa üstünlige eltýändir” (Wagyz 10:10). Bu ýerde danalyk barada aýdylýar. Siz kütek palta (danasyzlyk) bilen hakykatdan-da peýdaly ýa-da netijeli bolup bilmersiňiz. Başga bir tarapdan, ýüzi ýiteldilen palta bilen (paýhasly ýaşap) has köp agajy çapyp bilersiňiz. Siz şol bir güýji ulanmak arkaly öz yhlasyňyzy artdyryp bilersiňiz.

Hudaýýň danalygy diýseň wajyp. Bu kitabyň indiki sahypalarynda men öz dostumyň wakasyny beýan ederin. Ol onlarça ýyllaryň dowamynda imanly adam hökmünde netijesizdi we ahyrda öz ukuçyllyk ýagdaýyndan bizar boldy. Ol alty aýlap Hudaýýň Sözüni çuňňur öwrenmekden başlady. Netijede, ol has netijeli bolmak üçin danalyk aldy. Siz onuň durmuşynyň wakasyna haýran galarsyňyz.

Hudaýýň Sözi diňe meniň dostuma däl, eýsem biziň ählimize-de şeýle diýýär: “Danalygyň başy şudur — oňa eýe bol. Bir zat satyn alsaň — paýhas al” (Süleýmanyň pähimleri 4:7). Men bu pikiri halaýaryn. Siz oňa hakykatdan-da ynanan badyňyza, wagtyňyzy we güýjüňizi paýhas edinmäge sarp edersiňiz. Ýöne Süleýmanyň pähimleri 9:11-12-iň beýik hakykaty şundan ybarat: *siz paýhasy alan badyňyza, ondan özüňiz peýda alarsyňyz!*

Men şu kitapda Hudaýýň danalygyny paýlaşýaryn, ony edinmek üçin agtaryşlardan, dileglerden we tabynlykdan doly ençeme ýyllar sarp edildi, olaryň dowamynda položitel we otrisatel tejribeler edinildi. Ýöne diňe men däl, eýsem meniň gatnaşan adamlarym-da paýhasly hereket edip, akyla sygmajak miweleri getirdiler, muny siz şu kitapdan özüňiz-de bilersiňiz. Men özümiň ençeme ýyllary sarp edip, öwrenen zatlarymy az wagtyň dowamynda öwrenjekdigiňize umyt baglap bilýärin. Men şindi siziň bilen paýlaşýan paýhasym bilen has öňe gitjekdigiňize hem umyt baglaýaryn. Bu – biziň Şalygymyzyň işi. Biziň hemmämiz bütewüdiris; eger siz utsaňyz, onda men hem utaryn. Eger siz menden has öňe gitseňiz, bu meniň üçin hem bähbitli bolar, sebäbi biz bütewüdiris. Biziň hemmämiz umumy maksat we ýeke-täk bir Patyşanyň şah-şöhraty üçin zähmet çekýäris.

## GIZLIN SYR

Geliň, indiki baba sorag bilen geçeliň. Siz adamlaryň giň köpçüligine mälim bolmadyk, emma siziň mümkinçilikleriňizi giňeldip bilýän we siziň öňki netijeleriňizi artdyryp bilýän gizlin bir syry bilmek isleýärsiňizmi?

Isleýänsiňiz diýip pikir edýärin! Şeýle gizlin syr hakykatdan-da bar. Biz size ony açmak isleýäris.

## OÝLANYŇ

1. Efesliler 2:10-a laýyklykda, Hudaý siziň etmeli işleriňizi siz dogulmazdan öň meýilleşdirdi. Siz bu meýiller barada haçan hem bolsa bir wagt bilmek isläpmidiňiz? Olary ýüze çykarmaga näme päsgel berdi?

2. Siz maksat bilen – aýratyn bir maksat üçin doguldyňyz. Steniň wakasynyň esasynda siz öz ruhy peşgeşleriňize we başarnyklaryňyza nähili garaýarsyňyz? Siz olary Hudaýyň Şalygynyň gurluşygy üçin wajyp saýýarsyňyzmy? Ýa-da, Sten ýaly, umumy suraty görmeýärsiňizmi?

3. Hudaýyň yradasynyň amal bolmagy bizi berkidýär. Şindi edýän işiňiz sizi berkidýärmi? Şindi edýän işiňizi halaýarsyňyzmy? Eger halamaýan bolsaňyz, näme üçin kanagatlanmany duýmaýarsyňyz?

*Bize berlen merhemete görä, her birimiziň dürli ruhy peşgeşlerimiz bardyr, geliň, olary ulanalyň.*

- Rimliler 12:6, NKJV

2

# GEÇIRILEN BAŞARNYKLAR

Meniň Jim atly bir dostum bar, ol 18 ýyl bäri ýokary synp gyzlaryny basketbol oýny boýunça türgenleşdirip gelýär. Şu döwrüň dowamynda onuň topary ştatyň çempionatynda ýeke gezek-de ýeňiş gazanyp bilmedi. Olar ýylyň ýylyna ýa welaýatyň jemleýji ýaryşlarynda ýeňilýärdiler, ýa-da, eger ştatyň çempionatyna düşüp bilaýen ýagdaýlarynda, irki tapgyrlarda oýundan çykýardylar.

Jim maňa şuny gürrüň berdi:

> “Men şeýle bir lapykeçdim, hatda ähli zady goýbolsun etmäge-de taýyndym, ýöne takmynann şol döwürde Hudaýyň merhemeti barada bildim”.

Jim aýgytly karara geldi. Ol mundan beýläk topary 18 ýyllap edişi ýaly öz güýji bilen türgenleşdirmekçi däldi. Ol Hudaýyň merhemetine bütineleý bil baglamagy ýüregine düwdi. Ol Hudaýdan näme etmelidgini sorady, Ol hem oňa şeýle diýdi: “Öz türgenleşikleriňi başgaça gurna. Meýdançada 90 minut bolmaga derek, ilkinji 45 minudy eşik çalşylýan otagda galyň-da, Mukaddes Ýazgylary okaň, paýlaşyň we dileg ediň, soňraky 45 minutda bolsa meýdançada türgenleşiň”.

Jon şeýle diýdi:

– Jon, bu birhili netijesiz usul hökmünde göründi. Biz oýun endikleriniň we ugurlarynyň üstünde işlemelidik. Bize türgenleşigiň 90 minudynyň her bir sekundy gerekdi. Ýöne men Hudaýdan eşidendigimi bilýärdim.

Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi:

– Men gyzlar bilen bu täze strategiýa baradaky pikirimi paýlaşdym. Olar muny biraz dinçil hasaplap, munuň sada pikirdigini aýtdylar. Olaryň käbiri hatda bu barada eşidenlerinde lapykeç boldy, ýöne men muny näme üçin şeýle çözendigimi aýdanymdan soň, olar hem razylaşdylar.

Soňra ol ýylgyryp şeýle diýdi:

– Şol ýyl biz basketbol boýunça ştatyň çempionatyny birinji gezek ýeňdik. Muny hem az görýän ýaly, indiki ýyl biz ýene-de ýeňiş gazandyk.

Ol ştatyň ikinji çempionaty barada gürrüň bermesini dowam etdi:

– Bu aňa sygjak zat däl, sebäbi biz jemleýji oýunda iki utuk berýän top oklamalarynyň ýekejesini-de edip bilmedik. Biz şeýle säwliklerden soňa asla ýeňmeli hem däldik! Emma, statistika göz aýlanymyzda, üç utuk berýän top oklamalarynyň sany boýunça rekord goýandygymyzy gördük. Üç utuk berýän oklamalar berjaý edilmedik iki utukly oklamalarynyň ählisiniň öwezini doldy-da, ýeňiş üçin zerur bolan hasaby berdi.

## GÜÝÇ

Jim Hudaýyň danalygyna, ýagny resul Pawlusyň ýüze çykaran şol güýjüne çatyldy. Statistikanyň görkezijilerine laýyklykda, XXI asyryyň ýygnaklarynyň 90 %-mi bu güýji sypdyrýarlar. Resul Pawlus Hudaýyň *merhemetiniň* diňe bir halas edýän peşgeş däldigini, eýsem durmuşymyzdaky *Onuň güýjüdigini* hem ýüze çykardy.

Pawlusyň sözlerini okaň, ýöne munuň Hudaýyň agzyndan çykan kesgitli jümledigini ünsden düşürmäň:” Saňa beren *merhemetim* besdir, sebäbi *Meniň gudratym* ejizlikde kämilleşýändir” (2 Korintoslylar 12:9)

Bu ýerde ne sorag bar, ne-de bulam-bujarlyk. Hudaý gönüden-göni Öz mehemetini Öz güýji diýip atlandyrýar. “Ejiz” sözi bu ýerde başarmazlygy aňladýar. Reb Pawlusa we bize şuny mälim edýär: “Meniň güýjüm (merhemetim) siziň tebigy başarnyklaryňyzyň ejiz gelen ýagdaýlarynda iň oňat tärde hereket edýär”.

Jim okuwçy gyzlaryň toparyny ştatyň çempionatyna eltmäge dyrjaşyp, on sekiz ýyllap yhlasly zähmet çekdi. Bu näme netije berdi?

Köp ýyllap dowam eden şowsuzlykdan başga hiç zat. Emma Jimiň başdan geçiren şowsuzlyklarynyň we lapykeçliginiň öwezini ahyrda onuň ýüze çykaran danalaygy doldy: *Hudaýyň merhemeti bize öz tebigy başarnyklarymyzyň çäklerinden çykmaga güýç berýär.*

Başga bir hatda Pawlus batyrgaýlyk bilen: “Men resullaryň arasynda iň köp işlän resuldyryn” diýip mälim edýär. Muny dogrudan-da ol ýazdymyka? Onuň göz öňüne tutan adamlary: Petrus, Ýakup, Ýohanna, Barnap, Apollo we beýleki beýik hyzmatçylaryň birtopary barada pikir edip görüň-ä. Biraz gedem ýaňlanýar, ýöne siz onuň aýdanlaryny soňuna çenli okasaňyz munuň beýle däldigini görersiňiz.

> “Men hemmelerden-de köp zähmet çekdim. Aslynda muny men däl-de, maňa ýar bolan Hudaýyň merhemeti etdi” (1 Korintoslylar 15:10).

Pawlus öz güýji bilen däl-de, Hudaýyň merhemeti bilen öwünýär, şoňa görä-de, ol bu ýerde öz-özüni öwmeýär. Ol Hudaýyň beren tabşyrygyny berjaý etmek üçin merhemete bil baglady. Jim köp ýyllaryň şowsuzlygyndan we aňynyň ýagtylanmasyndan soň, tälimçi hökmünde öz başarnyklarynyň çäginden çykmak üçin Hudaýyň güýjüne (merhemetine) bil baglap başlady. Ol bu danalygy durmuşynyň her bir çäginde ulanmaga başlady; onuň paltasy indi şeýle ýiti çalnan!

Şulary hasaba alyp, geliň, indi öz çakylygymyza dolanalyň. Hudaýyň Sözi şuny ýene-de yglan edýär: “Sebäbi Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi owaldan taýýarlap goýan ýagşy işlerini etmegimiz üçin ýaratdy” (Efesliler 2:10). Siziň çakylygyzyňy Hudaýyň hut Özi, siz heniz dogulmankaňyz, taýynlap goýdy. Bu aýratyn çagyrylyş, ol size hakyky kanagatlanmany berer, şeýle kanagatlanmany işleriň, güýmenjeleriň ýeke biri-de berip bilmez. Ol – siziň maksadyňyz we ol öz gerimleri bilen tapawutlanýar. Aslynda, çakylygyňyz barada wajyp hakykat bar, siz ony bilmelisiňiz:

*Hudaýyň siziň üçin taýynlan çakylygy siziň tebigy başarnyklaryňyzdan ýokarydyr.*

Bu pikiri has aýdyň beýan emäge ygtyýar ediň. Biz Hudaýyň

tabşyrygyny öz güýjümiz bilen asla berjaý edip bilmeris. Men muny nireden bilýärin? Sebäbi *Hudaý Öz şan-şöhratyny hiç kime bermejekdigini* berk aýdýar (ser.: Işaýa 48:11). Eger haýsydyr birimiz Hudaýýň tabşyrygyny öz güýji bilen berjaý edip bilen bolsady, onda Hudaý Öz şan-şöhratyny biziň bilen paýlaşmaly bolardy, Ol bolsa muny asla etmez! Hudaý size beren çakylygyny berjaý etmekde Onuň merhemetine garaşly bolmagyňyz üçin, ony ýörite siziň başarnyklaryňyzdan has ýokary bolar ýaly etdi!

## ÜÝTGEŞIK BAŞARNYKLAR

Indi biz şeýle soragy bermeli: merhemetiň üýtgeşik ruhy peşgeşleri barmy?

Başga sözler bilen aýtsak, merhemet bize öz tebigy başarnyklarymyzyň çäginden çykmaga nädip güýç berýär? Biziň aýratyn wezipämizi ýerine ýetirmek üçin Hudaýdan bolan haýsydyr bir ýörite ruhy peşgeşler barmy?

Size birnäçe mysallary getireýin. Rojer Federeriň tennis raketkasy bilen topy bolmadyk bolsa, ol beýik tennisçileriň biri asla bolmazdy. Şäheriňizdäki iň ökde agaç ussasynyň gurallary bolmadyk bolsa, ol şeýle ökdeligi asla gazanmazdy. Mikelanjelonyň nakgaş pyçagy, çotgasy we boýag reňkleri bolmadyk bolsa, siz ol barada asla bilmezdiňiz. Munuň Hudaýýň çakylygy babatda hem dogrudyr diýip aýdyp bolarmy?

Iki sany gysga waka bu soraga jogap bermäge kömek eder. Men hyzmatda ýaňy bir ilkinji ädimleri edip başlanymda, sežde hyzmatynyň üýtgeşik bir lideri bilen tanyşdym. Ol 1900-njy ýyllaryň ortalarynda meşhur hoş habarçynyň hyzmatynda sežde toparynyň lideri bolup hyzmat edýärdi. Bu hoş habarçy 1970-nji ýyllarda Rebbe gowşandan soň, bu lider öz hyzmatyna başlady.

Ol 1980-nji ýyllarda biziň ýygnagymyza myhmançylyga köp gelýärdi. Ol Rebbi şöhratlandyranda, men galpyldadan dolup, ýöne seredip we diňläp durýardym, sebäbi ol ruhy taýdan şeýle sylaglanandy! Eşiden sazandalarymyň diňe sanlyjasy pianinoda ol kimin, hiç bir kynçylyksyz oýnap bilýärdi. Ol birnäçe sekundyň dowamynda üç ýarym müň

adamdan doly zaly aýaga galdyryp bilýärdi, olar aýdym aýdyp, tans oýnap başlaýardylar. Ol Hudaýy şöhratlandyranda, tutuş atmosfera özgerýärdi, ol Hudaýyň huzuryndan dolýardy.

Biziň ýygnagymyzda hyzmat etmek üçin gelen soňky gezeklerinde oňa ýoldaş bolmak maňa miýesser etdi. Bilelikde geçiren wagtymyzyň dowamynda men oňa soraglar berýärdim, sebäbi Hudaýyň oňa beren başarnyklary barada bilesim gelýärdi. Men onuň ejesiniň dogruçyl we Hudaýdan gorkýan, her gün birnäçe sagatlap dileg edýän aýaldygyny bildim. Ol şeýle gürrüň berdi:

– Jon, men heniz enemiň göwresindekäm, günleriň birinde bir nätanyş adam (ejem onuň perişdedigine ynanýar) öýümiziň ýanyna geldi. Bu adam, ejemiň ozal asla görmedik adamy, şeýle diýipdir: "Seniň ogluň köp adamlary Hudaýyň huzuryna äkider we çagalyk döwründen pianinoda ussatlyk bilen saz çalar".

Onuň wakasynyň indiki bölegi meni gaty haýran galdyryp, ýatdan çykmaz boldy. Günleriň birinde, heniz çagaka, ene-atasynyň pianinosynyň başyna geçip, hiç bir sapak ýa okuw almazdan, ussatlyk bilen saz çalyp başlapdyr. Bu "Itler walsy" däl-de, çylşyrymly bir saz parçasydy, ony diňe fortepýano fakultetiniň ökde talyplary çalyp bilýärdi. Ol muny, elbetde, hiç bir notasyz çaldy.

Şol günden başlap, ol eline ýeke gezek-de nota depderini almazdan, ussatlyk bilen saz çaldy; ol hemme eşiden sazlaryny çalýardy. Ol islendik aýdymy bary-ýogy ýekeje gezek eşidip, birnäçe sekuntdan ony çalmagy başarýardy.

Onuň hyzmaty ýaşlyk döwründe başlady; ol öz şäherindäki ýygnagyň baş hyzmatlarynda saz çalýardy. Onuň ruhy peşgeşi ahyrda oňa bu meşhur hoş habarçynyň hyzmatynyň gapysyny açdy.

Onda ruhy peşgeşiň – Hudaý tarapyndan berlen başarnygynyň bolandygy mese-mälim.

Giňden tanalýan meşhur zehinli şahsyýetleriň ýene biri – Akiane Kramarik surat çekmek boýunça hiç bir sapak almazdan, dört ýaşynda üýtgeşik suratlary çekip başlady. Ol alty ýaşynda ökdeläp, çylşyrymly suratlary we gören üýtgeşik görnüşlerini çekmäge başlady. Ol sekiz ýaşynda mehurlyk gazanan suratyny – Dünýäniň Şazadasy atly portreti

çekdi; bu portret meniň iş otagymda, stolumyň arka tarapynda asylgy dur.

Onda ruhy peşgeşiň – Hudaý tarapyndan berlen başarnygynyň bardygy mese-mälim.

Ruhy peşgeşleri näme üçin diňe käbirleri alýar? Bu dogrudan-da şeýlemikä?

Biz ýene-de bir soragy bermeli: ruhy peşgeşleri Hudaýyň perzentleriniň diňe käbirleri, köpleri ýa-da hemmesi alýarmy? Geliň, başda şu baby açýan aýady Täze janly terjimeden ýene-de bir gezek okalyň:

"Hudaý Öz *merhemetinde* bize dürli ruhy peşgeşleri kesgitli işleri netijeli bermek üçin berdi" (Rimliler 12:6, NLT).

Biz bu aýatda iki örän wajyp sözi görýäris. Birinjisi – eýýäm agzap geçen "*merhemet*" sözümiz, ol grek dilindäki "*haris*" diýen sözden terjime edilen. Bu aýatdaky ikinji söz – "*ruhy peşgeşler*" jümlesi grek dilindäki "*harizma*" diýen meňzeş sözden terjime edilen. Biz hut şu sözi öwreneris.

Grek diliniň sözlüklerini we Täze Ähtde "*harizma*" diýen sözüniň ulanylan kontekstlerini öwrenen ýyllarymyň dowamynda men bu sözüň kesgitlemesini düzdüm:

*Harizma* – merhemetiň aýratyn bir zehini, ol adama üýtgeşik başarnyklary berýär.

Bu ýerde Hudaý tarapyndan berilýän başarnyk barada aýdylýar, Hudaý ony adama ynanýar we ol elmydama tebigy başarnykdan has zor bolýar. Ruhy peşgeşleriň käbiriniň gudratlydygy mese-mälim. Käbirleri bolsa adaty ynsan başarnyklary ýaly görünýär, ýöne aslynda welin olar adaty däldir. Ruhy peşgeşleriň käbiri dogluşda berilýär, käbirleri bolsa aýratyn bir wagtda – Hudaýyň Sözi arkaly berilýär.

## ÝAZYJYLYK *HARIZMASY*

*Harizmanyň* derňewini öz durmuşymdaky mysaldan başlamaga ygtyýar ediň (men bu wakalary geçen kitaplaryň birinde, "*Bakylykdan ylhamlanýanlar*" atly kitabymda agzap geçipdim).

Kitaplary ýazmaklyk durmuşymdaky harizmalaryň biri bolup durýar. Eger siz hyzmatymyza birnäçe ýyllap syn etmedik bolsaňyz, onda meniň ene dili, düzme ýazmaklyk we daşary ýurt dili derslerinden iň peş ýetişikli okuwçy bolandygymy bilýän dälsiňiz. Men käwagt ene dili mugallymlary meni diňe indiki ýyl meniň bilen iş salyşmazlyk üçin, başdansowmalyk bilen indiki synpa geçirdilermikä diýip pikir edýärin!

Synpymyzda birki sahypalyk ýazuw işi tabşyrylanda, men ýüzugra edilmeli işe birnäçe sagady sarp edýärdim. Men birki sany sözlemi ýazyp, birnäçe minutlap ýazanlaryma seredip oturýardym we munuň näderejede emelsiz we manysyz görünýänliginden ýaňa barha güýjeýän nägileligi duýýardym. Ahyrynda men kagyzy düýrüm-düýrüm edip, hemmesini gaýtadan başlaýardym. Men muny gaýta-gaýta edip, birgiden kagyzy, wagty we akyl güýjüni sarp edýärdim. Bir sagadyň dowamynda hatda iki paragrafy ýazyp bilmedik wagtlarym hem ýadyma düşýär.

Eger siz meniň şahsy baha kesmäme şübhelenýän bolsaňyz, Standartlaşdyrylan synagdan alan bahamy ýatlatdaýyn. Siziň bilşiňiz ýaly, Standartlaşdyrylan synag ABŞ-nyň ýokary okuw jaýlarynyň köpüsine girmek üçin hökmany ýagdaýda tabşyrylmaly synagdyr. Meniň şol synagy tabşyran döwrümde esasan-da iki dersden: *matematikadan* we *gepleşik iňlis dilinden* synag geçmelidim. *Gepleşik iňlis dili* aslynda iňlis dilinden bolan synagdy, onda okamak we ýazmak başarnyklary barlanylýardy. Iň ýokary baha 800 utukdy. Men *gepleşik iňlis dilinden* 370 (hawa, siz dogry okadyňyz) utuk gazandym. Göterim gatnaşygynda şol elhenç 42% bilim derejesine baha bermek ulgamynda kanagatlanarsyz diýip hasap edilýär. Soňky 30 ýylyň dowamynda giden saparlarymyň dowamynda men Standartlaşdyrylan synagynda *gepleşik iňlis dili* dersi boýunça menden pes baha alan ýeke-täk bir adama duşdum.

Geliň, meniň ýaňy otuzdan geçen döwrüme dolanalyň. 1991-nji ýylyň tomus günleriň birinde irden, uzak, çet bir ýerde dileg edýärkäm, Hudaý maňa şeýle sözler bilen ýüzlendi: “Ogul, Men seniň kitap ýazmagyňy isleýärin”.

Men içimden güldüm: “Hudaý, Seniň bu ýer ýüzünde oguldyr

gyzlaryň köplüginden ýaňa Sen bizi bulaşdyrýaň öýdýän. Sen meniň kitap ýazmagymy islemeýändigiň belli zat; meni ýokary klaslarda okadan iňlis dili mugallymlarymdan sora”.

Hiç jogap bolmady. Diňe ümsümlik.

Men Onuň dymmasyny ylalaşma hökmünde kabul etdim. Men Ondan garşy pikiri eşitmänimden soň, mundan dynandygym babatda özümi ynandyrdym. Ýöne kalbymda munuň beýle däldigini bilýärdim. On aý geçenden soň meniň ýanyma iki dürli ştatdan iki hepde tapawudy bilen iki aýal gelip, şol bir sözleri aýtdylar: “Jon Biwer, eger sen Hudaýýň saňa berýänini ýazmasaň, Ol bu habary başga bir adama berer. Ýöne Onuň kazyýetinde munuň üçin jogap bermeli günüň geler”.

Tehas Ştatyndan bolan aýal Florida ştatyndan gelen aýalyň sözlerini gaýtalanda, üstüme mukaddes Hudaýdan gorkmaklyk indi we men hereket edip başladym. Bu 1992-nji ýyldy; “iPad”-lar heniz ýokdy, diňe ruçka bilen kagyz bardy. Men bloknotyň bir sahypasynyň ýokarsyndan “ŞERTNAMA” diýip garaldyp ýazdym. Soňra men şeýle ýazdym:

*“Eý, Atam, men ýazyp bilmeýärin. Şoňa görä-de, Saňa gulak asmak üçin, maňa merhemet gerek! Eger men ýazsam, her bir sözüň Seniň Ruhuňdan ylhamlanmagyny we Seniň mesh etmäňden doly bolmagyny dileýärin. Men bu habarlaryň erkekleri, aýallary, çagalary, ýygnaklary, şäherleri we döwletleri özgertmegini dileýärin. Men ähli şöhraty, öwgini, şan-şöhraty we minnetdarlygy Saňa berjekdigimi ilkibaşdan borçlanýaryn. Men bu şertnamany (ähti) Seniň bilen Isa Mesihiň gudratly adyndan baglaşýaryn.*

*Seniň ogluň we hyzmatçyň, Jon Biwer”.*

Indi bolsa takmynan 30 ýyl geçensoň, biziň günlerimize dolanalyň. Men eýýäm 20-den gowrak kitap ýazdym, olar onlarça million ekzemplýarda neşir edipdi. Olaryň köpüsi Birleşen Ştatlarda we onuň çäginden daşarda umumy we mesihi edebiýatynyň bestsellerleriň sanawyna girdi. Bu kitaplar dünýä boýunça 100-den gowrak dile terjime edildi, käbir ýurtlarda bolsa olar dünýewi we mesihi kategoriýasynda iň köpsanly çap edilýän kitaplar bolup durýar.

Her bir kitapda diýen ýaly, onuň ýazylan materialynyň 20-den 30 göterimini men eşitmedim, okamadym we düzmedim. Men öz iş otagymda, ýa-da myhmanhana otagynda, ýa-da ýöne bir ýazýanlygymdam ruhlanan ýagdaýlarym ýadyma düşýär. Men hatda birnäçe gezek oturgyjymdan towsup turup: “Bu nähili ajaýyp!” diýip gygyran gezeklerim-de bolupdy.

Siziň şeýle soramagyňyz ahmal: “Siz nädip şeýle diýip bilýäňiz? Bu tekepbirlik!”

Ýöne men şuny aýdaýyn. Men bu materialyň nireden gelenini bilemok, ol meniňki däl. Men bu kitaplaryň jiltinde meniň adymyň olary ýer ýüzünde birinji bolup okanlygym sebäpli ýazylandygyna doly ynanýaryn! Men bu sözleriň Mukaddes Ruhdan gelendigini bilýärin. Resul Pawlus hem: “Men resullaryň islendiginden köp işledim” diýip ýazanda, biraz tekepbir görnüpdi. Bu bäsdeş, diňe özüni bilýän we hatda özüne göwni ýetýän adamyň ýazan sözleri hökmünde görnüp bilýärdi. Ýöne biz Hudaýyň Sözünden Pawlusyň öz başarnyklary bilen däl-de, Hudaýyň merhemeti bilen magtanandygyny bilýäris.

Meniň hut özüm-ä tomsuň şol säherinde dileg wagty Hudaýyň maňa gürlän wagtynda durmuşyma ýazyjylyk *harizmasynyň inendigine* ynanýaryn. Ýöne ol Hudaýa gulak asjakdygym baradaky karara gelýänçäm, herekete girmedi. Käbir adamlaryň bu ykrarym bilen jedelleşmegi mümkin, ýöne bu mowzugyň jedeller mowzugyna öwrüleri ýaly o diýen ähmiýetli däldigini ilkibaşdan aýtmaga ygtyýar ediň. Men öz ykrarymda bimamla bolup bilýändigime düşünýärin; şonuň üçin-de, bu babatda mümkin bolan pikirlerimi beýan etmäge rugsat ediň.

Käbir adamlaryň garşy çykyp, bu ruhy peşgeşiň maňa 1979-njy ýylda Gökden doglan pursadymda maňa berlendigini aýdyp biler. Men muňa öz tejribäme daýanyp jogap berip bilemok, sebäbi 1979-1992 ýyllar aralygynda, şol şertnamany düzen wagtyma çenli ýazmaga synanyşyp-da görmedim. Ýöne şuny welin anyk aýdyp bilýärin: men şu babyň başynda gürrüň beren pianistim kimin bu ruhy peşgeşi bilen dogulmandym. Bu sazandanyň wakasy ruhy peşgeşleriň käbiri adama enesiniň göwresinde galan pursadyndan berilýändigini görkezýär.

Mysal üçin, biz Hudaýýň Sözünden Ýahýa Çümdürijiniň heniz enesiniň göwresindekä Hudaýýň Ruhundan (ruhy peşgeşleri Berýänden) dolandygyny bilýäris. Sebäbi ol özi heniz Elizabetiň göwresindekä Merýemiň göwresindäki Isa Mesihi tanapdy (ser.: Luka 1:41). Otuz ýyl geçenden soň Ýahýadaky şol bir ruhy peşgeş onuň ýanyna suwa çümdürilmäge gelen Isa Mesihi hemmelerden öň tanady (ser.: Ýohanna 1:29).

Ýöne has soň inýän ruhy peşgeşler bar. Kişiň ogly Şawul bütin ömrüne pygamberlik etmändi. Bu Şamuwel onuň ýaşlyk wagty Ysraýylyň ilkinji patyşasy hökmünde başyna mesh ýagyny çalýança bolmady. Şonda Şamuwel Şawula olaryň duşuşygyndan soň saz gurallaryny çalyp, pygamberlik edýän adamlaryň toparyny görjekdigini aýtdy. Men Şamuweliň sözlerini mysal getireýin: “Rebbiň Ruhy seniň kalbyňy eýelär; sen hem olar bilen bile joşup, pygamberlik edersiň we Rebbiň Ruhy seni bütinleý özgerder” (1 Şamuwel 10:6). Mukaddes Ýazgylaryň bu iki güwäliginden biz käbir ruhy peşgeşleriň ene göwresinden, käbirleriniň bolsa soňra berilýändigini aýdyň görýäris.

## WAGYZÇYLYK *HARIZMASY*

Meniň durmuşymdaky *harizmalaryň* ýene biri – köpçüligiň öňünde çykyş etmeklik. Bu ruhy peşgeş baradaky wakam mowzugymyza has oňat düşünmäge ýardam berer.

Men aýalym Lizanyň hyzmaty ýada salýan ýagdaýda meni ilkinji gezek eşidişini asla unutmaryn. Sypaýyçylyk bilen aýdylanda, bu uly şowsuzlykdy, men muny ulaldyp aýtdygym däl. Liza wagyz eden wagtymyň ilkinji bäş minudynyň dowamynda mäkäm uklap galdy, arasynda oýanyp-uklap, ahyryna çenli oýaly-ukuly halda boldy. Bu diýseň erbetdi. Onuň ýakyn jorasy Emi hem aýalymyň ýanynda oturan ýerinde şeýle bir mäkäm uklady welin, men hatda onuň düýşler dünýäsine gark bolup ýatyrka giňden açylan agzyndan gyllygynyň akyşyny-da gördüm. Dogrymy aýtsam, men nalajedeýin wagyzçydym.

Men şol döwürde ýerli ýygnagymyzda çopanymyň we onuň aýalynyň kömekçisi bolup hyzmat edýärdim (biziň ýygnagymyz Birleşen Ştatlarda örän abraýlydy, onuň 400-den gowrak işgäri bardy). Meniň wezipäm

çopanymyň maşgalasynyň mätäçlikleri barada alada etmekden we ýygnagymyza gelýän hyzmatçylaryň ählisini garşy almakdan ybaratdy. Hudaýyň Şalygynda maňa Söz arkaly däl-de, tutynyň aňyrsyndan hyzmat etmekligiň ynanylandygy mese-mälimdi (men bu barada indiki baplaryň birinde gürrüň bererin).

Ýöne her nähili bolsa-da, men öz hyzmatymy başlamaga synanyşýardym, sebäbi Hudaý maňa Onuň Sözüni ýer ýüzündäki milletleriň ählisine wagyz etjekdigimi görkezdi. Meniň ýalňyşym şundan ybaratdy: men muny öz güýjüm bilen etmäge dyrjaşýardym. Galyberse-de, men başga adamyň hyzmatyndaky möwsümindedim, men ilki bilen “başga kişiniňkä wepaly” (ser.: Luka 16:12) bolmalydym. Men boş wagtymyň we güýjümiň baryny öz wagyzlarymy taýýarlamaga, gaplamaga we satmaga sarp edýärdim (wah, öz hyzmatymy has oňat eden bolsam we aýalym üçin has gowy ýanýoldaş bolan bolsam, has oňat bolardy, ýöne biz käwagt öz ýalňyşlarymyz arkaly öwrenmeli bolýarys-da).

Bir söz bilen aýdylanda, men “Ysmaýylyň hyzmatyny” döredýärdim. Men muny näme üçin şeýle atlandyrdym? Mukaddes Kitapda meniň eden işimi ýatladýan bir ýeri bar. Hudaý Ybrama (Ybraýyma) ol 75 ýaşyndaka oglunyň boljakdygyny, bu ogul arkaly köp milletleriň atasynyň boljakdygyny wada berdi. Bu wadadan soň on ýyl geçdi, onuň heniz-de çagasy bolmady, ol bolsa eýýäm 85 ýaşapdy. Şonuň üçin-de, Ybraýym aýaly Seraý bilen Hudaýa Öz wadasyny “berjaý etmäge” kömek etmek üçin meýilnama düzdüler. Şonuň üçin-de, men şuňa meňzeş başlangyçlary Ysmaýylyň hyzmaty diýip atlandyrýaryn.

Ynanmasy kyn bolsa-da, käbir adamlaryň meniň materiallarymy satyn alandygyny aýtmak gerek. Men olary “Biwerleriň hyzmaty” diýip özümiziň ykrar eden hyzmatymyz üçin satdym. “Onuň ajaýyp nury arkaly bütin dünýä ýetmek” bolsa biziň şygarymyzdy. Men şindi şu setirleri ýazyp otyrkam, öz akmaklygymyň we kämilsizligimiň üstünden gülýärin. Biziň Ysmaýylymyzyň wagyzlarynyň ilkinji tapgyry dört sany audiokassetadan ybaratdy. Olaryň arasynda meniň aýalymy we onuň jorasyny “hüwdüläp” ukladan şol wagzym-da bardy. Bu wagyzlaryň toplumyny diňläp, agyzlarynyň gyllygyny akdyryp uklan adamlaryň ýene näçesi bolduka? Men bu barada oýlananymda, tisginip gidýän!

Ynansaňyz-da, ynanmasaňyz-da, hemme zat öňküsinden-de erbetleşdi. Şol döwürde beýik hoş habarçy Ti El Osborn meniň gahrymanymdy (ol indi göklerde). Ol aýaly bilen tutuş hyzmatlarynyň dowamynda 50 milliondan gowrak adamyň halas bolmagyna ýardam beren hyzmaty alyp barýardy. Men hem edil Osborn ýaly wagyz edesim gelýärdi. Men onuň wagyzlaryny sagatlap diňleýärdim, onuň gepleýşini, äheňini, taglymatyny, belli jümlelerini we hatda degişmelerini öwrenýärim. Indi men ýöne bir ýürek gysganç wagyzçy däl-de, başga adamyň erbet öýkünmesidim.

Ti El diýseň ajaýyp wagyzçydy. Ol biziň ýygnagymyzda wagyz edende, hemmeler onuň her bir sözüni üns bilen diňlärdiler. Bir gezek ol Afrikada geçiren hoş habar hyzmatlarynyň dowamynda Hudaýyň amal eden beýik hereketi barada gürrüň berýärdi. Gürrüňiniň dowamynda ol şol ýerde bolup geçen mugjyzalary ýatlamadan ylhamlanyp, gatydan: "Beý-bä!" diýip gygyrdy. Ol geplemesini bes edip, dymdy, biziň hemmämiz doňan ýaly bolduk. Ol bolsa elini salgady-da:

– Gyzykly söz. Yzlygyna okanyňda hem şeýle ýaňlanýar (iňlis dilinde "beý-bä" ("wow") sözi – palindrom; ol çepde saga-da, sagdan çepe-de meňzeş okalýar).

Hemmeler hezil edip güldi; jümle diňe onuň aýdyp bilýän äheňinde ýaňlandy.

Men akmak we türkanalygyma galmak bilen, oňa öýkünip, hemişe "beý-bä!" diýip başladym. Men muny Ti Eliň şol aýratyn ýagdaýlardakysy ýaly edýärdim. Ýöne diňe bir mesele bardy – muňa hiç kim gülmeýärdi, men bolsa muňa, elbetde, düşünmeýärdim.

Köpsanly şowsuz synanyşyklardan soň men ahyrda ýeň berdim. Şeýle edenimden soň, üýtgeşik bir özgerişlik bolup geçdi. Men ýene-de ozalky hyzmatymy göwünjeňlik bilen edip başladym. Indi men boş wagtymyň baryny maşgalama we dostlaryma sarp edip başladym. Men bu göreşi bes edenimdem soň, durmuş ýene-de manyly we bolelin ýagdaýa gaýdyp geldi. Men hakykatdan-da kanagatlananymdan soň, ähli yhlasymyň boş bolandygyna düşündim we "Biwerleriň hyzmatyny" aňsatlyk bilen bes etdim. Men Hudaýyň Öz wadasyny berjaý etjek gününiň geljekdigini, ýöne munuň meniň başlangyjymda bolmajakdygyny bilýärdim.

Men köşeşip rahatlananymdam soň nämeleriň bolup geçendigini biljek boluň hany! Birnäçe aýdan Hudaýyň hereketi başlandy. Maňa Birleşen Ştatlardaky iň güýçli depgin bilen ösýän ýygnaklaryň birinde ýaşlara çopan bolmagy teklip etdiler.

Men birinji ýekşenbe gününi asla unutmaryn. Ýygnagymyzyň çopany bütin dünýä belli hyzmatçydy. Şol döwürde her ýekşenbe güni adamlar zalda oňat ýeri eýelemek üçin ýakyp-ýandyryp barýan günüň astynda bir sagatdan gowrak nobata durýardylar, zal her hyzmatda hyryn-dykyn dolýardy. Biziň hyzmatlarymyza hemişe dürli ştatlardan we ýurtlardan myhmanlar gelýärdi.

Ýekşenbe hyzmaty gyzygyp, doly güýjüne giripdi. Hudaýa aýdylýan öwgi nagmalary ajaýypdy. Biziň çopanymyz münbere galyp, ýygnakdaky ýaşlar toparynyň çopany – men barada mälim etdi. Şondan soň ol meni münbere galyp, ýygnakdy adamlara birnäçe minutlap söz sözlemegimi haýyş etdi. Bu meniň üçin diýseň oslanylmadyk ýagdaýdy.

Men bu barada bilmeýärdim, ýöne aýalym şol wagt aljyrap başlapdyr. Eger meniň bu barada oýlanmaga wagtym bolsa, belki men hem aljyrardym. Bu meniň üçin sarsgynlykdy! Menden 2800 adama ýüzlenmegimi haýyş etdiler. Liza boljak zatlardan hopukdy, sebäbi ozalky tejribesinden nämeleriň bolup biljekdigini bilýärdi. Biz üstümize abanyp gelýän beladan nädip gutulyp bilerkäk? Ýygnakdakylaryň köpüsiniň meni soňky gezek diňleýändigi gaty ähtimaldy, sebäbi şu çykyşymdam soň menden baş hyzmatda wagyz etmegimi haýyş etmejekdikleri mese-mälimdi. Men münbere ýönelip barýarkam, şeýle gorkular aýalymyň kalbyny eýeläp başlapdyr. Ol soňra maňa yhlas bilen Ti El Osbona öýkünmezligim we aýratynda onuň “beý-bä!” sözüniň terslin-oňlyn okalyşy baradaky degişmesini samsyklyk bilen gaýtalamazlygym barada dileg edipdir.

Men münbere golaýlan badyma çopan mikrofony elime berdi. 60 sekuntdan tutuş ýygnak ýerinden towsup galdy; adamlar meniň aýdýan zatlaryma begenýärdiler, el çarpýardylar we ruhlanyp seslenýärdiler. Men dört-bäş minutlap wagyz etdim, şol wagtyň dowamynda 2800 adamyň ählisi dik durdy. Şondan soň men mikrofony çopanyma berip, öz ýerime dolandym. Indiki bäş minutlap men adrenalinden ýa-da

Hudaýýň huzuryndan, ýa olaryň ikisinden-de ýaňa galpyldadym.

Meniň aýalym bolup geçen zatlara ynanman, haýran galdy. Hyzmatdan soň ol maňa şeýle diýdi:

– Jon, men: “Ärimiň bedenine kim girdikä?” diýip oýladym.

Hyzmatdaky birinji wezipämi ýerine ýetiren döwrümde biz Tehasda ýaşaýardyk, ýygnagymyz bolsa Floridada ýerleşýärdi. Bu waka barada soran adamlara Liza köp ýyllap: “Floridanyň serhedinden geçen badymyza, Jon başga adam boldy”– diýip gürrüň berýärdi. Hudaýýň ruhy peşgeşi Şawulyň durmuşyna inende hem hut şeýle ýazylgy (ser.: 1 Şamuwel 10:6).

Şondan bäri men öwredýärin we adamlaryň öňünde çykyş edýärin, aglaba ýagdaýlarda men muny aňsatlyk bilen edýärin (wagyz etmegiň kyn düşen ýagdaýlary barada indiki baplaryň birinde gürrüň bererin). Men indi muňa güýç sarp etmeýärin. Bu meniň “Ysmaýylyň hyzmaty” günlerinde başdan geçirenlerim ýaly däl, ol hiç bir göreşsiz gelýär. Ysmaýyl bilen Yshagyň döwürleriniň netijeleriniň tapawudy edil gije bilen gündiziň tapawudy ýaly ägirt.

Geliň, indi Floridadaky şol birinji ýekşenbe gününden soňraky sekiz ýyldan – on ýyl aralygyna çenli bolan döwre dolanalyň. Şol döwürde “Messenjer Interneşenel” eýýäm ýola düşen hyzmatdy. Biz ýaz paslynda garažymyzy arassalaýardyk. Gutulary arassalaýarkak, biz audiokassetalardaky wagyzlarymyň asyl fonogrammalaryny tapdyk, olaryň arasynda Lizany we jorasyny ukladan şol wagyz hem bardy. Men ikirjiňlenmän, ony zir-zibilli bedrä oklamakçy boldum. Şonda men birdenkä Mukaddes Ruhuň: “Ogul, bu asyl fonogrammany zyňma” diýýändigini eşitdim.

Men garşy çykyp, şeýle diýdim: “Näme üçin? Ol gaty erbet; bu habary gaýdyp hiç kim eşitmeli däl. Ol ýok edilmeli”.

Men ýene-de: “Muny beýtme” diýleni eşitdim.

Hudaýdan eşidýändigime doly göz ýetirip, gaýtadan garşy çykyp: “Näme üçin?” diýip soradym.

“Sebäbi bu seniň üçin gorag” – diýip Reb meniň ýüregime aýdyň gürledi.

“Gorag?”

Birdenkä men danalygy aldym: “Ogul, Men özüňiň Mensiz nähili erbet wagyzçydygyňy hemişe ýatda saklamagyňy isleýärin”.

Men bu “gorag faktoryna” ýylsaýyn has köp aň ýetirýärin. Bu ruhy peşgeş soňky üç onýyllygyň dowamynda gudratly hereket edip, bolelin miwe berdi. Men san-sajaksyz gezek ýygnaklardaky atmosferanyň birdenkä üýgeýşiniň, alnan aýanlyga seslenme hökmünde öwgi nagmalarynyň joşuşynyň şaýady boldum; san-sajaksyz janlaryň halas bolşunyň we köpsanly mugjyzalaryň şaýady boldum.

Şeýle bolelin miweleriň bolýan ýagdaýyna meniň haýsydyr bir gatnaşygym bardyr öýtmek gaty aňsat, ýöne resul Pawlus birlikde şuny aýdyň aýdyp bilerin: “Aslynda muny men däl-de, maňa ýar bolan Hudaýyň merhemeti etdi” (1 Korintoslylar 15:10). Şol geçen ýyllaryň dowamynda men Hudaýyň *harizmasynyň* bolmadyk ýagdaýynda nähili erbet wagyz edendigimi unutmaýaryn.

## SIZIŇ RUHY PEŞGEŞIŇIZ BARMY?

Biz hyzmat etmek we başgalary bina etmek üçin Hudaýyň maňa beren ruhy peşgeşleriniň ikisine garap geçdik. Meniň durmuşymda bolan şol göreş size tanyşmy? Durmuşyňyzdaky *harizmany* tapmak üçin, siz meniňki ýaly, belki, uzaga gidenem dälsiňiz. Ýa-da bu wakany okap, “*Meniň hiç hili ruhy peşgeşim ýok*” öýdüp, öňküden-de lapykeç bolýan bolmagyňyz ahmal. Men ruhy peşgeşiňiziň bardygy babatda sizi ynandyrýaryn, bu indiki iki bapda aýdyň bolar.

Men: “Ruhy peşgeşleri Hudaýyň perzentleriniň diňe käbirleri, köpüsi ýa-da hemmesi alýarmy?” diýen soraga jogap berjekdigimi söz beripdim. Munuň ýeke-täk bir jogaby bar: elbetde, hemmesi! Men muny Hudaýyň Sözi arkaly tizara subut ederin. Biz diňe bu soraga jikme-jik garaman, eýsem siz bu kitaby tamamlamazdan öň *harizmaňyzy* nädip ýüze çykarmak, ony ösdürmek, ulanmak we ol arkaly Hudaýyň Şalygyny gurmakda öz netijeliligiňizi nädip köpeltmelidigi barada aýdyň düşünje edinersiňiz.

## OÝLANYŇ

1. Mukkades merhemet – bu diňe bir Hudaýyň halas edýän peşgeşi däl, ol durmuşymyz üçin gerek bolan Onuň güýjüdir. Siz Hudaýyň merhemetine nähili garaýardyňyz? Şu baby okanyňyzdan soň siziň garaýşyňyz nähili üýtgedi?
2. Hudaýyň size taýynlan çakylygy siziň tebigy başarnyklaryňyzdan ýokary. Hudaý muny näme üçin şeýle etdi? Size bolelin elýeter bolan we sizi berkidýän Hudaý merhemetini nädip alyp bilýäňiz?
3. Ruhy peşgeşleri Hudaýyň perzentleriniň diňe käbirleri, köpüsi ýa-da hemmesi alýarmy? Siziň pikiriňizçe bu ruhy peşgeşler başgalara nädip peýda getirip biler?

*Özüňiz babatda sagdyn düşünjeli boluň.*

- Rimliler 12:3

3

# ÖZÜŇIZE DOGRY BAHA BERIŇ

Men size öz durmuşymda *harizmany* ýüze çykarmaga we onda gezmäge ymtylyşymy gürrüň berdim. Indi bolsa haýsy zatlarda zehinimiň ýokdugyny gysgaça gürrüň beresim gelýär.

Şeýle zatlaryň doly sanawyny bermek mümkin däl, sebäbi olaryň sany juda köp. Bu sanawda ilkinji orny aýdym we saz gurallary çalmaklyk eýeleýär. Men her gezek öýde aýdym aýdanymda, aýalym we çagalarym sypaýylyk bilen aýdymy öz içimden aýtmagy berk haýyş edýärler.

Ýokary synplarda, ýeňil atletika sapaklarynda men egin-eşik çalşylýan otagyndaky duşa suwa düşenimde bary-ýogy ýekeje gezek aýdym aýtjak boldum. Men aýgytly gaýtawul aldym: oglanlaryň birnäçesi gygyryp, sesimi gapdyrdylar, biri bolsa hatda şampun çüýşejigini maňa tarap zyňdy.

Meniň ene-atam Biwerler maşgalasynyň hemme çagalaryny fortepýano sapaklaryna iberýärdiler. Meniň mugallymym işine ökde we şäherde tanalýan abraýly hünärmendi. Fortepýanada saz çalmagy öwretmeklik onuň hünäridi, ol bu işinde üstünlik gazanypdy. Emma dört agyr sapakdan soň ol ene-atamyň ýanyna baryp, meni mundan beýläk fortepýana sapaklaryna gatnatmazlyklaryny haýyş etdi. Ine, saz çalşym şol derejede erbetdi.

Birnäçe wagt geçenden soň men bu pianino sebäplidir öýtdüm we birnäçe ýyldan başga saz guralynda synanyşyp gördüm. Biz adaty gitarany satyn aldyk we örän tanymal mugallymy tapdyk. Ol diýseň sabyrlydy we meni yhlasly okatdy. Men ähli güýjümi sarp edýärdim, türgenleşýärdim, ýöne hiç zat başa barmaýardy. Men özümde saz başarnyklarynyň ýokdugyny boýun almazymdan öň bir ýarym ýyl okadym.

Hemme zat nähili tamamlandy? Bu ähli ýyllaryň dowamynda hiç zadyň bolup geçmändigini aýdyp bilýän. Bu araçäk meniň ýazyjylyk ukyplarymdan bütinleý tapawutlanýar. Şeýlelikde, durmuşymda saz ukyplary asla ýüze çykmady.

## ÖZÜŇE BAHA BERMEKLIK

Men özüme berilmedik başarnyklaryň sanawyny mundan beýläk-de sanap bilerdim, ýöne size diýjek bolýan zadyma eýýäm düşenensiňiz gerek. Biziň hemmämiz adatça özümiziň başarmaýan zatlarymyzy bilýäris diýip aýdyp bolar. Biz özümize ruhy peşgeşleriniň berilmedik çäklerini aňsat kesgitleýäris, käwagt men özümize berlen ruhy peşgeşlerimizi hem şeýle aňsat kesgitläp bilmegimizi isleýärin.

Şunlukda, geliň, Pawlusyň öwreden zatlaryna geçeliň:

> “Özüme berlen merhemetden peýdalanyp, siziň hemmäňize şulary diýýärin: özüňize ýokary baha bermäň. Tersine, Hudaýyň her kime beren imanyna görä özüňiz babatda sagdyn düşünjeli boluň. Bedenimizi mysal hökmünde alalyň: ol bir bolsa-da, agzalary köpdür, hersiniň-de öz hyzmaty bardyr. Biz babatda hem şeýle: köp bolsak-da, Mesih arkaly bir bedendiris, onuň agzalary hökmünde biri-birimize baglydyrys. Bize berlen merhemete görä, kesgitli zatlary netijeli edip bilerimiz ýaly, her birimiziň dürli ruhy peşgeşlerimiz bardyr” (Rimliler 12:3-6, NLT).

Pawlus ýazmakçy bolýan zatlary barada aýtmak üçin duýduryş sözleri bilen başlaýar. Onuň duýduryşyny bölüp aýryp, ony nygtamaga rugsat ediň: “Özüňize ýokary baha bermäň. Tersine, Hudaýyň her kime beren imanyna görä özüňiz babatda sagdyn düşünjeli boluň”. Bu aýat

bize özümize dogry baha bermegi buýurýar. Nämä görä? Hudaýyň şu wagt beren ruhy peşgeşlerine görä.

Men “şu wagt” diýen jümläni näme üçin ulandym? Mukaddes Ýazgylardan ulanan ozalky mysalym barada oýlanyň. Şawul Şamuwel pygambere duşmazyndan ozal özüne beren bahasy şeýledi: “Men pygamberlik edip bilemok”. Bu baha şol wagt dogry we anykdy. Emma ol Şamuwel pygambere duşup, durmuşyna Hudaýyň ruhy peşgeşi inenden soň, onuň özüne beren dogry bahasy üýtgedi: “Men pygamberlik edip bilýän”.

Wah, men öz Ysmaýyl hyzmatymy ýola goýjak bolan döwrümde şu aýady has ünsli okan bolsam bolmaýarmy! Eger men dogry baha beren bolsadym, onda şol döwürde özümde köpçüligiň öňünde çykyş etme peşgeşimiň ýokdugyna, ýöne öz çopanyma hyzmat etmek peşgeşimiň welin bardygyna aň ýetirerdim. Men bolsa muňa derek *bolmaly zatlary* – liderleriň pygamberligi arkaly özüme aýdyň aýdylan, dilegde aýan edilen we öňünden aýdylan zatlary öz güýjüm bilen etmäge dyrjaşýardym. Bu zatlaryň wagtynyň gelmändigi mese-mälimdi. Şonuň üçin-de, eger men Hudaýyň Sözündäki şu görkezmä eýerip, özüme dogry baha beren bolsam, özümiň heniz taýýar däldigime düşünen bolsam, köp wagty, serişdeleri we güýji halas ederdim. Mundan başga-da, şol döwürde berlen ruhy peşgeşlerimi has netijeli ulanardym.

Pawlusyň dürli ruhy peşgeşler baradaky sözleri ap-aýdyň: “Bedenimizi mysal hökmünde alalyň: ol bir bolsa-da, agzalary köpdür, hersiniň-de öz hyzmaty bardyr” (Rimliler 12:4). Bu ýönekeý we öz bedeniňize garanyňyzda, öran düşnükli bolýan mysal. Şu barada pikir edip görüň: barmaklarymyz burnuň başarmaýan işlerini edip bilýär. Burnumyz bolsa gulaklarymyzyň başarmaýan işlerini başarýar. Gulaklarymyz aşgazanymyzyň başarmaýan zatlaryny edýär. Aşgazanymyz bagryň başarmaýan işlerini edýär we ş.m. Bularyň bary şuny aňladýar:

*Öz ruhy peşgeşlerini bilýän, olar arkaly hereket edýän adam bagtlydyr. Başga adamyň ruhy peşgeşleri arkaly hereket etmäge dyrjaşýan adam betbagt we lapykeçdir.*

Eger günleriň birinde irden oýanan wagtyňyzda başam barmagyňyz: “Besdir! Agyz, sen eýýäm köp ýyl bäri gürläp gelýäň. Bu gün men gürlejek” diýen bolsa, geň galmazdyňyzmy? Bu boljak zat däl; başam barmak agzyň ses çykaryşy ýaly seslenip bilenok. Ýöne başam barmagyň agyzda bolmadyk başarnyklary bar. Agzyňyzyň: “Şu gün kompýuterde men ýazjak” diýşini bir göz öňüne getirip görüň-ä! Bu hem boljak zat däl.

Indiki wajyp sorag: biz näme üçin “münber ruhy peşgeşine” şeýle köp üns berýäris? Biz näme üçin wagyz edýän hyzmatçylary we sežde hyzmatynyň liderlerini iň wajyp ruhy peşgeşleri bolan adamlar hökmünde kabul edýäris? Pawlus korintoslylara ýazan hatynda bu barada şeýle ýazýar: “Bedeniň ejiz saýylýan agzalary has gereklidir” (1 Korintoslylar 12:22).

Amaly bir mysal getireýin. Aýaklaryň ünsi özüne çekýändigine üns beripmidiňiz? Adamlar: “Onuň aýaklary owadan” ýa-da “Onuň aýaklary şeýle güýçli!” diýýärler.

Ýetginjek wagtym günleriň birinde kakamyň öz häsiýetine bütinleý mahsus bolmadyk zady edişi ýadyma düşýär (ol konserwatiw, sypaýy we ýuwaş adamdy). Ol özüne ünsi asla çekmezdi. Ýöne günleriň birinde ol birdenkä şeýle diýdi:

– Oglum, seniň aýaklaryň örän güýçli.

Men hiç jogap bermän, ýylgyryp, oňa geňirgenip seretdim we onuň nämä ýaňzydýandygy barada pikir etdim. Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi:

– Munuň näme üçin şeýledigini bilesiň gelýärmi? Sebäbi meniň-de aýaklarym güýçli. Seniň aýaklaryň meniňkä çekipdir.

Men onuň sözlerine güljegimi-de bilmedim, minnetdarlyk aýtjagymy-da, sebäbi onuň sözleri meniň üstümi gapyllykda basdy. Men ýöne güldüm-de:

– Kaka, güýçli aýaklary bereniňe minnetdar – diýdim.

Aýaklaryň ünsi özlerine çekýändigi hakykat. Ýöne siz adamlaryň aýaksyz ýaşap bilýändigi barada oýlanypmydyňyz? Men awtomobil heläkçiliginde aýagyny ýitiren adamy tanaýaryn, ýöne ol adaty durmuşda ýaşamagyny dowam edýär.

Bagyr welin bütinleý başga ýagdaý. Bagyrsyz hiç kim ýaşap bilmeýär. Ol örän wajyp, aýakdan has wajyp agza. Ýöne siz haçan hem bolsa bir wagt kimdir biriniň: “Seniň owadan bagryň bar. Ol ajaýyp!” diýenini eşidipmidiňiz? Asla eşiden dälsiňiz!

Şunlukda, Pawlusyň sözlerine ýene bir gezek gulak goýuň: “Bedeniň ejiz saýylýan agzalary has gereklidir”.

Men şuny gaýtadan soraýyn: biz näme üçin “münber ruhy peşgeşlerine” şeýle köp üns berýäris? Bu “görnüp” duran agzalar we olar gerek, ýöne Hudaýyň Sözüne laýyklykda, olar iň wajyp agzalar däl.

Meniň dostum Steniň (birinji bapdan) işewürlik dünýäsinde adamlara ýetmek we pul gazanyp, sadakalar bermek ruhy peşgeşi bar. Biziň ýygnak medeniýetimizde düýpli ornaşan gizlin däplere görä, onuň ruhy peşgeşi “münber ruhy peşgeşi” bilen deňeşdirilende has ähmiýetsiz bolup görünýär. Ýygnagyň garaýyşy nahilidi? “Münberden wagyz edýän adamlar saýlanyp-seçilen adamlar; hakyky çakylyklar hut şolara degişlidir”.

Şu barada oýlanyň. Eger kimdir barada “Onuň ruhy peşgeşi bar” diýip aýdylsa, hemmeler bu çopan, sežde hyzmatynyň lideri, ýaşlar toparynyň çopany, mesihi ýazyjy, missionerler we başgalar baradamyka öýdýärler. Şeýle jümläni eşidenleriň arasynda az sanly adamlar şeýle diýip pikir edýär: “Ol lukmançylyk çäginde çagyrylan, ol rak keselini bejermegiň täze usullaryny açýar”, ýa-da “Ol hökümetde işläp, Hudaýyň Şalygynyň ösüşini goraýan kanunlary kabul edýär”, ýa-da “Ol bilim ulgamynda işläp, ýaş çagalaryň aňyna Hudaý baradaky bilimi we Onuň danalygyny guýýar”, ýa-da “Ol işewürlik dünýäsinde azaşan adamlara ýetmek we Hudaýyň Şalygynyň gurluşygyny maliýeleşdirmek üçin çagyrylan.

Şeýle pikir ýöretmeleriň netijeleri belli: Sten uzak ýyllaryň dowamynda ýygnaga gatnap, edil men ýaly “çagyrylandygyny-da” bilmeýän eken. Onuň Hudaý tarapyndan berlen başarnyklary täsirli bolsa-da, “ýygnak” ruhy peşgeşleri beýlekilerden has wajyp diýip hasaplaýan pikir ýöretmeler sebäpli wajyp görünmeýärdi.

Şeýle pikir ýöretmeler üýtgedilmeli! Biziň hemmämiz Hudaýyň Şalygynda öz çakylygymyzy amal etmek üçin, öz üýtgeşik ruhy peşgeşlerimiz arkaly hereket etmäge çagyrylan.

Geliň, Pawlusyň korintoslylaryň ýygnagyna bu barada ýazan parçasyny doly okalyň:

> “Emma Hudaý hemme agzalary bir bedende ýerleşdirip, olaryň hersini Öz halaýşyna görä goýdy. Eger agzalaryň bary haýsydyr bir agza bolan bolsa, onda beden nirede bolardy? Aslynda agzalar köp, beden bolsa birdir. Göz ele: ‘Sen maňa gerek däl!’ diýip bilmeýär. Kelle hem aýaklara: ‘Siz maňa gerek däl!’ diýip bilmeýär. Tersine, bedeniň ejiz saýylýan agzalary has gereklidir. Hormatsyzrak saýylýan agzalara welin aýratyn hormat goýýarys. Gelşiksiz saýylýan agzalarymyz barada aýratyn alada edýäris. Bedeniň gelşikli agzalary bolsa şeýle alada mätäç däldir. Hudaý beden agzalaryny birikdirende, onuň ähmiýetsiz saýylýan agzalaryna has köp ähmiýet berdi. Ol muny bedende hiç bölünişik bolman, agzalar biri-biri barada deň derejede alada etsinler diýip etdi” (1 Korintoslylar 12:18-25).

Biz Pawlusyň sözlerini ýygnagyň gurşawy bilen çäklendirýänligimiz sebäpli “ýygnagyň ruhy peşgeşlerini” beýlekilerden has köp sylaýan bolmagymyz ahmal. Şeýle gurşawda wagyzçylyk we taglym ruhy peşgeşleriniň has gereklidigi mese-mälim zat. Ýöne Hudaýyň Şalygynyň işi hemme ýerlerde amala aşýar, ine, bu düýpli özgerdilmeli pikirleriň ýene biri. Grek dilinde “ýygnak sözi – “eklesias”, ol “çagyrylanlar” diýmegi aňladýar. Grek diliniň düşündirişli sözlügindäki kesgitleme şuny goşýar: “erkin döwletiň jemgyýetçilik işleri boýunça ýygnanan ýa-da çagyrylan adamlar; jarçy arkaly bir ýere çagyrylan raýatlaryň erkin bedeni”.

Biz eýsem diňe binanyň içinde bolan ýagdaýymyzda ýygnak bolýarysmy? Biz eýsem diňe dilegler, seždeler, wagyzlar we hyzmatlar üçin ýygnananymyzda ýygnak bolýarysmy? Hut şeýle pikirlenmeden ýaňa adamlar bu gurşawda özlerini üýtgeşik alyp barýarlar, jemgyýete dolananlarynda bolsa özlerini başgaça alyp barýarlar. Biz – ýygnak, biz nirede bolsak-da, gije-gündiziň dowamynda 24 sagat, hepdede 7 gün, ýylda 365 gün Hudaýyň Şalygyny gurmak üçin ruhy peşgeşler bilen üpjün edilen!

Men ýaňy-ýakynda multimillarder bilen duşuşdym. Ol özüniň “Hudaýyň aýlawy” diýip atlandyrýan saparlaryny geçirýärdi. Ol öz topary bilen dürli şäherlere gidip, käbir hyzmatçylar bilen duşuşmak üçin ýygnakdyr konferensiýalara gatnaşýan eken. Ol bäşgyraň hyzmatyň ony öz işi üçin öňküden-de ýiteldip, şaýyny öňküden-de köp tutmagyny isläpdir. Meniň ýakyn dostlarymyň biri onuň bilen duşuşygy öňünden meýilleşdiripdi. Men onuň bilen Dallasda geçirilen konferensiýalaryň birinde duşuşdym (men ol ýere wagyz etmäge barypdym). Biziň nahar başynda geçiren üs sagatlyk duşuşygymyz ajaýyp geçdi, ondan soň bu duşuşykdan multimillardere garanda men has köp zat alan ýaly bir duýgy döredi.

Ol öz işiniň irki döwürlerinde işewürlik dünýäsinde gününi zordan görendigini gürrüň berdi. Ýöne günleriň birinde onuň gözleri açylypdyr. Bu aýanlyk oňa: “Hudaýyň Şalygy näme üçin diňe ýygnaklarda we konferensiýalarda ýüze çykmaly?” diýip öz-özünden soranda gelip başlapdyr. Bu Şalyk näme üçin hemme ýerlerde aýan bolmaly däl? Ol işewürlik dünýäsinde çagyrylandygyny bilýärdi. Ýöne ol näme üçin bu çäklerde edil imansyzlar ýaly hereket edýär? Ol bu dünýewi zatlarda hiç tapawutlanmaýar ahyryn.

Şondan soň ol işewürlik dünýäsinde “Hudaý bilen gezjekdigi” we edil münberden hyzmat edýän wagyzçy kimin Mukaddes Ruhuň sesine gulak asjakdygy barada karara gelýär. Aslynda, ol öz çakylygy babatdaky soragy ýüze çykaryp, islendik çopan kimin, Hudaý tarapyndan çagyrylandygyny karar edýär. Soňra ol Hudaý tarapynda berlen ruhy peşgeşlerini kesgitleýär we olary maksadalaýyk ulanmagy karar edýär. Ol Hudaý bilen geçiren wagtlaryndaky imi-salalykda we işewür duşuşyklarda Onuň sesini diňleýärdi. Hudaý hem, elbetde, oňa onuň işlerinde düşünje we paýhas berýärdi.

Munuň netijesi mese-mälim; onuň indi hiç bir kynçylyklary ýok! Ol Hudaýdan bolan ýörite sözleriň käbirlerini, köplenç ähmiýetsiz görünselerde, olary paýlaşdy. Ol Hudaýyň görkezmeleriniň işewürlik dünýäsinde kabul edilen paýhasa çapraz gelip, olara eýermegiň oňaýsyz bolan ýagdaýlarynda-da Oňa gulak asjakdygyny aýgytly çözdi. Bu multimillarder müşderileri we öz toparynyň agzalary tarapyndan duçar bolan

ikirjeňlenmeleri, gahar-gazaby, aladalary we hatda gapma-garşylyklary barada gürrüň berdi. Emma muňa garamazdan, Hudaýdan alan sözlerine bolan berk ynanjynyň miwesi hökmünde milliardlarça dollar boldy. Men onuň gürrüň beren gudratlaryna agzymy açyp haýran galdym.

## MILLETLERE ÖWRETMEK

Biz şu döwürdäki ýygnaklaryň ruhy peşgeşler baradaky düşünjesini üýtgedip bilsek, nämeler bolar? Biziň habarlarymyzy diňleýänleriň her birine Hudaýyň Şalygyny gurmakda her bir adamyň ruhy peşgeşi alandygyny, gymmatlydygyny düşündirsek, nämeler bolar? Munuň jogaby sada: hemmeler Billi Gremiň, Oral Robertsiň, Tereze Enäniň, resul Pawlusyň okgunlylygy we yhlaslylygy bilen zähmet çekerler. Duşuşygymyzyň dowamynda men bu multimilliarderiň okgunlylygyny we janypkeşligini gördüm. Ol özüniň missiýasy barada we ony berjaý etmekde Hudaýyň beren ruhy peşgeşleriniň neneň ähmiýetlidigini bilýärdi.

Milletlere öwretmek üçin biziň pikir ýöredişimiz hut şeýle bolmalydyr. Geliň, oňa has içgin garap geçeliň. Isa Mesih: "Ýygnaga gatnaşaýnlara öwrediň" diýmeýär; Ol bize "milletlere öwretmegi" tabşyrdy (ser.: Matta 28:19). Grek dilinde "milletler" sözi – "*etnos*", ol "garyndaşlyk, medeniýet we umumy däp-desur gatnaşyklary arkaly birleşen adamlar topary" diýmegi aňladýar. Bu kesgitleme bar bolan milletlere, uruglara, şeýle-de territorial we etniki toparlara degişlidir. Ýöne ol belli bir umumylygy bolan adamlary, mysal üçin welosiped sürüjileri, aktýorlary, lukmanlary, telekeçileri, uçarmanlary, kanunçylary, öý bikelerini, hökümet işgärlerini, türgenleri we başgalary hem aňladyp bilýär. Biz şu çäklerdäki erkeklere-de, aýallara-da öwredip, olary şägirt etmeli.

Ýöne geliň, bir ädim öňe gideliň. Isa Mesih: "Milletlerdäki adamlara öwrediň" diýmeýär; Ol "Milletlere öwrediň" diýýär. Munuň tapawudyna düşünmek wajyp; biz dürli çäklerdäki hereketleriň görnüşini Hudaýyň Sözüne laýyklykda üýtgetmeli. Bu ilki bilen, elbetde, şu çäklerdäki adamlara ýetenimizde amal bolýar. Ýöne biz has çuň derejede hereket etmeli. Biz suwa diňe adamlary däl-de, eýsem olaryň hereketlerini-

de Atanyň, Ogluň we Mukaddes Ruhuň ýoluna çümdürmeli. Mysal üçin, şol multimillarderiň ýagdaýynda bolşy ýaly, işewürlik dünýäsiniň adamlaryna öz pikirlerini üýtgetmäge kömek edip bolar. Bu buzdagyň diňe çür başjagazydyr.

Zakkaý barada pikir edip görüň. Ol salgyt ýygnaýjylaryň başlygydy, onuň bu işde ökdeleriň hatarynda bolandygyna hiç şübhe ýok. Aslynda, ol şol ýerdäki mafiýanyň baştutanydy. Adamlar ony salgytçylaryň aglabasynyň edýänlerini edýändigi üçin, ýagny öz wezipesini gara nebsi üçin ulanýandygy üçin ýigrenýärdiler. Onuň raýatlary talandygy, pullaryny zorlap alandygy, aldandygy, gorkuzandygy we howuny basandygy gümansyzdyr. Ol sözi ýöreýän adamdy, onuň golastyndaky adamlaryň onuň göreldesine eýereni-de belli zat.

Men sapara giden ýurtlarymyň käbirlerinde muňa gabat geldim. Döwlet baştutany para alansoň, öz golastyndaky işgärlerinden oňa puly stoluň aşagyndan bermegi talap edýärdi. Bu ýagdaý ýokardan aşakdaky işgärlere çenli dowam edýärdi. Netijede bolsa, ýurtdan gitmäge rugsat almak üçin hatda howa menzilindäki immigrasiýa işgärlerine-de para bermeli bolýardy.

Indi bolsa Zakkaýa dolanalyň. Isa Mesihiň onuň adyny tutup çagyryşy we diňe şuny diýşi gyzykly zat: “Zakkaý! Tiz aşak düş. Bu gün Men seniň öýüňde galmaly”.

Zakkaý Rebbiň öňünde durup, şeýle diýdi: “Eý, Agam! Indi men baýlygymyň ýarysyny garyplara berjek. Kimiň zadyny nähak alan bolsam, dört esse edip gaýtaryp berjekdirin” (Luka 19:5-8).

Şol ýerde salgyt ýygnama çäginde näme bolup geçdi? Olaryň baştutanlarynyň hereketiniň görnüşi dünýewi tümlügiň tilsimlerden Hudaýyň Şalygynyň berkarar edilen tertibine geçdi! Telekeçiligiň we dolandyryşyň bu çägi ýer ýüzünde indi göklerde amal edilişine meňzeş hereket etdi. Jemgyýetde özgerişlikler bolup geçdi. Bu özgerişlik ýygnak hyzmaty wagtynda ýa-da Isa Mesihiň Zakkaýy Özüne eýermäge çagyryp, wagyz edende bolmandy. Ol şäheriň merkezinde bolup geçdi. Zakkaý Isa Mesihe duşdy, şondan soň onuň hereketleri birdenkä üýtgedi. Adamlar milletlerimizde (täsirimiziň ýetýän çäklerinde) her gezek bize duşanlarynda, şeýle özgerişlikler bolmaly, sebäbi Şol bir Isa Mesiň bizde ýaşaýar.

Men häzirki wagtda Milli futbol ligasynyň ozalky oýunçysyna öwütündew berýärin. Onuň jemgyýetçilik torlarynda bodibilderleriň uly topary bar. Ol bu bodibilderleriň Isa Mesihiň baştutanlygyny kabul edip-etmändiklerine garamazdan, Gökleriň medeniýeti şu millete (etnosa) girer ýaly tärde tälim berýär. Ol bu adamlar bilen gürleşende, Hudaýyň Şalygynyň ýörelgelerini we usullaryny görkezýär.

Biziň ruhy peşgeşlerimiz mukaddesleriň diňe binadaky ýygnanyşyklary üçin niýetlenilen däl. Olaryň şeýle niýetlenilmegi, elbetde, kanuny we ähmiýetli, men biziň ýygnaklarymyzyň ähmiýetini asla peseltjek bolamok. Meniň maksadym – Hudaýyň ruhy peşgeşleri baradaky düşünjämizi giňeltmek. Eger biz ýygnakdan daşary çagyrylan bolsak (bu biziň köpimize degişli), onda biz täsirimiziň ýetýän çäklerinde – öz “etnosymyzyň” arasynda öz ruhy peşgeşlerimiz arkaly gudratly tärde hereket etmäge çagyrylandyrys.

Eger siz dünýewiligi takwalykdan aýrybaşga tutmaga endik eden bolsaňyz, bu pikir ýörelgäňizi üýtgetmeli. Siz haýsydyr bir ýere gireniňizde: hirurg ýa şepagat uýasy bolup işleýän hassahanaňyzyň otagyna, ýa mugallym bolyp işleýän synp otagyňyza, ýa maşinist hökmünde zawodyňyza we ş.m. – nirädigi tapawudy ýok, siz bu atmosfera mukaddeslik getirmäge we şol ýerdäki adamlara Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň ady bilen öwüt bermäge ruhy peşgeşiňiz bardyr. Başga sözler bilen aýdylanda, Isa Mesihiň Zakkaý we başgalar bilen edişi ýaly, sizde hem gökleri ýer ýüzüne getirmek üçin Hudaýyň goldawy bardyr. Siz öz täsiriňiziň ýetýän çäklerinde Hudaýyň Şalygyny ýaýbaňlandyrmak bilen, onuň hereketleriniň görnüşlerini köpeltmäge çagyrlansyňyz. Eýsem bu siziň işiňizi ýa-da okuwyňyzy gyzykly başdan geçirmelere meňzeş etmeýärmi näme?

## OÝLANYŇ

1. Hudaýyň Sözi özümize sagdyn baha bermelidigimizi duýdurýar. Şeýle baha şu wagt berilmeli. Men size hyzmaty wagtyndan öň başlamakçy bolşum baradaky wakany gürrüň berdim. Siz şeýle ýalňyşdan nädip gaça durup bilersiňiz? Siziň häzirki wagtda nähili ruhy peşgeşleriňiz bar?
2. Öz ruhy peşgeşlerini bilýän we olar arkaly hereket edýän adam bagtlydyr. Başga adamyň ruhy peşgeşleri arkaly hereket etmäge dyrjaşýan adam betbagt we lapykeçdir. Siz öz çakylygyňyza laýyk gelmeýän ruhy peşgeşi saýlamaga höwes edipmidiňiz? Eger eden bolsaňyz, näme üçin?
3. Biziň ruhy peşgeşlerimiz mukaddesleriň diňe binadaky ýygnanyşyklary üçin däl, eýsem täsirimiziň ýetýän aýratyn çäkleri üçin hem niýetlenilen. Siz gündeki durmuşyňyzy Hudaýyň Şalygyny bina etmekde wajyp saýýarmyzyňyz? Siz öz hünärmenlik ruhy peşgeşleriňizi Hudaýyň Şalygyny ýaýbaňlandyrmakda nädip ulanyp bilýärsiňiz?

*Adamlar bize, goý, Mesihiň hyzmatçylary,*
*Hudaýyň syrlaryny dolandyrýan hyzmatçylar*
*hökmünde garasynlar.*

- 1 Korintoslylar 4:1, NKJV

# 4

# DOLANDYRYJYLAR

Biz “*merhemet*” we “*ruhy peşgeş*” sözlerini öwrendik; indi bolsa “*dolandyryş*” barada gürrüň ederis. Bu sözüň manysy bilen tanşanymyzdan soň, biz öz durmuşymyzdaky çagyrylyşy ýüze çykarmak üçin, Mukaddes Kitapdaky bu üç sözi birleşdirip bileris.

“Merriam-Webster” sözlügi “dolandyryş” sözüni “kimdir biriniň garamagyna tabşyrylan haýsydyr bir zada ünsli we jogapkärçilikli garamak, aladasyny etmek” diýip kesgitleýär. Biz Mukaddes Kitabyň açary sözleriniň grek dilindäki kesgitlemesini öwrenmek bilen, paýhasly edýäris, sebäbi terjime edilen sözler köplenç olaryň anyk manysyny bermeýärler. Ýöne “dolandyryş” sözi babatda welin beýle däl; onuň grek dilindäki we terjimedäki kesgitlemesi örän meňzeş. “*Dolandyryjy*” sözi “*oýkonomos*” diýen grek sözünden terjime edilen, ol “haýsydyr bir zada ygtyýary ýa-da jogapkärçiligi bolan adam; dolandyrýan adam; ýolbaşçy, jogapkär adam; ýolbaşçy, başlyk” diýmegi aňladýar.

Şu iki kesgitlemeden ugur alyp, dolandyryşyň üç dürli tarapynyň bardygyny aýdyp bolar:

Dolandyryjy:

Başga birine degişli bolan zada gözegçilik edýär.
Özüne ynanylan zady dolandyrmaga ygtyýary bar.
Jogapkärçilik çekýär: ol zadyň eýesine hasabat berer.

Hudaý ähli zady ýaratdy, ähli zat Oňa degişli! Zebur 23:1-de şeýle ýazylan: “Rebbiňkidir ýer we ondaky zatlar, älem hem-de

onda ýaşaýanlar”. Bu bolsa ýer ýüzündäki çäkde bularyň barynyň dolandyryjysy bolup durýandygymyzy aňladýar. Biz bütin ýer ýüzüni – gury ýerleri, suwy, howany, serişdeleri, haýwanlary, balyklary, guşlary dolandyrmaly. Biz adamlaryň ruhy, emosional, intellektual we beden ýagdaýlarynyň gowy bolmagynyň aladasyny etmäge jogapkär. Men bu sanawy dowam edip bilerdim, ýöne, aslynda, biz ýer ýüzünde göze görünýän we görünmeýän zatlaryň bary üçin jogapkär.

Ýöne, geliň, “dolandyryş” sözi Pawlusyň aýtmagynda nähili manyda ulanylýandygyna garap geçeliň. Ol “*Hudaýyň syrlaryny dolandyrýan hyzmatçylar*” barada ýazýar. Mukaddes Kitabyň “Täze janly terjimesinde” bize “Hudaýyň syrlaryny aýan etmek *tabşyryldy*” diýip ýazylan. Pawlusyň durmuşyndaky ruhy peşgeşleriň (*harizmalaryň*) biri aýanlykdy; ol syrlary – heniz aýan edilmedik gizlin hakykaty düşündirýärdi. Şonuň üçin-de, onuň bu ýerde agzaýan dolandyryşy puly, wagty, serişdeleri däl-de (ýogsa bular hem wajyp), eýsem öz ruhy peşgeşini (*harizmany*) dolandyrmagy aňladýar. Bu bize degişlimi?

Petrus şeýle ýazýar: “Her biriňiziň *ruhy peşgeşleri* alanyňyza görä, Hudaýyň köptaraplaýyn *merhemetiniň* ýagşy *dolandyryjylary* kimin biri-biriňize hyzmat ediň “ (1 Petrus 4:10, NKJV). Bu aýatda ýokarda agzap geçen sözlerimiziň üçüsi-de (ruhy peşgeş –”*harizma*”, dolandyryjylar – “*oýkonomos*” we merhemet – “*haris*”) bar. Petrus hem Pawlus ýaly, özümize ynanylan harizmany dolandyrmalydygymyzy bize habar berýär. Bu aýatda köp zatlar açylýar, şonuň üçin-de, biz ony ünsli öwrenmeli.

Üns beriň: Petrus “her biriňiziň” ruhy peşgeşi alandygy barada ýazýar. Onuň: “her bir hyzmatçy”, “her bir çopan” ýa-da “sežde hyzmatynyň lideri” diýip ýazmaýandygyna ilkibaşdan görkezmek wajypdyr. Eger siz göklerden doglan bolsaňyz, size berlen ýa-da ynanylan ruhy peşgeş ýa-da peşgeşler bardyr. Ine, iki bap ozal beren soragymyza Mukaddes Kitabyň berýän jogaby şeýledir. Sizde ruhy peşgeş ýa-da peşgeşler bar we gaýtalama hökmünde, *harizma – bu merhemetiň üýtgeşik ruhy peşgeşi, ol size üýtgeşik başarnyklary berýär.*

Siziň ruhy peşgeşleriňiziň wajyplygyny görkezmek üçin, geliň, mysal hökmünde Pawlusyň garaýşyny derňäliň. Ol öz dolandyryşyna çynlakaý garaýardy; örän çynlakaý garaýardy diýse-de bolýar. Ol korintoslylara ýazan hatynda soňra şeýle diýýär:

> “Men Hoş Habary wagyz edýänim bilen magtanmaga haklydyryn öýdemok: muny etmek borjumdyr. Eger men Hoş Habary wagyz etmesem, *waý, meniň halyma*! Eger men muny özüm saýlan bolsadym, onda sylaga tamakin bolardym. Emma *muny maňa Hudaý buýurdy*” (1 Korintoslylar 9:16-17).

“*Waý, meniň halyma*!” diýen sözler ünsümi bada-bat özüne çekýär. Bu gaty berk sözler, köpimiziň pikir edişimizden-de berk sözlerdir. “*Waý*” sözi grek “*ouaý*” sözünden terjime edilip, “heläkçilik, elhençlik” diýmegi aňladýar. Sözlükleriň ýene biri bu sözi “betbagtlykdan ýa-da gahardan ýaňa gygyrmak” diýip teswirleýär. Täze Ähtde bu söz onuň niýetlenilen adamlaryna juda agyr we elhenç jezanyň garaşýandygyny aňladýar. Pawlusyň “waý meniň halyma!” diýen sözleri ulanmagy özüne gargaýan ýaly görünýär. Bu jümle biziň ünsümizi bada-bat özüne çekmeli. Hudaýyň beren ruhy peşgeşlerine äsgermezlik – çynlakaý mesele.

Pawlus Hudaýyň oňa juda ähmiýetli bir zadyň ynanandygyny bilýärdi. Aýňaldyjy bir hakykat bar: eger ol muny bolmalysy ýaly dolandyrmadyk bolsady, onda başgalar Hudaýyň olara berjek bolan zadyndan haýyr görmezdiler, hatda ýitgi hem çekerdiler. Pawlus bu ruhy peşgeşiň onuň özüne däl-de, ol arkaly *başgalara* berlendigini bilýärdi. Başga sözler bilen aýdylanda, ol öz içinde Hudaýyň başgalara bermek islän zadyny göterip gezýärdi. Hut şu sebäpdenem ol ony dogry dolandyrmadyk ýagdaýy üçin özüne berk äheňde “waý, meniň halyma!” diýip, özi üçin dat-perýat edýärdi.

Geliň, muny öz hasabymyza degişli edeliň. Biz gyzykly iki delili nygtap geçmeli. Birinjisi – Pawlusyň ruhy peşgeşi “göze ilýärdi”. Ýada salyň: Hudaý göze ilmeýän ruhy peşgeşleri göze ilýänlerden has abraýly diýip kesgitläpdi. Eger Pawlus özüniň göze ilýän ruhy peşgeşine şeýle garan bolsa, biz Hudaýyň içimize salan ruhy peşgeşiniň, aýratyn-da ol göze ilmeýän bolsa, gymmatyny gaçyrmaly däl.

Ikinji delil has hem wajypdyr. Durmuşymyzdaky ruhy peşgeşler özümiz üçin däl-de, başgalaryň *biz arkaly* olardan peýda almagy üçin Hudaý tarapyndan berlendir. Ýazyjylyk ruhy peşgeşi maňa meniň özüm üçin däl-de, siziň üçin berlendir. Wagyzçylyk ruhy peşgeşi maňa meniň

özüm üçin däl-de, wagyz edýän adamlarym üçin berlendir. Liderlik ruhy peşgeşi maňa meniň özüm üçin däl-de, meniň ýolbaşçylyk edýän adamlarym üçin berlendir we ş.m.

## ÖZ RUHY PEŞGEŞIMIZI NÄDIP ULANMALYDYGYNY ÖZÜMIZ ÇÖZÝÄRIS

Biz öz ruhy peşgeşimizi netijeli ulanyp ýa-da oňa hyýanat edip bilýäris – munuň saýlawy bize bagly. Ruhy peşgeş Hudaýýň ol babatda ilkibaşdan niýetleýşi ýaly, ýagny Şalygy gurmak üçin ulanylmasa-da, hereket edýändir. Adolf Gitler zehinli liderdi, ol öz ýurduny millionlarça nemeslere, ýewreýlere, ruslara, fransuzlara, britanlara we başgalara abadançylyk getirjek ýoldan äkidip bilýärdi. Ol öz ruhy peşgeşini Hudaýýň şan-şöhraty üçin ulandymy ýa-da özi we özüniň halanlary üçin? Ol öz ruhy peşgeşini netijede köp ýewreýleri we başga milletlerden bolan adamlary talap, gynap we hiç bir sebäpsiz jezalandyryp, weýrançylyk getirmek üçin ulandymy? Bu soraglaryň jogaplaryny derňemek gerek däl, olar mese-mälimdir.

Adolf Gitleriň dolandyryşynyň netijeleri mese-mälim, ýöne ýene-de iki sany örän meşhur adamlaryň adyny agzap geçmäge ygtyýar ediň, olaryň dolandyryşynyň netijeleri o diýen aýdyň däl. Birinji şahsyýet – Uitni Hýuston, ajaýyp sesli aýdymçy, bu ömrümde eşiden iň ajaýyp seslerimiň biridi. Onuň durmuşyndaky Rebbiň galtaşmasy mese-mälimdi. Uitni aýdym aýdanda, onuň sesini eşiden adamlaryň ählisi güýçli täsiriň astyna düşýärdiler. Onuň sesi ýer ýüzüniňki däldi, ol perişdeleriňki ýaly özüne maýyl edijidi.

Ikinji mysal – Freddi Merkýuri, “Kuin” rok-toparyň baş aýdymçysydy. Ol öz aýdym düzmek we saz döretmek zehinleri bilen tutuş stadionlara täsir edip bilýärdi. Onuň başarnyklary adaty däldi we käbir adamlaryň aýtmagyna görä, hatda gudratlydy. Ol tomaşaçylaryň mähellesini islendik ýagdaýda aňsatlyk bilen dolandyryp bilýärdi. Onuň aradan çykandygyna garamazdan, köp adamlar onuň aýdymlaryny heniz-de aýdýarlar.

Uitni bilen Freddi öz ruhy peşgeşlerini netijeli ulandylar diýip aýdyp bolarmy?

Köp adamlaryň munuň şeýledigini aýdarlar. Ýöne, geliň, muňa Isa Mesihiň aýdan sözleriniň nukdaýnazaryndan garalyň:

> “Emma danalyk öz *amallary* bilen tassyklanar” (Matta 11:19).

we ýene-de:

> “Emma danalygyň hakdygy oňa *eýerýänleriň ählisi tarapyndan* tassyklanar” (Luka 7:35, NLT).

Geliň, bu iki täsin artistiň miwelerini – olaryň dolandyryşynyň gysga möhletleýin we uzak möhletleýin netijelerini öwreneliň. Uitni öz ruhy peşgeşini adamlary Hudaýyň huzuryna alyp gitmek üçin ulandymy? Adamlar onuň aýdym aýdyşyny eşidenlerinde ýagşy işlere ymtyldylarmy? Onuň aýdymlary nikany berkitdilermi ýa-da hakykata laýyk gelmeýän romantiki umytlary döredip, närazygy döretdi? Freddi öz ruhy peşgeşini diňleýjilerini dogruçyllyga äkitmek üçin ulandymy? Ol adamlara öz Ýaradanlaryna yzzat-hormat bildirmegi öwüt-ündew etdimi? Uitni we Freddi ýer ýüzünden nädip gitdiler? Olaryň mirasy müdimi ýa-da wagtlaýynmy? Ol baky dowam edermi ýa-da bu dünýä bilen heläk bolar?

Isa Mesih bizi adamyň ömrüniň netijesine garamaga höweslendirýär. Uitni bilen Freddiniň dolandyryşlarynyň netijesine özüňiz baha beriň. Ýöne gutarnykly baha Ýaradanymyzyň huzurynda berler. Höküm gününde her bir adam hasabat berer.

Eger siz Uitniniň ýa-da Freddiniň muşdagy bolsaňyz, bu aýdýanlarymy halamajakdygyňyza düşünýärin. Ýöne geliň, olaryň dolandyryşyna höküm gününde nähili baha beriljekdigini aýdyň görkezjek bir soragy bereliň. Geliň, olaryň mirasynyň täsirine on million ýyl perspektiwasyndan garalyň. Uitni bilen Freddi Hudaý tarapyndan özlerine berlen ruhy peşgeşlerini dolandyryşlaryna nähili baha berip biler? Bakylyk perspektiwasyndan garamaklyk siziň ilkibaşdaky nukadaýnazaryňyzy üýtgedip bilýär.

Durmuş köp zatlar babatda perspektiwa baglydyr. Eger durmuşa 80 ýyl prizmasyndan garasak, biz ähli zady bir tarapdan göreris. Eger-de oňa bakylyk prizmasyndan garasak, hemme zat bütinleý başgaça görner.

Şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip görüň: sizi naharhana agşamlyga

çagyrdylar diýeli. Siz belli bir mukdardaky puly töläp, islän tagamyňyzy iýip bilärsiňiz. Stollaryň birinde diňe tagamly desertler bar. Eger siz bu stola bir günlük perspektiwadan garasaňyz, nähili hereket edersiňiz? Bu süýji tagamlaryň baryny iýmegiňiz gaty ahmal. Emma bu stola bir ýyllyk perspektiwadan garasaňyz, näme bolar? Siz, belki, olaryň diňe birini iýersiňiz ýa-da ony hem iýmersiňiz? Näme üçin? Sebäbi siz ertesi gün aşgazan agyrysy bilen oýanyp, indiki hepdäniň ahyryna çenli dört kile semräp, saglygyňyzy uzak waglaýyn howp astyna salasaňyz gelmez!

Biz Uitni bilen Freddiniň miwelerine bakylygyň nukdaýnazaryndan garanymyzda, olaryň dolandyryşynyň paýhasly bolup-bolmandygy aýdyň bolýar.

Adolf Gitler, hatda Freddi Merkýuri we Uitni Hýuston barada gürlemek biziň üçin bütinleý howpsuzdyr. Aýňaldyjy hakykat welin şundan ybarat: siz-de, men-de Kazymyzyň öňünde durmaly bolarys. Biziň ruhy peşgeşlerimize 70-80 ýyl perspektiwasyndan däl-de, bakylyk perspektiwasyndan serediler. Biziň işlerimize Hudaýýň ebedi Sözüniň nukadaýnazaryndan baha berler. Onuň Sözi bolsa bize Onuň Şalygyny gurmagy tabşyrýar. Biziň mirasymyz ebedi bolarmy ýa-da bu dünýä bilen bilen geçip gider?

## NIÝETLERE DYKGATLY SERETMEK

Geliň, birinji bapda gürrüň eden zatlarymyzy gaýtatalyň. Siz islendik wagt öz ruhy peşgeşleriňizi şu aşakdaky üç usulyň biri arkaly dolandyryp bilersiňiz:

Siz bu ruhy peşgeşleri Şalygy gurmak üçin ulanyp bilýärsiňiz;
Siz bu ruhy peşgeşleri öz durmuşyňyzy gurmak üçin ulanyp bilýärsiňiz;
Siz bu ruhy peşgeşleri äsgermän, geleňsizlik edip bilýärsiňiz.

Ikinji usul barada has giňişleýin gürrüň etmek gerek, sebäbi ol aldap bilýär. Köp adamlar başgalary bina edip, muny Hudaýýň Şalygynyň hatyrasyna edýändir öýdýärler. Aslynda welin olar öz bähbitlerini aramak üçin hereket edýärler.

Men bilmezden şeýle ýagdaýa düşüpdüm. Ençeme ýyl mundan ozal, hyzmata ýaňy başlan döwrümde, men işgärleriň we ýygnaga gelýän adamlaryň, şeýle-de tanyş-bilişlerimiň baryna hoşamaý sözleri aýdýardym. Men munuň hakykat bolmadyk ýagdaýlarynda-da şeýle edýärdim. Adamlaryň meni rehimli we mähirli saýýandygy baradaky gepler meniň gulagyma ýetdi. Bu öwgi sözleri şeýle hereketimi dowam etmäge, elbetde, höweslendirýärdi.

Günleriň birinde Hudaý maňa: "Adamlar sen barada mähirli, aladalaryny edýän we rehimli adam diýip aýdýarlar, şeýle dälmi?" diýdi.

Adaty ýagdaýda men Onuň sözlerini tassyklama hökmünde kabul ederdim, ýöne Mukaddes Ruhuň äheňi Onuň başga bir zady göz öňüne tutýandygyny görkezýärdi. Şonuň üçin-de, men: "Hawa, şeýle" diýip seresaplyk bilen jogap berdim.

Ol bada-bat jogap berdi: "Adamlara näme üçin hoşamaý sözleri aýdýanyňy bilýäňmi?"

Men: " Näme üçin? – diýip, öňkimden-de seresaplyrak seslendim.

"Sebäbi sen ret edileriňden gorkýaň" – diýip, Ol sözüni dowam etdi. – "Şunlukda, seniň söýgiň kime gönükdirilen: özüňemi ýa-da olara?"

Men öz asyl niýetlerimiň paş edilendigine düşünip, Onuň sözleri bilen ylalaşdym.

Şondan soň Ol maňa şeýle diýdi: "Eger sen adamlary hakykatdan-da söýýän bolsadyň, onda ret edilmek gorkyňa garamazdan, olara hakykaty aýdardyň".

Bu düzediş meniň adamlara bolan gatnaşygyma gönükdirilendi. Ýöne, mowzugymyza dolanmak bilen, men şuny soramaly: biz Hudaýdan alan ruhy peşgeşimizi şeýle tärde öz bähbidimiz üçin ulanyp bilýärismi? Başga sözler bilen aýdylanda, adamlara öz ruhy peşgeşimizi Hudaýyň Şalygyny gurmak üçin ulanýan ýaly görnüp-de, aslynda ony öz hususy bähbitlerimiz üçin ulanýan bolmagymyz mümkin zatmy? Munuň jogaby şeýle: elbetde mümkin zat. Men muňa mysal hökmünde öz durmuşymdan bir wakany gürrüň bereýin, soňra bolsa muny Hudaýyň Sözündäki mysallar bilen berkideýin.

Men konferensiýalarda ýa-da ýygnak hyzmatlarynda näme barada

wagyz etmelidigim barada Rebden adatça anyk söz almaýaryn, ýöne Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyny almak üçin ýüregimi hemişe diňleýärin. Emma bir gezek men wagyz etmezimden öň Rebden kesgitli bir söz aldym.

Men ABŞ-nyň Orta Günbatarynda geçirilen konferensiýalaryň birinde wagyz etmelidim. Wagyz etmeli günüm irden myhmanhana otagymda oýananymda, men Mukaddes Ruhuň aýdanlaryny aýdyň eşitdim: “Men şu gün öýlän konferensiýada ‘Şeýtanyň aly’ diýen mowzukdan wagyz etmegiňi isleýärin” (bu kitaby 1994-nji ýylda ýazypdym, ol öýke-kineleri nädip ýeňip geçmek we özümizi ynjadanlary nädip ýürekden bagyşlap bolýandygy baradady).

Men Onuň görkezmesi bilen uzakly gün göreşdim. “Şeýtanyň aly” atly kitap eýýäm birnäçe ýyl bäri satuwda bolup, bestsellere öwrülipdi. Men bu kitabyň habaryny tutuş ýurt boýunça köpden bäri wagyz edýärdim we adamlaryň ençemesi ony eýýäm eşidipdi. Mundan başga-da, şol döwürde täze golýazmamyň üstünde işleýänligim üçin Mukaddes Ruhuň görkezmesine boýun egmek meniň üçin has kyndy. Siz haýsydyr bir zat barada ýazanyňyzda, bu hakykatlar siziň ýüregizde has aýdyň we täze bolýar. Hakykat ýüzünde, men köne habary wagyz edesim gelmeýärdi. Ýöne men Mukaddes Ruhdan göni görkezme alypdym.

Men konferensiýanyň geçirilýän ýerine baranymda, ony gurnaýjylar adamlaryň meni eşitmek üçin uzak ýerlerden gelendiklerini aýtdylar. Men olaryň “Şeýtanyň aly” kitaby eýýäm okap, gaýtalanýan habary eşitmekleriniň mümkindigi barada oýlanyp, tisginip gitdim.

Zala girenimde, atmosferanyň joşgunlydygyny gördüm. Adamlaryň habara garaşýandygy mese-mälimdi. Irden alan görkezmäme boýun egmek maňa öňküden-de kyn düşdi. Men adamlaryň tamasyny ödäsim gelýärdi. Men bu basyşa ýol berip, özümiň “ter” habaryny wagyz etmegi karar etdim we hemme zadyň gülala-güllük geçişine agzymy açdym. Wagyz joşgunly boldy, adamlar oňa höwes bilen seslendiler.

Adamlaryň käbiri meniň esasy belliklerim bilen ylalaşýandygyny görkezmek üçin, hatda ýerlerinden hem turýardylar. Men “jezasyz” galdyrylan, ýa-da irden eşidenlerimiň Hudaýdan däl ýaly göründi. Garaz, her nähili bolsa-da, men özümi bagtly duýýardym. Wagyzdan soň

hyzmatçylaryň otagynda hemmeler ruhlanandy we ajaýyp habar üçin maňa minnetdarlyk bildirýärdiler.

Men wagyz eden şäherimden adatça kanagatlanma we şatlyk duýgusy bilen gidýärin; men Hudaý meniň ýüregimde ýylgyrýan ýaly duýýaryn. Indiki gün irden hemme zat başgaça boldy. Men ýüregimde agyrlyk duýgusy bilen oýandym, özümi mejalsyz duýup, göwnüçökgünlik bilen göreşmeli boldum. Men munuň sebäbini badabat duýdum: men Hudaýa gulak asmadym. Şol gün irden men ilki bilen dyzyma çöküp, toba etdim we ötünç soradym. Men Isa Mesihiň ganynyň meni päklemegini diledim.

Emma hiç ýeňillik duýmadym. Men kalbymdaky bu ýüki we gam-gussany uzakly gün – myhmanhanda galan wagtym, howa menziline barýarkam, howa menzilinde gijä galan uçara garaşýarkam, ABŞ-nyň Günbatar kenarýakasyna çenli bolan uzak uçuş wagtynda duýup gezdim. Gam-gussa, agyrlyk we göwnüçökgünlik çydar ýaly däldi. Ahyrda, San Diýego şäheriniň ýokarsyndan aýlanyp başlanymyzda, bu duýgularyň bary menden aýryldy.

Men: “Eý, Atam, men şu gün irden toba edip, ötünç soradym-a. Sen näme üçin mendäki şatlygy, parahatlygy we kanagatlanmany diňe şu wagt dikeltdiň?” diýip soradym.

Onsoň Rebbiň şeýle sözlerini eşitdim: “Men edenleriňiň näderejede çynlakaýdygyna göz ýetirmegiň üçin, seniň boýnuýogynlygyňyň ýüküni götermegiňe ýol berdim. Şol hyzmatda bir çopan bardy, ol Meniň saňa “Şeýtanyň aly” mowzukdan ynanan habarymy eşitmelidi. Onuň durmuşy we hyzmaty şu wagt geçiş pursatlaryny başdan geçirýär. Sen Maňa gulak asmadyň, gulak asmazlygyň bolsa soňy bolýandyr. Seniň şu gün duýan agyrlygyň seniň üçin duýduryş, bu seniň mundan buýana şeýle zada ýol bermezligiň üçindir. Indi sen täze şäherde, Maňa gulak asgyn”.

Men geçen agşam barada oýlandym. Ýygnakda bolan adamlar, hyzmatçylar topary we konferensiýanyň beýemçisi – ählisi şatdylar. Meni ýene bir gezek çagyrdylar we birnäçe wagtdan men hatda şol hyzmatdaky şaýatlyklar barada hem eşitdim. Hudaýyň ruhy peşgeşiniň men arkaly, hatda onuň Hudaýyň niýetine görä ulanylmaýandygyna garamazdan hereket edendigi mese-mälimdi.

Siz: “Şeýle zadyň bolmagy eýsem mümkin zatmy?” diýip sorarsyňyz. Geliň, Hudaýyň beren ruhy peşgeşlerine hyýanat edilişi barada Mukaddes Ýazgylardaky wakalaryň birnäçesine garap geçeliň. Musa pygamber barada oýlanyp görüň. Ol Ysraýyly Wada berlen topraga äkitmäge çagyrylandy we bu çakylygy berjaý edip bilmegi üçin beýik gudratlary amal etme ruhy peşgeşini alypdy.

Günleriň birinde Hudaý gaýadan suwuň çykyp, adamlary suwdan gandyrmagy üçin, Musa pygambere gaýa gürlemegi buýurdy. Emma Musa Hudaýyň buýrugyna gulak asman, gaharlanyp, galany hasasy bilen urdy. Her nähili bolsa-da, suw çykdy, ol çöldäki millionlarça adamyň teşneligini gandyrmak üçin ýeterlikdi. Bu gudrat Musa pygamberiň sanawyndaky gudratlaryň ýene biri boldy. Halk öz ýolbaşçysynyň ruhy peşgeşinden ýaňa ýene-de galpyldady. Emma “konferensiýa” tamamlanandan soň, Musa öz ruhy peşgeşini Hudaýyň buýrugyna laýyklykda ulanmandygy üçin jogaba çagyryldy. Bu hyýanat üçin oňa Wada berlen topraga girmek gadagan edildi. Eger bu barada pikir edilse, şu waka aýňaldýandyr.

Indiki mysal – Bilgam. Ol ysraýyl barada pygamberlik etdi, onuň sözleri Mukaddes Kitapda şindi hem bar. Siziň pygamberligiňiz Hudaýyň ebedi Sözünde – bu nähili beýik şaýatlyk! Ýöne bu waka o diýen ýönekeý däl. Hudaý oňa başgalar bilen gitmezligi we olaryň isleýänlerini etmezligi aýdyň aýdypdy. Ýöne Bilgama berlen ruhy peşgeş hatda Hudaýyň oňa: “Olar bilen gitme” diýip gönüden-göni aýdan ýagdaýynda hem hereket etdi (Çölde 22:12). Biz ýene-de bir gezek ruhy peşgeşiň Hudaýyň ol babatda ilkibaşdaky niýetinden başgaça ulanylyşyny görýäris.

Men size şuny düşündirmek isleýärin: Hudaý size ynanan ruhy peşgeşleriniň üstünden mikro-dolandyryjylygy amal etmeýär. Eger Ol şeýle etsedi, onda bize *dolandyryjylar* diýilmezdi. Dolandyryjy özüne ynanylan zady dolandyrmaga ygtyýarly, muňa gözegçilik gerek däl. Muňa mysal hökmünde Mukaddes Ýazgylardan Isa Mesihiň dogryçyl däl iş dolandyryjy baradaky tymsalyny getirse bolýar:

> “Bir baý adamyň iş *dolandyryjysy* bar eken. Bu iş dolandyryjynyň baýyň mal-mülküni dargadýandygy barada oňa şikaýat edipdirler.

> Baý ony ýanyna çagyryp: ‘Sen hakda eşidýän zatlarym näme? Iş *dolandyryşyň* babatda hasabat ber, sebäbi sen mundan beýläk meniň iş *dolandyryjym* bolup bilmersiň’” (Luka 16:1-2).

Iş dolandyryjylygyň Mukaddes Ýazgylaryň döwründe biziň günlerime garanda has adaty iş bolany üçin, bu wajyp wakada haýsydyr bir wajyp zady aňsat sypdyryp bilýäris. Baý adamyň kesgitli wagtyň dowamynda bolýan zatlardan bihabar bolandygyna üns beriň. Ol özüniň iş dolandyryjysynyň hereketlerine günde gözegçilik etmändir. Köp wagtdan bäri dowam edip gelýän nädogry dolandyryjylyga ünsi çekmek üçin, başga bir adamyň ýagdaýa goşulmagy gerek boldy.

Biz şeýle mysaly “Gelip çykyş” kitabyndaky Ýusup baradaky wakada hem görýäris. Müsüre düşenden soň ol ilki Potyparyň öýünde gul bolýar, soňra bolsa wezipesi ulalyp, onuň tutuş öýüniň işlerini dolandyryp başlaýar. Şeýle ýazylan: “Potypar ähli mal-mülküni Ýusubyň ygtyýarlygyna berdi. Ol indi öz damagyndan başga zada baş galdyrmaýardy” (Gelip çykyş 39:6). Potypar Ýusubyň işine mikro-dolandyryjylyk ýa-da gözegçilik etmedi; ol dolandyrmany oňa ynandy.

Hudaýyň ruhy peşgeşleri bizde hem şeýle şekilde hereket edýär. Resul Petrus bize *harizmanyň* – Hudaýyň durmuşymyzdaky köptaraplaýyn merhemetiniň ýagşy dolandyryjylary bolmagy ündeýär.

## GÖZE ILMEÝÄN EBEDI RUHY PEŞGEŞLER

Öwrenmegimizi dowam edeliň. Birinjiden, geliň Petrusyň sözlerini ýene bir gezek ýatlalyň: “Her biriňiziň ruhy peşgeşleri alanyňyza görä, Hudaýyň köptaraplaýyn merhemetiniň ýagşy dolandyryjylary kimin biri-*biriňize hyzmat ediň*”. Bizden dolandyryjylar hökmünde *hyzmat edip*, öz ruhy peşgeşlerimizi ulanmagymyza garaşylýar. Ýene-de gaýtalaýaryn, olar biziň özümiz üçin däl-de, başgalar üçin berlendir. “Hyzmat etmek” sözi grek “*diakonéo*” sözünden terjime edilen, ol “edilýän işi soňuna çenli bitirmek manysynda gulluk etmek, hyzmat etmek” diýmegi aňladýar. Bizde öz ruhy peşgeşleri bilen hyzmat etmäge taýyn bolan adamyň ýüregi bolmaly. Biziň ruhy peşgeşlerimiz – bu biziň mugt alan peşgeşlerimiz, biz başgalary bina etmek üçin olary höwes bilen ulanmaly.

Biz “Her birimiziň *ruhy peşgeşleri alanymyza görä*, Hudaýýň *köptaraplaýyn* merhemetiniň ýagşy dolandyryjylary kimin biri-birimize hyzmat etmeli”. Bu aýatdaky “köptaraplaýyn” sözi “dürli görnüşdäki” diýmegi aňladýar. Hudaýýň Öz halkyna beren dürli ruhy peşgeşlerini sanamak üçin, juda köp sahypa gerek bolar. Aslynda, şeýle sanawy düzmek mümkin hem däl. Käbir ruhy peşgeşleriň Hudaýýň Şalygynyň gurluşygy bilen mese-mälim baglanyşygy bar. Emma ruhy peşgeşleriň köpüsiniň Hudaýýň Şalygynyň gurluşygy bilen baglanyşygyny görmek gaty kyn. Muňa bir mysal getirmäge rugsat beriň.

Ýaňy-ýakynda bir tanymal çopan her ýyl geçirilýän konferensiýanyň öňüsyrasynda bolup geçen bir wakany gürrüň berdi. Bu konferensiýa örän meşhur we oňa köp adamlar gelýär. Çopanyň topary zaly taýýnlarka, ol bir lukmanyň – ýygnagynyň agzasynyň konferensiýa gatnaşyjylaryň oturgyçlaryna habarnama kagyzlaryny goýup ýörendigini görüpdir.

Çopan bu lukmanyň ýanyna baryp, ötünç sorapdyr-da:

– Lukman, size muny etmek hökman däl. Biziň bu işi oňarýan stažýorlarymyz we meýletinçilerimiz bar – diýipdir.

Bu lukman bolsa oňa berkden sypaýylyk bilen düzediş berip, şeýle diýipdir:

– Men her ýyl şu konferensiýa üçin dynç rugsadyny alýaryn. Bu meniň üçin ýylyň dowamyndaky iň gymmatly hepde, sebäbi men Hudaýýň Şalygynyň gurluşygy üçin haýsy hem bolsa bir zatlary edýärin.

Dost çopanymyň bu wakasyny diňlänimde, bu lukmana gynandym. Men bu lukmanyň Hudaýýň Şalygyny gurmakdaky öz gymmatly ruhy peşgeşi babatdaky umumy suraty görmeýändigine düşündim. Ýene gaýtalaýaryn: käbir ruhy peşgeşleriň Şalyk bilen bilen baglanyşygy mese-mälim, käbirleri bolsa göze ilmeýär, ýöne olaryň ýekejesi-de az ähmiýetli däldir.

Bu lukman hem birinji bapdaky Sten ýaly pikir ýöredýärdi. Eger lukmanlar bolmadyk bolsa, näme bolardy? Hudaýýň Şalygyny başga çäklerde gurmaga çagyrylan adamlar birdenkä keselleseler, näme bolardy? Lukmançylyk kömeginiň bolmadyk ýagdaýynda köp adamlar wagtyndan öň aradan çykardylar.

Bu baglanyşygy görkezmek üçin, geliň, bir toslanan mysaly getireliň. Bir lukman öz ruhy peşgeşini bir öý bikesiniň saglygyny dikeltmek üçin ulanýar. Bu aýal indi düşekde wagtyndan öň öljek bolup ýatan mejalsyz hassa däl. Indi ol öz ruhy peşgeşini amal edip, çagalaryna dogruçyl terbiýe berýär. Onuň gyzyna innowasion çäklerde zehin berlen, onuň ejesi-de ony edýän işinde goldaýar. Bu gyz kompýuter programmalarynyň üpjünçiligi hünäri boýunça okuwy tamamlap, programma üpjünçiligini işläp düzýän kompaniýada işe başlaýar.

Bu aýalyň indi ulalan gyzy öz ruhy peşgeşinde doly güýjüne hereket edip, ozalky aragatnaşyk usullaryň ählisinden has netijeli bolan bir usuly oýlap tapýar. Bu gyzyň innowasion açyşy barada onuň mahabatlandyrma bölümindäki işdeşi aýtmadyk bolsa, hiç kim bilmezdi. Gyzyň işdeşi öz ruhy peşgeşini ulanyp, bu täze programmanyň potensialy barada dilerlere we ulanyjylara habar berýär.

Dilerleriň biri – ruhy peşgeşi bolan bir işewür aýalyň kompaniýasy bu önümi satyp başlaýar. Dükünlar toplumynda satuw boýunça bir topar bar, bu toparyň bir agzasy bu programmany bütin dänýädäki milletlere öwretmäge çagyrylan bir hyzmata satmak üçin öz ruhy peşgeşini ulanýar.

Bu hyzmatda bir zehinli IT hünärmeni bar, ol bu programmanyň potensialyny görüp, ony satyn almagy maslahat berýär. Ol bu programmany hyzmatlaryndaky ulgama girizýär.

Bu programmanyň kömegi bilen hyzmat bütin dünýä boýunça çopanlara we liderlere has netijeli täsirini ýetirmek mümkinçiligini alýar. Halas edilen adamlaryň sany birnäçe esse köpelýär we adamlar şägirtçiligi bu aragatnaşyk serişdesi arkaly alýarlar.

Höküm gününde Isa Mesih şol öý bikesini bejeren bu lukmana onuň dürli milletlerden ýeten köp sanly adamlaryny görkezer. Biz munuň bolup geçjekdigini göz öňüne getirip bilýäris diýen ýaly. Bu lukman şonda: “Ýok, men muny edip bilmändim. Men bu milletlere hiç haçan gitmändim” diýer.

Şonda Isa Mesih oňa öz ruhy peşgeşine wepaly bolany üçin zynjyrlaýyn reaksiýanyň bolup geçendigini, onuň dünýä boýunça köp adamlaryň halas bolmagyna we imanlylaryň berkemegine ýardam

berendigini görkezer. Isa Mesih bu lukmana şeýle diýer öýdýän: “Sen öz lukmançylyk işiňi adamlar üçin däl-de, edil Reb üçin eden ýaly etdiň we seniň miwäň mese-mälim. Seniň tabynlygyň arkaly köp adamlar Şalygyň täsirini başdan geçirdiler. Oňat etdiň, ýagşy we sadyk hyzmatkär!”

Siziň: “Mukaddes Ýazgylarda bu pikiri tassyklaýan ýerleri barmy?” diýip soramagyňyz ahmal.

Şu aşakdakyny okaň:

> “Näme etseňiz, ynsanlar üçin däl-de, Reb üçin edýän ýaly, çyn ýürekden ýerine ýetiriň. Munuň üçin Rebden miras sylagyny aljagyňyzy bilýänsiňiz. Siz Reb Mesihe gulluk edýänsiňiz” (Koloseliler 3:23-24).

Bu mysallaryň diňe biri. Şeýle baglanyşyklaryň ýa-da zynjyrlaýyn reaksiýalaryň san-sajaksyz mümkinçilikleri bar.

Geliň, meniň çopan dostumyň wakasyna dolanalyň. Şol lukman ýylda diňe bir hepdeden kanagatlanmakdan ýadasa näme bolar? (Onuň bu kanagatlanmazlyk duýgusy, elbetde, onuň öz ruhy peşgeşiniň wajyplygyna düşünmeýänligi zerarly döreýär). Ol kanagatlanmany ýylda 52 hepdeläp duýmak üçin, ahyrda lukmançylyk çägini taşlamagy mümkin. Goý, öz ýygnagynda şägirtçilik okuwy üçin okuw materiallary düzüjiniň ýa-da mugallaymyň işini tapýar diýeli. Höküm gününde kazylyk kürsüsiniň öňünde nämeler bolar? Onuň özüne ynanylan ruhy peşgeşini taşlandygyny hasaba almak bilen, ol uly sylag alarmyka?

Gynansam-da, öz ruhy peşgeşleriniň ýygnakdan daşarky çäklerde hem netije berip bilýändigine aň ýetirmändikleri zerarly hyzmatda doly wagtyna kynlyk bilen galan erkekleri-de, aýallary-da köp gördüm.

Hudaýýň Şalygynda göze ilmeýän ruhy peşgeşleri görmek üçin bilim, ruhy duýgurlyk we kämillik gerek.

Hakykat şundan ybarat: siziň saglygy goraýýş, bilim, dolandyryş, sport, işewürlik dünýäsi, sungat, media, öý ýa-da islendik başga çäge degişli bolan ulgamdaky ruhy peşgeşiňiz Hudaýýň Şalygynyň gurluşygy bilen baglanyşygy bar. Bularyň baryny Baş Binagäriň hut Özi şeýle tärde gurnady.

Biz tä Isa Mesihiň huzurynda höküm kürsüsiniň öňünde durýançak,

öz tabynlygymyzyň we üstünligimiziň miwesini görmezligimiz örän mümkin zat. Pawlus şeýle ýazýar: “Şonuň ýaly, oňat işleriňem käbirleri äşgär, käbirleri bolsa äşgär däldir. Ýöne äşgär dälleri hem iru-giç mälim bolýandyr” (1 Timoteos 5:25).

Şonuň üçin-de, ruhy peşgeşiňiziň äşgär ýa äşgär däldigine garamazdan, size şeýle tabşyryk berlendir: “...Her kes... Hudaý ony haýsy halda çagyran bolsa, şoňa görä-de ýaşasyn” (1 Korintoslylar 7:17).

## NIÝETLER ÖRAN WAJYPDYR

Geliň, biziň dolandyryşymyzyň nusgasy hökmünde ulanýan aýada – Pawlusyň sözlerine dolanalyň:

> “Men Hoş Habary wagyz edýänim bilen magtanmaga haklydyryn öýdemok: muny etmek borjumdyr. Eger men Hoş Habary wagyz etmesem, waý, meniň halyma! Eger men muny özüm saýlan bolsadym, onda *sylaga* tamakin bolardym” (1 Korintoslylar 9:16-17).

Indiki nygtalmaly hakykat şundan ybarat: biziň sylagymyz biziň meýletinlik bilen edýän zähmetimize, umumy manyda alnanda, biziň garaýşymyza gönüden-göni baglydyr. Sada sözler bilen aýtsak, eger biz *janaýaman* zähmet çeksek, sylag alarys; eger diňe şahsy bähbidimizden hereket edýän bolsak, sylag almarys.

Janaýamazlyk we şahsy bähbit niýetleriniň şeýle bir görnüşi kän welin, olary hatda sanap-da bolmaýar. Geliň, deňeşdirmeleriň diňe birnäçesini mysal getireliň. Janaýamazlyk: “*Maňa ynanylan başarnyklar bilen başgalara hyzmat etmek – şeýle ajaýyp aýratyn hukuk!*” diýip pikir edýär. Şahsy bähbitlik: “*Men öz başarnyklarym arkaly nämeleri gazanyp bilýän?*” diýip soraýar. Aslynda niýetleriň birinjisi:”Men seniň üçin näme edip bilýärin?”, ikinjisi bolsa: “Men mundan näme alaryn?” diýen manyny göz öňüne tutýar.

Janaýamazlyk: “*Men öwezine näme aljakdygyma garamazdan, elimden gelenini ederin*” diýip karar edýär, şahsy bähbitlik bolsa muňa garşy çykyp: “*Eger men köp gazanmajak bolsam, näme üçin ymykly işi geçirmeli?”* diýýär.

Janaýamazlyk: “*Men öňe ymtylmaly; kömege mätäç adamlar örän köp*” diýip pikir ýöredýär, şahsy bähbitlik bolsa: “*Men üstünlik gazandym, men indi arkaýynlaşyp bilýän*” diýýär.

Pawlus *garaýyşlaryň ýa-da niýetleriň* wajyplygy barada ýazýar: “Adamlar bize, goý, Mesihiň *hyzmatçylary*, Hudaýyň syrlaryny aýan edýän hyzmatçylar hökmünde garasynlar”. Şu sözleriň yzýanyndna bolsa şuny diýýär:

> “Siziň ýa-da islendik ynsan kazyýetiniň maňa nähili höküm çykarýandygy meni az gyzyklandyrýar. Öz üstümden hatda özüm-de höküm çykaramok. Ynsabym päk bolsa bolubersin, ýöne bu barybir meni aklamaýar. Maňa Reb kazylyk edýändir. Şoňa görä-de, bellenilen wagt ýetýänçä, hiç kimiň üstünden höküm çykarmaň. Reb gelýänçä garaşyň. Ol *garaňkylykdaky gizlin zatlary* ýagtylyga çykarar, adamlaryň ýürek niýetlerini aýan eder. Şonda her kes Hudaýdan öz edenine laýyk öwgüsini alar” (1 Korintoslylar 4:3-5, NLT).

Pawlusy onuň dostlarynyň, tankytçylaryň ýa-da haýsydyr bir özüni ykrar eden ygtyýarlygyň berýän bahasy we hatda öz pikiri-de gyzyklandyrmaýardy. Bu bahalar gelejekde durjak ýerimiz, ýagny Hudaýyň kazyýetinde durjak günümiz bilen deňeşdirilende, manysyzdyr. Isa Mesihiň biziň dolandyryşymyza berjek bahasy wajypdyr.

Biziň tabynlykdan eden işlerimiziň höküm gününde örän ähmiýetli boljakdygy gürrüňsizdir. Isa Mesih şuny aýdyň aýdýar: “Ine, Men tizara bararyn! Her kese eden işlerine görä berjek sylaglarym ýanymdadyr!” (Aýanlyk 22:12). Kazylyk “ýa biri, ýa beýlekisi” diýen esasda bolman, “ol hem, beýlekisi hem” diýen esasda bolar – kazyýetde biziň *işlerimize-de, niýetlerimize-de* serediler.

Käbir adamlar Pawlus imansyzlara ediljek kazylyk – “Ak tagtyň öňündäki beýik Höküm gününi” (şol günde Isa Mesihiň halas edýän merhemetini kabul etmedik imansyzlar öz günäleri üçin jogap bererler) göz öňüne tutýar diýip pikir edip bilerler. Bu bütinleý beýle däl, sebäbi Höküm gününde Pawlusyň bu ýerde aýdyşy ýaly, hiç kim Hudaýdan “sylag” almaz.

Bu parçanyň kontekstini yzarlamak wajypdyr. Pawlus dolandyryş barada aýdýar. Şonuň üçin-de, onuň göz öňüne tutýan zatlary

babatda hiç şübhe ýok. Biziň öz ruhy peşgeşlerimizi ulanmakdaky “iň gizlin syrlarymyz” we “gizlin niýetlerimiz” kazyýetde äşgär ediler. Bu hakykatdan-da meniň ünsümi çekýär!

Muny gutarnykly aýdyňlaşdyrmagy ygtyýar ediň. Men munuň üçin wagyz etmeli mowzugym babatda Rebbe gulak asmaýşym baradaky ozal gürrüň beren wakamyň mysalyny ulanaýyn. Hyzmata gelen adamlar “täze” habary wagyz edenimde meniň Rebbe tabyn bolandygyma, belki şu güne çenli ynanýandyrlar. Ýöne men tabyn bolmandym. Kazyýetde olaryň meniň bitabynlygym barada bilmekleri ahmal, sebäbi Isa Mesih şeýle diýýär:

> “Ýapyk bolup, üsti açylmajak, gizlin bolup, bilinmejek zat ýokdur. Garaňkylykda näme aýtsaňyz [biziň gizlin syrlarymyz we niýetlerimiz], ýagtylykda eşidiler, içki otaglarda çakan çawuşyňyz üçeklerde yglan ediler” (Luka 12:2-3, dörtburç ýaýdaky düşündiriş awtordan goşulan).

Höküm kürsüsiniň öňünde şol agşam “Şeýtanyň aly” baradaky habary eşitmedik şol çopanyň we başgalaryň öňünde ötanç soramak üçin orta çykarylmagym gaty ahmal.

## NÄMÄ GARAŞYLÝAR

Biz dolandyryşa dogry düşünmegiň näderejede wajypdygyny aýdyň görkezdik. Biziň şindi berip biljek iň wajyp soragymyz, ine, şeýledir: “Bizden nämä garaşylýar? Başga sözler bilen aýdylanda, Isa Mesih özümize ynanylan ruhy peşgeşler bilen näme edendigimize baha berende, haýsy netijelere sereder? Biz bu barada bilip bilerismi? Elbetde bileris, sebäbi Isa Mesih bize “ahyrky günde Meniň hut şu aýdýan sözlerim höküm çykarar” diýip aýdýar (Ýohanna 12:48).

Biz kitabyň maksady bolan bu gyzykly we ruhlandyryjy sapagy indiki bapda öwrenip başlarys.

## OÝLANYŇ

1. Siz şu baby okamazdan ozal özüňize dolandyryjy hökmünde garaýardyňyzmy? Näme üçin “hawa” we näme üçin “ýok”?

2. Sizdäki ruhy peşgeşler siziň özüňiz üçin niýetlenen däl; olar siz arkaly başgalara berilmeli. Başga sözler bilen aýdylanda, siz özüňizde Hudaýyň başgalara bermek isleýän zadyny göterip gezýäňiz. Şunlukda, ruhy peşgeşleriňizi sadyklyk bilen dolandyrmaklyk näme üçin wajyp? Siz öz dolandyryşyňyzy äsgermeseňiz, munuň soňy nähili bolar?

3. Siz islendik wagt öz ruhy peşgeşleriňizi şu üç usulyň biri arkaly dolandyryp bilersiňiz. Siz bu ruhy peşgeşleri Şalygy gurmak üçin ulanyp bilýärsiňiz. Siz bu ruhy peşgeşleri öz durmuşyňyzy gurmak üçin ulanyp bilýärsiňiz. Siz bu ruhy peşgeşleri äsgermän, geleňsizlik edip bilýärsiňiz. Siz öz ruhy peşgeşleriňizi nähili ulanýarsyňyz? Hudaýyň size beren ruhy peşgeşlerini dolandyrmakda nämeleri özgertmeli?

*Adamlar bize, goý, Mesihiň hyzmatçylary, Hudaýyň syrlaryny dolandyrýan hyzmatçylar hökmünde garasynlar. Şeýle hyzmatçylardan bolsa sadyklyk talap edilýändir.*

- 1 Korintoslylar 4:1–2, NKJV

5

# SADYK

Resul Pawlus özüni we Apollony Isa Mesihiň *hyzmatçylary* we Hudaýyň olara ynanan ruhy peşgeşleriniň *dolandyryjylary* diýip atlandyrýar. Geçen bapda biz bu kesgitlemäniň diňe bu iki mukaddese ýa–da häzirki döwrüň ýygnak liderlerine däl-de, eýsem her bir imanla hem degişlidigini bildik. Siz hem, men hem Isa Mesihiň hyzmatçylary we bu wezipäni ilki bilen özümize ynanylan ruhy peşgeşleri oňat dolandyrmak arkaly berjaý edip bilýäris.

Dolandyryjylardan nämeleriň talap edilýändigine üns bereliň. Şu baby açýan aýatda diňe bir häsiýet – *sadyklyk* görkezilen. Dowam etmezden ozal, geliň, şu ýerde iki, üç ýa–da mundan-da köp häsiýetleriň görkezilmändigi barada oýlanalyň. Pawlus dolandyryjylardan şatlyk paýlamak, güýçli bolmak, Mukaddes Kitaby oňat bilmek, mähirli bolmak ýa-da haýsydyr bir ýagşy häsiýetli bolmak ýaly häsiýetleriň talap edilýändigini aýdyp bilerdi. Men bu häsiýetleri, elbetde, aradan aýramok. Men ýöne bu ýerde diňe bir häsiýetiň agzalýandygyny, onuň hem *hökmany* bolup durýandygyny görkezýärin. Şonuň üçin-de, eger biz ýagşy dolandyryjylar bolup, günleriň birinde Rebbimizden “Oňat!” diýenini eşidesimiz gelýän bolsa, bu häsiýeti öwrenmek örän wajypdyr.

## SADYKLYGYŇ KESGITLEMESI

Maňa dünýä boýunça liderlik toparlaryna – diňe bir hyzmatdaky toparlara däl (diňleýjilerimiň aglaba bölegi hyzmatçylar bolsa-da), eýsem korporatiw, hökümet, işewürlik, bilim we sport çäklerindäki

toparlara hem gürlemek miýesser etdi. Men birnäçe gezek bu toparlaryň agzalaryndan “sadyklyk” sözüni bir söz arkaly kesgitlemegi haýyş etdim. Olar liderler hökmünde muňa adatça höwes bilen seslenýärdiler. Her gezek meňzeş jogaplary eşidenim üçin, men olaryň iň ýörgünlileriniň sanawyny düzmegi karar etdim:

- Çydamly
- Yzygiderli
- Ygtybarly
- Hakyky
- Wepaly
- Dogruçyl
- Sadyk
- Jan–tenden berlen
- Hakykatçyl
- Aýgytly
- Tabyn

Başga kesgitlemeler hem bardy, ýöne bu sözler beýlekilerden has köp gaýtalanýardy. Bu jogaplaryň hemmesiniň “*sadyk*” sözüniň sözlükdäki kesgitlemelerine we manydaş sözlerine gabat gelýändigi has wajyp zatdyr.

Ýöne bu sözüň örän wajyp bir kesgitlemesi hem bar, men ony duşuşyklaryň birinde-de eşitmedim, bu kesgitleme – “köpeltme”.

Siz: *“Köpeltme? Bu sadyklygyň kesgitlemesi däl!”* diýip ýüzugra pikir etmegiňiz ahmal. Siziň hem mekdepdäki iňlis dilinden okadan mugallaymlarym ýaly eýýäm meniň dil bilimlerim babatda şübhelenýän bolmagyňyz ahmal. Emma şu babyň ahyrynda meniň bilen diňe bir ylalaşman, eýsem bu kesgitlemäniň iň wajyplarynyň biri diýip hasaplajakdygyňyz babatda sizi ynandyrasym gelýär.

## PULLY ÇUWAL BARADA TYMSAL

Köpeltmek baradaky pikiri göz öňüne getirmek üçin, geliň, Isa Mesihiň üç hyzmatkär baradaky tymsalyny öwreneliň. Ony ozal köp gezek okan hem bolsaňyz, gaýrat edip, ony ünsli okaň.

> “Gögüň Şalygy şunuň ýalydyr: bir adam uzak ýola gitmekçi bolup, hyzmatkärlerini ýanyna çagyryp, mal–mülküni olara tabşyrýar” (Matta 25:14).

Birinjisi, bu waka tymsal, bu bolsa onuň sözme-söz däl-de, simwoliki mana eýedigini aňladýar. Şonuň üçin-de, biz ony Mukaddes Kitabyň bilimine we Hudaýyň Sözüniň esasy pikirine laýyklykda teswirlemeli. Uzak ýola ugraýan adam Isa Mesihi aňladýar. Onuň hyzmatkärleri ýa-da dolandyryjylary bolsa bizi aňladýar.

Ikinjisi, ýoluň uzakdygyna üns beriň, bu ýagdaý iki delil arkaly tassyklanylýar. Birinjiden, Isa Mesihiň bize Hudaýyň Şalygyny gurmagy tabşyran gününden bäri iki müň ýyl geçdi diýen ýaly, Ol hut şonuň ugrunda-da jan beripdi. Onuň heniz gaýdyp gelmändigi aýdyň zat, ýöne hatda şu günki güne çenli hem taryhy nukdaýnazardan örän köp wagt geçdi.

Üçünjisi, bu tymsal dolandyryşyň mikro-dolandyryşyň täsirine sezewar edilmeýändigini ýene bir gezek görkezýär. Tymsalda ýola ugraýan adam öz hyzmatkärleriniň işini barlamak üçin her aýda yzyna dolanyp durmaýar. Bu tymsala laýyklykda, ol olaryň işini tä gelýänçä barlamaýar.

Geliň, dowam edeliň:

> “Bu adam olaryň hersiniň başarnygyna laýyk: birine — bäş, beýlekisine — iki, başga birine bir çuwal altyn–kümüş berip, ýola rowana bolýar” (Matta 25:15).

Bu wakada olara pul ynanyldy. Mukaddes Kitabyň terjimeleriniň köpüsinde “talant” diýen söz ulanylýar, ol grek dilindäki “tálanton” sözüň iň anyk terjimesidir. Talant ölçeg birligi bolup, ol esasan hem altyn we kümüş üçin ulanylýar. Bir talant takmynan 34 kilogramma deňdir. Hünärmenleriň aglaba böleginiň baha kesgitlemesine görä, kümşüň bir talanty takmynan 18 000 amerikan dollaryna barabar (başga baha kesmeler hem bar, ýöne olar sähelçe tapawutlanýar). Emma hünärmenleriň hemmesi Täze Ähtde talantyň uly pul mukdaryny aňladýandygy babatda biragyzdan ylalaşýarlar. Otuz dört kile kümüş az zat däl!

Meniň şindiki düşünşime görä, bu tymsaly teswirlemekde puluň anyk mukdary möhüm bir zat diýip hasap etmeýärin. Ýöne biz bir talantyň uly jogapkärçiligi aňladandygyny welin ynamly aýdyp bileris.

Men Isa Mesihiň bu ýerde pul barada aýdýandygyna ynanmaýaryn, ýöne munuň pul babatda ulanyp bolýandygy mümkin zat. Isa Mesih Öz tymsallarynda göz öňüne tutýan zatlaryny nyşan hökmünde seýrek ulanýar. Onuň tymsallarynda bugdaý oňat adamlary aňladýar, harpyk erbet adamlary, tohum sözleri, tikenler bu dünýäniň aladalaryny, hasyl ýygymy bu dünýäniň soňuny, orakçylar – perişdeleri we ş.m. zatlary aňladýar. Täze Ähtiň doly niýetinden ugur alsak, bu talantlaryň *harizmany* ýa-da bize ynanylan ruhy peşgeşleri aňladýan bolmagy örän mümkin zat.

Bu wakada wajyp delilleriň ýene biri – hyzmatkärleriň puly deň mukdarda almazlygy bolup durýar. Biz bu barada biraz soňra jikme-jik gürrüň ederis, ýöne hut şu sebäpden men özümize ynanylan zatlary ruhy peşgeşler diýip atlandyrdym. Käbir adamlaryň bir ruhy peşgeşi bar, käbirlerde ikisi, ýene birlerinde bolsa üçüsi bar.

Dürli mukdarlar biziň ruhy peşgeşlerimiziň ýetirýän täsirleriniň dürli derejelerini aňladyp bilýär. Geliň, dogrymyzy sözläli: käbir adamlaryň ruhy peşgeşleri başgalaryňka garanda has täsirli bolup durýarlar. Köp adamlaryň aýdym aýtmak zehini bar, olar öz diňleýjileriniň hemmesini ruhlandyrýarlar. Ýöne aýdymçylaryň hemmesinde Selin Dionyň ýa-da Andres Boçelliniň zehini ýok. Şunlukda, men her bir talantyň kesgitli bir ruhy peşgeşi ýa-da onuň derejesini aňladýar diýip hasap edýärin. Geliň, dowam edeliň:

> “Bäş çuwal alan gidip, bu pul bilen söwda etmäge girişip, ýene bäş çuwal pul gazanýar. Iki çuwal alan-da şonuň ýaly edip, ýene iki çuwal pul gazanýar. Bir çuwal alan bolsa gidip, çukur gazýar-da, hojaýynyň beren puluny gömüp gizleýär” (Matta 25:16–18).

Bu hyzmatkärlerimize haýsydyr bir ady dakyp, wakany şahsylandyrmaga rugsat ediň. Birinji hyzmatkäri Elison, ikinjini Bob, üçünjini bolsa Larri diýip atlandyraly. Elison bäş çuwal bilen başlap,

özüne berleni *köpeltdi* we netijede onusyny aldy. Bob özüne berlen iki çuwaly *köpeldip*, netijede dört sanysyny aldy. Emma Larri özüne berlen ruhy peşgeşi köpeltmedi; ol ony ýöne *saklap goýdy*. Geliň, munuň nähili görünýändigine garap geçeliň:

Elison: 5 x 2 = 10

Bob: 2 x 2 = 4

Larri: 1 = 1

Men mundan beýläk hyzmatkärleri olara beren atlarymyz bilen atlandyraryn.

## KAZYLYK

Şu tymsalda Isa Mesihiň “köp wagt” diýen sözi aýratyn nygtandygyny ýene bir gezek görkezmek örän wajypdyr. Bu waka uzak wagtlaýyn syýahatyň beýanatyndan başlanypdy we Ol ýene şeýle diýýär: “Köp wagtdan soň bu hyzmatkärleriň hojaýyny gelip, olardan *hasabat* soraýar” (Matta 25:19). Hojaýynyň her bir hyzmatkärinden soran hasabaty kazylyk gününi aňladýar. Biziň her birimiz şol gün dik durup, özümize ynanylan ruhy peşgeşleri nähili ulanandygymyz barada hasabat bereris. Geliň, ilki bilen Elisona edilen kazylyk barada okalyň:

> “Bäş çuwal alan *Elison* gelip, öňki puluň üstüne ýene bäş çuwal getirýär. Ol: ‘Hojaýyn! Sen maňa bäş çuwal altyn–kümüş ynanypdyň, ine, men ondan ýene bäş çuwal gazandym’ diýýär”.

Onuň hojaýynynyň çykaran kararyny diňläň:

> “Hojaýyny oňa: ‘Berekella, ýagşy hem sadyk hyzmatkär! Sen kiçijik işde sadyk bolanyň üçin, indi beýik işleri saňa ynanaryn. Gel, hojaýynyň şatlygyna şärik bol!’ diýýär” (Matta 25:20–21).

Şu ýerde örän wajyp bir delil bar, biz ony sypdyrmaly däl. Hojaýyn: “Sen sadyk bolduň” diýýär. Siz hojaýynyň jogabyny isleýşiňiz ýaly teswirläp bilersiňiz, ýöne onuň başga manysy ýok: Isa Mesih bu ýerde *köpeltmekligi sadyklyk* diýip hasaplaýar. Hojaýynyň sözlerini ünsli okaň;

olarda Elisonyň eden başga işleriniň biri-de agzalmaýar. Ol Elisonyň çydamly, ygtybarly, wepaly, janypkeş, dogruçyl bolandygyny agzamady, ol *sadyklygyň* bir söz bilen beýan edip bolýan başga kesgitlemesini hem ulanmady. Maňä nädogry düşünmäň, bu ajaýyp häsiýetleriň hemmesi sadyklygy beýan edýär, ýöne olar bu ýerde agzalmaýar. Ol bu ýerde *sadyklygy* gönüden–göni *köpeltmeklik* bilen baglanyşdyrýar!

Bob hem şeýle sözleri eşidýär. Oňa kazylyk edilişini ünsli okaň:

> "Iki çuwal alan Bob hem gelip: 'Hojaýyn! Sen maňa iki çuwal altyn–kümüş beripdiň, ine, men ondan ýene iki çuwal gazandym' diýýär".

Onuň hojaýynynyň size eýýäm tanyş bolan kararyny diňläň:

> "Hojaýyny oňa: 'Berekella, ýagşy we sadyk hyzmatkär! Sen kiçijik işde sadyklygyňy görkezdiň, indi men seni beýik işleriň başyna geçirerin. Gel, hojaýynyň şatlygyna şärik bol!' diýýär" (Matta 25:22–23).

Isa ýene-de *sadyklygy* gönüden–göni *köpeltmeklik* bilen baglanyşdyrýar. Başga hiç zat – hiç bir iş, ýagşy häsiýetler ýa-da netijeler agzalmaýar! Isa Mesih hojaýynyň nygtaýan zadynyň gowşadylmagyny islemeýär. Diňe bir netije çykaryp bolýar; bu hyzmatkär özüne ynanylan zady köpeltdi, bu hem mese–mälim sadyklyga deňeldi.

Bobuň alan öwgi sözleri Elisona aýdylan sözler bilen gabat gelýär. Bu bolsa höküm gününde biziň köpeltmämize beriljek "bahanyň" çeken zähmetimize esaslanjakdygyny görkezýär. Isa Mesih ruhy peşgeşlerimiziň täsirleriniň derejesiniň nähilidigine garaman, bizden deň derejede göwnühoş bolar. Diňe bir zat wajyp bolar: biz ruhy peşgeşlerimizi köpeltdikmi ýa ýok?

Mysal üçin, öz netijeliligini artdyran öý bikesi we ene hem edil öz işini we Hudaýyň Şalygy üçin beren sadakalaryny köpelden telekeçi bilen deň hatarda taryplanar.

Indi bolsa Larrä edilen kazylyk barada okalyň:

> “Bir çuwal alan *Larri* hem gelip: ‘Hojaýyn, men seniň gaty özdiýenli adamdygyňy bilýärdim. Sen ekmedik ýeriňden orýarsyň, sepmedik ýeriňden ýygýarsyň. Şonuň üçin men gorkdum, gidip, beren bir çuwal puluňy ýere gömüp gizledim, ine, puluňy al!’ diýýär” (Matta 25:24–25).

Larri baradaky gürrüňe geçmezden ozal, geliň, käbir wajyp delilleri belläp geçeliň. Birinjiden, Larri köpeltmedi, ol özüne ynanylany ýöne saklap goýdy. Şeýle-de onuň özüne ynanylan zady näme üçin köpeltmändigine üns beriň. Ol öz hojaýynynyň häsiýetini bilmeýärdi, şonuň üçin-de, ýalňyşyp, ony gaty özdiýenli adam hasap edýärdi. Dünýäniň dürli künjeklerindäki we jemgyýetiň dürli gatlaklaryndaky imanlylara hyzmat eden ýyllarymyň dowamynda men Hudaýyň häsiýetini (men bu barada indiki baplaryň birinde has giňişleýin gürrüň bererin) bilmezligiň netijeliligi bökdeýändigine üns berdim.

Hudaýy nädogry kabul etmeklik köplenç bizde özümize ynanylan zatlary köpeltmekligi bökdeýän *gorkyny* döredýär. Larri gorkýardy! Hudaýyň hakyky ruhy peşgeşleri gorky, çekinjeňlik ýa-da gorkuzylmak zerarly durmuşymyzda hereket etmesini bes edýär. Bu deliliň wajyplygyna artyk baha bermek mümkin däl. Men muny daş gulakdan eşidip bilemok, sebäbi köp ýyllaryň dowamynda özüm hem şeýle kösenip gezdim (bu barada hem indiki baplaryň birinde giňişleýin gürrüň bererin).

Geliň, Larrä çykarylan karara garap geçeliň:

> “Hojaýyny oňa şeýle diýýär: ‘Eý, erbet hem ýalta hyzmatkär!’” (Matta 25:26).

Nähili berk jogap! Dowam etmezden ozal, geliň, biraz säginip, bu sözleri öwreneliň. Üçüsiniň-de, diňe Elison bilen Bobuň däl, eýsem Larriniň hem *hyzmatkärdigini* unutmaň; olar *keseki* adamlar däl. Hut şolaryň-*da* hojaýyny olaryň işine baha berýär. Beýleki iki hyzmatkärä aýdylan: “Berekella, ýagşy we sadyk hyzmatkär!” diýen sözleri Larri eşitmedi. Muňa derek ol: “Eý, erbet hem ýalta hyzmatkär!” diýen sözleri eşidýär. Bu sözler ünsi özüne çekýär. Isa Mesih gutulyş barada däl-de,

ruhy peşgeşlerimizi nähili ulanandygymyza garalýan kazylyk derňewi barada aýdýar; şonda biz öz işimiz üçin ýa sylag alarys, ýa-da ýitgi çekeris.

Hojaýynyň iki sözüni-de giňişleýin öwreneliň. Aňsadyndan başlalyň. “Ýalta” sözi grek dilindäki “*oknerós*” sözünden terjime edilen, ol “soňra goýmak, haýal, gijigýän, hereketsiz, ýalta” diýmegi aňladýar. Sözlükleriň ýene biri bu sözi “haýsydyr derekli bir işden, belki, ambisiýasynyň bolmazlygy sebäpli gaça durmak ýa-da ol babatda ikirjeňlenmek” diýip kesgitleýär.

Grek dili boýunça ökde hünärmen bolan dostum Rik Renner “*oknerós*” sözi barada şeýle diýýär: “Bu söz işýakmaz, biperwaý, hereketsiz, lellim, durmuşa biperwaý we hoşwagt garaýan adamy aňladýar” Şu üç gözbaşyň esasynda biz bu grek sözüniň kesgitlemesini alýarys, ol biziň düşünjämizi giňeldip, oňa oňat düşünmäge kömek edýär.

Eger gorksaňyz, onda haýsydyr bir zada gatnaşmak, edip boljak ýa-da edilmeli zatlar babatda sadylla bolup, olardan saklanarsyňyz. Eger hereketsiz bolsaňyz, onda edilmeli zatlary tamamlamaga ymtylmarsyňyz. Eger biperwaý bolsaňyz, onda haýsydyr bir zady başlamak barada pikir-de etmersiňiz. Bu grek sözi şu üç manynyň hemmesini özünde jemleýär, ýöne hyzmatkär: “Men gorkdum” diýip boýun aldy. Ýaltalygyň beýleki taraplary hem onuň durmuşynda ýüze çykyp bilýärdi, ýöne gorkudan ýaňa sadylla bolmaklyk onuň üçin aýgytlaýjy çözgüt boldy.

Siz haçan hem bolsa haýsydyr bir zady etmäge höweslenip, aýratyn hem dileg wagtynda muny kelläňizden aýryp taşlap bilmedik, ýöne şowuzlyga uçramakdan gorkup, juda köp wagtlap ikirjiňlenip gezen ýagdaýyňyz bolupmydy? Şondan soň muny başga biriniň edendigini görüp: “Bu meniň pikirimdi, muny men etmelidim” diýip pikir eden gezegiňiz bolupmydy? Isa Mesih bu hyzmatkär barada aýdanda hut şeýle ýagdaýy göz öňüne tutýar. Bu hyzmatkär hemişe ikirjiňlenýärdi, bir ýa iki gezek däl, işleri dolandyran wagtynyň tutuş dowamynda şeýledi. Munuň birnäçe gezek şeýle bolmagy ýerlikli zat, sebäbi biz adatça şeýle ösýäris. Ýöne biz ikirjiňlenmä köp ýol bersek, ol endige öwrülip, ähli hereketlerden gaça durup başlarys we netijesiz dolandyrarys.

Reb menden kitap ýazmagy soranda, men on aýlap ikirjiňlenip gezdim. Men ýazmaga gorkýardym. Men mekdepde hemişe şowsuzlyga uçraýardym. Uniwersitetde okan döwrümde bir kursdaşym meniň ýazan işimi hemmeleriň öňünde tankytlapdy! Biziň alan ýumşumyza laýyklykda, biri–birimiziň ýazan işlerimizi okamalydyk we çekeleşikler wagty ol professoryň öňünde meniň işime nägilelik bildiripdi. Men kursdaşynyň tankydyna duçar bolan ýeke–täk talypdym.

Meniň gorkymyň berk esasy bardy. Standartlaşdyrylan we Amerikan synaglaryndan alan bahalarym örän erbetdi, köp mugallymlar men barada köp tankydy bellikleri aýdypdy, pes bahalar we tankytlan kursdaşym bardy; meniň geçmişim meniň tarapymda däldi. Bularyň bary meniň ikirjiňlenmelerimi tassyklaýardy. Galyberse-de, kitap ýazmaklyk wagty alýardy, wagt bolsa örän wajypdy. Bu meni ýaşlar hyzmatymyzy ýaýbaňladyrmaga gönükdirýän tagallarymdan ünsümi sowardy. Men Onuň buýrugyna tabyn bolmak üçin, bu düýpli gorkularymy we ätiýaçlarymy bir gyra taşlamalydym.

Eger men gulak asmaga derek juda köp wagt ikirjiňlenip gezen bolsam, näme bolardy? Munuň netijesi edil Hudaýyň iki aýal (olary ozal agzap geçipdim) arkaly beýan edişi ýaly bolardy. Ol bu zehini başga birine – başga bir “Elisona” bererdi, ol hem meniň çakylygymy kabul edip, ony berjaý ederdi. Onsoň men şu gün nirede bolardym? Höküm kürsüsiniň öňünde maňa ýalta diýilmezmidi?

Men öz çakylygymyň kitaplary ýazmak arkaly berjaý bolmalydygyny akyl ýetirmändirin. Eger siz heniz otuz ýaşamankam maňa: “Jon, Hudaý seni kitaplaryň arkaly bütin dünýäniň halklaryna iberer” diýip aýdan bolsaňyz, men hahaýlap, sizi gapydan çykaryp: “Siz akylyňyzdan azaşypsyňyz! Men hatda üç sahypalyk işi hem ýazyp bilmeýärin” diýerdim. Emma häzirki wagtda welin meniň kitaplarym ABŞ-da we bütin dünýä boýunça bestsellerler hasaplanýar; olar 100-den gowrak dile terjime edilip, millionlarça ekzemplýarda çap edildi. Eger men gulak asmadyk bolsam näme bolardy? Eger gorkymyň tabynlygynda galan bolsam, näme bolardy? Men nähili mümkinçiligi elden sypdyrardym! Şu barada pikir edenimde, hopugyp gidýärin.

Indi bolsa has çylşyrymly söz – hojaýynyň üçünji hyzmatkäre aýdan

sözi barada gürrüň edeliň. “Erbet” sözi juda berk bolup görünmegi mümkin, ýöne Isa Mesih hiç bir sözi oýlanyşyksyz tärde ulanmaýar. Bu söz grek dilindäki “*ponerós*” sözünden terjime edilip, “düýpli kemçilikli bolmak, netijede peýdasyz bolýan zat” diýen manyny aňladýar.

Eger Larriniň öz ruhy peşgeşlerine nähili çemeleşendigini ýatlasak, ol bu kesgitlemä laýyk gelýär. Bu kesgitleme Pawlusyň Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşine biwepalyk eden ýagdaýynda “meniň halyma waý” diýip çykaran netijesindäki mana eýe. Larriniň öz hojaýyny baradaky ýalňyş pikiri çynlakaý ýetmezçilikdi, ol onuň gorkusyny iýmitlendirýärdi. Ol özüne ynanylan ruhy peşgeşde *peýdasyzdy*. Bu ykrar juda berk, ýöne Pawlusyň öz ruhy peşgeşiňe äsgermezlik etmek ähtimallygy baradaky sözlerini Larriniň hereketleri bilen deňeşdirsek, olar biri–birine laýyk gelýär.

Munuň biziň gutulyşymyza däl-de, özümize ynanylan ruhy peşgeşlere nähili çemeleşýändigimize degişlidigini aýdyň görkezmäge ygtyýar ediň. Hudaý muňa şeýle garaýar:

> Köpeldýän adamlar ýagşy we sadykdyr.
> Ýöne saklap goýýan adamlaryň düýpli kemçiligi bar,
> olar peýdasyz we ýaltadyr.

Biziň sadyklyk baradaky düşünjämiziň doly däl bolmagy mümkinmi? Indiki mysal barada oýlanyp görüň: bir işjeň adam güýçli we ösüp barýan ykdysadyýetli etrapda ýaşaýar. Onuň işi – atasyndan miras galan kiçijek dükany girdeji getirýär, ýöne ösenok. Ol şäheriň başga çäklerinde dükanynyň täze şahamçylaryny açyp bilýärdi, ýöne ol işewürlik ruhy peşgeşine garaman, “rahat durmuşyna” kanagat edýärdi.

Geliň bu mysala biziň tymsalymyza baglylykda garap geçeliň. Larrä çykarylan hökümi hasaba almak bilen, iki wajyp soragy bereli. Dükanyň eýesi Hudaýyň Şalygyny gurmaklygyň hatyrasyna täze dükanlary açyp, başga söwda çäklerine girmek üçin öz ruhy peşgeşini ulanmaly dälmi? Onuň “töwekgellik etmezlik” islegi biwepa hyzmatkäriň “saklap goýmak” strategiýasyna meňzeş dälmi näme?

Biz baha bermekde Isa Mesihiň ölçeglerini ulanýarysmy? Bu işjeň adamyň bolelin durmuşy bolsa-da, onuň öz ruhy peşgeşlerini köpeldýänligi

ýa-da ýöne saklap goýýanlygy baradaky sorag esasy bolmaly dälmi näme? Geliň, baha bermekde dogrymyzy aýdaly. Biz sadyklyga baha berenimizde, netijeliligi hasaba alman, diňe ygtybarlylyga esaslanýarysmy? Ýaýbaňlanmany hasaba alman, diňe durnuklylyga esaslanýarysmy? Köpeltmäni hasaba alman, diňe üýtgemezlige esaslanýarysmy? Biz sadyk bolmagyň öz alan ruhy peşgeşlerimizi köpeltmekligi aňladýandygy baradaky manyny bütinleý sypdyraýdymykak?

Hudaý erkek bilen aýaly ýer ýüzüne goýberende, ynsanyýete beren ilkinji tabşyrygy: “Örňäp, köpeliň” (Gelip çykyş 1:28) diýen sözlerden ybaratdy. Ol, elbetde, çagalary dünýä indirip, ýer ýüzüni doldurmagymyzy göz öňüne tutupdy. Ýöne mundan başga, has uly derejede, Onuň tabşyrygy şuny aňladýar: “*Hudaýyň bize ynanýan zatlarynyň ählisini köpeldip, Oňa gaýtarmaly*”. Biz köpeltme arkaly “örňäp ýaýramaly” Üç hyzmatkär baradaky tymsalda Isa Mesih Gelip çykyş kitabyndaky ilkinji tabşyrygy bize ynanylan ruhy peşgeşler babatda ulanýar.

## SIZIŇ BAŞARNYGYŇYZ ARKALY DÄL!

Siz aljyradyňyzmy? Belki şeýledir hem, ýöne şuny ýatda saklaň: size gerek zat – Hudaýyň merhemeti. Sizden bularyň baryny öz güýjüňiz bilen etmegiňizi soramaýarlar, size Hudaýdan bolan *haris* we *harizma* gerek. Men bu habary sizi aljyratmak üçin däl-de, Hudaýyň size beren potensialy barada aýtmak we Hudaýyň merhemetine we ruhy peşgeşleriňize bolan ynamyňyzy berkitmek üçin ýazdym. Men siziň göterip bilmejek ýüküňizi gerdeniňize goýmak islämok. Pawlus öz ýüküniň ýeňletmegini sorap, Hudaýa üç gezek ýalbardy, ýöne Hudaýyň oňa beren jogabyny görüň:

> “Saňa beren merhemetim besdir, sebäbi Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir’. Şonuň üçin-de, Isa Mesihiň güýji mende mesgen tutsun diýip, öz ejizliklerim barada höwes bilen magtanaryn. Şu sebäpden men Mesihiň hatyrasyna ejizliklere, sögünçlere, mätäçliklere, yzarlanmalara, muşakgatlara *razydyryn*” (2 Korintoslylar 12:9–10).

Grek dilindäki “ejizlik” sözüniň kesgitlemeleriniň biri “çäklilik” diýmegi aňladýar. Siz we men wagtal–wagtal sustupesligi duýýan ýeke–täk adamlar däl. Biziň hemmämiziň öz ejizliklerimiz bar, hatda resul Pawlusyň hem öz ejizlikleri bardy. Şu aýadyň gönüden–göni kontekstinde ol her şäherde duçar bolan garşylygy, garşy durmaklygy we hatda fiziki yzarlanmalar barada ýazýar (ser.: 11-nji bap), ýöne bu hakykat tabşyrygymyzy ýerine ýetirip bolmajak bolup görnende ýüzbe–ýüz boljak çäklenmelere we mümkin bolmadyk ýagdaýlara hem degişlidir. Bu aňsat bolmasa-da, ol bizi has aýgytly hereket edip, Onuň güýjüne daýandyrmalydyr. Siziň aňyňyzda gygyrýan çäklenmelere *gulak asmaga* derek, Hudaýyň beren wadalaryny *yglan ediň*. Biz özümize Onuň hakykatyny ýatlatmaga derek öz pikirlerimize juda köp gulak goýýarys öýdýän!

Pawlus Hudýa üç gezek ýalbaryp, ýardam diledi, Hudaý hem oňa her gezek *haris* barada ýatlatdy. Üçinji gezekden soň Pawlus düşündi: ol öz ejizliginiň ony durmuşyndaky Hudaýyň merhemetine we ruhy peşgeşlerine has-da köp bil baglamaga höweslendirmelidigine aň ýetirdi. Hut şu sebäpdenen ol: “Hudaý, muny menden aýyr!” diýip ýalbarmasyny bes edip, “Men ejizliklerime *razydyryn*” diýip başlady. Ol dogrudan-da “razydyryn” diýen sözi ulanaýdymyka? Hawa! Ol tabşyrygy berjaý etmegiň mümkin bolmadygy saýy, *eger ynansa*, Hudaýyň güýjüniň öz durmuşynda şonça-da köp ýüze çykjakdygyna aň ýetirdi!

Ýene bir örän wajyp hakykat bar: köpeltme üçin gerek bolan merhemeti diňe iman arkaly alyp bolýar! Pawlus şeýle ýazýar: “Merhemetiň gapysy bize *iman arkaly* açykdyr” (Rimliler 5:2, TRT). Muny şýele göz öňüne getirip görüň: iman – bu geçiriji turba, ol biziň ýüregimize köpeltme üçin gerek bolan merhemeti ýetirýär. Biz şu habary eşidenimizde, biziň imanymyz (ýa-da geçiriji turba) daralmaly däl-de, giňelmeli. Ýöne bu siziň saýlawyňyz. Şeýle ýazylan:

> “Olaryň eşiden habarynyň olara *hiç bir peýdasy bolmady*, sebäbi olar muny iman bilen kabul etmediler. Biz bolsa iman edendigimiz üçin, *dynçlyk mekanyna* gireris” (Ýewreýlere 4:2–3).

Bu hakykatlary özüňiz üçin *peýdasyz* bolar ýaly kabul etmäň.

Tersine, olary imanda erediň. Hudaýdan bolan şol bir Söz ysraýyllar üçin iki dürli netije berdi. Ol Musa pygamber, Ýeşuwa we Kalep üçin *peýdaly* boldy; olar ony položitel tarapdan görüp, bekediler. Ýöne şol bir söz ysraýyllaryň galany üçin *peýdasyz* boldy, sebäbi olar ony otrisatel tarapdan gördüler. Iman bilen imansyzlygyň tapawudy hem hut şundadyr.

Siz öz tebigy ukyplaryňyzdan has artyk ukyplara eýe bolaryňyz ýaly, Hudaýyň sizi berkedendigine iman ediň. Ol size güýç almak üçin Öz merhemetinden başga usuly beren däldir. Siz Onuň merhemetine daýanmak bilen, *hakyky dynçlyga girersiňiz* – siz mundan buýana öz güýjüňize bil baglamarsyňyz we netijeli bolmak üçin göreşmegi bes edersiňiz. *Dynçlyk mekany* näme? Bu öz tabşyrygyňyzy berjaý etmek üçin Hudaýyň başarnyklary bilen hyzmatdaşlyk etmek. Siz dynçlyk mekanyna gireniňizde, Hudaý sizi köpeltmä alyp gider!

Bu Dawudyň "Hudaýyň göwnünden turan adam" diýip atlandyrylmagynyň bir sebäbidir. Ol öz güýjüne däl-de, Hudaýyň güýjüne garaşlydy. Ol: "Reb – ömrümiň penasy" (Zebur 26:1) diýip gaýta–gaýta adýardy. Ähli ýeten sepgitleriniň bir umumylygy bardy: Ol Hudaýyň başarnyklaryna garaşlydy, olar onda we ol arkaly ýüze çykýardy. Hut şu sebäpdenem Pawlus gorky we çekinjeňlik bilen göreşýän imandaky ogly Timoteosa: "Eý, oglum, Isa Mesihiň berýän merhemeti bilen *kuwwatlan*" (2 Timoteos 2:1) diýip ýazýar.

Hut şu sebäpden men Isa Mesihiň talantlar baradaky tymsalyny öwrenmäge girişmezden ozal, şu kitabyň ikinji we üçünji baplaryny *haris* we *harizma* baradaky düşünjeleri ymykly öwrenmeklige bagyş etdim. Eger şeýle etmedik bolsam, biz öz dolandyryşymyzy öz güýjümiz arkaly amal etmeli diýen pikirden ýaňa gaýga batyp, lapykeç bolardyk.

Gaýrat edip, şuny ýatdan çykarmaň: *siziň çakylygyňyz siziň tebigy başarnyklaryňyzdan has uludyr*. Belki, şu sebäpden hem şeýle ýazylgy:

> "Eý, doganlar! Hudaý sizi çagyrmanka özüňiziň kim bolandygyňyzy ýada salyň. Araňyzda ynsan nukdaýnazaryndan dana, ygtyýarly, asylzada saýylýanlaryňyz köp däldi. Emma danalary utandyrmak üçin, Hudaý bu dünýäniň akmak saýýanlaryny saýlady. Güýçlülerini

> utandyrmak üçin hem bu dünýäniň ejiz saýýanlaryny saýlady. Hudaý dünýäniň abraýly saýýanlaryny hiç etmek üçin, asylsyzlary we äsgerilmeýänleri, ýagny hiç saýylýanlary saýlady. Şoňa görä-de, goý, hiç kim Hudaýýň huzurynda öwünmesin!” (1 Korintoslylar 1:26–29).

Näme üçin beýle? Näme üçin çagyrylanlaryň arasynda dana, ygtyýarly we asylzada adamlar köp däl? Munuň sebäbi tebigy zehini bolan adamlara öz güýji bilen “üstünlik gazanmak” has aňsat bolany üçinmikä? Hakykatda bu adamlar akmak, sebäbi olar özlerini başgalar bilen deňeşdirmek arkaly özlerini ýeňiji saýýarlar; aslynda bolsa olar özlerine Ýaradandan alan çakylyklarynyň nukdaýnazaryndan seretmelidirler.

Pawlus beýle däldi. Ol gutulyşy almazdan ozal hem öz döwürdeşlerine garanda has paýhasly we abraýlydy. Ýöne bir pursat gelip ýetdi: ol Isa Mesihiň güýjüni almak üçin bu tebigy başarnyklarynyň baryny “çöp–çör” saýdy. Ol şeýle eden sanlyja adamlaryň biridi, sebäbi ol adamlaryň aglabasyndan paýhasly bolsa-da, Hudaýýň paýhasy bilen deňeşdirilende paýhassyz bolardy (ser.: Filipililer 3:4–11).

## SOSIALISTIKMI ÝA-DA KAPITALISTIK?

Indi bolsa Isa Mesihiň tymsalyny öwrenmegi dowam edeliň. Dogrusy, siz bu tymsalyň dowamynyň has gyzykly we täsindigini görersiňiz.

> “Şonda Ol: ‘Indi oňa beren bir çuwalymy alyň-da, on çuwalla beriň’ diýip buýurdy” (Matta 25:28, NLT).

Dursaňyz–la! Bu ýerde şeýle ýazylgymy? Ol Larriniň bir çuwal altyn–kümşüni (talanty) alyp, ony Elisona bermegi buýurýar. Munuň nähili görünýändigine garalyň:

Elison: 5 x 2 = 10 + 1 (Larriden) = 11

Larri: 1 – 1 (Elisona berildi) = 0

Elisonyň 11 çuwal altyn–kümşi bar, Larride bolsa ýekesi-de ýok!

Günleriň birinde dileg wagty ýüregimde eşidenlerimden ýaňa doňup galdym. Muny size gürrüň bereýin. Men üç hyzmatkär baradaky tymsal barada eýýäm köp wagtdan bäri oýlanamokdym. Şol gün säherde men Rebbiň Ruhunyň maňa şeýle diýenini eşitdim: “Ogul, Meniň pikir ýöredişim sosialistiňkä garanda kapitalistiňkä has golaýdyr”.

*Näme?!* Men Onuň sözlerini eşidip aňka–taňka boldum, ýöne Onuň bilen köpden bäri gezip ýörenim üçin Onuň bize bilmeýän zatlrymyzy açyp berýändigini bilerçe bolupdym. Onuň sözleri köplenç dine ýa-da adaty pikirlenişe laýyk eşidilmeýär, käwagt bolsa hatda manysyz-da görünýär! Şu gezek welin, Onuň sözlerini eşidenimde, olar maňa manysyz bolup göründi. Men danalyk diledim, sebäbi men kim her nähili bolsa-da, Hudaý Öz hereketlerinde has sosialistik diýip pikir edýärdim.

Şol gün irden Ol ünsümi şu tymsala gönükdirip, Onuň pikirlenişi sosialistik bolan ýagdaýynda onuň başgaça tamamlanjakdygyny görkezdi. Ol üç hyzmatkäriň-de çuwallaryň (talantlaryň) deň mukdaryny aljagyndan başlanardy.

Elison: 3

Bob: 3

Larri: 3

Elison we Bob sadyk bolardylar (köpelderdiler), Larri bolsa bikär we ýalta bolmak bilen, özüne sadyk galardy. Netijeler şeýle bolardy:

Elison: 3 x 2 = 6

Bob: 3 x 2 = 6

Larri: 3 = 3

Çaklanylýan sosialistik Hudaý şeýle hereket ederdi:

Elison: 6 – 1 = 5

Bob: 6 – 1 = 5

Larri: 3 + 1 (Elisondan) + 1 (Bobdan) = 5

Ahyrynda bolsa her biriniň bäş çuwaly (talanty) bolardy! Ýöne beýle zat bolmady. Hudaý Larriniň altyn–kümüşli bir çuwalyny alyp, on çuwaly bolana berdi. Näme üçin? Isa Mesih şeýle düşündirýär:

> “Berlen zady netijeli ulanýanlara (köpeldýänlere) ýene-de berler we olardaky bol bolar. Emma hiç zat etmeýänlerden (saklaýanlardan) welin hatda bolanja zatlary hem alnar.” (Matta 25:29, NLT).

Men Hudaý kapitalist diýjek bolamok. Bu asla beýle däl! Men şu aýratyn ýagdaýda Onuň pikir edşişine we ýollaryna sosializme garanda kapitalizmiň has laýyk gelýändigini göz öňüne tutýaryn. Biziň XXI asyr ýaşlarymyza Amerikada we beýleki ýurtlarda sosialistik ýörelgelerine laýyklykda pikir etmegi öwredýärler. Sosializm dogry we peýdaly däl; ol, aslynda, Hudaýýň danalygyna garşy çykýar. Ol iblisiň ruhlarynyň biri bolup, hemmeler üçin bähbitlisirän bolýar, ol ýaltalygy sylaglap, zähmetsöýerligi, üstünligi we boelinligi jezlandyrmak isleýär.

Hudaýýň ýoly – bu köpeldýänlere has köp bermek, Ol olarda hemme zadyň *bol bolmagyna* garşy däl. Isa Mesih: “Olardaky *bol* bolar” diýýär. Hudaý *Onuň Şalygyny gurmaga we öz bolelinligimizi başgalar üçin ulanmaga tüýs ýürekden ymtylan ýagdaýymyzda* hemme zadymyzyň bolelin bolmagyny isleýär.

Siz: “*Hudaý bolelinlige garşy däl; Ol bolelinligiň bize höküm sürmegine garşy*” diýen jümläni eýýäm eşiden bolmagyňyz ahmal. Bu jümle hakykat. Ýürekleri Hudaýýň maksatlary bilen lowlaýan adamlar kanagatlanmany baýlyk ýygnamakdan tapmaýarlar. Olar Hudaý bilen gezmekden we Onuň berýän bolelinligini Onuň Şalygyny gurmak üçin ulanmakdan kanagatlanýarlar. Bolelinlik olar üçin başgalary bina etmekdäki gurallary bolup durýar. Biz hem, eger paýhasly bolsak, elbetde, bu gurallarymyza aşyk bolmarys.

Biz wajyp bir hakykaty aýratyn nygtamaly: biz garyplaryň, ýagny işlemäge ýaramaýan we gaýragoýulmasyz kömege mätäç adamlaryň aladasyny etmeli. Pawlus şeýle ýazýar: “Söýgi biri–birimiziň kynçylyklaryny çekmek arkaly bize Mesihiň kanunyny berjaý etmäge gaýrat berýär. Eger siz eglip, başga kömek ederden özüňizi has wajyp saýýan bolsaňyz, özüňizi aldaýansyňyz” (Galatýalylar 6:2–3, TPT).

Irki döwrüň ýygnaklaryň liderleri üýşenlerinde, tabşyryklarynyň dürli–dürlüdigine we hatda az ähmiýetli zatlar barada hem käbir

agzalalyklarynyň bardygyna aň ýetirdiler. Ýöne olar garyplara we mätäçlere kömek etmelidigi babatda welin biragyzdan razy boldular. Pawlus şeýe ýazýar:

> "Olar menden bir zady – garyplar bilen mätäçleri unutmazlygymy haýyş etdiler; bu meniň eýýäm ýüregimde göterip ýören aladamdy" (Galatýalylar 2:10, TRT).

Emma adamyň *mätäçdigini* ýa-da ýöne ýaltadygyny anyklamak gerek. Sosialistik garaýyş garyplara-da, ýaltalara-da deň derejede bermekden ybarat. Eger biz ýaltalara bersek, onda olaryň bize bolan garaşlylygyny artdyrarys. Biziň maksadymyz – beýleki adamlaryň hem gurplanyp, Hudaýyň Şalygyny gurup bilmekleri üçin olary Hudaýyň özlerine beren ruhy peşgeşlerine gönükdirdirmek.

## AMALY ULANMAKLYK

Her nähili bolsa-da, bize ruhy peşgeşleriň ynanylandygy baradaky delil wajypdyr; bizden olary köpeltme üçin ulanjakdygymyza garaşylýar. Eger siz Hudaýy söýýän bolsaňyz, onda öz ruhy peşgeşleriňizi Onuň şan–şöhraty üçin ulanmagy ýürekden isleýänsiňiz. Meniň esasy niýetim – sizi içki islegigiňiz we potensialyňyz babatda oýarmak. Siz maksat bilen – aýratyn maksat üçin ýaradyldyňyz. Sizde Patyşamyzyň şan–şöhraty üçin berlen zatlary köpeltmek ukybyňyz bar. Bu şu babyň iň esasy jemidir.

Şunlukda, biz üç hyzmatkär (talantlar) baradaky tymsalyň näme aňladýandygyna düşündik. Biz muny nähili ulanyp bileris? Bu esaslar gündeki durmuşda nähili hereket edýärler?

Biz bu barada indiki bapdan başlap gürrüň ederis.

## OÝLANYŇ

1. Dolandyryjyny anyk kesgitleýän diňe bir häsiýet bar – sadyklyk. Siz sadyklyga ozal nähili garaýardyňyz? Şu baby okanyňyzdan soň nukdaýnazaryňyz nähili üýtgedi?

2. Ebedi köpeltmäni öz güýjüňiz bilen amal etmek mümkin däl. Ol Hudaýyň merhemeti bilen hyzmatdaşlyk etmegiň netijesinde döreýär. Siz öz ruhy peşgeşleriňizi öz güýjüňiz bilen köpeltmäge synanyşýarsyňyzmy? Siz olary göreş ornundan däl-de, rahatlyk ornundan nädip köpeldip bilýäňiz?

3. Hudaý bolelinlige garşy däl; Ol bolelinligiň bize höküm sürmegine garşy. Siziň pikiriňizçe, näme üçin ruhy peşgeşleriňizi köpeltmeklik Hudaý üçin wajyp? Siziň ruhy peşgeşleriňiziň köpeltmesi nädip Hudaýa has-da köp şan–şöhraty getirip, başgalara has-da köp täsir edip bilýär?

*Özüne ynanylan az zady sadyklyk we dogrulyk bilen dolandyrýan ýokary çekiler we oňa has köp zatlar ynanylar.*

- Luka16:10, TRT

# 6

# ZÄHMETSÖÝERLIK WE KÖPELTMEKLIK

Isa Mesihiň sözlerine laýyklykda, eger biz dogruçyl ýaşasak, durnukly, ygtybarly, sadyk, zähmetsözýer bolsak we şindi dolandyrýan zatlarymyzy köpeldýän bolsak, bize öňküden-de köp zatlar ynanylar. Sada sözler bilen aýdylanda, *biz dogruçyllyk bilen köpeldenimizde, Hudaý bize has uly jogapkärçiligi berýär*. Ol bize öňegidişlik berýär. Bu Onuň Şalygynyň kanunlarynyň biri.

Özüňizi barlap görüň. Siziň pikirleriňiz köpeltmä gönükdirilenmi? Ýa-da olar saklamaklyga has köp gönügýärmi? Siz üstünligiň belli bir sepgidine ýeteniňizden soň, ony kopleriň ýeteninden ýokary, ene–atańyzyňkydan gowy, rahat durmuş üçin ýeterlik diýip hasaplap, bu sepgitde saklandyňyzmy?

Özüňize dogry baha beriň. Eger siz köpeltmä garanda saklamaga has köp ýykgyn edýän bolsaňyz, siziň üçin bir gowy täzelik bar: siz heniz-de bu ýer ýüzünde ýaşaýarşyňyz we özgermäge, köpeltmäge we netijede has köp jogapkärçiligi almaga wagtyňyz bar.

## IKI DÜRLI NETIJE

Men hatda çagalyk wagtymda hem gapma–garşy bolan bu iki pikiri – saklamagy we köpeltmegi aňsat saýgaryp bilýärdim, sebäbi meniň babam we atam bu iki pikiri edil göz alnymda öz durmuşlary arkaly görkezýärdiler. Olaryň biri 65 ýaşda zähmet dynç alşyna çykyp, öýdeçil

adama öwrüldi. Ol bize her ýyl iki hepdelik myhmançylyga gelýärdi we men onuň günüň–gününe hiç zat bilen meşgullanmaýandygyny görýärdim. Ol biziň yzky howlumyzda dub agajynyň astynda oturýardy we çilim şybygyny çekip oturýardy. Biz onuňka myhmançylyga baranymyzda hem hemme zat şeýleräk bolýardy. Gynansam-da, ol ömrüniň ahyrky ýyllarynda durmuşdan däl-de, güzeranyndan kanagatlanýan ýaly bolup görünýärdi.

Meniň babam bolsa 62 ýaşynda zähmet dynç alşyna çykyp, ikinji durmuşyna başlady diýse-de boljak. Ol 60 ýaşdan geçen döwründe “Ratjers” uniwersitetine okuwa girip, oba hojalygyny öwrendi. Indiki iki onýyllygyň dowamynda ol iki kitap ýazdy, ullakan baglygy ekdi we ösdürip ýetişdirdi, mal saklady, garry adamlar üçin abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin Florida ştatynyň kenarýaka çäklerinde kondominumlary gurmaga kömek etdi we köp işewürlik, jemgyýetçilik taslamalaryna işjeň gatnaşdy. Ol mätäç adamlara hemişe kömek etdi.

Ol bize myhmançylyga gelende ýa-da biz onuňka gidenimizde, bu hemişe uzak garaşylan waka öwrülýärdi. Ol balyk tutmaga, şowhunly seýilgählere we Nýu–Ýork Siti ýaly ýerlere gitmegi gurnaýardy. Ol biziň bilen oýunlar oýnaýardy, goňşularyna gidende bizi ýany bilen äkidýärdi, biziň bilen ýerli dükanlaryň eýelerine kömek edýärdi we günde agşam tagamly naharlary bişirýärdi. Meniň atam bolsa hatda aşhanada-da kömek etmeýärdi.

Meniň atam 75 ýaşynda, babam bolsa 91 ýaşynda aradan çykdy. Olaryň haýsysynyň uzak ýaşandygyny bilmek aňsat gerek? Hawa, görnüşi bolan, köpelden babam uzak ýaşady. Onuň gutulyşy 89 ýaşynda kabul etmegi gyzykly zat. Ýöne ol şoňa çenli hem Hudaýyň esaslary – Hudaýyň Şalygynyň kanunlary boýunça ýaşaýardy we bolelin ýalkanandy.

Babamy Isa Mesihe getirmek maňa miýesser etdi, ýöne şondan öň ol meni imanym üçin köp ýanap gezdi! Ol her gezek bile bolanymyzda, meniň imanymy ýaňsylaýardy. Men oňa Hoş Habary ençeme gezek wagyz edendigime garamazdan, onuň ahyrda: “Men Isa Mesihi Rebbim hökmünde kabul edesim gelýär” diýen wagty gaty haýran galandygymy bildirtmejek boldum. Bu diýseň beýik gün boldy!

Ol Isa Mesihi kabul edenden bir aý geçenden soň, men onuňka hal–ýagdaýyny bilmäge bardym. Şol döwürde ol bizden bir sagatlyk ýol uzaklykda ýaşaýardy. Ol şonda Deýton Biçdäki öýünden Ormond Biçdäki garrylaryň öýüne ýaňy göçüp barypdy. Şol duşuşykda ol maňa şeýle diýdi:

– Jon, maňa berlen tabşyryk barada bilesiň gelýärmi? Şu taýda, ýer ýüzünde näme etmelidigimi bilesiň gelýärmi?

Men ýaňy–ýakynda gutulyşy alan adamyň şeýle ýaşda şeýle pikir edýändigine geň galdym. Geňirgenmämi bildirmäge derek, men oňa ýöne şeýle jogap berdim:

– Hawa, baba, nähili tabşyrgyň bar?

Ol ýylgyryp, şeýle diýdi:

– Mukaddes Ruh maňa şu adamlaryň hemmesine Isa Mesih barada aýtmagym üçin meniň şu ýerdedigimi aýtdy.

Bu garrylar öýünde birnäçe ýüz gartaşan adamlar bardy.

Iki ýyl geçenden soň ejem daýym bilen özüniň ýeke–täk ogluna golaý bolary ýaly, babamy Oklahoma göçürip eltiler. Ol şol ýerde bary–ýogy bir hepde boldy we özüne seredýän şepagat enekä uzakly gije durmuşyny gürrüň berip, asla ýatmandyr. Säher wagty bolsa, gün dogmazynyň öň ýanynda, ol enekä:

– Öýe gaýdara wagt boldy. Ogluma saçak ýazyp, meniň üçin baýram tutsun diýip aýt – diýipdir.

Şol sözlerden soň ol öz bedenini taşlap, gökdäki maşgalasyna gowuşdy.

Meniň ejem örän gynanyp, ony Floridadan Oklahoma göçürmek juda uly sarsgyna duçar edendikleri barada gaýgylandy. Ol maňa bu barada aýdanda, men munuň beýle däldigi barada ony bada–bat ynandyrdym:

– Eje, babam 89 ýaşyndaka maňa käbir zatlary aýtdy. Hudaý oňa Orman Biçdäki tabşyrygyny berjaý etmek üçin ýer ýüzünde ýene-de iki ýyl ömrüniň bardygyny görkezipdir. Şindi bolsa onuň Oklahomadyky birinji hepdesidi; ol öz tabşyrygyny berjaý etdi.

Bu sözler ejeme teselli berip, ony haýrana galdyrdy.

Meniň babam gutulyşy alan adam bolmasa-da, Hudaýýň zähmetsözýerlik we sadyklyk ýaly esaslary onuň durmuşynda ýüze çykýardy. Babam bilen atamyň iki dürli durmuş ýörelgelerini görüp, heniz iman etmänkäm hem köpeldip, soňky demine çenli durmuş maksady bolan babamyň göreldesine eýerjekdigim barada karara gelipdim.

Ýöne dogrymy aýdaýyn. Başga ýörelgäni – aňsat durmuşy saýlamak islegi mende köp gezek döräpdi. Biz “saklama” durmuş ýörelgesine– has aňsadyna ýykgyn bolmaz ýaly, pikirlerimizi ýörite başga tarapa gönükdirmelidiris.

Ýaltalygyň, sadyllalygyň, gaýgysyzlygyň we biperwaýlygyň bolan ýerinde köpeltmeklik ýüze çykmaz. Resul Pawlus bize şeýle diýýär: “Yhlasyňyz gowşamasyn, Mukaddes Ruhuň berýän *hyjuwy bilen* Rebbe *hyzmat ediň*” (Rimliler 12:11).

Birinjiden, munuň teklip däl-de, tabşyrykdygyna düşüniň. Onuň: “hyjuw bilen hyzmat ediň” diýen sözlerine garaň. Bu köpeltmegi gazanmak üçin ýüze çykarylmaly ilkinji häsiýetleriň biridir. Biz ýöne bir *yhlasly hyzmat* etmän, eýsem muny *hyjuw* bilen etmeli. Maňa nädogry düşünmäň – iman, görnüş we tutanýerlilik köpeltmegiň iň esasy üç faktory bolup durýandyr. Ýöne eger ýeňimizi çyzgap işe girişmesek, bu faktorlaryň bary peýdasyz bolýandyr!

Liza ikimiz iman eden günümizden bäri diýen ýaly yhlasly işledik. Bu biziň kalbymyza salnan, Hudaý muny her bir imanlynyň kalbyna saldy. Biziň hyjuwymyz daşky ýagdaýlar bilen şertlenen däldi, ol iki zatdan – Isa Mesihe we Onuň halkyna bolan mizemez söýgimizden döreýän güýçli ymtylyşdy. Bu ymtylyş duýgularymyza däl-de, ýüregimiziň berk kararyna daýanýar, ol biziň kalbymyzda Onuň Şalygyny gurmaga bolan güýçli islegi iýmitlendirýär. Bu diýseň wajyp, sebäbi ruhy hyjuwymyz hemişe bolup durmaz. Aslynda, asla zat duýmajak möwsümlerimiz hem gelip bilýär.

Grek dilindäki “*hyjuw*” (entuziazm) sözi bilen kökdeş bolan sözleriniň biri “*enteos*”, ol “içiňde Hudaý bar” diýmegi aňladýar. Biziň zähmetsöýerligimiz duýgulardan ýa-da daşky ýagdaýlardan däl-de, Onuň içimizdäki barlygyndan döremeli.

## BAŞGANYŇ ZADYNY KÖPELTMEK

Biz Liza bilen durmuş guranymyzdan soň bile gatnaşan ilkinji ýygnagymyz Tehas ştatynyň Dallas şäherinde ýerleşýärdi. Ol biziň ýurdumyzda iň tanymal ýygnaklaryň biri bolup, birnäçe ýüz işgäri bardy. Biz meýletinçiler hökmünde her dürli tabşyryklary elmydama etmäge taýýardyr. Men tertip–düzgün hyzmatyny alyp barýardym, türme hyzmatynda meýletinçilik edýärdim, kazyýetiň karar çykaryna garaşýan tussaglaryň oturan ýerlerinde hyzmat edýärdim, garrylaryň öýüne barýardym, konferensiýalar wagtynda kömek edýärdim, ýygnagyň işgärleriniň ownuk–uşak tabşyryklaryny ýerine ýetirýärdim we hatda öz çopanymyň çagalaryna tennis oýnamagy öwredýärdim. Men tabşyrygyň nähilidigine garamazdan, hyzmat edip bolýan mümkinçilikleriniň ýekesine-de hiç haçan "ýok" diýmedim; men bularyň baryny "Rokuell Interneşenel" kompaniýasynda hepdede 40 sagat işlemek bilen bir hatarda edýärdim.

Netijede, baş çopanyň aýaly (ol ýygnagyň ýerine ýetiriji direktorydy) meniň hyzmat etmäge bolan ymtylyşymy görüp, ýygnaga doly iş wagtyna geçesimiň gelýändigi barada sorady. Söhbetdeşlik wagty ol maňa:

– Jon, biz seni uzakly gün işe almaga ýagdaýymyz bolmaz öýdýän – diýdi.

– Elbetde bolar, – diýip jogap berdim.

Meni olaryň näçe aýlyk berjegi gyzyklandyranokdy. Men islendik wezipäni islendik aýlyk haky bilen kabul etmäge taýýardym. Söhbetdeşlikden soň ol maňa ýerine ýetiriji toparyň kömekçisiniň wezipesini teklip etdi. Liza bilen maňa bu barada juda yhlasly dileg etmek gerek däldi, sebäbi biz munuň Hudaýyň islegidigini bilýärdik. Men bu wezipäni 18 000 dollar ýyllyk aýlygy bilen kabul etdim. Biziň girdejimiz ep–esli kemelse-de, bu biziň üçin öňegidişlikdi. Liza ikimiz şeýle aýlyk bilen adatdan daşary üpjünçiligiň bolaryna iman bilen ynam etmelidigini bilýärdik, ýöne bu bizi asla alada goýmaýardy. Biz, ynamymyza görä, öz durmuşymyzyň çakylygy bolan işine goşulýardyk.

Biziň wezipämiz çopanymyza, onuň maşgalasyna we myhmanlaryna

hyzmat etmekden ybaratdy. Men üç niýet bilen hyzmat edýärdim. Birinjisi – olara edil Isa Mesihe hyzmat edişim ýaly hyzmat etmek. Ikinjisi – hemişe öňe seredip, olaryň mätäçliklerini öňündne görmek we olar heniz soramankalar, olaryň öwezini dolmak. Üçünjisi – haýsydyr bir zady etmegi soranlarynda hiç haçan “Bu mümkin däl” diýmezlik. Men özüme berlen tabşyryklary dilegler, ugurtapyjylyk we yhlasly işlemek arkaly ýerine ýetirmegiň usullaryny hemişe tapýardym. Eger haýsydyr bir zady etmek mümkin bolmasa (bu örän seýrek bolýardy), men hemişe iň oňat alternatiw çözgüdini teklip edýärdim. Meniň tabşyrygymy ýerine ýetirmekde şeýle teklip köplenç ilkibaşdakysyndan has amatly bolýardy.

Şu wezipede işlän döwrümizde Liza ikimiziň heniz çagamyz ýokdy. Biz hepdäniň dowamynda alty gün işleýärdik, bu adatça 50–70 sagat bolýardy. Biziň ikimiz-de öz çopanlarymyzy basyşyň her dürli görnüşlerinden boşatmagyň wajypdygyny duýýardyk. Biz olaryň ähli ünsüniň ýygnagymyza ýolbaşçylyk etmeklige gönükmegini isleýärdik.

Men öz niýetlerimizi görkezmek üçin köp wakalary gürrüň berip bilerdim, emma olardan diňe birini paýlaşaýyn. Meniň çopanymyň bir myhmany boldy; ol bütin dünýäde meşhur, şindi bolsa merhum bir çopanyň hyzmatynyň toparynda işläpdi. Çopanyň bu merhum hyzmatçy barada köpräk bilesi gelensoň, olar gijäniň ýaryna çenli gürleşip oturypdyr. Meniň telefonym gije sagat birde jyňňardady. Bu meniň çopanymdy; ol onuň öýüne baryp (bu öýümizden maşynda 25 minutlyk ýoldy) myhmanyny yzyna – myhmanhanasyna äkitmegimi haýyş etdi.

Men hiç ikirjeňlenmän:

– Eýýäm barýaryn – diýdim.

Men onuň öýüne baryp, olar hoşlaşýançylar garaşdym we myhmanyny myhmanhanasyna äkitdim. Men gije ikiden soň ýatdym.

Meniň çopanym biziň ýygnagymyzda ertir öýlän wagyz etjek başga bir çopany garşylamaga gitmelidigimi bilmeýärdi. Bu çopan Gawaýadan agşamky reýs bilen daňdan 5:40-da gelmelidi. Men ony howa menzilinde garşylamak üçin daňdan 4:30-da turmalydym. Şol gije üç sagatdan-da az ýatanymy çopanyma ýeke gezek-de aýtmadym. Men çopanymyň, onuň aýalynyň islendik mätäçliginiň öwezini dolmagy

aýgytly karar edipdim we bu hyzmatyň meniň üçin uly mertebe bolup durýandygyny özüme ýatladyp durýardym.

Çopanymyň we onuň aýalynyň kömekçisiniň wezipesinde dört ýyl işlänimden soň, günleriň birinde olaryňkyda bolanymda:

– Men öz ýerime geljek adamyň menden iki esse gowy işlemegi üçin dileg edýärin we muny Hudaýdan soraýaryn – diýdim.

Men wezipämden dogry gitmegi we onuň has hem netijeli bolmagyny isleýärdim.

– Bu mümkin däl – diýip olar jogap berdiler. – Sen örän köp iş etdiň.

Olaryň tassyklamasy meni ruhlandyrdy. Agyr işlerimiň bary ýeňil duýuldy, ýöne men öňegidişligi isleýärdim. Olar iň soňunda meniň wezipäme iki adamy bellediler. Meniň çopanym bizi Florida ştatynda meşhur başga bir ýygnaga ýaşlar çopanynyň wezipesine (men muny 2-nji bapda agzap geçipdim) ak patasy bilen goýberdi.

Men Floridadaky bu wezipä geçenimde, ýaşlaryň we ýetginjekleriň köpüsine ýetmeýänligimize gynanýardym. Bu 1980-nji ýyllaryň ahyrydy we biziň görüp bilýän serişdelerimiziň ýeke–tägi telewizor bolup durýardy. Ne kompýtreler, ne planşetler, ne-de akylly telefonlar bardy. Akymlaýyn habar bermeklik heniz oýlanyp tapylmandy. Sada sözler bilen aýdylanda, teleýaýlym boýunça günde gepleşik bermek adamlara ýetmegiň iň oňat usulydy.

Degişli maglumatlary bilişdirenimden soň, men merkezi Floridadaky iň kuwwatly telewizion stansiýalaryň birinde şenbe güni agşam 22:00-da boş efir wagtynyň bardygyny bildim. Men ýarym sagatlyk wagtynyň bahasy bilen gyzyklanyp gördüm. Bahasy juda gymmatdy.

Men çopanymyzdan bu efir wagtyny ýaşlar toparymyzyň Hoş Habary wagyz edýän gepleşigi üçin satyn almak mümükinçiligi barada soradym.

Ol:

– Jon, bu biziň býutemizden çykýar – diýip jogap berdi.

Men ondan:

– Onda siz bu programmamyza tölemek üçin hyzmatymyzdaky ýaşlara her aý sadakalar bermegi rugsat edermisiňiz? – diýip soradym.

– Elbetde, eger olar muny başarsalar, edibersinler – diýdi.

Ol ýaşlaryň muny başarjakdygyna ynam edendir öýdemok.

Ýaşlar hyzmatynda men azaşanlara ýetmek baradaky görnüşimi paýlaşdym. Şol döwürde ýaşlaryň we ýetginjekleriň köpüsi şenbe güni giç agşama çenli telewizora tomaşa edýärdiler. Bu gepleşikde biz ilki Hudaýyň Sözüni wagyz ederdik, soňra bolsa tomaşaçylary ýygnaga we ýaşlar hyzmatyna çagyrardyk. Men ýaşlar hyzmatymyza gatnaşýanlarda bu görnüşe öz jübi pullaryndan, okuwdan soň işläp gazanýan pullaryndan sadaka bermegi ýa-da munuň üçin wagtlaýyn işe girmegi teklip etdim. Maliýe borçlaryny hasaplanymyzdan soň kömekçim ikimiz geň galdyk – biz bu gepleşik üçin töläp bilýärdik!

Meniň baş çopanym bizden-de köp geň galdy. Ol bize bu programmany başlamaga rugsat berdi, biz ony "Alawly ýaşlar" diýip atlandyrdyk. Biz her aýdaky býujetimizi ýapýardyk. Bizi ruhlandyrýan zatlaryň biri hem ozal ýygnaga asla gatnaşyp görmedik ýaşlaryň we ýetginjekleriň ençemesiniň hyzmatymyza gatnaşyp, Isa Mesihe gelmegidi. Şondan 20 ýyl geçenden soň hem adamlar meniň ýanyma gelip, 1980-nji ýyllaryň ahyrynda "Alawly ýaşlar" gepleşige tomaşa edendigini we onuň öz durmuşlaryna nähili täsir edendigini gürrüň berýärdiler.

Men ýaşlar çopanynyň wezipesinden çykyp gaýdanymda, ýaşlar hyzmatyny üç topara böldük. Biziň ýekelikde başlan hyzmatymyzda indi üç lider zähmet çekýärdi. Hudaýyň merhemeti, tabynlyk we yhlasly zähmet ýene-de köpeltmeklige ýetirdi.

Isa Mesih şeýle diýýär:

> "Başga biriniň emlägi babatda ynamdar bolmasaňyz, öz emlägiňizi size kim berer?" (Luka 16:12).

Geliň, Onuň sözlerini talantlar baradaky tymsalyna laýyklykda teswirläliň:

> "Başga biriniň emlägini köpeltmeseňiz, size köpelder ýaly öz emlägiňizi kim berer?"

Liza ikimiziň "Messenjer Interneşenel" hymatyny başlamalydygymyz

baradaky Hudaýyň meýlini bize yglan eden hem hut şol çopandy. Bu barada ilki bilen biz däl-de, ol yglan etdi. Men ýaşlar hyzmatynyň çopançylygyny öz üstüme alanymda, oňa şeýle diýipdim: “Çopan, men tä Isa Mesih gelýänçä, ýa-da tä Hudaý size-de, maňa-da öňe gitmelidigimizi görkezýänçä, şu ýerde galjak”. Eger Hudaý dilegde biziň indiki ädimimizi oňa görkezmedik bolsa, men by ýygnakdan arkaýyn gidip bilerdigime şübhelenýärin. Hut şu sebäpdenem Hudaýyň bu hyzmaty ilki bilen çopanyma görkezendigine şu günki güne çenli ynanýaryn.

## “MESSENJER INTERNEŞENELIŇ” DOGULMAGY

Biz Floridadaky ýygnakdan çykyp gaýdanymyzdan soň Günorta Karolina ştatynyň Kolumbiýa şäherinde hyzmaty dowam etdirdik. Säher çagydy, men dileg etmek üçin çola bir ýeri tapdym. Hudaý maňa şeýle diýdi: “Ogul, sen başga adamlaryň hyzmatynda bolmak bilen soňky ýedi ýylyň içinde eken sadyklyk tohumlarynyň bol hasylyny orarsyň. Bu haýallyk bilen başlap, tutuş ömrüňe dowam eder”.

Şindi, yzyma ser aýlanymda, bu hasyldan ýaňa inim jümşüldäp gidýär.

Biz “Messenjer Interneşenel” hyzmatyny başlamak üçin öz ýygnagymyz arkaly iberilenimizden soň, köpeltmegiň esasy gözbaşy ýene-de zähmetsöýerlik boldy. Biz Liza bilen audiokassetalaryň ýazgysyny göçürmek, etiketkalary taýýnlamak we wagyzlar toplumyny düzmek ýaly işlere köp agşamlary bagyş etdik. Biziň ýaýradýan serişdelerimizi belgilemek we gaplamak we beýleki işlerimizde kömek etmek üçin yzygiderli gelýän dostlarymyz bardy. Biz Liza bilen hatlary ýazýardyk, çekleri hyzmatyň bank hasabyna geçirýärdik, maliýe hasabatyny alyp barýardyk, gerek resminamalaryň hemmesini taýýarlaýardyk. Biz kompýuterde ýazgylary edýärdik, poçta bilen işleşýärdik we işimiz üçin gerek materiallary özümiz satyn alýardyk, bular eden işlerimiziň ujypsyzja sanawydyr. Biz irdenki dilegden soň işe başlap, agşam 9:00-a ýa-da ýarygijä çenli işleýärdik.

Biz muny höwes bilen edýärdik we muny özümize belent mertebe saýýardyk. Biziň islegimiz ýürekden döreýärdi we ol

lapykeçligiň we guraklygyň san–sajaksyz gezegini başdan geçiripdi. Lapykeçligiň girdabyna düşmez ýaly, her säherde edilýän dileglerden kuwwtlanandygymyza ynanýaryn.

Biz “Honda Siwik” ulagymyzyň yzky tarapyna iki kiçi oglumyzy ulag kürsüjiklerinde oturdyp, Günbatar kenarýakasynyň “I–95” şaýolundan ýokary we aşaga gidýärdik we 80–100 adamy bolan ýygnaklarda wagyz edýärdik. Biz birinji wagzymyzy merhumlary jaýlaýan edaranyň otagynda ýygnanýan ýygnakda geçirdik – diýseň ajaýyp başlangyç!

Biz kassetalarymyzy satýardyk we gazanan pulumyzy hyzmatymyzy ýaýbaňlandyrmak üçin ulanýardyk. Biz bu serişdelerden aýlyk almajakdygymyzy biragyzdan çözüpdik, sebäbi “Messenjer” hyzmatyny ýaýbaňlandyryp, köpeltmek örän wajypdy. Hut özümize gerek bolan serişdeleriň iň soňky pursatda peýda bolýan döwürleri hem bolýardy. Biziň hasabymyzda “audio resurslaryň satuwyndan” gelýän pullar bardy, ýöne biz olary ulanmazlygy karar edipdik.

Hut şu yhlasly zähmetimizden bir ýarym ýyl geçenden soň maňa kitap ýazmalydygym barada Hudaýdan söz geldi. Men günüň aglaba bölegini kitap ýazmaga bagyş edip, dürli wezipelerimiň beýlekilerini etmäge wagtym galmaz diýip alada galýardym. Bu çözgüt töwekgel görünse-de, biz ony kabul etdik we birinji kitabymy ýazmaga diýseň köp wagty sarp etdim. Şonda meniň asla oslamajak zadym boldy: ýaşlaryň birnäçesi meniň şol kitaby ýazmakdan ünsümi sowjak ikinji derejeli işlerde meýletinlik bilen kömek etdiler. Olar hem edil biziň Dallasdaky çopanlarymyz üçin edişimiz ýaly etdiler. Olar biziň mätäçliklerimizi gördüler we haýyş etmesek-de, kömege geldiler.

Men yhlasly, käwagt bolsa umytsyz görünýän zähmetimiň netijesinde bir ýyldan “Çöldäki ýeňiş” atly golýazmamy tamamladym. Men ähmiýetli bir prinsipi bildim: *biz durmuşymyzdaky merhemetde (ruhy peşgeşlerde) ösmeli*. Biziň köpimiziň ilkibaşdan “fantastiki” netijelerimiz bolmaýar. Petrus şeýle ýazýar: “Rebbimiz we Halasgärimiz Isa Mesihiň merhemetinde ösüň” (2 Petrus 3:18). Meniň häzirki ýazma ukybym ilkinji kitaby ýazan döwrümdäkiden has ösendir.

Liza ikimiz bu golýazmany öran tanymal bir redaktora görkezdik. Men onuň golýazmamy berk tankytlap, Isa Mesihiň bedenine şeýle

habary getirerden juda ýaş we tejribesizdimi aýdanda, örän haýran galdym.

Bu ret edilme urgusyndan soň biz Liza bilen başga redaktory gözläp başladyk. Biz ýene-de birini tapdyk, ol bolsa tutuş golýazmany ýoýdy. Biz golýazmany yzyna alanymyzda, bütinleý aljyradyk. Bu redaktor meniň sesimi we habaryň güýjüni ýitirdi. Iň erbedi-de, bu golýazma manysyz bolup görünýärdi! Bir söz bilen aýdylanda, bu redaktor golýazmany zaýalaýdy. Bu ýene-de bir urgy boldy, indi näme etmeli? Bir ýyldan gowrak wagt geçdi ahyryn.

Biz ýeň bermedik. Biz ýene-de bir redaktory tapdyk we ol üýtgedilen görnüşini okanda, ilkibaşdaky golýazmanyň ýoýulandygy bilen ylalaşdy.

Ol şeýle diýdi:

– Jon, Liza, zaýalanan golýazmany düzetmek nädogry iş. Şol redaktora tölän puluňyzy ýatdan çykaryň-da, gaýtadan başlaň.

Ol Liza asyl nusgany redaktirläp, soňra oňa ugratmagy maslahat berdi.

Biz onuň maslahatyna eýerdik: Liza asyl nusgany redaktirlemek üçin köp wagty sarp etdi. Şondan soň redaktor Lizanyň redaktirlän kitabyny alyp, öz işine başlady. Ol oňat zähmet çekdi we biz ahyrda taýýar golýazmamyzyň bardygyny duýduk.

Men ony belli iki neşirýata hödürledim. Olaryň biri hiç jogap bermedi, ikinjisi bolsa bize hat iberdi. Neşirýat meniň kitabymyň juda “öwüt–ündewlidigini” aýdyp, meşhur hyzmatçy bolmanlygym sebäpli ony çap etmejekdigini habar berdi. Men ony tanymal bolmadyk neşirýatlara hödür etmäge synanyşdym, ýöne olaryň biri-de gyzyklanma bildirmedi.

Biziň näderejede lapykeç bolandygymyzy göz öňüňize getirip bilýäňizmi? Ýene bir ýyl geçdi we biz çykalgasyz bir ýere düşen ýaly görünýärdi. Men aljyrasam-da, ýeň bermekçi däldim.

Şol döwürde özbaşdak çap etmeklik görlüp–eşidilen ýagdaý däldi diýse-de boljak. Üstünlikli awtorlaryň biri-de muny etmeýärdi, ýöne dostlarymyň biri maňa synanyşyp görmegi maslahat berdi. Biz kitabyň rejelenmesini we sahypalanmasyny hasaba almazdan, 12 000 dollaryň

gerek boljagyny bildik, biz bolsa eýýäm iki redaktora hem töläpdik.

Bu biziň üçin ägirt mukdardaky puldy. “Messenjer Interneşeneliň” 1990-njy ýylda tutuş gazanany 40 müň dollardy. Hyzmatymyzyň üçünji ýyly başlanýardy we biziň girdejimiz birinji ýylymyzdakydan köp däldi. Men ikinji ýylyň ahyrynda bahasy birnäçe ýüz dollar bolan ilkinji kompýuterimizi satyn alanymyzda nähili begenendigim ýadyma düşýär. Şonuň üçin-de, 12 000 dollar mukdardaky pul biziň üçin mümkin bolmajak zat bolup görünýärdi! Bu puly almak üçin bize gudrat gerekdi.

Biz açyk howadaky sport oýunlary baradaky kitaplary neşir edýän uly bolmadyk neşirýatlaryň birinde işleýän sahyplaýjy bir aýal bilen tanyşdyk. Ol meniň kitaby ýazyşym baradaky gürrüňi eşidende, Lizanyň ýanyna baryp, kitabymyzyň rejelenmesini we sahypalanmasyny mugt edip bermegi teklip etdi. Biz bu işler üçin birnäçe müň dollar tölemäge mejbur bolmajakdygymyzy bilenimizde, örän begendik.

Hudaý gudrat bilen gerek bolan puluň galanyny hem berdi we biz “Çöldäki ýeňiş” atly kitaby (häzir ol “Hudaý, Sen nirede?!” diýip, ady üýtgedildi). Biziň ilkibaşdaky göwün galkmamyz uzak dowam etmedi; biz kitaby ýaýratma ýollarymyzyň ýokdugyna düşündik. Kitaby ýaýradýanlar we kitap dükanlary biz barada hiç zat bilmeýärdiler; şol döwürde bu kompaniýalar diňe meşhur neşirýatlaryň kitaplaryny satyn alýardylar. Özbaşdak neşir edilen kitaplar hiç kimi gyzyklandyrmaýardy.

Biz kitaby wagyzlar toplumynyň duran stoljagyzyna goýup, hyzmat eden ýerlerimiziň ählisinde satýardyk. Men çöl barada wagyz edenimde, ýanymyz bilen getiren kitaplarymyzyň ählisi satylýardy. Adamlar bu habary halaýardylar, ýöne kitabyň ýaýradylmasy şunuň bilen-de tamamlanýardy.

Dileg wagty Hudaý maňa ikinji kitaby ýazmalydygymy aýtdy we indiki dokuz aýyň içinde men “Çölde bir ses gygyrýar” atly kitabymy ýazdym. Neşirýatçylar öňküleri ýaly gyzyklanmaýardylar we biz ýene-de bu kitaby özümiz neşir etdik. Indi biziň stolumyzda kitap dükanlaryň hijisinde-de satylmaýan iki kitap ýatýardy.

# MÜMKINÇILIK

Bir ýyl geçenden soň dostlarymyň biri jaň edip, meni nahara çagyrdy.

Ol:

– Men seni öz dostum bilen tanyşdyrasym gelýär – diýdi.

Men çakylygy kabul etdim. Men onuň dostunyň iki ýyl mundan ozal meniň kitabymy çap etmekden ýüz dönderen neşirýatyň täze ýolbaşçysydygyny bildim. Nahar gowy geçdi we ol Liza bilen alyp barýan hyzmatymyz barada gyzyklandy. Ol:

– Siz edil şu wagt haýsy habary wagyz edýärsiňiz? – diýip sorady.

Men ýüregimde hemmesinden güýçli lowlaýan mowzugy onuň bilen paýlaşyp başladym. Bu öýke–kinäni ýeňmegiň we bizi ynjadanlary bygyşlamagyň näderejede wajypdygy baradaky habardy. Ol sorag bermesini dowam etdi, menem oňa bu habar barada has köp gürrüň berdim. Ol 15 minutdan şeýle diýdi:

– Jon, bilýäňizmi näme, biz muny çap edip bilmeris, sebäbi biz her ýylda diňe 22–24 kitaby – tanymal awtorlaryň we hyzmatçylaryň ýazan kitaplaryny çap edýäris.

Men oňa geňirgenip seretdim-de:

– Men size öz habarymy satmakçy bolamok; siz meniň ýygnaklara aýlanyp näme wagyz edýändigimi özüňiz soradyňyz ahyryn.

Ol düşündi-de, gülüp:

– Hä, dogry, dowam ediberiň – diýdi.

Men paýlaşmagymy dowam etdim. Ol 15 minutdan sözümi bölüp:

– Şu habaryň golýazmasyny maňa indiki üç aýyň dowamynda iberip bilermisiňiz? – diýip sorady.

Men geňirgenip:

– Siz meniň kitabymy çap edip bilmeýäňiz diýip pikir etdim–ä! – diýip jogap berdim.

Ol:

– Men pikirimi üýtgetdim. Bu habar ýaýradylmaly – diýip aýtdy.

Bu neşirýat 1994-nji ýylyň iýun aýynda “Şeýtayn aly” diýen kitaby neşir etdi. Men şeýle ruhlanypdym! Hudaý meniň açyp başarmadyk gapymy açdy. Men bu kitabyň bada–bat meşhur bolup, oňat

satyljakdygy babatda ynamlydym; ýöne ilkinji ýedi aýyň dowamynda beýle zat bolmady. Men her aýda neşirýatdan bu kitabyň satylyşy barada lapykeç edýän habarlary alýardym. Men ýüregimde bu habaryň köp adamlara– dünýäniň halkalaryna niýetlenendigini bilýärdim. Men bu umydy ýitirmekden boýun çagyrýardym, ýöne ähli zat kalbyňy boşadýan ýene-de bir lapykeçligi görkezýärdi.

Birnäçe aý geçenden soň bu neşirýatyň satuw toparynyň bir işgäri maňa jaň etdi. Ol şeýle diýdi:

Jon, göni ýaýlymda çykyş edýän bir halkara gepleşigi 1995-nji ýylyň 16-njy ýanwarynda sizi çykyş etmäge çagyrmakçy bolýar. Olar size ýigrimi minut bererler, ýöne olar ilki bilen siz, Liza, dört ogluňyz we syýahat edýän wagyzçy hökmünde alyp barýan hyzmatyňyz barada gürleşmek isleýärler. Ýöne olar siziň kitabyňyzy-da agzamaga razy boldular. Bu başlangyç, çalaja açylan gapy ýaly bir zat. Siz bu çakylygy kabul etmegimizi isleýäňizmi?

– Elbetde, isleýärin!

Men şol gepleşige ugradym. Şol gün agşam örän meşhur hyzmatçy öz aýaly bilen bu gepleşigi alyp barýardylar. Olar meniň bilen salamlaşanlaryndan soň, ilki bilen “Şeýtanyň aly” diýen kitaby alyp:

– Şeýtanyň aly näme zat? Bu habar näme barada? – diýip sorady.

Men onuň maşgalamyzdan däl-de, kitapdan başlanyna geň galsam-da, ýüzugra kitabymyň habary barada gürläp başladym. Studiýada hemme zat togtan ýaly göründi. Men efiriň guramaçysy babatda örän ünsli bolmalydym, sebäbi ol maňa gepleşigiň ahyryna çenli galan wagty yşaratlar bilen görkezmelidi. Olar meniň bary–ýogy ýigrimi minut wagtymyň boljagyny nygtap aýdypdylar. Efiriň guramaçysy hiç hili yşarat etmeýärdi. Alyp baryjylar meniň aýdýan zatlarymy gyzyklanma bilen diňläp, hatda sözümi-de bölmediler, bellik-de etmediler, bütinleý hiç zat diýmediler. Biz alyp baryjy bilen wagt barada unudyp, soňra meniň durman kyrk minutlap gürländigimi bilip galdyk.

Bu habar alyp baryja güýçli täsir etdi. Ol ýurdumyzda iň uly konferensiýalarynyň birini geçirýärdi. Onuň göni efirde ilki bilen eden zadynyň biri – meni öz konferensiýasynda bu habary wagyz etmäge çagyrdy.

Neşirýatçy birki günden ýurtdaky kitap dükanlarynyň ählisinde “Şeýtanyň aly” atly kitabyň satylandygyny we ýene-de 20 müň sanysynyň sargyt edilendigini habar berdi. Ol maňa şeýle diýdi:

– Jon, biz şeýle zady ömrümizde görmändik. Telegepleşigi alyp baryjylar hem öz gepleşikleri barada şeýle seslenmeleri ozal hiç haçan alyp görmändiklerini aýdýarlar.

Men kalbymda muny Hudaýyň edendigini bilýärdim we bu ýagdaý ýaýradýan habarymyzyň Hudaýdan bolandygyny tassyklaýardy.

Wagtyň geçmegi bilen “Şeýtanyň aly” atly kitap bütindünýä bestsellerine öwrüldi. Soňky 25 ýylyň dowamynda ol ýörgünli kitaplaryň dürli sanawlarynda peýda bolýar. Şu kitaby ýazyp oturan wagtymda satylan ekzemplýarlaryň – çap edilen, elektron we audio görnüşdäkileriniň sany iki milliona golaýlap barýar. Hemme zadyň nähili başlanandygyny ýatlamak gyzykly. Ilkibaşda meni awtor hökmünde ret eden neşirýat indi “Şeýtanyň aly” atly kitaby ähli döwrüň iň köp satylýan kitaby diýip hasap edýär. Hudaýyň wäşilik duýgusy dogrudan-da bar!

Eger men gulak asyp, ýazyp başlamadyk bolsam, bu habar adamlaryň ägirt köp sanyny berkitmezdi. Bu kitaby ýazmak bilen, men bu habara köpeltme getirdim, sebäbi ol özümiň ýüzbe–ýüz wagyz edip bilmedik adamlaryma-da ýetdi.

Aslynda, bu aňa sygmajak köpeltme bu kitabyň ýazylyşyndan başlamady. Bu köpeliş has öň, köpsanly kynçylyklara garamazdan öňe tarap ýöremegi dowam etdirenimizde başlapdy. Men ilkinji çopanymy islendik basyşdan boşatmak üçin yhlasly işledim, soňra bolsa indiki ýygnakda ýaşlaryň toparynyň çopany hökmünde täsiri ýaýbaňlandyrdym. Bu “Messenjer Interneşenel” dowam etdi, sebäbi biz gije–gündiz arman–ýadaman zähmet çekdik, soňra bolsa kitaplary ýazmak we neşir etmek barada Hudaýyň sesine tabyn bolduk.

Men “Şeýtanyň aly” habarynyň köpeltmesi kesgitlenen we ol meniň kitaplarymyň satylmagy, konferensiýalardaky wagyzlarym arkaly bütin dünýädäki ýygnaklarda ýaýramasyny dowam eder diýip pikir edýärdim. Men ýalňyşan ekenim. Hudaý bize has köp zady ynanmakçy bolýardy.

## OÝLANYŇ

1. Siziň pikileriňiz köpeltmä gönükdirilenmi? Ýa-da pikirleriňiz saklamaga has köp gönügýärmi? Siz akymyň ugruna ýüzüp, rahat durmuşda ýaşamagy halaýarsyňyzmy ýa-da özüňize has ýokary maksatlary goýmagy?

2. Ýaltaçylygyň we hereketsizligiň bolan ýerinde köpeltme bolmaýar. Biz diňe bir yhlasly zähmet çekmän, eýsem öz işimize hyjuwly ýapyşmaly. Siz işiňizde özüňizi yhlasly diýip hasaplýarmysyňyz? Öz işiňizi hyjuw bilen edýärmisiňiz? Ýa-da belli bir durmuş derejesine ýetip, ony kanagatlanarly ýa-da beýlekileriňkiden gowy hasaplap, ýeten sepgidiňizde saklandyňyzmy?

3. Men ýazyp başlanymda lapykeçlik, ret edilme we sustupeslik duýgularyny başdan geçirdim, ýöne Hudaýyň aýdanlaryna tabyn bolmagy dowam edenimde, böwsülme geldi. Siz özüňize berlen merhemetde nähili ösýärsiňiz? Lapykeçligi we sustupesligi ýeňip, öňe hereket etmekde meniň wakam sizi nädip ruhlandyrýar?

*Olar Hudaýyň berekedi arkaly köpelýär.*

- Zebur 106:38

# 7

# BEÝIK KÖPELTME

Hudaý käwagt biziň imanymyzy başlangyç köpeltme we onuň indiki derejeleri babatda oýarmak üçin, bulaşyklygy we nägileligi höweslendiriji zat hökmünde ulanýar. Biz muny Ybramyň (Ybraýymyň) durmuşynda görýäris. Hudaý Ybram 75 ýaşyndaka oňa görnüp, görnüşde şeýle diýdi:

> “Ybram, gorkma! Men seniň *galkanyňdyryn*, seniň *sylagyň juda uly bolar*”. (Gelip çykyş 15:1).

Geliň, şu aýada garap geçeliň. Gudratygüýçli Hudaý – bütin dünýäni onuň ägirt serişdeleri bilen ýaradan we ähli zada eýe bolan Biribar. Ol hemişe bardy we Onuň barlygy asla tamamlanmaz. Başga barlyklaryň biri-de Onuň şanlylygyna asla taý gelip bilmez. Ol diňe durmuşa eýe däl; Onuň Özi Durmuşdyr. Asla tükenmeýän bilimiň we danalyň ählisi, hakyky hazynalaryň we lezzetleriň bary Ondadyr. Ondan daşary gymmatly bir zat-da ýok.

Bu ajaýyp Şahsyýet Özüniň Ybramy *gorajakdygyny* we oňa *juda uly sylag* berjekdigini aýdýar. Geliň, *goraga-da*, *juda uly sylaga-da* garap geçeliň.

Ilki *gorag* barada. Şeýle zady göz öňüne getirip görüň: Birleşen Ştatlaryň prezidenti ýurduň ýaragly güýçleriniň baryna sizi *goramagy* buýurýar. Generallaryň ählisi golastyndaky ofiserlere siziň howpsuzlygyňyzyň ilkinji derejeli wezipe bolup durýandygyny habar berýärler; siziň howpsuzlygyňyz üçin gerek bolan islendik hereket amal

edilmeli diýip aýdýarlar. Eger gerek bolsa, olar esgerleri döwrebap ýaraglaryň ähli görnüşleri bilen siziň daş–töweregiňizde ýerleşdirerler. Bu akyla sygjak zat däl, ýöne eger şeýle zat bolan bolsa, men siziň özüňizi howpsuz we ynamly duýjakdygyňyza ynanýaryn. Emma bularyň bary Gudratygüýçli Hudaýyň "*Men seni goraryn*" diýen sözleriniň ýanynda hiç bolup galýar.

*Beýik sylag* babatda näme? Eger siziň goňşyňyz size: "Men saňa *juda uly* sylag bererin" diýen bolsa, bu ýakymly we jomartlyk bolardy, ýöne ol size köp zatlary teklip edip bilmezdi. Eger Birleşen Ştatlaryň iň baý adamy hem size şeýle diýen bolsa, siz has köp begenerdiňiz. Ýöne bularyň biri-de bu aýatda ýazylan bilen deňeşdirip bolmaz. Şu planetadaky we älemdäki ähli zatlaryň Eýesi Bolan sylag teklip edýär! Ol Ybrama şeýle diýýär: "Saňa taýynlan sylagym beýikdir!". Şeýle wadanyň möçberini göz öňüne getirmek kyn. Ýöne bu hem hemmesi däl.

Akyla sygmajak zatlaryň indikisi – Ýaradanyň wekil ibermän, hut Özüniň gelmegi. Gudratygüýçli Hudaý bu akyla sygmajak wadany ýüzbe–ýüz berýär. Munuň belentligini göz öňüne getirip bilýäňizmi? Her birimiziň duýup biläýjek joşgunymyzy, begenjimizi, bagtyýarlgymyzy we galpyldymyzy söz bilen beýan edip bolarmydy? Emma Ybramyň jogaby bu duýgularyň ýele ýanyndan hem geçenokdy. Aslynda, ol ruhlanman, gaýtam tukatlandy!

Ýöne Ybram şeýle jogap berdi: 'Eý, Hökmürowan Reb, Seniň ähli ýalkanyşlaryňyň maňa ne peýdasy bar? Meniň heniz-de perzendim ýok ahyryn'" (Gelip çykyş 15:2, NLT).

Siz onuň jogabyndaky nägileligi eşidýäňizmi? Haýran galaýmaly! Ýöne Ybramda hyjuwyň bolmazlygy položitel hadysa bolup bilermi? Eger Ybram: "Örän ajaýyp! Goý, hemme zat edil şu pursat başlansyn!" diýen bolsa, bu waka başgaça bolarmydy? Aslynda, şeýle soragy bermek has dogry bolardy: Eger Ybramyň jogaby şeýle bolan bolsa, Hudaý oňa görnermidi? Men–ä beýle pikir etmeýärin we näme üçindigini düşündirmäge ygtyýar ediň.

Meniň nämäni göz öňüme tutýandygymy aýdyňlaşdyrmak üçin, Ybramyň wakasyny bir minut gyra goýalyň. Köp ýyl geçenden soň, ysraýyllar çölde entänlerinde, olaryň nägileligi şahsy amatlyklaryndan

döreýärdi, bu hem olaryň çakylygyny ýitirmeklerine sebäp boldy. Olardan tapawutlylykda resul Pawlus şeýle diýmek bilen özüniň takwa garaýşyny bildirdi:

> “Men her ýagdaýda baryma kaýyl bolmagy öwrenendirin. Men mätäçligiň-de, bolelinligiň-de nämedigini bilýärin. Men doklukda ýa açlykda, bolelinlikde ýa mätäçlikde ýaşasam-da, garaz, her ýagdaýda we her halda kanagatly bolmagyň tärini öwrendim” (Filipililer 4:11–12).

Hudaý Pawlus bilen Ybram arkaly diňe özleri barada pikir etmeýän we kynçylyklary kabul edip biljek adamlary tapdy. Olaryň nägilelikleri öz hajatlary sebäpli däl-de, başgalar barada alada edendikleri sebäpli döreýärdi.

Şu prinsipi ýatda saklaň: eger nägileligiň sebäbi meniň şahsy mätäçligim bolsa, bu Hudaýyň göwnüne ýaramaýar. Ýöne nägileligiň sebäbi başgalaryň we Hudaýyň Şalygynyň gurluşygyndaky mätäçlikler bolsa, bu Hudaýyň göwnüne ýaraýar. Ybramyň nägileligi hut şeýledi; netijede näme boldy? Hudaý onuň beren aýanlygyny giňeldip, asmandaky ýyldyzlary, deňziň kenarýakasyndaky çägäni görkezdi we sylagynyň onuň sanap biljeginde-de köp adama täsir etjekdigini wada berdi. Bu Hudaýy: “Men seniň bilen äht ederin we *saňa juda köp nesil bererin*” (Gelip çykyş 17:2) diýip yglan etmäge höweslendirdi.

Ybram öz durmuşyndaky ajaýyp ýalkanyşlara kanagatlanan bolsa, näme bolardy? Ol 75 ýaşynda oglunyň boljakdygyna ynam edermidi? *Onuň nägileligi* köpel*tmeklik üçin stimul boldy.*

Men şeýle nägilelikleri ret etmezligi öwrendim: ol has ýokary netijelilige bökdürýän tramplin hökmünde bolýar. Laodikiýadaky ýygnaga hut şol ýetmeýärdi. Isa Mesih olary: “Men zada zar däldirin” (Aýanlyk 3:17) diýip pikir edýändigi üçin berk ýazgardy. Olar adamlaryň Hoş Habary kabul etmeýändiklerine gynanmaýardylar, sebäbi olar ähli ünsüni özlerine gönükldirip, öz bolelinliklerinde özlerini rahat duýýardylar. Netijede bolsa köpeltmä ymtylmaýardylar.

Sten hut şeýle meýle garşy göreşýärdi. Mende hem wagtal–wagtal

şeýle meýil döreýär, men ony ýeňmek üçin göreşýärin. Aslynda, şeýle zat biziň her birimiz bilen diýen ýaly hem bolup geçýär.

Men Hudaýa hyzmat etdigim saýy, şuňa köpden–köp aň ýetirýärin: hakyky imanlynyň çyn ýürekden getirýän miweleriniň biri – adamlaryň durmuşyna Hudaýyň Şalygynyň täsirini ýetirmek ugrundaky çuňňur yhlaslary bolup durýar. Biz gutulyşy alan pursadymyzdan özgerýäris we bütinleý başga şahsyýete öwrülýäris. Biz hyzmat etmäge hyjuwlanyp, gaýtadan dogulýarys. Isa Mesih şeýle diýýär:

> “Billeriňiz guşalgy, çyralaryňyz ýakylgy bolsun” (Luka 12:35).

Rebbimiziň bu tabşyrygy ähli imanlylaryň saklamaly pozisiýasyny – hyzmat etmek we hyzmat etmäge ymtylmak pozisiýasyny nygtaýar. Men “saklamak” diýen sözi ulandym, sebäbi ol eýýäm biziň täze tebigatymyzyň bir bölegi bolup durýandyr. Käwagt hyzmat etmek baradaky hakykat gutulyşyň mugt peşgeşdigine garşy gelýän garaýşyna, ýagny “işler arkaly halas bolmaklyga” ulaşmak gorkusy zerarly äsgerilmeýär. Emma hyzmat etmeklik “işler arkaly halas bolmaklyk” bilen hiç bir umumylygy ýok; ol biziň ruhumyzyň dogabitdi islegidir. Biz näme üçin täze durmuşymyzyň bu ähmiýetli tarapyna üns bermän, onuň ähmiýetini peseldýäris? Häzirki döwürde mesihilige gaýtadan aň ýetirmek islegi biziň imanymyzy diňe almany bilýän imana öwürýän bolmagy ahmalmy? Şeýtmek bilen, ynsanyň günäli tebigatyna mahsus bolan ýaltaçylyga höweslendirýän bolmagymyz ahmalmy?

Isa Mesih näme üçin: “Billeriňiz guşalgy bolsun” diýdi? Näme üçin Ol hyzmat etmekligi egin–eşik bilen deňeşdirdi? Aýanlyk kitaby bize munuň jogabyny berýär:

> “’Geliň, begeneliň hem şatlanalyň! Ony şöhratlandyralyň! Çünki Guzynyň toýy başlanýar, Onuň gelinligi hem *taýýar bolup dur*: oňa beslenmäge nepis, parlak, päk zygyrdan lybas berildi’. Bu lybas Hudaýyň halkynyň *dogry işleridir*” (Aýanlyk 19:7–8).

Birinjiden, biz gelinligi Hudaý däl-de, hut onuň özüni taýýnlandygyny görýäris. Ikinjiden, gelinligiň muny nädip edendigi wajyp. Durmuşa

çykýan gyzlaryň her biri toý lybasyny saýlanda, muňa köp wagtyny sarp edýär. Şeýle şanly gün üçin bu onuň iň wajyp işleriniň biridir. Günbatar medeniýetinde durmuşa çykýan gyz toý köýnegini gözläp tapmaga örän köp wagty sarp edýär. Hudaýyň Şalygynda Mesihiniň gelinligi hökmünde biz hem toý lybasymyzy *taýynlamaga* köp wagty sarp edýäris. Biziň lybasymyz nepis zygyr matadan edilen, Mukaddes Ýazgylaryň bu parçasyna laýyklykda ol biziň Hudaýyň Şalygyndaky hyzmatymyz bolup durýar. Şunlukda, biziň hyzmatymyz ruhy DNK–myz bolup durýar. Isa Mesih şeýle diýýär: "Atamyň Meni iberişi ýaly, Men hem sizi iberýärin (Ýohanna 20:21). Ol hyzmat etmek üçin geldi (ser.: Mark 10:45), biziň-de çakylygymyz şeýledir. Şeýle-de Ol hyzmat etmegiň näme üçin wajypdygyny düşündirýär: "Meniň iýmitim Özümi Ibereniň yradasyny berjaý etmekdir, Onuň işini ýerine ýetirmekdir" (Ýohanna 4:34).

Biz fiziki iýmitsiz uzak çydap bilmeýäris. Şalygy bina etmek üçin hyzmat edýän imanly hem hut şeýle tärde iýmitsiz uzak çydap bilmän, ahyrda imandan däner. Isa Mesih bu barada Lukanyň kitabynyň 12-nji babynda aýtmagyny dowam edýär. Hut şu sebäpdenen günä batan bu dünýewi ulgamyň güýçleri köpeltmä eltýän nägileligi saýlamaga derek durmuşa kanagatlanma we wagtyhoşlyk bilen garamaklygy saýlamagymyz üçin, elinden geleneni aýamaýar.

Şoňa görä-de, eziz okyjym, öz täsiriňiň derejesi babatdaky nägileligiňe äsgermezçilik etme. Hudaý muny köplenç sizi gudratly köpeltmä höweslendirmek üçin ulanýar.

## MENIŇ NÄGILELIGIM

"Şeýtanyň aly" atly kitabym diňe Birleşen Ştatlarda däl, eýsem başga ýurtlarda hem meşhur bolandan soň, men muňa kanagatlanandyryn diýip pikir etmegiňiz ahmal. Ýöne bu beýle däl. Men başga derejedäki nägilelik bilen göreşip başladym.

Men eýýäm uly ýygnaklarda we uly konferensiýalarda wagyz edýärdim, ýöne tutuş habarymy bir ýygnagyň dowamynda berip bilmeýänligimden nägiledim. Men bir kitaby ýazmaga takmynan 400 sagat sagat sarp edýärin. Men şol habary ýazan döwrümde Mukaddes Ruh maňa köp zatlary aýan etdi. Bu habar Hudaýyň söýýänlerini

berkitmek, azat etmek we Oňa ýakynlaşdyrmak üçin niýetlenendir.

Ýygnaklaryň we konferensiýalaryň köpüsinde wagza 35–45 minut berilýär. Şoňa görä-de, "Şeýtanyň aly" mowzugy boýunça wagyz edenimde, men bir baby, iň oňat ýagdaýda bir ýarym baby aýdyp ýetişýärdim. Bu bolsa adamlaryň habaryň 90%–ni almaýandygyny aňladýardy. Olar, elbetde, kitaby satyn alyp, okap bilýärdiler, ýöne muny gatnaşyjylaryň adatça diňe bäşden bir bölegi edýär.

Meniň nägileligimiň netijesinde, şu kitap çap edilenden 4–5 ýyl soň kelläme bir pikir geldi. "Şeýtanyň aly" kitabynyň esasynda okuw toplumyny döretsek nähili bolar? Men kitabyň her babyndaky esasy hakykatlary wagyz edýän 12 sany ýarym sagatlyk wideo sapaklary ýazyp bilerdim. Onsoň adamlar bu habary kiçi toparlarda ýa-da özbaşdak diňe okaman, eýsem görüp we diňläp, doly alyp bilerdiler. Şeýle usul bu habaryň netijeliligini hem artdyrardy. Biz toparlarda ýa-da özbaşdak öwrenilende pikir alyşmak üçin soraglary düzüp bilerdik, bu bolsa Mukaddes Ruha adamlara has çuň galtaşyp, bu habary her bir adam üçin has haýyrly ederdi.

Men muny öz toparymyz bilen geňeşdim. Toparymyzyň bir agzasy gatnaşyjylar üçin şol 12 wideo sapagyň üstüni doldurjak iş depderini we liderler üçin gollanmalary döretmegi teklip etdi. Bu okuw toplumyny her dürli şertlerde ulanyp bolardy.

Biz bir oňat kompaniýany tapdyk, ol şeýle materiallary 2500-den gowrak müşderilere, şol sanda Birleşen Ştatlardaky iň uly korporasiýalaryň birnäçesine şeýle materiallary öndürip berýärdi. Biziň talaplarymyz ilkibaşdan şeýledi: "Işde geleňsizlige asla ýol bermezlik, hil meselesine çynlakaý garamak we işe ýokary innowasion usulda çemeleşmek. Tär we usullar babatda birnäçe ýyl öňe ozmaga ymtylmak". Şu ýerde bir zady belläp geçesim gelýär. Bir gezek maňa ABŞ–nyň bir prezidentiniň iş toparyna Mukaddes Ýazgylary öwrenmek boýunça sapagy geçirmek miýesser etdi. Men Ak tama Günbatar ganatyndan girip, ähli ýerdäki ajaýyplygy gördüm. Şol gün men şeýle pikir etdim: "*Bularyň bary Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň prezidentini görkezýär; biz "Messenjer Interneşenelde" älemiň Şasyny görkezýäris*". Biz ýokary hili ilkibaşdan nygtandygymyza garamazdan, şol wakadan

soň hil babatda talapediji bolmak we işde geleňsizlige asla ýol bermezlik babatda aýgytly karara geldik.

Biz okuw toplumyny taýýarlap bolan badymyza toparymyzyň iki agzasynyň wezipelerine gaýtadan garaldy; olar doly iş gününiň dowamynda telefon jaňlary edip başladylar (2000-nji ýyllaryň başynda bu ýygnak liderleri bilen aragatnaşygyň iň oňat usulydy). Olaryň wezipesi soňky on ýylyň dowamynda wagyz eden ýygnaklarymyň ählisi bilen habarlaşyp, liderlere bu okuw toplumymyz barada habar bermekden ybaratdy. Biz ýerli ýygnaklary berkitmek üçin çopanlary goldamagy we olara ýygnak agzalaryny okatmakda kömek etmegi çyn ýürekden isleýärdik. Şol döwürde şeýle okuw toplumlary köp däldi; şeýle usul heniz giňden ýaýramandy.

Liderler bu pikirimizi goldanlarynda, biz örän begendik, olaryň seslenmesi akyla sygar ýaly däldi! Birnäçe wagt geçenden soň ýygnaklar kiçi toparlara, şeýle-de esasy ýygnaklara gatnaşýan adamlaryň sanynyň artýandygyny habar berip başladylar. Biz ilkibaşda bu okuw toplumyny agzalary 100-den az bolan ýygnaklar öz wagyz hyzmatlarynda ulanar öýtdük. Emma birnäçe müň agzalary bolup, bu wideo sapaklary ýekşenbe günlerindäki hyzmatlarynda ulanýan ýygnaklar hem bardy, olar hem ösýärdiler. Liderler ýekşenbe ýygnaklarynyň baýramçylyk günlerine düşen wagtynda ýygnak agzalarynyň indiki sapagy sypdyrmazlyk maksady bilen ony baýramçylyk günlerindäki hyzmatda görkezmezligi haýyş edýändiklerini habar berýärdiler. Bize agzalarynyň sany iki ýa üç esse artan ýygnaklar hat ýazýardylar.

Çopanlar öz çopan dostlaryna ýygnaklarda ýa-da kiçi toparda bolup geçýän ýagdaýlar barada gürrüň berýärdiler. Bu okuw toplumyny edinmek üçin indi çopanlaryň özleri bize jaň edýärdiler. Birnäçe ýylyň dowamynda biziň okuw toplumymyzy müňlerçe ýygnaklar – Birleşen Ştatlardaky 20 müňden gowrak ýygnaklar we Awstraliýadaky ýygnaklaryň müňden gowragy ulandy. Biziň ýygnagara gatnaşyklar bölümimiz ulaldy, onda indi ýedi işgär doly iş gününe işleýärdi. Biz özgeren durmuşlar, maşgalalar we ýygnaklar baradaky şaýatlyklary dyngysyz alýardyk.

Indiki birnäçe ýylyň dowamynda biz hyzmatymyzyň çykaran esasy kitaplarynyň her biri üçin okuw toplumlaryny döretdik. Hyzmatymyzyň

12 ýylynyň dowamynda okuw toplumlarynyň ondan gowragy döredildi, olar Birleşen Ştatlaryň ählisinde we tutuş Awstraliýadaky ýygnaklarda ulanylýardy.

Bu köpeltmäniň ozal göz öňüne tutulmadyk, ýöne soňra ýüze çykan bir tarapy bardy. Meniň kitaplarymyň birini-de asla satyn alyp bilmejek, wagyzlarymyň birine-de eşidip bilmejek adamlaryň ägirt sany indi bu habary eşidýärdiler. Olar liderleri materiallarymyz arkaly öwretmek islän ýygnaklaryň we kiçi toparlaryň agzalarydy.

## "SEN SADYK BOLDUŇ"

Biz, elbetde, minnetdarlyk duýgusyndan doludyk! Satylan kitaplaryň sany eýýäm birnäçe milliona, okuw toplumlaryň sany bolsa bürnäçe ýüz müňe ýetipdi. Ýöne men heniz-de nägilelik bilen göreşýärdim. Men bu habarlaryň Isa Mesihiň Bedenine niýetlendigini bilýärdim. Olar eýýäm uly hasyl berýän bolsa-da, bu habara mätäç imanlylaryň ýene-de köp mukdarynyň bardygyny bilýärdim.

Men kitaplarymyzy satyşymyzda-da has köp ýaýratmak mertebesini Hudaýdan dileýärdim. Men bütin dünýäde serişdeleri bolmadyk, hatda bu kitaplary satyn alyp bilmeýän çopanlaryň, liderleriň we imanlylaryň bardygyny bilýärdim. Gizlinlikde ýygnanýan imanlylaryň millionlarçysy bardy, olaryň ýurdunda mesihilik kitaplaryň satuwy gadagandy. Dürli ýurtlarda ýaşaýan imanlylaryň aglabasynyň bu kitaplary ýurduň içine aşyrmak üçin serişdeleri ýokdy.

Biz olara nädip kömek edip bilýärdik?

Men mätäçligiň ägirtdigini bilýärdim, ýöne bu çopanlar we liderler bilen aragatnaşygy nädip ýola goýmalydygyny göz öňüme getirip bilemokdym. Emma biz nämedir bir zatlary etmelidik. Biz kabul edilen mätäçlikleriň öwezini dolup başladyk. Biz halkara direktorymyza ösüp barýan ýa-da Hoş Habara duşmançylykly garaýan ýurtlardan haýsydyr bir toparyň liderleriniň kitaplar babatda haýyş bilen ýüzlenseler, bu kitaplary sowgat hökmünde iberjekdigimiz ýa-da olary öz ýurtlarynda çap ederleri ýaly serişdeler bilen üpjün etjekdigimiz barada görkezme berdik.

Meniň nägileligim artýardy, sebäbi biz ýylda 10–20 müň kitap

satmak bilen, bar bolan mätäçligiň diňe ujypsyzja böleginiň öwezini dolýardyk. Bu öwrediji materiallara bolan hakyky mätäçlik bilen deňeşdirilende, deňze damýan damja ýalydy. Emma muňa garamazdan, biz muny ýylsaýyn edýärdik, özümize duş bolýan mümkinçilikleriň hemmesini ulanýardyk.

Şondan soň ýatdan çykmajak gün – 2010-njy ýylyň 31-nji maýy ýetip geldi. Liza gelin–gyzlaryň konferensiýasynda hyzmat etmek üçin Angliýa gidipdi. Men golf oýnundan ýaňyja dolanyp gelipdim. Men öz Mukaddes Kitabymy alyp, ýerzemine düşdüm we Danyýel kitabyny okamaga bolan höwesi duýdum. Men ikinji baby okap otyrkam, birdenkä Rebbiň Ruhy ýerzeminimizi doldurdy we ýüregimde şeýle sözleri eşitdim: "Ogul, sen iňlis dilinde gürleýän ýurtlarda *sadyk* bolduň. Indi Men öz habarlaryňy dünýädäki her bir çopanyň, her bir lideriň eline bermegiňi isleýärin".

Hudaýyň huzury birnäçe minutlap dowam etdi. Men tä ol alynýança, galpyldadan dolup, haýran galyp durdum. Men şol gün özgerişligiň bolandygyny bilýärdim. Biz mundan buýana diňe duş bolýan mümkinçilikleri ulanmaly däldik; biz Hudaýdan tabşyryk aldyk. Indi biz mätäçligi bolan çopanlary we liderleri olaryň ýaşaýan ýurduna, diline we maddy ýagdaýyna garamazdan ýörite gözlemegi maksat edindik.

Mukaddes Ruhuň "*sadyk*" diýen sözi ulanmagy meniň ünsümi çekdi. Şol döwürde men sadyklygy köpeltme bilen baglanyşdyrmaýardym – bu hakykat maňa heniz aýan edilmändi. Eger menden sadyklygyň Mukaddes Kitap babatdaky kesgitlemesini soran bolsalar, "*köpeltme*" diýen sözi kelläme-de gelmezdi. Mukaddes Ruhuň öýümiziň ýerzeminindäki sözleri ýüregimiň bu hakykata açylmagy üçin başlangyç boldy. Men Hudaýy eşidendigimi bilýärdim, ýöne heniz-de hyzmatymyzyň şeýle ägirt wezipäni nädip amal edip biljekdigi barada oýlanýardym.

Liza ikimiziň köne dostumyz bar. Onuň ady Rob Birkbek; ol bir meşhur hoş habarçynyň bütindünýä hyzmatynda işleýärdi. Rob bu hyzmatyň baş direktorydy we bu hoş habarçynyň kitaplaryny çap etmek we olary ýaýratmak bilen meşgullanýardy. Şonuň üçin-de, Robuň dünýäniň her ýurdunda diýen ýaly neşirýatçylar we çopanlar bilen gowy aragatnaşygy bardy. Şol döwürde Rob şol hoş habarçy zähmet dynç

alşyna çykansoň, işsiz galypdy. Liza ikimiz Roby aýaly Wanessa bilen toparymyza goşulmaga çagyrdyk, sebäbi bizde ýaňy–ýakynda halkara direktor wezipesi boşapdy. Ýöne biziň hiç birimiz-de munuň täsiriniň nähili boljakdygyna asla aň ýetirmeýärdik.

2011-nji ýylyň ýanwar aýy gelip ýetdi. Men mejlisler zalymyzda hyzmatymyzyň bölüm müdürleri bilen ýygnak geçirýärdim, bu ýygnaga Rob bilen Wanessa hem gatnaşýardylar. Şol duşuşyk wagty men şeýle sorag berdim:

– Biz geçen ýyl daşary ýurtdaky çopanlar we liderler üçin näçe kitap ýaýratdyk?

Toparymyzyň bir agzasy ýyl hasabatyna garap:

– Otuz üç müň kitap – diýip jogap berdi.

Ol hoşamaý seslenme eşider öýtdi, emma ýok. Men kanagatsyzlygymy mundan buýana saklap bilmän:

– Bary–ýogumy? – diýdi. Şondan soň meniň agzymdan:

– Biz şu ýyl ösüp barýan we Hoş Habara duşmançylykly garaýan ýurtlardaky çopanlar we liderler üçin 250 000 kitap ýaýradarys – diýen sözler atylyp çykdy.

Otagda oturanlaryň sesine suw sepilen ýaly boldy. Ýygnakdan soň Liza maňa şol pursat aşgazanyndan ýokary galan naharyň tagamyny duýandygyny aýdyp berdi (onuň wäşilik duýgusy diýseň ajaýyp).

Ilki bilen biziň ýerine ýetiriji direktorymyz – nowbahar oglumyz dillendi:

– Kaka, sen şeýle köp kitaby ýaýratjak diýýäniňi çynyň bilen aýdýarmyň?

– Elbetde – diýip men çynlakaý jogap berdim.

Ol maňa indiki 20 minudyň dowamynda sorag yzyna sorag bermesini dowam etdi. Men ýygnaga gatnaşyp, ümsüm oturanlaryň öňünde onuň soraglaryna jogap berdim. Edison örän salykatlydy, ýöne meniň görkezmämi ýerine ýetirip bolmajakdygyny dyngysyz gaýtalaýardy. Iň ahyrynda ol lapykeçlik bilen:

– Men toparymyzyň öňünde amal edip bolmajak wezipäni goýasym gelenok! – diýdi.

Men mundan buýana muňa çydamakçy däldim. Men ýumrugymy stola urup, berk äheňde şuny yglan etdim:

– Men şu ýyl 250 00 müň kitap ýaýratjakdygymyzy aýtdym!

Otaga ümsümlik aralaşdy. Ýygnak tizara tamamlandy, hemmeler ondan ýakymsyz duýgular bilen çykyp gitdiler.

Ertesi gün oglum bilen ikiçäklikde galanymyzda, oglum:

– Men seniň meniň bilen gürleşeşiňden ýaňa özümi birhili duýdum – diýdi.

Biziň ikimiziň-de eýýäm ýaraşasymyz gelýärdi.

– Oglum, sen toparymyzyň öz goşandyny edenini halaýandygymy bilýärsiň – diýip jogap berdim. – Men gutarnykly çözgüdi kabul etmezden ozal her biz agzanyň teklibini we pikirini derňäp görýärin. Ýöne düýn hemme zat başgaçady. Men sizden: “250 000 kitap ýaýradanymyza degýärmi?” ýa-da “Indiki ýylda näçe kitap ýaýratmaly diýip pikir edýäňiz?” diýip soramadym. Men şony ederis diýip aýtdym! Emma sen meniň bilen 20 minutlap jedelleşip durduň.

Ol muny boýun alyp, razylaşdy, ýöne asuda äheňi bilen şoňky haýyşyny mälim etdi:

– Kaka, indiki 24 sagadyň dowamynda bu barada dileg edip bilermiň? Eger şondan soňra hem şeýle etmelidigine ynansaň, toparymyz muny amal etmek üçin elinden gelenini eder.

– Elbetde! – diýip, men jogap berdim.

Dogrymy aýtsam, bu barada ýörite dileg-de etmedim! Men beren sözümde tapylmak üçin gysgajyk dileg etdim, ýöne Hudaý bilen öýümiziň ýerzeminindäki şol duşuşyk sebäpli munuň hut şeýle edilmelidigini eýýäm bilýärdim.

Siziň: “Ynjalyksyzlyk duýduňyzmy?” diýip soramagyňyz ahmal. Şübhesiz. Men gorka gaplandym diýse-de boljak! Men serişdeleriň nireden gelip biljekdigi barada pikir etmegi özüme gadagan edýärdim. Eger men özüme şu ýoldan ýöremäge ygtyýar eden bolsam, onda oglum bilen derrew ylalaşyp, kitaplaryň sanyny has “paýhasly” görünýän mukdaryna çalşardym. Çärýek million baradaky maksat mümkin däl bolup görünýärdi, ýöne men alan görkezmäme eýermegi

ýüregime düwdüm. Men ýa döredijilikli strategiýany ýa-da gudratly üpjünçiligi aljakdygymyzy bilýärdim. Ýöne ikiden biriniň däl-de, ikisiniň-de boljakdygyny men nireden bileýin!

Şondan üç hepde geçensoň, men Floridada myhmanhana otagymda täze kitabymy ýazyp otyrdym. Biziň toparymyz maňa irden, kitap ýazýan wagtym, jaň etmeli däldigini bilýär, sebäbi bu ünsümi jemläp bilýän iň oňat wagtym bolýar. Telefonym jyňňardady, men ofisden jaň edilýändigini gördüm. Men telefony galdyrdym, sebäbi haýsydyr bir gaýrygoýulmasyz ýa-da wajyp zadyň ýüze çykandygyny bildim. Men aňyrdan şatlykly sesleri eşitdim. Üç hepde mundan ozal şol dartgynly ýygnaga gatnaşanlar şol jaňyň gelen otagynda üýşüp, begenýärdiler we gülýärdiler.

Edison şeýle diýdi:

– Kaka, biz 250 000 kitap ýaýratmakçy bolýanlygymyz barada maliýe hyzmatdaşlarymyza resmi habarnamalary ibermändik. Ýöne toparymyzyň bir agzasy öz tanşyna maksatlarymyz barada aýdanda, ol bu taslama üçin 300 000 dollar sadaka berjekdigini wada berdi!

Şol wagta çenli hyzmatymyzyň bir adamdan alan iň uly sadakasynyň möçberi 50 000 dollardy. Olaryň şatlygyna indi men hem goşuldym! Haýran galmakdan we şatlykdan doly sözleriň ençemesinden soň men hemmelere:

– Üç hepde mundan ozal duşuşyk wagty näme üçin şeýle tutanýerlik bilen gürlänime indi düşünýäňizmi? – diýdim.

Meniň oglum güldi-de, bada–bat şeýle diýdi:

– Kaka, eger sen bir million kitap ýaýratmaly diýseňem, men bar!

Beýlekileriň hemmesi hem onuň sözlerini çyn ýürekden tassykladylar.

Men şol säheri asla unutmaryn. Men tefony goýanymdan soň hiç zat ýazyp bilmedim. Meniň bar başaran zadym – myhmana otagymda ikiýana aýlanyp: “Minnetdar Saňa! Minnetdar Saňa! Minnetdar Saňa!” diýýärdim. Men ýüregimde diňe bir suraty – ruhy ajygan we şägirtçilik materiallaryna şeýle mätäç bolan çopanlaryň we liderleriň olary alşyny görýärdim.

Men Edisonyň şeýle açyk bolup, sorag berenine minnetdar. Men onuň öz pikirlerini içinde saklaman, şol duşuşykda hemmeleriň

duýýan zadyny aç-açan mälim edendigine minnetdar. Olar Edisonyň soraglarynda öz ynjalyksyzlyklarynyň beýan edilendigini eşidendirler, ýöne bu pikirlere garşy berk garşy çykmalydy. Bu waka bizi öz gorkularymyz bilen ýüzbe-ýüz bolmaga mejbur etdi. Eger men bu gorkulara gulak asan bolsam, olar biziň ugrumyzy üýtgedip, öz mümkinçiliklerimiziň çäginde galmaga mejbur ederdiler. Biziň aýanlygymyz sönerdi we biz şeýle uly we jomart sadakany almazdyk. Biz, belki, 50 000 kitap ýaýradyp, näbellilikde galardyk.

Biz maksat goýduk; Mukaddes Ruh ony eşitdi, soňra bolsa şol adamyň şol adatdan daşary sadakany bermegi üçin, onuň ýüregine galtaşdy. Biz bolsa topar hökmünde imanyň täze derejesine galdyk.

Şol ýyl biz Hudýyň merhemeti bilen dünýäniň 48 ýurdunda çopanlar we liderler üçin 271 700 kitaby ýaýradyp bildik. Bu ýurtlaryň arasynda Eýran, Yrak, Siriýa, Liwan, Özbegistan, Gazagystan, Türkmenistan, Horwatiýa, Albaniýa, Müsür, Wýetnam, Mýanma, Kamboja, Hytaý, Mongoliya, Türkiýe, Afrikanyň mätäç ýurtlarynyň ençemesi we beýlekiler bar. Ozalky ýyllarda biz onlarça müň kitaby ýaýradýardyk, indi bolsa çärýek milliona geçdik. Biziň netijeliligimiz sekiz esseden-de köp artdy. Hudaýa şükür, bu beýik köpeltme!

## HAS KÖP NÄGILELIK

Mundan köp bolup bilermidi?

2011-nji ýylyň maý aýynda, mejlisler zalynda geçen dartgynly geçen şol ýygnakdan dört aý geçenden soň, Rob bilen men Liwanyň paýtagty Beýrutda Ýakyn Gündogaryň ähli ýurtlarynan gelen çopanlara we liderlere hyzmat edýärdik. Hyzmatlaryň arasyndaky arakesme wagty Rob ýanyma haýyş bilen geldi:

– Yragyň Erbil şäherinden bir çopan seniň bilen biraz gürleşmek isleýär. Sen onuň bilen duşuşyp bilermiň?

– Elbetde!

Rob biziň duşuşygymyzy myhmanhananyň westibýulynda gurnady. Bu ýaş çopan 35 ýaşlaryndady, onuň gözleri yhlas bilen ýanýardy. Men onuň Şalygyň gurluşygy üçin bilini berk guşandygyny aýdyp bilýärdim. Ol

hyzmat üçin geýnendi we çyrasy güýçli ýanýardy! Ol Erbilden bir maksat – taglym we adamlar bilen duşuşmak arkaly imanda bekemek üçin gelipdi. Men onuň öňdebaryjy we täzelikçi çopandygyny bada-bat aýdyp bilýärdim. Ol azaşanlar üçin düşnükli we elýeter bolmagyň ähmiýetine düşünýärdi.

Biziň söhbetdeşligimiz ýeňil we ýakymly gürrüňlerden başlap, soňy çynlakaý gürrüňe geçdi. Ol maňa şeýle diýdi:

– Çopan Biwer, men sizi ruhy atam saýýaryn. Men siziň ähli ýazanlaryňyzy okaýaryn (onuň diline kitaplaryň diňe birnäçesi terjime edilendi, ýöne ol iňlis dilini bilýärdi). Men siziň “Messenjer Interneşenel” websaýtyňyzdaky materiallaryňyzy indermek üçin hatda öz bank kartymy ulanýaryn...

Şol wagt depämden gaýnag suw guýlan ýaly boldum. Men şondan soň näme barada gürrüň edenimiz ýadyma düşenok diýen ýaly. Meniň aňym: “Men Yrakdan – uruşdan ýaňa boşan we ezilen ýurtdan gelen çopana seredýärin we ol saýtymyzdaky materiallary almak üçin öz bank kartyny ulanmaly bolýar?” diýip gygyrýardy. Men Hudaý bilen ikiçäklikde galyp, bu mätäçligi Onuň huzuryna eltmäge howlugýardym.

Men bu çopan bilen hoşlaşanymdan soň, göni otagyma gitdim-de, gapymy ýapdym. Men örän gynanýardym we gygyryp, şeýle diýdim:

– Ýa Hudaý, Sen maňa ynanan habarlaryňy bütin dünýäde olara mätäç bolan çopanlara we liderlere nädip ýetirmelidigimi görkezmeli!

Goňşy otagda kimiň bardygy meni gyzyklandyranokdy. Men göklerden bolan strategiýany eşitmelidim we Onuň tabşyrygyny nähili amal edip, bu materiallary bütin dünýädäki liderlere nädip ýetirmeligine düşünmelidim.

Şu güýçli dilegden birnäçe gün geçenden soň, kelläme bir pikir geldi. Bu pikir maňa hyzmatymyza goşmaça zähmeti we köp çykdajylary sarp etmezden birnäçe esse netijeli bolmaga ýardam etjek strategiýany berdi.

Bu örän ajaýyp pikirdi... we ol diňe Hudaýyň danalygy arkaly berlip bilýärdi. Ol diýseň ýönekeýdi, ýöne ozal kellämize hiç gelmändi. Okamagy dowam ediň!

## OÝLANYŇ

1. Ynjalyksyzlyk we nägilelik köplenç imanymyzy köpeltmä höweslendirip bilýär. Hudaý sizi durmuşyňyzyň kesgitli çäginde ösmegä çagyrýarmy? Eger çagyrýan bolsa, siz Onuň çakylygyna nähili jogap berýärsiňiz?

2. Eger nägileligiňiziň sebäbi şahsy mätäçligiňiz bolsa, bu Hudaýa ýaramaýar. Emma nägileligiňiziň sebäbi başga adamlaryň mätäçlikleri we Hudaýyň Şalygynyň gurmagyň mätäçlikleri bolsa, bu Hudaýyň göwnüne ýaraýar. Siziň nägileligiňiziň sebäbi näme?

3. Meniň 250 000 kitap baraky wakam hakynda oýlanyň. Hudaýyň wadalaryny almakda we köpeltmäniň täze derejelerine ýetmekde iman näme üçin şeýle wajyp? Hatda başgalaryň siziň bilen ylalaşmaýan ýagdaýlarynda-da näme üçin Hudaýa tabyn galmak şeýle wajyp?

# MessengerX

***Gündeki şägirtçilik üçin priloženiýaňyz***




## Bütinleý mugt!

Öz el telefonyňyza indiriň we ulanyp başlaň ýa-da saýtdaky web-görnüşini ulanyň:

**MessengerX.com**

### 110-dan gowrak dilde, bu hem ahyrky çägi däl

- 110-dan gowrak dile terjime edilen materiallary bada-bat görüň.
- Biz täze terjime edilen materiallary hemişe goşup durýarys.

# Serediň. Okaň. Diňläň.

Resurslaryň uly kitaphanasyny gözden geçiriň. Onda okuw toplumlary, elektron kitaplar, audiokitaplar, gysga metražly filmler we başga zatlar bar. Siz olara tomaşa edip bilersiňiz, olary okap we diňläp bilersiňiz.



## Siziň halajak funksiýalaryňyzyň has köp görnüşi!

- Şu materiallary paýlaşmaga mümkinçilik berýän sada we aňsat gurallar.
- Siziň söýgüli akylly telewizorlaryňyzda tomaşa etmäge mümkinçilik berýän Chromecast и AirPlay.
- Ýeten sepgitleriňizi öz enjamlaryňyzyň ählisinde saklaň. Halan materiallaryňyzy bada-bat  tapmak üçin, olaryň öz kitaphanaňyzda saklaň.
- Materiallary offlaýn görmek üçin, olary öz enjamlaryňyza indiriň.
- Anyk gözleýän zadyňyzy tapmak üçin, akylly gözleg we süzgüç.




## Iň wajyp çäklerdäki ösüş

Maşgala, sagdyn gatnaşyklar, durmuşyňyzyň maksady, pornografiýadan azat bolmak, imanyňyzy berkitmek, Hudaýyň sesini eşitmek, işewürlikdäki liderlik we başga-da mowzuklary derňäň.

## Siziň ösüňize alyp barýan ýol

Messenger X-iň maksady – durmuşyňyzdaky indiki ädimi etmäge ýardam bermek. Siziň şu ýolda bolmagyňyz üçin,  biz şägirtçiligiň ýörelgesini we güýçli gurallary işläp düşdük.




1 **MessengerX** priloženiýasyny Apple Store we Google Play-dan indirip alyň.

2 Öz hasabat sahypaňyzy dörediň we priloženiýany öz diliňizde ulanyň.

3 Halan resurslaryňyzy gözden geçiriň, okaň, görüň, diňläň, indiriň we olary başgalar bilen paýlaşyň.

# Şägirt boluň, şägirt ediniň

Siz **MessengerX** -iň bir bölegi bolmak bilen, terjime edilen materiallary dünýäniň ähli künjeklerindäki adamlara ýetirmäge kömek edersiňiz.

***Çünki her bir adam bilmäge mynasypdyr!***

MessengerX

Download on the App Store

GET IT ON Google Play

**MessengerX.com**

*Näme etmelidigini bilmeýän bolsaňyz,*
*Ataňyza dileg ediň. Ol kömek etmegi halaýar.*

- Ýakup 1:5, The Message terjimesi

# 8

# STRATEGIKI PIKIRLER

Men *ylhamlandyrylan strategiki pikirleriň* örän gymmatlydygyna ýylsaýyn has köp göz ýetirýärin. Biz köplenç Hudaýyň üpjünçiligi we kömegi oýlanyşykly meýilnamanyň bolmadyk ýagdaýynda hem geler diýip garaşýarys, ýöne, kada bolşy ýaly, bu beýle bolmaýar. Muňa derek Hudaýdan ylhamlandyrylan strategiki pikirler gelýär! Mukaddes Kitapda bu delili subut edýän mysallaryň ençemesi bar, olardan birnäçesini agzap geçmäge ygtyýar ediň:

*Strategiki pikir* – millionlarça adamlar suw içip biler ýaly, ajy suwa agaç bölegini oklamak (ser.: Gelip çykyş 15:22-25).

*Ylhamlandyrylan pikirleriň* ýene biri – millionlarça adamy suw bilen üpjün etmek üçin gaýany urmak (ser.: Gelip çykyş 17:5-6).

*Strategiki pikir* – alty günüň dowamynda günde bir gezek güýçli berkidilen diwarly galanyň daşyndan aýlanmak. Mundan soňraky strategiki pikir – galanyň daşyndan ýedi gezek aýlanyp, ondan soň ähli surnaýlary çalyp, gatydan gygyrmak. Maksat – gala aralaşmak we ony ele salmak (ser.: Ýeşuwa 6).

*Strategiki pikir* – iň ökde söweşijileri kesgitlemek: onlarça müň söweşijä gözbaşdan suw içmegi buýurdylar, soňra bolsa gözüni suwa gönükdirenleri gözüni söweş meýdanyndan aýyrman suw içen esgerlerden bölüp aýyrdylar (ser.:Ysraýyl serdarlary 7:4-6).

*Strategiki pikir* – duşmana maňlaýyndan hüjüm etmän, aýlanyp, onuň ýeňse tarapyndaky tokaýlyga barmak we tut agajynyň

ýokarsyndan nyzamly gadamlaryň sesine garaşmak; bu Rebbiň söweşde kömek edýänliginiň alamatydy (ser.: 2 Şamuwel 5:22-25).

*Strategiki pikir* – güýçli açlyk döwründe dul aýal bilen oglundan iň soňky naharlaryny özleri iýmän, ony pygambere bermegi soramak. Olar gulak asyp, beýleki köp maşgalalar ýaly açlykdan ölmediler (ser.: 1 Patyşalar 17:8-15).

*Strategiki pikir* – bergä batanlygy zerarly iki ogly elinden alynjak bolýan dul aýaldan öýünde nämeleriň bardygyny soramak. Soňra bolsa goňşularyndan boş gaplary sorap, olaryň baryny öýünde bar bolan ýeke-täk zatdan – az mukdardaky zeýtun ýagyndan doldurmagy, onsoň bu ýagty satyp, bergilerini üzmegi üçin görkezme bermek (ser.: 2 Patyşalar 4:1-7).

*Strategiki pikir* – keseli bolan harby baştutany Iordan derýasyna ýedi gezek çümüp çykmaga ibermek; netijede ol doly şypa aldy (ser.: 2 Patyşalar 5:1-19).

*Strategiki pikir* – beýik ýeňiş gazanan goşunyň öňünden öwgi we sežde toparyny ibermek (ser.: 2 Ýyl ýazgylary 20:21-26).

*Strategiki pikir* – has sagdyn bolmak we ýurdň iň oňat ýaşlarynyň arasynda has oňat görnüp, saýlanmak üçin, patyşanyň bol saçagyndan iýmän, gök önümleri iýmek (ser.: Danyýel 1:8–16).

*Strategiki pikir* – iň oňat şeraby almak we toý meýlisini halas etmek üçin, suw humlaryny we ter suwy ulanmak (ser.: Ýohanna 2:6-10).

*Strategiki pikir* – ujypsyz nahary alyp, şükür edip, ony bölmek we paýlap müňlerçe adamy doýurmak (ser.: Matta 14:13-21).

*Strategiki pikir* – tüýkürip, palçyk etmek we ony kör adamyň gözlerine ýapyp, görejiniň dikelmegi üçin ony ýuwunmaga ibermek (ser.: Ýohanna 9:6-7).

*Strategiki pikir* – gark bolup barýan gämini taşlamazlyk; netijede gämidäkileriň hemmesi halas boldy (ser.: Resullaryň işleri 27:21-44).

Şu ýagdaýlaryň hersinde ylhamlandyrylan pikirler Hudaýyň ara goşulmagyna getirýärdi. Siz olaryň her birindäki umumy maýdalawjyny görýärsiňizmi? Bu strategiýalar adamlar özlerinde eýýäm bar bolan zady ulanmalydygyny ýa-da haýsydyr bir zady başgaça etmelidigini göz

öňüne tutýardy. Ýagdaýlaryň her birinde Hudaýyň üpjünçilligi haýsydyr tanyş bir zada dolangydy. Başga sözler bilen aýdylanda, gudratly zada alyp barýan esasy zat gözbagçynyň hereketindäki ýaly peýda bolmaýar.

Adatdan daşary netijeleri gazanmak üçin, Hudaý köplenç adaty zady adaty däl törde nädip ulanmalydygy görkezmek üçin strategiýa berýär. Hut şu sebäpdenem ylhamlandyrylan pikirler diýseň wajypdyr. Şeýle ýazylgy: "Danalygyň başy şudur — oňa eýe bol. Bir zat satyn alsaň — paýhas al" (Süleýmanyň pähimleri 4:7). Hudaýyň danalygynyň bir görnüşi – strategiki ideýa; oňat habar bolsa Hudaýň bu danalygy saklap durmaýandygyndan ybaratdyr. Biz adaty däl kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolanymyzda, Ýakup pygamber bize şeýle diýýär:

"Eger size danalyk [strategiki pikir] gerek bolsa, merhemetden doly Hudaýymyzdan diläň, Ol ony size berer. Ol dilegiňiz üçin size minnet etmez" (Ýakup 1:5, NLT, dörtburç ýaýdaky düşündirişler meniňki).

Ol size bu danalygy aýdyň görkezer, ony saklamaz we sizden gizlemez. Bu Onuň wadasy. Emma ylhamlanan strategiki pikiri almak üçin, berjaý edilmeli iki şert bar:

> "*Berk iman bilen*, aljakdygyňyza şübhelenmän dileýändigiňize göz ýetiriň. Sebäbi şübhelenýän adam bir salym ynanyp, beýleki bir salymda bolsa şübhelenýär. Şübhelenme sizi ýeliň eýläk-beýläk çaýkaýan deňiz tolkuny ýaly edýär. Siz bir salym ýokarda, indiki birinde bolsa aşyk zyňylýarsyňyz. Siz *ynamsyz we şübhelen*ýän bolsaňyz, durnukly dälsiňiz. Şeýle ýagdaýda bolup-da, Rebden dogrudan-da bir zat alaryn öýdýäňizmi? (Ýakup 1:6–8, TRT).

Biz *berk iman bilen* dilemeli. Biz strategiki pikiri alarys diýip *umyt* edemzok, biz ony aljakdygymyza berk ynanýarys. Şeýle-de, biz dileýän zadymyza ymtylmaly – biz ony *güýçli küýsemeli*. Biziň dilegimiz: "*Eger muny alsam, gowy zat, eger almasam, zyýany ýok*" diýen biperwaý, duýgusyz garaýyşdan döremeýär. Almak üçin, güýçli küýseg duýgusy we berk aýgytlylyk gerekdir.

*Strategiki pikir* – bu Hudaýyň peşgeşi, biz ony alan badymyza, ol bize netijeliligiň indiki derejesini açar. Ol bize köpeltme üçin gujur-gaýrat berer.

## YLHAMLANDYRYLAN STRATEGIKI PIKIR

Beýrudyň myhamanhanasynda eden dilegime dolanalyň: men otagymda ýuwaşjadan dileg edemokdym; men beýle edip-de biljek däldim. Men bir burça gysylan ýalydym, hiç bir pikirim ýokdy, ýöne özüme tabşyrygyň ynanylandygyny welin bilýärdim: men mätäçligi we ruhy açlygy bolan çopanlary materiallar bilen üpjün edäýmeli. Meniň myhmanhanalaryň otagynda gygyrmak endigim ýok, ýöne, dogrymy aýtsam, şol gün kimdir biriniň meni eşidip bijekdigi barada pikir-de etmeýärdim. Bu biziň netijeliligimizi artdyrmak üçin gerek bolan strategiýa (danalyk) barada çykgynsyzlyk gygyryşydy.

Birnäçe wagtlap yhlas bilen dileg edenimden soň, ýüregim parahatlykdan doldy. Men öz dilegimiň eşidilendigini bilýärdim we ýeňillik duýup, jogabynyň geljekdigine ynandym. *Strategiki pikiriň* ýa-da *meýilnamanyň* heniz ýokdugyna garamazdan, meniň ýüregim minnetdarlyk duýgusydan püre-pür boldy.

Birnäçe gün geçenden soň men şeýle pikir etdim: “*Biz kitaplarymyzy çap etmäge we ýaýratmaga köp wagty, puly we kuwwaty sarp edýäris, emma liderleriň her biri diňe bir materialy alýar. Birnäçe ýyl mundan ozal iňlis dilindäki materiallar babatda edenlerimizi etsek nähili? Liderler üçin başga dillerde okuwlaryň doly toplumyny taýynlasak nähili bolar? Biz umumy netijeliligimizi köpelderis!*”

Ýöne bir päsgelçilik bardy; biz şeýle köp materialy nädip çap edip, ýaýradyp bileris? Biz hatda bu materiallaryň baryny çap etmek üçin töläýenimizde-de, maksat edinýän ýurtlarymyzyň köpüsinde ýaýradyjylarymyz şeýle göwrümdäki we agramdaky materiallary geçirip bilmezdiler, sebäbi ýaýradylyşyň köp bölegi jeňňeliklerde, daglarda, çöllerde ýa-da suw ýollary arkaly amala aşýardy. Bu ýerlere düşmek kyndy, ol ýerde köplenç çekilen ýollar-da ýok. Mundan başga-da, Hoş Habara duşmançylykly garaýan ýurtlarda häkimiýet ýaýradyjylary aňsatlyk bilen tapyp, ähli materiallary ellerinden alyp bilýärdiler.

Has köp dileglerden we oýlanmalardan soň ýene bir pikir peýda boldy – doly okuw toplumyny DVD-disklere ýazmak (ol kompýuterlerde “diňe okamak üçin” niýetlenen maglumatlary saklaýar). Ýöne täze

soraglar döredi. Biziň maksat edinýän ýurtlarymyzdaky çopanlar we liderler kompýuterleri ulanýarlarmy? Eger ulanýan bolsalar, olar öz kompýuterlerinde DVD- diskleri görüp bilerlermi? Başga häsiýetli ýene bir sorag: okuw toplumynyň ähli materiallaryny ýerleşdirmek üçin bir DVD-diskde ýeterlik ýer bolarmy?

Maňa bu soraglaryň jogaby gerekdi we men ilki bilen Robdan soradym. Ol 160-dan gowrak ýurtda bolup göreni üçin, biziň maksat edinýän ýurtlarymyzdaky tehniki mümkçinlikler barada iň giňişleýin maglumaty bolan adamdy. Men ondan şuny soradym:

– Dünýäniň ýurtlarynyň aglabasynda çopanlar we liderler baý bolmasalar-da, kompýuterlerden peýdalanýarlarmy?

– Hawa, diňe käbir ýurtlarda şeýle mümkinçilikler ýok.

– Olar öz kompýuterlerinde DVD-diskleri görüp bilerlermi? Eger görüp bilýän bolsalar, bir DVD-diske näçe materialy sygdyryp bolar?

Robuň ýüzi ýagtylyp gitdi, ol şeýle jogap berdi:

– Ikinji sorag babatda, ep-esli material sygdyryp bolar öýdýän.

Men pikirimi paýlaşdym:

– Biz kitabyň yzky sahypasynyň iç ýüzünde DVD-diskli plastik paketi berkidip bilerismi?

– Hawa! – diýip, ol höwes bilen jogap berdi.

Rob şu mesele bilen meşgullanyp başlady we birnäçe günden jogaplary bilen dolanyp geldi.

– Meniň ajaýyp täzeligim bar. Kitaplary çap etmegiň, ýaýratmagyň ortaça bahasyny hasaba alsak, DVD-diski goşmaklyk biziň çykdajylarymyzy bary-ýogy 5% artdyrar.

Men ganatlanan ýaly boldum, ýöne şonda özüme basalyk berýärdim, sebäbi men bir DVD-diske näçe materialyň sygjakdygyny bilmeýärdim. Rob sözüni dowam etdi:

– Belläp geçilmeli ýene bir zat: DVD-disk diňe bir okuw toplumyny däl, eýsem audiokitaplary, başga kitaplaryň birnäçesini, Täze Ähti we “PDF” faýl kitaplaryny (ýerli çopanlar mümkinçilikleriniň bolan ýagdaýynda bu kitaplary çap eder ýaly) sygdyryp bilýär.

Biziň begenjimizi söz bilen beýan eder ýaly däldi.

Bu bizi ýene bir *strategiki pikire* gönükdirdi, ol hem maksat edinýän ýurtlarymyzyň tehniki mümkinçiliklerine baglydy. Men:

– Bu ýurtlaryň köpüsinde internet barmy? – diýip soradym.

– Hawa, ýurtlaryň köpüsinde bar – diýip, Rob jogap berdi.

– Terjime edilen materiallary özünde jemleýän bir websaýt döretsek nähili bolar? Biz ony mesihi websaýt hökmünde göze ilip durmaz ýaly bir tärde atlandyrarys; şeýlelikde, Mukaddes Kitabyň taglymyna duşmançylykly garaýan hökümetler ony böwetlemezler. Biz bu websaýt baradaky maglumaty ýaýradylýan kitaplaryň daşky jiltinde ýerleşdirip bileris we çopanlardan, liderlerden öz adamlaryna bu saýtdaky materiallary mugt indermegi teklip etmegi sorarys. Onsoň olar bu materiallary ýygnakda bile öwrenip bilerler.

Biz süýji-köke satylýan dükandaky iki çaga meňzeýärdik – biz öz höwesimizi hiç saklap bilmeýärdik. Bu strategiýany berkitjek täze pikirler yzly-yzyna kellä gelýärdi.

Biz gerek derňewleriň we hasaplamalaryň baryny tamamlanymyzdan soň, “liderler üçin bu toplumynyň” her bir ekzemplýaryny taýýarlap, ýaýratmagyň uly tiraž sebäpli bary-ýogy dört dollara düşýändigini ýüze çykardyk. Biziň “Messenjer” toparymyzyň şeýle websaýty döretmek üçin gerekli bilimi we başarnyklary bardy.

Biziň toparymyz göklerden berlen bu pikiriň bize diňe aýratyn liderleri däl-de, tutuş märekäni we öý toparlaryny okatmaga, taýýarlamaga we berkitmäge mümkinçilik berýändigine tizara aň ýetirdi. Dünýäniň ähli ýerlerindäki kiçijek obalarda diňe bir ýygnak bar, bu bolsa birnäçe dollar arkaly şol ýerdäki tutuş ilata düýpli täsir edip bilýändigimizi aňladýar. Sarp edilen serişdeleriň yzyna dolanyşy, gör, nähili! Şeýle zat aslynda mümkin zatmy?

“Messenjer” hyzmatynyň bölüm müdirleriniň indiki ýygnanyşygynda biz bu aýanlygymyzy olar bilen paýlaşdyk. Ýygnaga gatnaşýanlaryň hemmesi biziň höwesimize goşuldylar; tutuş topar bu meýilnama diýseň begenýärdi. Men dabaraly halda şuny yglan etdim:

– Näçe wagtyň – 10 ýyl, 20 ýyl ýa-da ondan köp wagtyň gerek boljagy wajyp däl, biz Hudaýyň bize ynanan materiallaryny ýer ýüzündäki her bir lidere ýetireris!

Bir aýdan biziň ofisimize Tehas ştatyndan bir adam jaň etdi. Ol Liza ikimizi görmek üçin 15-minutlyk duşuşygy sorady. Ol öz aýaly bilen Kolorado ştatyndan uçarda gelen eken. Duşuşyk wagty ol aglap başlady. Ol agy gatyşykly bilen şeýle diýdi:

– Men siziň edýänleriňizi bilýärin. Men uzak ýurtlardaky çopanlary öz materiallaryňyz bilen berkidýändigiňizi bilýärin. Men hem muňa şärik bolasym gelýär.

Ol şeýle diýdi-de, stoluň üstüne bir çek goýdy we ony maňa tapap iterdi. Men oturan ýerimden tas çiň-arkan gaýdypdym: bu çek 750 000 dollarlykdy.

Indiki birnäçe aýyň dowamynda biz resurslar üçin websaýty işläp düzdük, dürli ýurtlardaky we bütin dünýäniň regionlaryndaky “liderler üçin toplumlary” babatdaky meýilnamany amala aşyrmak üçin yhlasly zähmet çekdik. Biz materiallaryň terjimesi üçin bir gezekleýin tölegleri amala aşyrýardyk. Bu materiallara her bir dile terjime edilen kitaplar, DVD-diske goşulýan degişli okuw toplumlary we goşmaça kitaplar girýärdi. Rob köp dillere terjime edýän iň oňat terjimeçileri işe alyp, olara ýolbaşçylyk edýärdi. Bu iki jomart sadaka bilelikde million dollardan gowrak bolup, biziň birinji ýyldaky çykdajylarymyza doly ýetdi.

## IŞ TOPARYNY DÖRETMEK BARADAKY PIKIR

Geliň, 2011-nji ýylyň ýanwar aýyna – meniň şol 250 000 kitaby ýaýratmaly diýen çözgüdi kabul eden günüme bir salymlyk dolanalyň. Bu iki jomart sadaka heniz berilmändi we men munuň bada-bat bolmandygyna begenýärin, sebäbi serişdeleriň ýetmezçiligi meni strategiýany almak üçin her säher Hudaýy agtarmaga höweslendirýärdi. Bize öz görnüşimizi başgalara geçirmegiň we ol arkaly bu ägirt işi goldajak uly iş toparyny döretmegiň meýilnamasy gerekdi. Şeýle işiň netijesinde biz çopanlaryň we liderleriň diline, bolýan ýerlerine we maliýe ýagdaýyna garamazdan, olaryň hemmesini materiallar bilen üpjün edip bilerdik.

Säher çaglary edilen birnäçe dileglerden soň Mukaddes Ruh meniň ýüregime şeýle pyşyrdady: “Ogul, sen golf oýnuna bolan söýgiň bilen bellisiň. Ony ýygnamak üçin ulan. Men bu topara

goşuljak we bu görnüşi goldajak dogry adamlary getirerin". Men şobada biziň Kolarada Springs şäherimizde Birleşen Ştatlaryndaky iň oňat myhmanhanalarynyň biriniň bardygy barada pikir etdim; onuň golf oýny üçin iki meýdany bardy we ol ýerde meşhur çempionatlar geçirilýärdi. Men bu meýilnamamy Edison we Liza bilen paýlaşdym.

Olar meniň meýilnamamy diňlänlerinden soň:

– Muny haçan ederis? – diýip soradylar.

– Geliň, şu tomus başlalyň – diýdim.

Biz ähli zatlary gurnamaga ýeterlik wagtymyz bolmaz diýip gaýgy edýärdik. Bu myhmanhanada boş otaglaryň ýeterlik sanynyň bolmazlygy ahmaldy, bu bäşýyldyz, bäşgöwher derejedäki köpden bäri işleýän myhmanhanalar üçin adaty zatdy. Ondaky otaglar birnäçe ýyl öňünden sargyt edilip goýulýar, biz bolsa iň meşgul möwsümini niýet edinýärdik. Aladalaryň ýene biri – myhman çagyrjak adamlarymyzyň şol tomsy eýýäm meýilleşdiren bolmagy ahmaldy.

Meniň oglum munuň bilen meşgullanyp başlady we birki günden täzelikler bilen ýanyma geldi:

– Kaka, otaglaryň hemmesi diňe bir hepdeden galany bütin tomsa eýýäm sargyt edilen. Biz şol hepde takmynan 100 otagy sargyt edip bilýäris we şol hepde ejem ikiňiziň hiç gitmeli ýerleriňiz-de ýok eken.

– Gel, onda olary sargyt edip goýalyň! – diýip, men ikirjeňlenmän jogap berdim.

– Biz şertnama gol çekmeli bolarys – diýip, ol seresaplyk bilen seslendi. – Biziň töleg borçnamalarymyz bolar. Biz otaglaryň hemmesini eýeläp bilerismi?

Meniň agzymdan ýene-de şeýle sözler atylyp çykdy:

– Otaglaryň ählisi dolar.

Men bu barada pikir edesim gelmeýärdi; men öz pikir ýöretmelerimiň netijesinde bu meýilnamadan el çekesim gelmeýärdi.

Men Birleşen Ştatlarda bu başlangyjy höwes bilen goldajak köp ýygnaklaryň we işewür adamlaryň bardygyny bilýärdim. Men ýadyma düşenleriň baryna jaň etdi, olaryň hemmesi diýen ýaly muňa gatnaşmaga isleg bildirdiler. Iki aýyň dowamynda biz sargyt

eden otaglarymyzyň baryny eýeläp biljek öýlenen jübütleriň ýeterlik sanynynyň razylygyny aldyk.

Biziň toparymyz bu çempionaty meýilleşdirmek bilen, diňe golf boýunça çempionaty däl, eýsem ýatdan çykmajak köptaraplaýyn çäreleri gurnamagy aýgytly çözdi. Biz golf oýnamaýan maşgala jübütleri üçin bu wagty has-da gyzykly etmek üçin, hemme zady ajaýyp we maksada laýyk gurnamagy ýüregimize düwdük. Liza zenanlar bilen ýörite duşuşyklary guramakçydy. Biz myhmanlar gelen badyna jübütleriň hersine süýji-kökeli we sowgatly owadan sebetleri sowgat etjekdigimizi karar etdik. Myhamanlara Broudmur myhmanhanasynyň ajaýyp tagamlary we üýtgeşik tomaşa çäreleri, liderler üçin duşuşyklar we gatnaşyjylaryň hemmesi üçin aýratyn baýraklar garaşýardy. Bularyň bary olaryň biziň toparymyza goşulýandyklary üçin bolan minnetdarlygymyzy bildirmek üçin edilýärdi.

Biziň birinji “Messenjer Kubogymyz” 2011-nji ýylyň iýun aýynyň ahyrynda geçirildi. Çäreler başlamazdan öň men hünärmen sportsmenlere we meşhur sazandalara jaň edip, haýsydyr bir zada gol çekip, ony bize sadaka bermeklerini haýyş etdim. Şeýle-de biz köp telekeçilere gymmat bahaly zatlary ýa-da hyzmaty bermegi haýyş etdik. Biz bu sadakalaryň baryny jemleýji meýlisde auksiona çykaryp, 340 000-den gowrak dollar ýygnadyk, ýöne bularyň bary biraz oňaýsyzdy. Biz öz görnüşimizi başgalara bermegiň iň oňat usulyny heniz tapmandyk.

Şol ýylyň güýz paslynda toparymyzyň bir agzasy ýene-de bir ylhamlandyrylan pikiri aldy. Biz 2012-nji ýylyň tomsunda geçirjek ýyllyk çempionatymyzyň ikinjisini meýilleşdirip otyrkak, ol şeýle diýdi:

– Biz auksiona gol çekilen beýsbolkalary, futpol şlemlerini, gitaralary we ş.m zatlary çykarýarys. Bu zatlaryň her biri hatda bir ýurt üçin gerek bolan materiallaryň çykdajylaryna ýetenok. Geliň, auksiona zatlary däl-de, ýurtlary çykaralyň. Ýurduň gymmaty has ýokary ahyryn.

Onuň pikiri bize ýarady, ýöne ol ony has-da kämilleşdirip, sözüni dowam etdi:

– Bu çärä güýçli bäsdeşlik pikirleri bolan köp adamlar gelýär. Geliň, liderleriň tablisasyny döredeliň we olar ýurtlar üçin sadaka berenlerinde, olaryň sadakalary tabloda görner. Biz bolsa toplary, gitaralary we beýleki

baýraklary ýurtlara iň köp hemaýat edenlere bereris.

Döredijilikli pikirleriň akymy dowam etdi. Men arasynda garşy çykdym:

– Men auksiony uzaltmagy asla halamok; birnäçe minutlyk dymyşlyk bakylyk bolup görünýär. Geliň, belli bir wagty, mysal üçin 35 minut bereliň we gatnaşyjylarymyza wagt dolandan soň auksionymyzy tamamlaýandygymyzy aýdalyň. Taslamasy maliýeleşdirilmedik ýurt sanawdan aýrylar. Bu uly gaýragoýulmasyzlyk duýgusyny döreder.

Indi bolsa *taslamanyň* gysgaça kesgitlemesini bermäge ygtyýar ediň. Ol iki bölümden ybarat. Birinjisi – liderler üçin niýetlenen kitaplaryň, audio we wideo materiallaryň tutuş toplumynyň terjimesi üçin edilýän çykdajylar, bu her bir dil üçin takmynan 17.500 dollar bolýar. Ikinjisi – belli bir ýurtdaky liderler üçin niýetlenilen kitaplary we toplumlary çap etmek we ýaýratmagyň çykdajylary. Her bir ýurtda ýygnagyň we kiçi toparlaryň 500-den 40 000-e çenli lideri bar. Ýurtlaryň aglabasynda 5000-den 1000-e çenli lider bar, bu bolsa çykdajylar orta hasap bilen 20 000-den 40 000 dollara çenli bolýandygyny aňladýar.

Indiki duşuşyklaryň dowamynda gatnaşyjylara ýetirilýän täsiri artdyrmak, öz görnüşimizi olara ýetirmek we ikinji çäräni nähili geçirmelidigi babatda toparymyzyň agzalaryna has köp pikirler geldi.

Ikinji ýylda auksion wagty yglan edilen sadakalar birinji ýyl bilen deňeşdirilende iki esse artdy. 50 taslamalaryň hemmesi bütinleý maliýeleşdirilende sagat heniz-de wagtyň bardygyny görkezýärdi. Depginiň artmasy dowam etdi we bir ýyldan, “Messenjer Kubogynyň” üçünji gezeginde biz has-da köp taslamalary maliýeleşdirmek üçin 1.3 milliondan gowrak pul serişdelerini ýygnadyk.

Materiallara bolan mätäçlik ýylsaýyn artýardy. Başga ýurtlaryň ençemesi Rob bilen habarlaşyp, materiallary ibermegi haýyş edýärdiler. Netijede taslamalaryň sany ýüzden geçdi we “Messenjer Kubogynyň” altynjy gezeginde biziň eýýäm 140 taslamamyz bolup, olar üçin 2 million dollardan gowrak pul serişdelerini ýygnadyk. Dokuzylanjy ýylda bolsa biz 200-e golaý taslamany maliýeleşdirmek üçin 3 milliondan gowrak dollaryň ýygnanandygynyň şaýady bolduk!

Şu kitabyň çykjak wagtyna – 2020-nji ýylyň ahyryna çenli "Messenjer Kubogy" çopanlar we liderler üçin 100-den gowrak ýurtlarda 120-den gowrak dile terjime edilen materiallaryň 30 milliondan gowragyny ýaýratdy.

Şol wagtyň bütin dowamynda biz meniň gahrymanlarymyň biri bolan Endrýu Karneginiň hereketlerinden ylhamlanyp gezdik. Ol iň tanymal filantroplaryň biri bolup, öz baýlygynyň aglaba bölegini paýlapdy. Şindiki walýutanyň hümmetine geçirenimizde, ol milliardlarça dollary haýyr-sahawat işlerine berdi! Bu haýyr-sahawatyň aglaba bölegi jemgyýetçilik kitaphanalarynyň gurluşygyna sarp edildi. 1883-1918-njy ýyllary aralygynda ol 2500-de gowrak kitaphanalary gurdy, olaryň aglabasy ABŞ-nyň 47 ştatlarynda ýerleşýär.

Indi bolsa gyzykdyryjy soragy bereýin: Birleşen Ştatlar haýsy döwrüň dowamynda dünýäniň beýik döwletine öwrüldi? 1883-1918-njy ýyllary aralygynda, ýagny Karneginiň kitaphanalary guran döwründe! Men onuň bilimi jemgyýete elýeter etmeginiň ABŞ-nyň dünýä liderine öwrülmegine ýardam berendigine ynanýaryn.

Bu prinsipi ruhy bilim babatda hem ulanyp bolýar! Hudaý şeýle diýýär:

> "Meniň halkym *bilimsizlikden* weýran edilýär" (Hoşeýa 4:6).
>
> "Meniň halkym *nadanlykdan* ýesir edip äkidiler" (Işaýa 5:13).

Köp ýyllar bäri alnyp barylýan hyzmatyň dowamynda obany ýa şäheri özgertmegiň iň netijeli usulynyň ybadathana gurmagyň däldigi mälim boldy. Ybadathanalary gurmak bilen, biz ýerli hyzmatçylary özümize garaşly ýagdaýda saklaýarys. Biz ýerli liderlere özlerini berkitmek üçin, öz obalaryna ýa şäherlerine täsir etmek üçin ruhy bilimi berenimizde, has netijeli bolýarys. Şeýle bilim ýygnagyň ösmegi we öz işini goldamaga gerek bolan imany berer; gerek bolan ýagdaýynda bolsa ybadathanalary gurmaga we resurslary edinmäge gerek imany hem berer.

Biziň materiallary ýaýratmak babatdaky işerimiziň strategiki ýagdaýynda belläp geçilmeli zat – ybadathananyň gurluşygyna onlarça

müň dollary sarp etmeli bolardyk. Liderler üçin niýetlenen materaillaryň toplumynyň bahasy bolsa birnäçe ýüz dollar bolup, ol munuň ujypsyz bölegi bolup durýar!

Ösüp barýan ýurtlardaky ýygnaklaryň liderleri üçin niýetlenilen materiallary ýaýradan soňky onýyllygymyz meniň hyzmatdaky kyrk ýylymyň iň ýakymly döwri bolandygy gürrüňsizdir. Men milletlere öwretmägä ymtylýan we şol aýanlyk arkaly birleşen toparyň agzasy bolmagy halaýaryn (ser.: Matta 28:19-20). Bir birleşip, her birimizi ýekelikde edip biljek işimizden has köp işleri etdik. Biziň zähmetimiz şu sözleriň mysaly bolup bilýär: “Bäşiňiz ýüzden, ýüziňiz müňden üstün çykarsyňyz” (Lewiler 26:8). (Bu aýat köpeltmäniň açary düşünjeleriniň ýene birini – agzybirligi görkezýär; biz ol barada indiki baplaryň birinde gürrüň ederis).

Biziň jebisligimiz Isa Mesihiň şu aşakdaky sözlerine daýanýar:

> “Günortanlyk ýa-da agşamlyk naharyny bereniňde, dost-ýarlaryňy, dogan-garyndaşlaryňy, baý goňşularyňy çagyrma. Eger çagyrsaň, olar hem seni çagyryp, munuň öwezini dolar. Meýlis guranyňda garyplary, maýyplary, agsaklary, körleri çagyr. Şonda sen ýalkanarsyň. Çünki olar *saňa öwezini dolup bilmezler,* munuň öwezi saňa dogry adamlaryň direlen wagty berler” (Luka 14:12-14).

Materiallarymyzy iberýän liderler, elbetde, maýyp, agsak ýa kör däl; biz bu parçadan *bize öwezini dolup bilmezler* diýen manyny aldyk. Eger men Birleşen Ştatlarda ýygnakda ýa-da konferensiýalarda wagyz etsem, maňa minnetdarlyk bildirip, ganorar ýa-da “Messenjer Interneşenel” üçin sadaka serişdelerini berýärler. Biziň hyzmat edýän ýurtlarymyzdaky liderler bolsa muny edip bilmeýärler. Toparymyzyň ähli agzalary: işewür adamlar, ýygnak liderleri we “Messenjer” hyzmatynyň işgärleri kömek eden adamlarymyzdan yzyna haýsydyr bir zady bererine garaşman, olara ýöne bermek ýaly aýratyn beýik hukugyny alandyklaryna aň ýetirýärler.

Birnäçe ýyl mundan ozal Liza ikimiz Ermenistanyň Ýerewan şäherine sapara gitdik. Ol ýerde Ýakyn Gündogaryň ähli ýerlerinden gelen çopanlar konferensiýa ýygnanypdylar. Şol konferensiýanyň dowamynda

biz Eýrandan, Owganystandan, Siriýadan we Ýakyn Gündogaryň beýleki ýurtlaryndan gelen çopanlar bilen aýratyn bir zala ýygnandyk. Surata düşürmäge rugsat berilmeýärdi; bu adamlar başgalaryň olary görmegini islemeýärdiler. Hudaýyň huzury diýseň güýçlüdi we men dyngysyz: “*Liza ikimiz bu liderlere wagyz etmeli däl-de, olar bize wagyz etmeli*” diýip pikir edýärdim. Pursatlaryň birinde men şeýle diýdim:

– Siz Liza ikimize, hamala, bu hyzmatyň gahrymanlaryna ýaly seredýärsiňiz, aslynda welin bularyň baryny Jon bilen Liza Biwerler däl-de, siziň bu materiallaryň ählisi bilen ýalkamak üçin millionlarça dollary sadaka beren işewür adamlar we ýygnaklar edýär. Hakyky gahrymanlar, ine, şolardyr.

Şol pursatda ählimiz saklanyp bilmän, gözümize ýaş aýlandy.

Ýygnakdan soň Eýrandan bolan bir çopan ýanyma gelip:

– Adamlar ömürlerinde ýeke gezek-de görmedik adamlaryna şeýle köp serişdleri nädip sadaka berip bilýärler? – diýip sorady.

Meniň jogabym sada bolsa-da, hakykatdy:

– Ýüreklerindäki Hudaý söýgüleriniň hatyrasyna şeýle edýärler.

Ýene-de gözýaşlar akdy.

## HAS KÖP KÖPELTME

2019-njy ýylda biz materiallary ýaýratmak üçin işläp düzen websaýtymyzyň çäkli bolup başlandygyna aň ýetirdik. Ol 2011-nji ýylda, ony ýaňy döreden wagtymyzda netijelidi. Indi welin ulanyjylar üçin doly we amatly hasap edilip bilinjek däldi. Mysal üçin, ony akylly telefonlarda ulanmak örän kyn düşýärdi. Liza, toparymyzyň köp agzalary we men garyp we ýagdaýy oňaýsyz bolan ýurtlaryň köpüsine baryp gördük. Biz adamlar çadyrda, ýerzeminde ýa-da ýuka agaçdan edilen çatmalarda ýaşaýandygyna garamazdan, köpüsinde akylly telefonlarynyň bardygyna üns berdik. Getirilýän delillere görä, 2020-nji ýylda 5 milliarddan gowrak adam akylly telefonlardan peýdalanar diýip çaklanylýar.

Köp gezeklik saparlardan soň, bu eýýäm bolan bolmasa-da, örän golaý wagtda ýer ýüzündäki adamlaryň hemmesine internet arkaly

ýetmegiň mümkin boljakdygy aýdyň boldy. Mundan başga-da, men özümizi “Rim ýollarynyň” taryhda peýda bolşunyň wagtyny görýän ýaly duýdum.

Gysgaça düşündirmäge rugsat ediň. Hudaýýň Sözünde şeýle ýazylan: “Emma bellenilen wagt ýetip gelende, Hudaý Öz Ogluny iberdi” (Galatýalylar 4:4). “Bellenilen wagt” köp zatlara degişli. “Bellenilen wagtyň” wajyp alamatlarynyň biri – Hoş Habaryň dünýäniň mälim bolan ýerleriniň ählisine ýetjegidir. B.e. öň 312-nji ýylda rimliler ýerden we suwdan geçýän ýol ulgamlaryny ösdürip başladylar, olar şol döwürde mälim bolan ýurtlaryň ählisine ýetýärdi. Isa Mesihiň “Bütin dünýä aýlanyň” diýen wagty bu ýollar oňat ösendi we Hudaýýň Sözüniň şol döwürde mälim bolan ýurtlaryna çalt ýaýramagyň usuly bolupdy.

Men Isa Mesihiň ikinji gezek gelerine ýoly taýýnlamak üçin bellenilen wagtyň ýene-de ýetip gelendigine we internetiň biziň günlerimizdäki rim ýollarydygyna ynanýaryn. Biziň ähli milletlerden şägirtleri ýetişdirmek üçin, Hudaýýň Sözüni bütin dünýä ýaýratmak mümkinçiligimiz bar.

Biziň toparymyz muňa düşünmek bilen, gaýtadan dileg etmäge we strategiki meýilleşdirmäni amala aşyrmaga başlady. Meseläni birnäçe aýlap öwrenenimizden soň biz taslamany başladyk we ony priloženiýalary we websaýtlary işläp düzmek boýunça ABŞ-daky iň oňat kompaniýalaryň birine ynandyk.

Biz şägirtçilik üçin iPhone we Android ulgamlarynda, planşetlerde we kompýuterlerde ulanmaga amatly bolan güýçli we köp funksional platformany gurduk. Biz häzirkizaman tehnologiýalar bilen mümkin boldugyndan iň oňat platformany gurmak hyjuwyndan diýseň doludyk. Biz ähli ýerdäki çopanlaryň, aýratyn-da oňaýsyz ýurtlardakylaryň iň oňat zatlarynyň bolmagyny isleýärdik. Belläp geçilmeli zat – biz häzirki wagtda eýýäm 227 ýurtdan we araçäklerden bolan ulanyjylaryň millionlarçysynyň bu platformalarda elýeter bolan kitaplary, okuw toplumlaryny we beýleki materiallary öwrenýändigini görýäris. Diňe sanlyja ýurtlar galdy, biz olara hem ýeteris!

Wagtyň geçmegi bilen biz köpeltmegiň goşmaça usullary barada pikirlenip başladyk. Platformamyzyň netijeliligini artdyrmak we

berkitmek üçin, biz durmuşy özgerdýän we üýtgeşik habarlary wagyz edýän başga tanymal mugallymlaryň ikisini myhman hökmünde goşmak kararyna geldik. Indi bütin dünýä boýunça liderler öz kopmýuterlerini, planşetlerini we telefonlaryny öwrenmek ýa-da kiçi toparlarda we ýygnaklarda öwretmek üçin ulanyp bilerler. Bu usul platformamyzyň netijeliligini artdyrmak bilen çäklenmän, eýsem çap edilen kitapdan has uzak dowam edip, indiki nesillere hem ýeter[1].

Eger Liza ikimiz ýazmak kararyna gelmedik bolsak, näme bolardy? Ýa-da biz bestselleriň awtorlary bolanymyza kanagat edip, okuw toplumlaryny çykaryp başlamadyk bolsak, näme bolardy? Biziň toparymyz diňe iňlis dilinde gürleýän ýurtlardaky adamlara we ýygnaklara hyzmat edýändiklerine kanagat eden bolsalar, näme bolardy? Toparymyz Birleşen Ştatlaryň ähli künjeginden Broudmura topary ýygnamaga güýçlerini gönükdirmegi islemedik bolsa, näme bolardy? Derejeleriň her biri öz kynçylyklaryny ýetirýärdi, olar bizi öz çäklerimizden çykyp, Hudaýyň merhemetine bil baglamaga mejbur edýärdiler. Her derejede başgalara has netijeli hyzmat etmek üçin öňe gitmekden, saklanmak has aňsatdy.

Biz Hudaýyň Ruhuny diňlemek bilen, ädimme-ädim has uly köpeltmä gideris. Ol bize ähli ädimleri, hatda indiki iki ýa-da üç ädimi ilkibaşdan görkezmez. Otuz ýaşdan ýaňy geçen döwrümde hrustal şara seredip, toparymyzyň otuz ýylyň dowamynda geçen ýoluna äňeden bolsam, hemme zat has aňsat bolardy. Ýöne bu mümikin bolan bolsa, biz Hudaýyň ugrukdyrmasyny agtaryp, güýçli dilegde her ädim üçin göreşmezdik. Mundan başga-da, tabynlykda edilen her ädim arkaly gelen imany we güýçli häsiýeti edinmezdik.

Köpeltme ynsan pikiri däl, ol Hudaýyň pikiridir. Ýene-de gaýtalaýan, bu Onuň ynsana beren ilkinji tabşyrygydy: “Size ynanan islendik ruhy peşgeşim Meniň Şalygymy köpeltmek üçin berlendir” (Gelip çykyş 1:22 we Matta 25:14-29 aýatlaryny öz sözüm bilen eden beýanatym). Bu juda möhüm delili has aýdyň beýan etmäge rugsat ediň: köpeltme gerşiňizden basmaly däl, sebäbi ol, aslynda, Onuň peşgeşi. Siziň bar

1 Muňa nädip gatnaşyp bilýändigiňizi bilmek üçin, MessengerX.com. saýtyny görüň.

etmeli zadyňyz – dileg etmeli, Onuň ýüregiňizde görkezýänlerini diňlemeli, olara ynanmaly we tabyn bolmaly.

Munuň asyl manysy – sizi köpeltmä Ol äkider.

Siziň: “Soňky üç bapda paýlaşan şaýatlagyňyzdan ýüregim lowlaýar. Ýöne men ýaş ene, talyp, türgen. Men Şalygy nädip köpeldip bilýärin?” diýip pikir edýän bolmagyňyz ahmal.

Biz barada indiki bapda gürrüň edip başlarys.

## OÝLANYŇ

1. Biziň Hudaýdan garaşýan üpjünçiligimiz ýa-da hemaýatymyz köplenç strategiki pikir görnüşinde gelýär. Hudaý tarapyndan ylhamlandyrylan pikirler arkaly öz ýagdaýlaryňyzyň özgermesini nädip gördüňiz?

2. Danalyk almak – edip biläýjek zatlaryňyzyň iň ähmiýetlisidir. Size durmuşyňyzyň haýsy çäklerinde danalyk gerek? Hudaýyň danalygyny almak üçin, Onuň ýanyna nädip barmaly?

3. Strategiki ideýa – bu Hudaýyň peşgeşidir, ol bizi netijeliligiň indiki derejesi üçin açyp, bize köpeltme üçin güýç berip bilýär. Siz strategiki pikiri alan badyňyza, nähili ädimleri etmeli?

*Hudaý kesgitli zatlary netijeli ederimiz ýaly, bize Öz merhemetinde dürli ruhy peşgeşleri (harizmalary) berdi. Şonuň üçin-de, eger Hudaý size pygamberlik peşgeşini beren bolsa, Onuň size beren imanyna görä pygamberlik ediň. Eger ruhy peşgeşiňiz başgalara hyzmat etmek bolsa, netijeli hyzmat ediň. Eger mugallym bolsaňyz, netijeli öwrediň. Eger nesihatçy bolsaňyz, nesihatçy boluň. Eger bu mätäçlere haýyr-sahawat etmek peşgeşi bolsa, muny sahylyk bilen ediň. Eger baştutanlyk berlen bolsa, muny yhlas bilen ýerine ýetiriň, rehim-şepagat etmeklik berlen bolsa, muny göwünjeňlik bilen ediň.*

- Rimliler 12:6-8, NLT

9

# MAÝA GOÝMAKLYK

Resul Pawlus Hudaýyň Öz hyzmatçylarynyň her birine beren her dürli ruhy peşgeşlerini sanap geçýär. Men bu sanawyň doludygyna ynanamok, ýöne ol Hudaýyň berýän başarnyklarynyň giňişleýin spektrini öz içine alýar. Siziň aýdýanlarym bilen ylalaşmazlygyňyz ahmal, ýöne düşündirmäge ygtyýar ediň.

Men resulyň bu ýazan sanawynda her gün duş bolunýan başarnyklary: aýdym aýtmak, kazyýetde işleri goramak, hirurgik operasiýa arkaly erbet çişleri aýyrmak, ylhamlandyrylan suratlary çekmek, saz gurallaryny çalmak we Hudaý tarapyndan berlen başga-da başarnyklarynyň ençemesini göremok. Hut şu sebäpdenem, men bu sanawy doly däl diýip hasap edýärin. Eger siz heniz-de, meniň bilen ylalaşmaýan bolsaňyz, onda siziň pikiriňizi sylaýandygymy aýdasym gelýär; bu mowzuk kitabyň möhüm bölümi bolmansoň, giňişleýin maslahaty talap etmeýär.

Resul Pawlusyň sözlerine dolanmak bilen, şuny aýdasym gelýär: men Täze janly terjimede harizmanyň “kesgitli bir zatlary netijeli etmek” diýip terjime edilişini halaýaryn. Bu kesgitlemäniň şu kitabyň esasy maksadyny görkezýändigi gürrüňsizdir. Ilkinji üç bap *pygamberlik* we *mugallymçylyk* ruhy peşgeşlerini köpeltme baradady. Indi bolsa başga birine – *haýyr-sahawatlyk* ruhy peşgeşine üns bereliň.

## ŞALYGA MAÝA GOÝMAKLYK

Meniň Maýk atly bir dostum bar. Ol 11 ýaşyndaka Isa Mesihe iman etdi, ýöne Şalygy gurmakda netijeliligi ýokdy. Onuň bu babatdaky nägileligi artyp başlady we ol, ahyrda, 35 ýaşynda bakylyk üçin hiç zat etmeýänliginden ýadady. Şeýle netijä gelýän adamlar köplenç durmuşlaryny bilimsiz, paýhassyz we imansyz bada-bat üýtgetjek bolýarlar. Maýk paýhasly hereket etdi, ol muňa başgaça çemeleşdi. Ol bakylyga täsir etmekde ilkinji ädimi "öz küýzäňi doldurmakdan" başlamagy çözdi. Şonuň üçin-de, ol indiki alty aýyň içinde Mukaddes Ýazgylardan iki müň aýady ýat tutdy!

Şu alty aýlyň döwürden soň ol Arizona ştatynyň Finiks şäherinde liderler üçin geçirilýän konferensiýa gatnaşmagy ýüregine düwdi. Ol örän garyp bolansoň, myhmanhadaky otagy hem alyp bilmän, on bir talyp bolup, üç otgaly kwartirada ýaşamaly boldy.

Konferensiýa wagty ýörite sadakanyň ýygnalýandygy yglan edildi. Konfrensiýanyň lideri gatnaşajylary näme sadaka bermelidigini dilegde soramaga ruhlandyrdy. Maýk Rebden: Men seniň 200 dollary sadaka bermegiňi isleýärin" diýenini eşitdi.

Maýk garşy çykyp: "Ýa Hudaý, bu mendäki puluň bary ahyryn" diýdi.

Reb mylaýymlyk bilen: "Men ondan köp sorap-da duramok" diýdi.

Maýk gulak asyp, özündäkileriň baryny sadaka berdi. Şondan soň Hudaý Maýka şol ýylyň ahyryna çenli her aýda ondan birini berenden soň, onuň üstüne ýene-de 100 dollary sadaka bermegi tabşyrdy.

Şondan köp wagt geçmänkä, Hudaý oňa strategiki pikirleri berip başlady we onuň täze telekeçilik işi durnukly ösüp başlady. Indiki aýda Maýk Şalygyň gurluşygy üçin her aýda ondan birinden daşary ýene-de 400 dollary sadaka bermelidigini duýdy.

Bir ýyldan bu mukdar her aýda ondan birinden daşary 1000 dollara ýetdi. Ýene bir ýyldan ol ondan biriniň daşyndan 4000 dollara, indiki ýylda bolsa 10 000 müň dollara ýetdi.

Şol wagtda Maýk Rebden Şalyk üçin on million dollar sadaka bermek başarnygyny diledi. Bu haýyş ägirt we elýeter däl ýaly bolup göründi, ýöne ol öz imanynda we dileginde tutanýerlidi. Emma

onuň ýüreginde eşidenleri ony sarsdyrdy. “Ogul, sen Meni näme üçin çäklendirýäň?”. Şunlukda, Maýk öz çäklendirmelerini aýryp, öňküsinden-de köp ynandy. Şonda köp wagt geçmänkä, onuň sadakalary çalt artyp başlady we ol indiki ýylda her aýda ondan birinden daşary 17 000 dollar sadaka berip başlady. Bu möçber her aýda 25 000-e, soňra 40 000-e, soňra bolsa 50 000 dollara çenli artdy. Maýkyň her aýda ondan birinden daşary Şalygyň gurluşygy üçin 100000 dollary sadaka berýän pursady gelip ýetdi. Onuň bilen soňky gezek gürleşen wagtym ol her aýda ondan birinden daşary 150 000 dollary sadaka berýän eken!

Maýk bolelinlikde ýaşaýar, ýöne ol muny girdejisiniň takmynan 10-15%-ne edýär. Hawa, siz dogry okadyňyz; ol bir ýyldaky girdejisiniň takmynan 85-90%-ni sadaka berýär. Ol öz üstünliginiň Mukaddes Ýazgylary öwrenenligi, dilegde Hudaýyň sesine gulak asýanlygy we has kämil mesihilere şägirt bolanlygy sebäpli bolan diýip hasap edýär.

Köpeltme barada aýdylanda, siz “*bermeklik*” sözüne äsgermezçilik edip bilmeýäňiz, sebäbi bu söz köplenç köpeltmäniň açary sözi bolup durýandyr. Hakyky imanlylaryň köpüsi *pul sadakalaryna*: ”Men başgalaryň hatyrasyna nämeleri berip bilýärin?” diýip garaýarlar. Bu adamkärçilikli we dogruçyl hereket, ýöne bu sadakalara bolan ýeke-täk garaýyş bolsa, ol doly däldir. Düşündirmäge ygtyýar ediň.

Birinjiden, bu dogry; Hudaý biziň ýüregimize adamlara bolan söýgüsini saldy, şonuň üçin-de, içimizde päk ýürekden *bermek* we *hyzmat* etmek islegi bar. Bu her bir adamyň sadaka bermeginde iň uly isleg bolup durmalydyr. Emma *paýhasly* beriji öz sadakasyna diňe söýgi ýa hyzmat peşgeşi hökmünde garaman, eýsem oňa *maýa goýumy* hökmünde hem garaýandyr. Biz haýsydyr bir zada maýa goýumyny edenimizde, ony köpeltmek üçin şol serişdeleri ulanmakdan saklanýarys. Bu aýratyn-da maliýe serişdeleri babatda şeýledir: köpeltme üçin serişdeleri goýmak üçin, olary häzirki wagtda ulanmakdan saklanmagy aňladýar.

Birnäçe ýyl mundan ozal Liza ikimiz iki sany mellek ýeri tapdyk. Biz olaryň bahasynyň arzandygyny, wagtyň geçmegi bilen olaryň gymatlajakdygyna düşündik. Şol ýeriň ikisini-de satyn almaga ýeterlik

nagt serişdelerimiz bardy, şol wagt biz bu serişdeleri köpeltmä goýmak üçin, olary şahsy ulanyşa sarp etmezligi karar etdik. Hemme zat biziň çaklaýşymyzda-da gowy boldy we biziň goýan serişdelerimiz iki ýylyň içinde iki esse artdy. Netijede, biziň nagt pulumyz iki esse köpeldi we biz olary indi has ýokary derejede aýlap bilýärdik.

Isa Mesih Şalyga maýa goýumyny edenimizde, "*bu durmuşda* yzyna *ençeme esse* artyk" (Luka 18:29-30, TRT) alýandygymyz barada aýdýar. Ol: "*indiki durmuşda*" däl-de, "şu durmuşda" diýip aýdýar. Liza ikimiz ýer mellegine eden maýa goýumymyzyň iki esse gaýdyp gelendigine begendik, ýöne Isa Mesih bütinleý başga dereje barada aýdýar; *iki esse* bilen *köp esse* köpelmäniň arasynda örän uly tapawut bar. *Köp esse* artýan maýa goýumynyň potensialy nähili? Biz ol baradaky düşünjäni Maýklyň mysalynda alyp bilýäris.

Resul Pawlus biziň berimimizi tohum ekmeklik bilen deňeşdirýär. Daşky şertlere baglylykda, bugdaýyň bir dänesi azyga harç edilmän, ýere ekilen ýagdaýynda ortaça ýüz dänä çenli hasyl berip bilýär. Bu *köpsanly* netije. Hut şu sebäpden hem şeýle ýazylgy: "Biri bar paýlaýandyr, baýlygy bolsa artýar. Biri bar — gaty gysyk, diňe mätäçlige gowuşýar" (Süleýmanyň pähimleri 11:24). Eger imanlylara artma we köpeltme barada pikir etmeli däl bolsa, Süleýman pygamber, Isa Mesih we Pawlus berim baradaky bu hakykaty nygtamazdylar.

Köp adamlar Maýkyň öz girdejisiniň 10-15%-ne ýaşamak babatdaky çözgüdine söýgüden döreýän sadaka hökmünde garardylar. Emma Maýk has giňişleýin görýär. Ol Hudaýyň danalygyndan dolany üçin, Mukaddes Ýazgylardan 2000 aýady ýat tutmak bilen, özüni Hudaýyň Sözünden doldurany sebäpli muňa diňe söýgini mälim etmeklik hökmünde-de däl-de, eýsem maýa goýumyny eden hökmünde garaýar.

Ol muňa Liza ikimiziň şol iki mellek ýere garaýşymyz ýaly garaýar. Ol muňa ýörgünli restorana eýeçilik edýän maşgalanyň öz işine garaýşy ýaly garaýar. Bu maşgala öz girdejisini sowmaga derek onuň uly bölegini bölüp aýyrýar-da, ony has köp binalary edinmek, has köp işgärleri hakyna tutmak, has köp azygy satyn almak we işleriniň ösüşi üçin gerek zatlaryň ählisini edinmek ýaly işlere sarp edýärler. Eger hemme zat dogry edilse, gelejekde olaryň bäş restorany bolar, bu

bolsa girdejileriniň bäş esse köp boljakdygyny aňladýar. Netijede, olar adamlary bir restoranlary bolanyndakysyndan has köp ýalkap bilýärler.

Eger Maýk öz sadakalaryny maýa goýumy diýip hasap etmedik bolsa, berimiň has çuňňur manysyna düşünmezdi. Çuwallar (talantlar) baradaky tymsal hut şuny öwredýär. Isa Mesihiň sözlerine garaň: “Bäş çuwal alan gidip, bu puly *işledip* başlap, ýene bäş çuwal pul gazanýar” (Matta 25:16 NLT). Hyzmatkäriň özüne berleni nädip köpeldenini görkezmek üçin, bu ýerde hut “işledip” diýen söz ulanylan.

## KÖPELTME BARADA ÝENE BIR TYMSAL

Köpeltmäni beýan etmek üçin, Isa Mesihiň ulanan ýene bir tymsalyny okalyň.

> “Halk bu zatlary diňläp durka, Isa bir tymsal bilen sözüniň üstüni ýetirdi. Sebäbi Ol Iýerusalimiň golaýyndady, halk hem Hudaýyň Şalygy basym görner diýip oýlaýardy (Luka 19:11).

Men bu tymsalyň girişini halaýaryn. Adamlar Isa Mesihiň şalygy berkarar edip, özlerini Rim häkimiýetiniň jebir-jepalaryndan azat ederine garaşýardylar. Isa Mesih olara aslynda nämeleriň bolup geçmelidigini görkezip, olaryň pikir edişini özgertdi. Ol Şalygy Özi gidenden soň gurmagymyzy isleýärdi. Ýöne nädip? *Goýumlar* arkaly. Şu tymsala gulak asyň:

> “Bir begzada şalyk sürmäge ygtyýarlyk almak üçin, bir uzak ýurda ýola rowana bolýar. Ol gitmezinden ozal on hyzmatkärini ýanyna çagyryp, on mina kümşi (bir mina takmynan üç aýlyk gazanç puluna deň) olara deň paýlap berýär-de, ‘Men gelýänçäm, şulary *işlediň’* diýýär” (Luka 19:12-13, NLT).

Mattanyň hoş habarynyň wakasyndaky ýaly, Ol bize goýumlar barada tabşyryk berýär. Biz özümize ynanylan zatlar babatda ýaltanman, *yhlasly* we *paýhasly* zähmet çekmeli.

Şu iki tymasal meňzeş görünse-de, dürli-dürlüdir. Geliň, olaryň tapawutlaryna garap geçeliň. Birinjisi, Matta üç hyzmatkär, Luka bolsa

onusy barada aýdýar. Ikinjisi, Mattanyň tymsalynda hyzmatkärleriň hersi öz ölçegini aldy, bu tymsalda bolsa hemmeler deň ölçegi – bir mina kümüş aldy. Üçünjisi, Mattanyň wakasyndaky hyzmatkärler diňe bir mina alman, eýsem bir çuwal ýa-da altyn-kümüş çuwallaryny, ýagny bir minanyň 75 essesini aldylar. Şu iki tymsaly deňeşdirmek bilen, men Mattanyň tymsalynda deň derejede berilmedik ruhy peşgeşler barada, Lukanyň tymsalynda bolsa her bir imanlynyň Hudaýdan deň derejede alan zady, ýagny binýady iman, Hudaýyň söýgüsi, äht esasyndaky ýalkanyşlarymyz we ş.m. zatlar barada aýdylýandygyna ynanýaryn. Emma esasy prinsipler şol bir zat. Geliň, bu wakanyň dowamyny okalyň:

> “Begzada ygtyýarlyk alyp, yzyna dolanýar. Soňra ol pul beren hyzmatkärlerini ýanyna çagyryp, kimiň näme gazananyny bilmek isleýär. Birinjisi gelip: ‘Hojaýyn! Seniň bir mina puluňy *işledip*, ilkibaşdakydan *on esse köp* puly gazandym!’ diýýär. Begzada oňa: ‘Berekella, ýagşy hyzmatkär! Az zatda sadyk bolanyň üçin *on şähere häkim bol’* diýýär” (Luka 19:15-17, NLT).

Birnäçe pikiri nygtap geçmek gerek. Birinjiden, by hyzmatkär özüne berleni işletdi. Ikinjiden, ol *yhlasly* we *paýhasly* zähmet çekip, netijede on esse köpelmäni gazandy. *Paýhasly* zähmet çekmeklik Hudaýyň paýhasyna eýermekligi aňladýar, bu bolsa dostum Maýkyň ýagdaýyndaky ýaly, diňe Hudaýyň sesine gulak asanymyzda mümkin bolýar. Üçünjiden, *köpeltme* ýene-de gönüden göni *sadyklyk* bilen bagly. Bu ýerde hiç bir iş ýa-da ýagşy häsiýetler agzalmaýar, sebäbi Hudaý üçin sadyk bolmaklyk köpeltmekligi aňladýar. Iň soňkusy, hyzmatkäriň baky baýragy onuň köpeltmesine barabar – birinji hyzmatkär on şähere häkim bellendi.

Indi bolsa, geliň, indiki hyzmatkär barada okalyň:

> “Ikinjisi gelip: ‘Hojaýyn! Seniň bir mina puluňy işledip, ilkibaşdakydan *bäş esse köp* puly gazandym’ diýýär. Hojaýyny oňa hem: ‘Oňarypsyň! Sen hem bäş şähere häkim bol’ diýýär” (Luka 19:18-19, NLT).

Bu hyzmatkär on esse däl-de bäş esse köpeltdi. Onuň baky baýragy

onuň goşandyny mälim edip, ol on şäheri däl-de, bäş şäheri aldy. Ol näme üçin beýleki hyzmatkär ýaly on esse köpeltmedi? Onuň Hudaýyň danalygyna o diýen ünsli bolmazlygy mümkin zatmy? Ýa ol, beki, mümkinçilikleri sypdyrandyr? Ýa ol birinji bapda gürrüň beren Sten dostumyň etmekçi bolşy ýaly, ömrüniň ahyrky ýyllarynda badyny haýallatdymy? Ol zähmet dynç alşyna çykanyndan soň hiç zat etmeli däl diýip hasaplan bolsa näme?

Birnäçe ýyl mundan ozal men liderler üçin geçirilen konferensiýalaryň birinde köpeltme barada wagyz edýärdim. Wagyzdan soňra Kaliforniýadaky gozgalmaýan emlägiň iň üstünlikli gurluşykçylarynyň biri meniň ýanyma geldi, ol Şalyk üçin eýýäm millionlarça dollary sadaka beripdi. Bu adam sarsgynlyk duýandygyna garamazdan, bilim alana meňzeýärdi. Ol şeýle diýdi:

– Jon, men üstünligim sebäpli indi saklansam-da bolýar diýip pikir edýärdim. Bu pikire ýol bermek gaty aňsat, ýöne şindi onuň nädogrudygyny görýärin. Men öňe hereket etdip, Hudaýyň maňa berenlerini köpeltmek üçin has ünsli we yhlasly bolaryn.

Onuň çyn ýürekden eden tobasy, belki, durmuşyny özgerder we ol bäs esselik köpeltmeden on esselik köpeltmä geçer.

Üçünji hyzmatkär kim?

“Üçünji hyzmatkäri bolsa ilkibaşda berlen puly gaýtaryp, şeýle diýdi: „Hojaýyn! Ine, seniň bir horjun puluň, men ony bukup sakladym. Men senden gorkdum, sebäbi sen gaty özdiýenli adam. Sen goýmadyk ýeriňden alýarsyň, ekmedik ýeriňden orýarsyň’

Patyşa oňa gygyryp:

> ‘Eý, erbet hyzmatkär, seni öz agzyňdan çykan sözler bilen höküm ederin! Asyl sen meniň özdiýenli adamdygymy, goýmadygymy alýanymy, ekmedigimi orýanymy bilýärmidiň? Onda näme üçin pulumy işletmäge bermediň? Men gelenimde, ony peýdasy bilen alardym’ diýýär” (Luka 19:20-23, NLT).

Mattanyň wakasyndaky ýaly, bu hyzmatkäriň hem şol iki uly ýetmezçiligi bardy. Birinjisi – ol gorkýardy, ikinjisi – ol öz eýesiniň

häsiýetini bilmeýärdi. Bu waka ýene bir gezek Hudaýa degişli zadyň saklanylmagynyň *sadyklyk* däl-de, *biabraýlykdygyny* görkezýär. Siz begzadanyň *gygyrandygyna* üns berdiňizmi? Ýaltaçylykly garaýyş hökümdary gazaplandyrdy we ol muny görkezdi! Eger oýlansaň, örän aýňaldyjy ýagdaý.

Soňra bolup geçýän zatlar Mattanyň tymsalyndan çykaran netijelerimizi tassyklaýar:

> “Onsoň patyşa ol ýerde duranlara: ‘Onuň elinden puly alyň-da, on horjunla beriň diýýär. Olar oňa: ‘Hojaýyn, onuň özünde öňem on horjun pul bar ahyry!’ diýýärler. Ol: ‘Hawa, özüne berlenleri netijeli ulanýanlara öňküden-de köp berler. Emma hiç zat etmeýänlerden hatda bolanja zatlary hem elinden alnar’ diýip jogap berdi” (Luka 19:24-26, NLT).

Bu şol bir wagtyň özünde hem täsin, hem-de gorkuly hakykat. Eger biz Maýk ýaly etmesek, eger biz köp wagtymyzy Hudaýyň Sözi bilen we Onuň bilen gatnaşykda geçirmesek, biz bilmezden, Hudaýyň häsiýetlerine ýaşaýan gurşawymyzyň süzgüjinden geçirip gararys. Bu jemgyýetiň, Golliwudyň, jemgyýetçilik ýa-da täzelik torlarynyň, berk atanyň, diniň, biziň halaýan ýa-da halamaýan islendik aladalarymyzyň ýa-da jemgyýetçilik pikirleriniň süzgüji bolup bilýär. Ýöne biz Hudaýy we Onuň Sözüni ýakyndan bilsek, bu ýalan süzgüçleri saýgaryp bileris.

## BIZ BERMÄGE ÇAGYRYLAN

Maýkyň *bermeklik ruhy peşgeşi* bar, ol muny üstünlikli ulanýar. Ýöne biziň her birimiz *beriji* bolmalydyr.

Muňa has oňat düşünmek üçin, geliň, bermekligi Isa Mesihiň bütin dünýä aýlanyp, Hoş Habary wagyz etmek baradaky tabşyrygy bilen deňeşdireliň (ser.: Mark 16:15-16). Bu tabşyryk imanlylaryň her birine berildi. Biziň hemmämiz ilçiler bolup, azaşanlara Hoş Habary wagyz etmeli. biz muny Pawlusyň sözlerinde hem görýäris: “Hoş Habary ýaýratmak ugrunda zähmet çek” (2 Timoteos 4:5); bu sözler imanlylaryň hemmesine degişlidir.

Ýöne *hoş habarçy* diýen aýratyn bir hyzmat we ruhy peşgeş bardyr. Pawlus şeýle ýazýar: “Ine, Mesih...käbirlerini *hoş habarçy*.... edip belledi (Egesliler 4:11). Bu hyzmata hemmeler däl-de, käbirler çagyrylan. Bu ruhy peşgeş janlar hasylyny ýygnamak başarnagynda üstünlik gazanýar. Resullaryň işlerinde hemme imanlylarda däl-de, Filip hoş habarçy diýlip atlandyrylan (ser.: Resullar 21:8). Billi Grem, Ti El Osborn, Reýnhard Bonke zehinli hoş habarçydylar. Olaryň hersi öz topary bilen onlarça million janlary gazandylar. Olar hem Hudaýyň özlerine beren ruhy peşgeşini ozal gürrüň beren Maýk dostum ýa-da başgalar ýaly köpeltdiler.

Biz hem olar ýaly bermäge çagyrylan, ýöne *berim harizmasy* bolan adamlar bar. Olar sadaka bermekde edil hoş habarçynyň janlary gazanmakdakysy ýaly üstünlik gazanýarlar. Bu kitap Hudaýyň beren ruhy peşgeşlerini nädip köpeltmelidigi barada gürrüň berýär. Ýöne malie berim köpeltmegiň juda wajyp tarapy bolany üçin, men şu babyň ahyryna çenli her birimiziň çagyrylan zadymyza – maliýe berim çagindäki köpeltmä üns beresim gelýär.

Kyrk ýyl hyzmatymyň dowamynda men maliýe berimi babatda birtaraplaýynlygyň iki dürlüsini gördüm. Bu birtaraplaýyn garaýyşlar köp ýygnaklara täsirini ýetirdiler we men bu ýagdaý üýtgär diýip tüýs ýürekden umyt edýärin. Birinjiden, diňe almak üçin berýän adamalar bar; olar diňe özlerini bilmeklik zerarly has köp almak isleýärler. Eger biz obýektiw bolup, hemme zady bolşy ýaly atlandyrsak, bu niýeti bir söz bilen beýan edip bolar – *açgözlük*.

Gynansak-da, bu ýalňyş garaýyş başga birtaraplaýynlygyň döremegine ýardam etdi. Bu esasan-da, Maýkdan tapawutlylykda, Hudaýyň Sözüniň doly manysyny öwrenmeýän adamlara degişli. Olar adamlaryň imanyny maliýe berimde bina edýän taglymatlaryň islendigine ýigrenç bilen garaýarlar. Bu garaýyş hatda iň ýokary derejä – sadakalar bilen bagly zatlaryň ählisini ret etmeklige eltip bilýär. Aslynda, bu pikiriň tarapdarlary öz netijeliligini we olara gulak asýanlaryň netijeliligini çäklendirýärler. Netijede bolsa Hoş Habaryň umumy işi çäklendirilýär.

Liza ikimiz Isa Mesihi kabul edenimizden soň berim barada örän köp öwredýän bir ýygnagyň agzalary bolduk. Bu 1980-nji ýyllardy

we şol döwürde köpler tabşyryk barada däl-de, özleri barada has köp pikir edýärdiler. Biziň ýygnagymyzyň taglymaty köp zat babatda dogry bolsa-da, häsiýet ýetmezçilikleri zerarly köp adamlar has giň öýleri, has oňat ulaglary edinmek, gymmat dynç alyşlara gitmek we başga-da egoistik isleglerini kanagatlandyrmak üçin sadaka berýärdiler. Olar hem imansyzlar ýaly hereket edýärdiler, ýöne bir tapawut – olar Mukaddes Ýazgylaryň formulasyna dolangydy. Liza ikimiz ilkibaşdan munda haýsydyr bir nädogrulygyň bardygyny bilýärdik, ýöne anyk nämedigini kesgitläp bilmeýärdik.

Dogrymy aýtsam, şol gurşawda wagt geçirenimizden soň, Liza ikimize berim barada doly düşünjäni almak üçin saplanmanyň we kämilleşmäniň belli bir tapgyryny geçmek gerekdi. Şol ýygnagyň lideri ahyrda synaga uçrap, ähli zadyny ýitirdi. Muny görenimizden soň, başga bir tarapa ýykgyn etme islegi döredi, ýöne biz öz tejribämize däl-de, Hudýayň Sözüne has köp ynanmagyň tarapdarydyk.

Ýygnagymyz bizi öz hyzmatymyza goýbereninden iki ýyl soň men gözümi açan adatdan daşary bir duýgulary başdan geçirdim. Men ýygnakdadym we wagyz etmäge taýynlanýarkam, Mukaddes Ruh menden: “*Ogul, sen dinçilik ruhunyň nämedigini bilýärmiň?*” diýip sorady.

Men dinçilik pikir ýörelgeleri barada okaýardym, öwredýärdim, wagyzlary diňleýärdim we hatda o barada ýazýardym, ýöne Ol menden bu barada soranda, nämedir bir zatlara düşünmeýänligime aň ýetirdim. Men jogap berip, şeýle diýdim: “Bilemok öýdýän, ýogsa Sen bu barada menden soramazdyň. Ol näme zat?”

Mukaddes Ruh şeýle jogap berdi: “Dinçilik ruhy – bu öz erkini amal etmek üçin Meniň Sözümi ulanýan adam. Şeýle adam Meniň tabşyryklarymy berjaý etmeýär we Meniň ýürek isleglerim onuň üçin ilkinji derejeli däl. Ol Meniň Sözümi öz bähbidini aramak üçin ulanýar”.

Bu sözler şol zäherleýji gurşawda bolanymdan soň ýüregimde gerek bolan özgerişleri amal etmäge höweslendiren sözlere öwrüldi. Mukaddes Ruhuň habary biziň berip bilýändigimizi we hatda öz berimlerimiziň hasylyny orup bilýändigimizi, ýöne bulary dogry niýet bilen etmelidigimizi görkezdi. Eger hatda niýetlerimiz nädogry bolsa-da, Hudaýyň kanunlary hasyl berer.

Resul Pawlus berimi beýan etmek üçin, ekerançylyk mysalyny ulanansoň, maňa hem şeýle etmäge ygtyýar ediň. Daýhan tohumlary diňe bir maksat bilen – tutuş hasyly özüne goýmak maksady bilen ekýär. Ol ulanyp bilmejek zatlaryň ählisi üçin ammarlary gurup, ýüreginde şeýle diýer: “Eý, janym, köp ýyl üçin ýygnalan ençeme zadyň bar, dynjyňy al, iý, iç, keýp çek” (Luka 12:19).

Hudaý şeýle adama: “Akmak!” diýip jogap berer (20-nji aýat). Görşümiz ýaly, ekip, hasyl ormagyň prinsipleri bu daýhan babatda işledi, ýogsa ol Isa Mesihiň sözlerine laýyklykda açgözdi.

Daýhanlaryň başga biri kömek edip, adamlary naharlasy geler. Ol hem birinji daýhanyňky ýaly hasyl alar, ýöne başgaça hereket eder. Ol öz ýüreginde şeýle diýer: “Ajaýyp! Meniň azygym bar, men öz jemagatyma güýçli we abadan bolmaga ýardam berip bilýärin! Men jomart bolup bilýärin!”

Tohum ekmek we hasyl ormak prinsipi daýhanlaryň ikisi üçin-de deň derejede hereket edýär. Birinji daýhanyň niýetiniň açgözlük bolany üçin hemmeler tohum ekmegi bes eden bolsalar, gülkünç bolardy. Ýöne Şalyk üçin bermek çäginde köp adamlar hut şeýle-de etdiler.

Geliň, Pawlusyň sözlerini jikme-jik öwreneliň. Ol şeýle diýip, söze başlaýar:

> “Şoňa görä-de, wada edilen *hemaýatyňyzyň* taýýardygyna göz ýetirmek üçin, özüm barmazdan öň doganlarymyzy ýanyňyza ibermeli diýen karara geldim. Ýöne men *hemaýatyňyzyň* mejbury däl-de, göwünjeňlik bilen berlen peşgeş bolmagyny isleýärin” (2 Korintoslylar 9:5).

Pawlusyň bu ýerde maliýe ruhy peşgeşi ýa-da sadaka barada aýdýandygy gürrüňsiz. Ol Hudaýyň berijiler üçin nämeleri edýändigini görkezmek üçin, ekerançylyk prinsipini ulanyp, sözüni dowam edýär:

> “Şuny unutmaň: gysganyp ekýän az orýandyr, sahylyk bilen ekýän, bol orýandyr” (2 Korintoslylar 9:6).

Eger biz ýekä-täk niýet – adamlara kömek bermek niýeti bilen

berýän bolsak, onda näme üçin Pawlus bermekden orjak hasylymyz barada adýar? Ikinji derejeli islegi – köpeltmekligi islemeklik, aýratynda ol biziň ilkibaşdaky niýetimizi – Şalygyň adamlaryny bina etmek niýetimizi güýçlendirip, köpeldýän bolsa, nädogry niýetmikä? Pawlusyň Korintosdaky ýygnakda täzelikde iman edenlere öz netijeliligini köpeltmek barada öwredişi Isa Mesihiň pul horjunlary baradaky tymsalyny aýdyp öwredişi ýaly bolmagy mümkin zatmy? Biz Pawlusyň olary rehim-şepagatly bolmak bilen birlikde has köp ýalkanyşlary almak üçin berim bermäge çagyrypdyr diýen netijä gelip bilýärismi? Men Pawlusyň hut şony isländigine ynanýaryn, sebäbi ol sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> “Göwünsizlik ýa mejburlyk bilen däl-de, her kes göwnünden çykaranyny bersin. Çünki Hudaý göwünjeňlik bilen berýäni halaýandyr. Hemişe *hemme zadyňyz ýeterlik bolup, islendik ýagşy işe bol mümkinçiligiňiz bolar ýaly*, Hudaý size merhemetini boldan-bol bermegi başarýandyr. (2 Korintoslylar 9:7-8).

Iki zadyň boljakdygyna üns beriň. Şähsy mätäçlikleriň öwezi dolunar, ýöne Pawlus *islendik ýagşy işe bol mümkinçiligiňiz boljakdygyny* aýratyn belläp geçýär. Biziň sahy bolmak başarnygymyz berim berendigimiz ýa-da tohum ekendigimiz sebäpli köpeler. Indiki aýatlarda bu niýet has-da köp ykrar edilýär:

> “Hudaý daýhanyň ekjek tohumyny, iýjek çöregini ýetirýändir. Şoňa görä-de, Ol siziň *ekeniňizi boldan-bol artdyryp*, *dogrulygyňyzyň* bol hasylyny ýetişdirmegi hem başarar. Siz *her zatda sahy bolup bileriňiz ýaly*, ähli zada baý bolarsyňyz” (2 Korintoslylar 9:10-11).

Pawlus Hudaýyň berimiňiz arkaly siziň serişdeleriňizi artdyrjakdygyny aýratyn belleýär. Bu size hemişe sahy bolmak başarnygyny berer. Bu hakykat diňe maliýe berimleri bermek ruhy peşgeşi bolanlara däl, eýsem her bir imanla hem degişlidir. Bu Hudaýyň gadymdan bäri berkarar eden ruhy kanunydyr.

Liza ikimiz hyzmata başlan döwrümizde ýyllyk girdejimi 18 000

dollardy. Biz töleglerimizi zordan töleýärdik. Men hyzmatymyzda Isa Mesihiň Doglan gününi ilkinji gezek belleýşimiz ýadyma düşýär. Biz gerekli zatlary satyn alyp, elde ýasan sowgatlarymyz salnan kiçijek sebetjikleri jemlemek üçin, biraz tygşatlan pulumyzy sowmaly bolduk. Biziň hiç bir zat üçin ýeterlik pulumyz ýokdy.

Iki ýyl geçenden soň çopanymyz aýratyn sadaklary ýygnaýardy. Liza ikimiz şol sadakanyň niýetlenilýän işiň bir bölegi bolmak isleýärdik. Hudaý bize “1000 dollary beriň” diýip aýtdy.

Biz kiçijek öýi satyn almagyň ilkinji tölegini tölemek üçin, iki ýylyň dowamynda puly oňardygymyzdan tygşytlapdyk. Biz 1800 dollary ýygnapdyk. Biziň başga hiç zadymyz, pension meýilnamamyz-da, maýa goýumlarymyz-da, daýanar ýaly başga tygşytlan serişdelerimiz-de ýokdy. Eger biz 1000 dollar bersek, hasabymyzda diňe 800 dollar galardy. Iki ýyllap toplanan pul bu sadaka sebäpli gaty kemelip, öý için ilkibaşdaky tölege ýetjek puly toplamak üçin ýyllar gerek ýaly bolup görünýärdi. Emma biz bu puly sadaka berdik, sebäbi adamlary ýalkaýan şol işiň bölegi bolasymyz gelýärdi. Şeýle-de, biz sahy bolasymyz gelýärdi. Biz Hudaýyň Sözünden mümkinçiliklerimizi artdyrmagyň ýeke-täk usulyň özümizdäki az zady köpeltmekdigini bilýärdik.

Ýyllar geçdigi saýy biziň sebetjiklerden has uly sowgatlary we 100 dollardan has köp puly sadaka bermäge mümkinçiliklerimiz peýda boldy. Diňe şu ýylyň özünde biz missiýa üçin şol ilkinji sadakadan 50 esse köp sadaka berip bildik. Biz has köp adamlary islendik usul arkaly ýalkamak isleýäris. Hudaý biziň başarnyklarymyzy artdyrdy we sahy bolmaga güýç berdi. “Passion” terjimesi bu hakykaty ajaýyp tärde açýar:

> “Biziň azygymyzyň çöregi bolýan tohumy bilen daýhana bolelin berýän Hudaý siz babatda has-da sahydyr. Birinjiden, Ol islendik mätäçligiň öwezini dolýar, hatda ondan-da artyk edýär. soňra Ol *sahylygyňyzyň hasyly artar* ýaly, eken tohumyzyňy *köpeldýär*. Siz her gezek sahylyk bilen bereniňizde, boldan-bol baýarsyňyz” (2 Korintoslylar 9:10-11, TRT).

Onuň biz babatda sahydygyna üns beriň. Ol Şalygyň gurluşygyna berýän maýa goýumlarymyzy *köpelder*; Ol muny aýratyn maksat bilen,

ýagny *sahylygymyzyň artmagy* üçin edýär. Biz gökdäki hasabymyzy doldurýarys, ol ýerde ony güýe iýmeýär, ol poslamaýar, ogrular guzlinlikde gazyp, ogurlamaýar, şeýle-de biz olary bu durmuşymyzda hem ulanarys. Hawa, baky baýrak bar, ýöne bu dünýäde sahy bolup bilmegimiz üçin doldurýan hasap hem bar. Pawlus Filipidäki ýygnagyň imanlylaryna ýazan hatynda muny aýdyň görkezdi:

> “Men muny [siziň] peşgeşleriňize hantama bolanym üçin aýtmaýaryn. Men siziň bähbidiňiziň [siziň hasabyňyzda köpelýän ýalkanyşlar hasylynyň] artmagyny isleýärin” (Filipililer 4:17, AMPC).

Käbir adamlaryň bank, fond we maýa goýum hasaplarynyň bolşy ýaly, her bir imanlynyň gökde hasaby bar. Bu hasap ýer ýüzünde Şalygyň gurluşygynda netijeliligimizi artdyrmak üçin, bize güýç berýär. Ähli imanlylar bu ruhy kanuny bilip, oňa ynansalar, näme bolardy? Biz Hoş Habary dünýä has çalt wagyz ederdik! Biziň Şalygymyzyň duşmany imanlylary her dürli ýol bilen maliýe tohumlaryny ekmekden näme üçin saklaýandygyna indi aýdyň düşünýäňiz gerek?

Liza ikimiz bir är-aýal jübüti Fil we Dana bilen ýakyndan gatnaşýarys. Olaryň berýän berimleri akyla sygar ýaly däl. Olar öz girdejileriniň takmynan 50%-ni Şalyga sadaka berýärler. Ýaňy ýakynda olar bir hyzmat üçin 100 000 dollar sadaka berdiler. Iki gün geçenden soň olar başga bir hyzmat üçin ýene 100 000 dollar sadaka berdiler. Men muny anyk bilýärin, sebäbi şol ikinji hyzmat “Messenjer Interneşeneldi”.

Fil öz telekeçilik işini köp ýyl mundan ozal başlapdy; ol orta gürpde – o diýen bir üstünlikli däldi. Ýöne 22 ýyl mundan ozal Fil bilen Dana bir hyzmat üçin indiki üç ýylyň dowamynda 250 000 dollar sadaka berjekdigini söz beripdirler. Bu asla mümkin däl bolup görünýärdi, ýöne olar Hudaýyň goşulmagyna ygtyýar beresleri gelýärdi.

Filiň telekeçilik işi pajarlap başlady, ýöne ol işleriniň neneň gowy barýandygyna aň ýetirmändir. Üç aýdan ol öz hasabynda goşmaça 250 000 dollaryň toplanandygyna düşünipdir. Olar Dana bilen sadaka bermegi söz berenlerini üç ýyla çekmän, bada-bat bermegi karar edipdirler. Ol maňa şeýle diýdi:

– Jon, şol pursatdan başlap, biziň durmuşymyzda berimiň akyla sygmajak derejeleri başlandy.

Olar hem Maýk ýaly togtamazlygy karar etdiler. Olar ýeten sepgitlerinde galmak aňsatka-da, öňe hereketi dowam etdirdiler we olaryň hasaby hatda arzuwlap-da bilmeýän möçbere çenli köpeldi. Buz siziň we meniň üçin-de mümikin zat! Pawlus bize şuny nygtap aýdýar:

> "Bularyň baryny tamamlar ýaly, Hudaýyň gudratly güýjüniň sizde hereket etjekdigi babatda asla şübhelenmäň. Ol siziň iň uly haýyşyňyzdan-da, iň bolmajak arzuwyňyzy-da has ýokary zatlary etmegi başarýandyr. Ol bularyň baryndan-da artyk eder, sebäbi Onuň gudratly güýji sizi dyngysyz berkidýär" (Efesliler 3:20, TPT).

## BÖWSÜLME

Hyzmat eden ýyllarymyň dowamynda men öz *harizmamyzda-da*, öz *maliýe berimlerimizde-de* synaljakdygymyzy ýüze çykardym. Siziň durmuşyňyzda neşirýatçylaryň biriniň-de kitabyňyz barada gürleşmäge isleg bildirmejek wagty, munuň hem köp ýyllap dowam etjek döwürleri bolup bilýär. Siz muny goýbolsun etmek barada pikir edersiňiz, sebäbi yhlasly işleseňiz-de, kitabyňyzyň çap edilmejek ýaly bolup görünýär, bu babatda edip biljek zadyňyz-de ýok. Ýöne siz şonda-da gulak asmaklygy dowam edýärsiňiz. Onsoň birdenkä *böwsülme* gelýär.

Ýa-da siz elmydama sadakalary berýärsiňiz, ýöne çalt hasyly görmeýärsiňiz, muny dowam etmäge puluňyz ýeterlik däl bolup görünýär. Ýöne Hudaýyň Maýk bilen gürleşişi ýaly bir pursat gelýär we siz hatda mümkin däl bolup görünýän ýagdaýlarda-da gulak asmagy dowam edýärsiňiz. Siz *böwsülmäni* alyp, berimiň indiki çägine girýärsiňiz.

*Böwsülme* näme? "Dictionary. com" bu sözi "böwedi ýa-da çäklendirmäni aradan aýyrýan ýa-da onda üstün gelýän ýagdaý ýa-da hereket" diýip kesgitleýär. Şeýle ýagdaýy göz öňüne getiriň: suw desgasy suwy böwetläp saklaýar. Suwuň derejesi galýar, ýöne desga heniz-de ony böwetleýär. Birdenkä desgada jaýryklar peýda bolýar; az

salymyň içinde suw birdenkä böwüsýär, böwet aýryldy we suw ozal akyp bilmedik ýerine akyp başlaýar. Ine, böwsülme hut şeýledir.

Dawut patyşa şeýle diýýär: “Sil bentleriniň böwsülişi kimin, Hudaý-da duşmanlaryma *meniň elim* bilen zarba urdy” (1 Ýyl ýazgylary 14:11). Ýokary galýan suw – bu hakykata tabyn galmagymyzyň nyşany, böwsülmeden soň erkin akýan suw bolsa hasyllygyň we bolelinligiň nyşany.

Fil we Dana dostlarymyzy [wakasyna dolanalyň. Fil maňa ilkinji 100 000 dollaryny sadaka beren badyna örän üstünlikli hepdeleriniň bolup, diňe bir hepdäniň dowamynda ýene 100 000 dollar we hatda ondan-da köp gazanandyklaryny gürrüň berdi. Böwsülme, ine şeýle zat. Ilkibaşda beýle däldi; olar mydama sadaka berýärdiler, ýöne birdenkä bol hasyly ozal görmändiler. Ýöne köp ýyllaryň dowamynda dyngysyz ekensoňlar, olar böwsülmäni başdan geçirdiler we olaryň hasyly edil ekişleri ýaly ýygy-ýygydan bolýan ýaly.

Bu Amos pygamberiň: “Ine, şeýle günler geler — Hökmürowan Reb diýýär, — bugdaý bilen üzüm hasyl ýygnalyşyndan-da tiz öserler” (Amos 9:13, NLT) diýen sözleriniň berjaý bolmagydyr. Terjimäniň has köne görnüşinde bu hakykat owadan keşpde aýan edilýär:

> “Ine, şeýle günler geler — Hökmürowan Reb diýýär, — ýer sürýän orak orýanyň yzyndan ýeter, üzüm sykýan ekiş döwrüne çenli işini gutarmaz, şirin şerap daglardan damar, bütin depelerden-de *joşup akar*”.

Orakçynyň bol hasyly bolany üçin, tohum sepýän daýhan onuň yzyndan ýeter.

Daýhan indiki ýylyň ekinini ekip başlanda, üzüm sykýanlar heniz-de öňki hasylyň üzümini sykarlar! Bu täsin ýagdaý olaryň işleriniň netijesidir. Ekin ekýänleriň, orakçylaryň we üzüm sykýanlaryň umumy maksady bar – şeraby taýyn etmek. Olaryň zähmetiniň netijesi barada şeýle diýilýär: “Şerap dyngysyz akar; ol togtamaz, hasylsyz döwürler gaýdyp bolmaz” (awtoryň öz sözleri bilen beýanaty).

Hut şeýle bolanda biziň *harizmamyz* we *maliýe berimlerimiz* üçin ýer

bardyr. Bu Maýk bilen, Fil we Dana bilen hem boldy. Biziň “Messenjer Interneşenel” hyzmatymyz köp ýylyň dowamynda eken serişdeleri sebäpli durmuşlarynyň özgerendigi barada köpsanly şaýatlyklary alýar. Üzüm agajy onuň hasylyny ýygnap ýetişeniňden-de çalt ösýär!

Köp adamlar böwsülmäniň edil öňýanynda ýeň berýärler. Olar kynçylyklardan we arzuwlaýan netijeleriniň bolmazlygyndan ýadaýarlar. Liza ikimiz sagdyn düşünjä we logika daýanyp, Hudaýyň Ruhunyň sesine biperwaý galyp bilýärdik. Bize şeýle gerek bolan öýüň ilkinji bahasyny tölemek üçin 5000 dollar gerekdi. Şäherimizdäki köp gatly amatly jaýlaryň köpüsinde diňe uly ýaşly adamlar ýaşaýardylar, olar çagalar bilen ýaşamaga amatly däldi. Biz: “Ilki jaý satyn alaly, 1000 dollary bolsa ýygnagyň indiki taslamalarynyň birine sadaka bereris” diýip bilýärdik. Ýöne onda biz Şalyga goýum goýup, öz serişdelerimizi köpelmekdäki ajaýyp mümkinçiligi sypdyryp bilýärdik.

Bu wakanyň täsin tarapy – alty aýdan şol 5000 dollar täsin bir tärde elimize gowuşdy. Liza bir hasapdan pul aldy, ony kakasy açypdyr, biz ol barada şol wagt hiç zat bilmeýärdik. Ýene-de iki adam biziň mätäcligimiz barada hiç zat bilmeseler-de, bize 2000 dollar berdiler. Bir ýyl wagt geçmänkä, biz täze jaýymyza göçdük. Bu gudratdy, munuň “mümkin däl” bolan wagtynda Onuň üpjünçiligini almak imanymyz we sabyrlylygymyz üçin has gowudy. Men Mukaddes Ruhuň bermäge höweslendiren şol 1000 dollary bermän saklan bolsak, şeýle zadyň boljagyna ynanamok.

Mowzugymyzyň şu tapgyrynda şuny duýdurmak maksada laýyk bolardy: biz özümize bil baglap hereket etmeli däl. Men nämäni göz öňüne tutýaryn? Biz Uly Hyzmatdyşymyzdan, ýagny Mukaddes Ruhdan maslahat soramaly. Ol bize şeýle diýýär: “Penakäriňiz, Ysraýylyň Mukaddesi Reb şeýle diýýär: ’Peýdaly zady öwredýän size, ýöremeli ýoluňyzdan äkidýän Hudaýyňyz Reb Mendirin’” (Işaýa 48:17). Duýgur ynsaply (Mukaddes Ruhuň aýdyňlyk berýän ýeri) bolmak diýseň wajypdyr. Onuň görkezýän zatlaryna tabyn bolmak hem wajypdyr, sebäbi Hudaýyň Şalygyna goýan goýumlarymyzyň berýän peýdasyna hut Ol äkidýändir. Ol biziň ýüregimize pyşyrdamadyk bolsa, biz şol 1000 dollary bermezdik.

Käbir adamlar Onuň maslahatyna gulak asmaýarlar. Käbirleri bolsa Onuň maslahatlaryny eşidip bilmeýärler, sebäbi olar ozal köp gezek “ýok” diýensoňlar, ynsaplary indi o diýen duýgur däl. Eger siz şeýle adam bolsaňyz, toba ediň-de, Onuň sesini basanlygyňyzy üçin Ondan ötünç soraň. Siziň duýgurlygyňyz şobada dolanar, sebäbi Ol bagyşlamaga hemişe taýýar! Ýöne şondan soň Onuň diýýänlerini diňläň we akylyňyzyň sesine pikiriňizi üýtgetmegine ýol bermäň.

## OÝLANYŇ

1. Hudaý adamlara bolan söýgüsini siziň ýüregiňize saldy, şonuň üçin-de, kalbyňyzda bermek we hyzmat etmek islegi bar. Siz häzirki wagtda nädip berýärsiňiz we hyzmat edýärsiňiz? Siz bermekde we hyzmat etmekde nähili döredijilikli tärler arkaly ösüp bilersiňiz?

2. Dana beriji sadaka diňe söýgi we hyzmat etmek peşgeşi hökmünde garaman, eýsem oňa *goýum goýma* hökmünde hem garaýar. Siz öz berimleriňizden we hyzmatyňyzdan nähili gaýtarmalara garaşýarsyňyz? Siz berime we hyzmata maýa goýma hökmünde garap başlanyňyzdan soň, olara bolan garaýşyňyz nähili üýtgedi?

3. Siz öz *harizmaňyzda-da*, *pul berimleriňizde-de* synalarsyňyz. Şu synaglaryň dowamynda hasyl gijigýän, zähmetiňiz bolsa netijesiz bolup görünjek döwürleri bolar. Siz hemme zady goýbolsun etmäge ýykgyn bolup başlanyňyzda, jogabyňyz nähili bolmaly? Siz özüňizi nähili ruhlandyrýarsyňyz?

*Hudaý siziň her biriňize dürli ruhy peşgeşler berdi.*
*Olary biri-biriňize hyzmat etmek üçin ulanyň.*

- 1 Petrus 4:10

# 10

# STİMUL

Şu bapda (oňa merkezi bap diýse-de bolýar) men size *netijeli köpeltmegiň stimulynyň* nämedigini aýdyp berjek. *Netijelilik* barada aýdanymda, men asyrlarboýy galjak köpetmäni göz öňüne tutýaryn.

Stimul – bu herekete ýa-da özgerişe höweslendirýän ýa-da olara üçin amatly şertleri döredýän zat (meniň kesgitlemäm birnäçe sözlüklerden alnan). Biziň hemmämiz ruhy peşgeşleri alan, ýöne olaryň ägirt güýji resul Petrusyň aýdýan zadyny, ýagny "biri-biriňize *hyzmat etmek* üçin ulanyň" diýenini berjaý edenimizde herekete gelýär. Hyzmat etmelik *stimul* bolup durýar, ýöne hakyky hyzmat hemişe söýgi sebäpli amal edilýändir. Resul Pawlus şeýle ýazýar:

> "Sebäbi biz Atamyz Hudaýyň huzurynda imanyňyzy amal edişiňizi, söýgiňiziň biri-biriňize hyzmat etmäge höweslendirişini ýatlaýarys" (1 Salonikliler 1:3, TPT).

Hakyky hyzmat söýgüden doly ýürekden gaýdýar. Muňa bolan höwes betbagtlyklar, kynçylyklar ýa-da amatsyz ýagdaýlar sebäpli üýtgemeýär. Ol käwagt sözde, köplenç hereketde mälim bolýar.

## HIND TOWUGYNY SOWGAT BERÝAN AÝAL

Biz hyzmat mowzugy babatda bir wakanyň mysalyna garap geçeris. Gürrüň bermekçi bolýan är-aýal jübitim biziň ýakyn dostlarymyz, olar öz atlaryny aýtmazlygy haýyş etdiler. Olaryň

haýyşyny berjaý edip, men toslama atlary ulanaryn.

Raýli bilen Deýw Birleşen Ştatlaryň iň uly şäheriniň golaýynda ýaşaýarlar. Olar goňşy jaýlarda ýaşansoňlar, birek-biregine duşmak nesip etdi.

Olar toý tutanlaryndan soň, Raýli Isa Mesihiň doglan gününde mugt naharlaýan we sowgatlar berýän ýygnaklaryň, öýsüz-öwzarsyzlaryň ýatakhanalarynyň we beýleki haýyr-sahawat guramalaryň aglabasynyň Minnetdarlyk güni üçin az iş edýändikleri barada oýlanyp başlapdyr. Ol Minnetdarlyk gününiň wajyp gündügine ynanýardy, sebäbi ol – maşgala güni. Minnetdarlyk güni saçak başynda geçirilýär, ýöne köp ýalňyz eneleriň, işe ýarawsyzlaryň we öýsüz-öwzarsyz adamlaryň baýram saçagyny taýýarlamaga ýagdaýy ýok, olar kimdir birine goşulyp-da bilmeýärler. Ol naharhanalaryň gerekli işleri edýändigine ynanýardy, ýöne bu ýerde öý tagamlarynyň maşgala berip bilýän ýakynlyk atmosferasy ýok.

Raýli şuny yglan etdi: “Biziň her birimiziň belli bir täsirimiz bar, ýöne bilelikde has köp işleri edip bilýäris”. Ol Hudaýyň Sözüni oňat bilýär we iki adamyň ylalaşykda eden yhlasy biriniň edeninden on esse artyk netijäni berýändigini hem bilýär (ser.: Kanun taglymaty 32:30). Şeýle-de ol köp imanlylaryň birleşen ýagdaýynda netijeleriň artýandygyny bilýär. Onuň ýüreginde ýene bir hakykat – hakyky hyzmatkäriň topar agzasy bolmagy isleýändigi we edilen işi öz adyna geçirmeýändigi baradaky hakykat lowlap ýanýar. Raýliniň nukdaýnazary köpeltmäniň şu wajyp düzüjilerini beýan edýär.

Birinji Minnetdarlyk güni mynasybetli ol hind towuklaryny satyn almak üçin maşgalasyndan we dostlaryndan pul ýygnady. Onuň pikirleri köpeltmä gönügendi, şonuň üçin-de, ol Deýw bilen her ýygnalan bir dollara özlerinden bir dollar goşjakdyklaryny söz berdiler. Şol ýyl olar 11 hind towugyny satyn aldylar we öz ulagyna ýükläp, adyny aýtmazdan, olary mätäçlere paýladylar. Indiki ýyl bu san 31-e ýetdi.

Üçülenji ýyl ol ol öz maşgalasyna we dostlaryna bu görnüşi öz dost-ýarlary bilen paýlaşyp bilýändiklerini aýtdy; ýöne ol bir şert goýdy: onuň ady hiç agzalmaly däldi. Olar hut şeýle-de etdiler we Raýliniň yhlasy çalt köpelip başlady. Olar bäşilenji ýyl 500 maşgala hind towugyny sowgat

berdiler we hersiniň ýanyna gök önümli we içine salynýan ir-iýmişli konserwalaryň ikisini goşup bildiler.

Şol wagta ol Halas ediş Goşun bilen *anonim* ýaýratmaklyk barada resmi ýagdaýda şertnama baglaşypdy. Bu haýyr-sahawat guramasynyň jemgyýetçilik gulluklary bilen aragatnaşygy bar bolany üçin, ol hakykatdan-da mätäç adamlary tapmak üçin arza bermekligi gurnap bildi. Saýlanylan adamlaryň başga üpjünçiligi (azyk talonlary, döwlet maksatnamalry we ş.m.) ýokdy. Raýli we onuň topary paýlaýyş nokadyny Halas ediş Goşunyň meýdançasynda gurnadylar.

Adamlar gerekli azygy gelip almak üçin dürli ýollary oýlap tapýardylar. Olar tirkegleri ýa-da sebetleri getirýärdiler, goňşularyna getirmegi haýyş edýärdiler ýa-da ýöne pyýada gelýärdiler, käwagt olar uzak ýerlerdenem pyýada gelýärdiler we hind towugyny, gök önümleri, konserwalary alyp, öz ýaşaýan ýerlerine - ulag tirkeglerine, kwartiralaryna, seýilgähe ýa-da açyk meýdanlara dolanýardylar. Öýsüz-öwzarsyzyň biri taşlanan gaz ballony we fritýurnisany ulanyp, özi we öýsüz dostlary üçin hind towugyny bişirmegi öwrendi.

Hind towuklaryny paýlamaklyk işi soňabaka şeýle bir ýaýbaňlanansoň, olara indi has köp adamlar bilen iş salyşmak üçin täze ýer gerek boldy. Golaýda ýerleşýän Ýaşlaryň mesihilik guramasynyň boş uly meýdanlary bardy, ýöne olaryň Halas ediş Goşuny bilen gatnaşyklary dartgynlydy. Bu mätäçlik bu iki guramany agzalalyklaryny ýeňip geçmäge mejbur etdi. Olar ýaraşyp, şondan bäri Raýliniň taslamasynyň we çäklerindäki başga taslamalaryň ugrunda bile işleýärler.

Raýli bilen Deýw her ýyl özleri üçin geçen ýyldakysyndan has köp ýaýratmagy maksat edinýärdiler. Olar öz ýaşaýan çäklerinde Minnetdarlyk gününde ýeke adamyň-da mynasyp tagamsyz galmajakdygyny karar etdiler. Alyjylaryň sanynyň artmagy bilen ýaýratmaklyk has-da çylşyrymly we kyn boldy. Bu aýratyn-da zatlaryň gymmatlamagy, käbir dostlaryň kömek etmegi bes edendi ýa-da göçüp gidendigi sebäpli boldy. Bu är-aýalyň maliýe ýagdaýy gowulaşdy we olar ýaýratmakdaky ösüşi togtatmak islemediler. Şonuň üçin-de, olar ýygnalan her bir dollara iki dollar goşmagy karar etdiler (Bellik hökmünde şol alty ýylyň dowamynda olaryň maliýe ýagdaýynyň

gowulanandygyny aýdyp geçmeli. Olaryň has netijeli bolup bileri ýaly, Hudaý olaryň berimlerini köpeldýärdi).

Raýli: “Hudaý hemişe dürli gözbaşlardan bizi pul bilen täsin üpjün edýärdi we biziň umumy girdejimiz artýardy” diýip aýdýar. Iň täsin zat: bu jübüt ilkibaşdan döwlet maksatnamalaryndan ýa-da hususy kompaniýalardan ýeke köpük-de almajakdygy barada karara geldiler. Serişdeler diňe maşgaladan, dostlardan we olaryň dostlaryndan ýygnalýardy.

Alyjylaryň sany artýardy, munuň bilen birlikde taze kynçylyklar hem ýüze çykyp başlaýardy. Alyjylaryň sany şeýle köpelensoň, olar hind towuklaryň hemmesini bir günüň dowamynda paýlap ýetişmeýärdiler. Raýli bilen Deýw olary paýlamak üçin ýene bir güni goşmaly boldular. Ýöne bu çynlakaý bökdençlik döretdi: olar indiki gün paýlajak hind towuklaryny agşam nirede saklamaly? Raýli erjellik bilen munuň jogabyny agtardy. Olaryň hind towuklaryny satyn alýan dükanlaryň uly toplumy ýarygije olara öz sowadyjy ýük ulaglaryny ulanmagy teklip etdiler. Indi olar puly sowadyjylara däl-de, azyga harçlap bilýärdiler.

Hötdesinden gelinmeli kynçylyklaryň, bökdençlikleriň başga-da ençemesi boldy, olar sanardan köp. Bu är-aýal jübütiň imany diýseň güýçli, aýgytlygy tutanýerlidi. Olar kynçylyga duçar bolanlarynda, dyngysyz dileg edýärdiler, Hudaýa ýalbarýardylar, ylhamdan doly strategiki pikirleri alýardylar we kömek edip bilýän adamlaryň nazarynda merhemet tapýardylar.

Häzir olaryň alyp barýan hyzmatyna 26 ýyl boldy. Şu setirleri ýazyp oturan wagtyma olar 10 500 maşgalany (eger her maşgala orta hasap bilen dört adamdan ybarat bolsa, 42 000 adamy) naharladylar. Olar öz etraplaryndaky mätäçleriň hemmesini we goňşy çäkleriň ikisindäki (Birleşen Ştatlaryň iň uly şäherleriniň biri barada aýdýandygymyzy ýatlaň) köp mätäçleri naharladylar. Olar munuň üçin 5 ýük ulagyny (her tirkegiň uzynlygy 15 metr) hind towugyndan we 3 ýük maşyny gök-önümlerden we gerekli ir-iýmişlerden doldurdylar. Bu işe 200-den gowrak meýletinçi gatnaşdy; olar birnäçe günläp arman-ýadaman işlediler. Olaryň käbirleri Raýliniň hyzmatyna ilkibaşdan bäri gatnaşyp gelýär. Haýran galaýmaly – bu meýletinçileriň köpüsi heniz-de hind

towugyny sowgat berýän aýalyň kimdigini bilenoklar!

Bu adamlaryň köpeltmesi sebäpli bolan gudratlar, özgeren durmuşlar baradaky wakalar we şaýatlyklar sanardan köp. Köp adamlar, şol sanda Raýliniň adamsy Deýw Isa Mesihe iman etdiler, köp adamlar imana dolandylar. Maşgalalar ýaraşdylar, köp adamlar – döwlet işgärleri, azyk dükanlarynyň işgärleri, Halas ediş Goşunyň we Ýaşlaryň mesihilik birleşmesiniň işgärleri, meýletinçiler we belli bir derejede tutuş şäher ylhamlandy.

Gysgajyk wakalaryň birnäçesini gürrüň bereýin. Raýliniň dostlarynyň biri baýkerleriň ýerli klubynyň gaznaçysy bolup işleýär. Ol her ýyl klubyň agzalaryna hind towugyny sowgat edýän aýala pul ýygnamaklaryny haýyş edýär. Olar öz arasynda kimiň köp sadaka berjekdigi babatda bäsleşýärler. Geçen ýyl Minnetdarlyk gününden soň Raýli baýkerleriň indiki Minnetdarlyk gününe berjek sadakalarynyň möçberiniň 3000 dollar artdyrjakdyklaryny habar berdiler.

Nobatdaky paýlamadan soň Raýliniň topary artyp galan serişdeleri ýerli ýygnaklaryň birine sadaka bermegi karar etdi. Bu şol ýygnagy Raýliniň göreldesine eýerip, mätäçlere Minnetdarlyk gününde we ýylyň galan wagtynda kömek etmäge ylhamlandyrdy.

Halas ediş Goşunyň başga ştata geçirilen agzalary Raýliniň nusgasy boýunça maksatnamalary höwes bilen başlaýardylar. Başga birleri, ýagny Raýliniň etrabyna geçirilenler onuň hyzmaty barada bilmäge howlugýardylar, sebäbi olar bu barada Halas ediş Goşunyň beýleki hyzmatçylaryndan eşidýärdiler.

Raýli çopan däl, ol haýsydyr bir ýygnakda-da işlänok; ol işewür aýal ýa iri korporasiýanyň ýolbaşçysy hem däl. Ol ýanýoldaş, eje we ýüregi bilen berlen mesihi aýal, ol ýygnaga sadyklyk bilen gatnaýar. Ol onuň köpeltmesinden göwühoş bolýan Gudratygüýçli Hudaýa hyzmat edýändigine berk ynanýar. Bu är-aýal jübüti bilen dost bolmaklyk meniň üçin mertebedir.

## EBEDI KÖPELTMÄNIŇ BEÝIK MYSALY

Söýgüden ylhamlanýan hyzmat köpeltmeklige höweslendirýär. Hudaýyň Sözündäki köpeltme baradaky wakalary ýatlaň. Mukaddes Kitapda köpeltmekligiň iň ajaýyp mysaly, elbetde, Isa Mesihdir. Ol şeýle diýýär:

> "Araňyzda kim üstün bolmak isleýän bolsa, beýlekileriň hyzmatkäri bolsun. Kim ilkinji bolmak isleýän bolsa, beýlekileriň guly bolsun. Ynsan Ogly hem Özüne hyzmat edilmegi üçin däl-de, eýsem, başgalara *hyzmat etmek* üçin, köpleriň ugrunda janyny gurban edip, olary azat etmek üçin geldi" (Mark 10:43-45).

Isa Mesih hakyky belentlige eltýän ýoly gorkezýär; bu belentlik – hyzmatdan peýdalanmak däl-de, hyzmat etmek islegi. Onuň Öz hyzmatynyň iň beýik hereketini şeýle sözler bilen beýan etmegi geň däl: "Men size dogrusyny aýdýaryn, bugdaý dänesi ýere gaçyp ölmese, ýeke däne bolup galar, ýöne öläýse, köp hasyl berer" (Ýohanna 12:24). Biz ýene-de *tohum ekmek* (ýa-da *goýum goýmak*) we hasyl barada eşidýäris. Köp tohum ekeniň köp hasyly alşy ýaly, Isa Mesihiň hyzmatda tabyn bolmagy Hudaýyň oguldyr-gyzlarynyň köp bolmagyna getirdi. Bu örän üýtgeşik mysal! Ol *netijeli* köpeltmegiň nusgasyny görkezip, bu ýoly çekdi we ýetilmeli derejäni belledi. Isa Mesih bize şeýle diýýär:

> "Siz Maňa 'Mugallym', 'Aga' diýip, dogry aýdýarsyňyz, sebäbi Men Şolduryn. Eger Men siziň Agaňyz we Mugallymyňyz bolubam, aýagyňyzy ýuwan bolsam, onda siz-de biri-biriňiziň aýagyňyzy ýuwmalysyňyz. Meniň size edenimi, siz hem biri-biriňize edersiňiz diýip, Men size görelde görkezdim" (Ýohanna 13:13-15).

Men lider we awtor hökmünde *iň soňky sözüň* wajyplygyny bilýärin. Bu öz okyjyňyza, diňleýjiňize, talybyňyza, toparyň agzasyna, işgäriňize, çagaňyza we beýlekilre galdyrýan jümläňiz ýa-da habaryňyzdyr. Bu esasy pikirdir, siz diňleýjileriňiziň ony eşitmegini işleýänsiňiz.

Isa Mesihiň ýer ýüzünde ýaşan ömrüniň iň soňky sözi nähilidi? Munuň illýustrirlenen wagyz bolandygy gyzykly zat. Isa Mesiň ony haça

çüýlenmeziniň öň ýanynda Öz şägirtlerini aýaklaryny ýuwmak mysaly arkaly beripdi.

Men size dogrymy aýdaýyn. Men ýaş imanlykam, kiçi toparda kimdir biriniň: “Geliň, biri-birimiziň aýaklaryny ýuwaly” diýmegini örän halamaýardym. Şeýle ýagdaýlarda men haýsydyr bir bahana tapyp, bildirmän çykyp gidýärdim, sebäbi erkekleriň aýaklaryma el degirmesini diýseň halamaýaryn!

Ýyllaryň geçmegi bilen, men dostlarymyň aýak ýuwma isleglериniň däbe meňzeýändigine düşünip, ýeňillik duýýaryn. Mysal hökmünde Musa pygamberiň ýylany uzyn syryga berkidişi bilen deňeşdirip bolýar (ser.: Çölde 21:8-9); oňa seredenleriň hemmesi ýylan çakmasyndan gutulýardylar. Bu gudratly we güýçlüdi. Emma köp nesilden soň Ysraýyl bu ýylany buta öwürdi (ser.: 2 Patyşalar 18:4). Olar bu ýylan keşbiniň ilkibaşdan, köp ýyl ozal Rebbiň tabşyrygyna bolan tabynlygyň nyşanydygyna düşünmäge derek, ony üns merkezine öwrüpdiler.

1980-nji ýyllarda Mukkades Kitaby öwrenmek toparlarynda biz hem şeýleräk ýoly saýlapdyk. Biz “aýak ýuwmany” onuň ilkibaşdaky maksadyndan daşary ulanýardyk. Biz onuň aňladýan nyşanyna däl-de, hereketine has köp üns berýärdik. Birinji asyrda bejerilen ýollar ýokdy, pyýada ýöremekden başga haýwanlar ýeke-täk ulag serişdesi bolup durýardy, “Adidas” we “Nike” ýaly sport köwüşleri ýokdy. Adamlar açyk köwüşleri geýýärdiler, käbir ýagdaýlarda bolsa köwüşleri asla ýokdy. Şonuň üçin-de, olaryň aýaklary hapa, mal-garanyň tezegine, zir-zibile we ş.m. zatlara galtaşýardy. Biz häzirki gunbatar medeniýetimizde şol gurşawda aýaklaryň näderejede porsy we hapa bolandygyny göz öňüne-de getirip bilmeýändigimizi ynamly aýdyp bolar.

Adamlar haýsydyr bir adamyň öýüne girenlerinde, hyzmatkärler we gullar öz hojaýynlarynyň, maşgala agzalarynyň we myhmanlarynyň aýaklaryny ýuwmalydylar. Jemgyýetiň ýokary gatlagyna degişli adamlaryň adaty öýlerinde köp sanly işler: mal ýataklara seretmek, nahar bişirmek, otaglary syryp-süpürmek we ş.m işler bardy. Aýaklary ýuwma işi iň pes derejeli hyzmatkärä tabşyrylýardy. Käýerlerde bolsa mundan-da öte geçip, bu kemsidiji işi iň pes derejeli gyrnaklara berýärdiler, sebäbi şeýle ýigrenji iş üçin diňe olar “mynasyp” saýylýardy.

Isa Mesihiň Öz şägirtleri bilen edinen agşamlygy hut şeýle öýde – Onuň tutuş toparyny bir otaga sygdyryp bilýän öýde geçipdi. Bu öý, belki, şäherdäki iň baý öý bolan bolmagy ahmal. Birnäçe sagat ozal öýüň iň pes hyzmakäri öýdäki her bir erkegiň aýagyny eýýäm ýuwupdy. Ýöne, olar geň galsa-da, şol agşam Isa Mesih diňe legen bilen suwly kündügi alman, eýsem Öz donuny –mugallymlyk derejesiniň nyşanyny çykaryp, olaryň aýaklaryny ýuwup başlady. Olar nämeleriň bolup geçýändigini we munuň näme aňladýandygyny anyk bilýärdiler. Mundan tapawutlykda, uniwersitetde aýaklary ýuwma meni utandyrýardy we hatda özünden iterýärdi, sebäbi meniň aýaklarym arassady; men Mukaddes Ýygnagy öwrenmek boýunça sapaklara gitmezimden öň suwa düşýärdim. Men: “Ýüzleý tanaýan haýsydyr bir oglan näme üçin meniň aýaklarymy ýuw*jak bolýarka?*” diýip pikir edýärdim.

Eger siz Isa Mesihiň sözlerini ýene bir gezek okasaňyz, olaryň manysy siziň üçin has köp mana eýe bolar. Ol şägirtlerine ýatdan çykmajak täsirini ýetirdi, ol ömürleriniň ahyryna çenli olar bilen galmalydy. Bu Onuň *soňky sözüdi*.

Iki söz bilen aýdylanda, beýik bolmak üçin, biz iň pes hyzmatkäriň ornuny meýletinlik bilen eýelemeli. Isa Mesih şut şu sebäpden: “Men mylaýym hem pes göwünlidirin” (Matta 11:29) diýip aýtdymyka?

Muňa düşünmek üçin, maňa ep-esli wagt gerek boldy. Men iman eden döwrümiň ilkinji ýyllarynda biziň köpimiz adamlara hyzmat etmeklige bütinleý ters garan ýaly görünýärdi. Biz daşymyzdan aýtmasak-da, içimizden: “*Sen wagyz etmeseň ýa-da köp adamlara ýolbaşçylyk etmeseň, ähmiýetli bolup bilmeýäň*” diýip pikir edýärdik. Biz adamlara hyzmat etmeklik ýygnakda has pes derejäni eýeleýän imanlylara degişli diýip hasap edýärdik. Şeýle-de biz erjellik bilen işlesek, ähmiýetli adamlara öwrüleris diýip pikir edýärdik. Wah, biziň pikirlermiz, gör, nähili ýoýulan eken!

Men ruhy taýdan kämilleşme döwrümde Mukaddes Ruhuň şeýle sabyrly bolandygy üçin Oňa örän minnetdardyryn! Ol meniň pikirlerimi özgertdi, ýöne munuň üçin belli bir wagt gerek boldy.

Meniň ozal gürrüň berşim ýaly, hyzmatymyň ilkinji dört ýylynda

men esasan-da çopanymyň mätäçlikleriniň aladasyny edýärdim. Günleriň birinde, tabşyrylan işi edip ýörkäm, Hudaýyň Ruhy maňa şeýle pyşyrdady: “Ogul, eger Men saňa öňegidişlik bersem, sen adamlara has-da köp hyzmat etmeli bolarsyň. Eger sen şu wagt ýalňyşsaň, sen diňe tämzilige berilýän köýnegi zaýalarsyň. Jemgyýetçilik hyzmatyndaky ýalňyşlyk köýnegi zaýalan ýaly bolmaz, sebäbi ony çalşyp bolýar. Şeýle ýalňyş Meniň söýýän adamlaryň durmuşyna zeper ýetirer”. Onuň sözleri maňa güýçli täsir etdi. Ol maňa Hudaýyň Şalygyndaky ýokary wezipeleriň adamlara hyzmat etmekde has uly jogapkärçiligi göz öňüne tutýandygyny aýtmak bilen çäklenmän, eýsem ownuk-uşak zatlarda hem elmydama sadyk bolmalydygyny aýtdy. Men özüme hakyky baýlyk – adamlar ynanylanda hem hyzmatkär bolmagymy dowam etmelidim.

## Rebeka

Köne Äht wakalarynyň arasynda yhlasly hyzmat etmegiň netijesinde ýetilen köpeltmekligiň görnükli mysallarynyň biri Rebeka bolup durýar. Geliň, onuň wakasyna garap geçeliň:

Ybraýym iň sadyk hyzmatkärini öz dogduk mekanyna iberip, şol ýerden öz mirasdary Yshaga gelinlik tapmagy tabşyrýar. Hyzmatkär on düýäni alyp, bada-bat uzak ýola rowana bolýar.

> Ybraýymyň hyzmatkäri barmaly ýerine ýetende, gyzlaryň guýudan suw çekmek üçin şäherden çykýan wagtyna gabat gelipdi. Ol dileg edip şeýle diýdi: “Küýzäňi egniňden düşür-de, maňa birazajyk suw bersene, içeýin-le“ diýerin. Eger ol gyz maňa: „Al, iç, men seniň düýeleriňi-de suwa ýakaýyn“ diýse, ol Seniň guluň Yshak üçin saýlan gyzyň bolar” (Gelip çykyş 24:14).

Ybraýymyň hyzmatçysy heniz dilegini tamamlamanka, Rebeka öz küýzesi bilen onuň ýanyna bardy we ol içmäge suw diledi. Şondan soň bolup geçen zatlar gaty gyzykly.

> “Ol: ‘Içiň, meniň jenabym’ diýdi-de, *dessine* küýzesini egninden düşürip, oňa suw berdi. Rebeka Ybraýymyň hyzmatkärine suw bereninden soň: ‘Men siziň düýeleriňizi-de ganýança suwa

> ýakaryn’ diýdi. Ol *dessine* küýzesindäki suwy nowa guýdy-da, suw çekmek üçin guýa tarap ylgady. Ol onuň düýeleriniň ählisi üçin guýudan suw çekdi” (Gelip çykyş 24:18-20).

Rebeka on düýäniň ählisini gandyrýança, hyzmatkär ony ümsüm synlap durdy. Şu birnäçe aýatdan biz Rebekanyň hyzmatynyň köp ajaýyp taraplaryny görüp bilýäris. Men olaryň her birini agzap geçjek.

- *Yhlas*. Ol aýaklaryny süýräp ýöremedi. Ol ähli zady çalasyn edýärdi we guýa ylgap baryp gelýärdi. Haýal we amatly hyzmat hakyky hyzmat däldir. Siz haçan hem bolsa göwünli-göwünsiz hyzmat edip: “Men şu işiň ählisinden ýadadym-la” diýip pikir edýän adamlara duş bolupmydyňyz? Rebeka we hakyky hyzmatçylaryň islendigi babatda şeýle diýip bolmaz. Hakyky hyzmatçylar hyzmat etmäge hemişe taýýar we guýratdan doly, bu olaryň hereketinden görünýär.
- *Gereginden artyk işlemek*. Hyzmatkärler gereginden artyk işleýärler. Rebeka özünden haýyş edilen zatdan has köp zatlary etdi. Biziň köpimiziň düýelerimiziň bolmandygyny we Ýakyn Gündogarda ýaşamanlygymyzy nazara alyp, Rebekanyň edenleiniň has-da täsin görnendigini aýdyp-da oturmaly. Uzak ýol geçip gelen düýe adatça 120-150 litr suw içýär. Ybraýymyň hyzmatçysynyň 10 düýesi bardy. Geliň, hasaplap göreliň: eger her düýe diňe 120 litr içen ýagdaýynda Rebeka guýudan 1200 litr suw getirmelidi! Eger adaty küýzä 20 litr sygýan bolsa, Rebeka guýa 60 gezek baryp gelmelidi!
- Ýöne bu hem hemmesi däl. Şol döwürde guýularyň iki görnüşi bardy. Olaryň biri küýzäni ýüpe baglap, aşakdan ýokary suw çekilýän guýudy. Guýularyň ýene bir görnüşi – küýzäni suwdan doldurmak üçin 20-30 ädim aşaga düşmeli bolýan guýudy. Rebekanyň haýsy guýudan suw alandygyny bilýärismi? Elbetde ikinji guýudan, sebäbi hyzmatkär Rebekanyň maşgalasyna onuň edenlerini gürrüň berende: “ guýa baryp, ondan suw aldy” (45-nji aýat) diýip aýtdy. Ol diňe 60 gezek guýa baryp, 20 litr suw alman, eýsem örän köp ädimleri hem etmelidi. Onuň muny meýletin

edendigini, muny ondan hiç kimiň haýyş etmändigini ýatda saklaň! Biziň indiki bendimiz hut şu häsiýet baradadyr.

- Ýüregiýukalyk. Mätäçligiň mese-mälim görünýän ýagdaýynda hakyky hyzmatçy haýyş edilerine garaşyp durmaýar; ol ýüzugra işe girişýär. Men hyzmat eden ýyllarymyň dowamynda özlerine näme etmelidiginiň aýdylmagyna garaşýan adamlaryň hiç zat köpeltmeýändigini ýüze çykardym. Hemişe ilkinji bolup hereket edip başlaýan adamlar köpeldýärler.
- *Jan-tenden berilmek*. Rebekanyň etmeli işi kyn bolsa-da, ol jan-tenden işledi. Köp ýyllaryň dowamynda men bir kanunylygy gördüm: tabşyryk näçe kyn bolsa, ony berjaý etmäge bolan işleg şonça-da çalt ýitýär, hawa, ynsanyň tebigaty şeýleräk. Ýöne bizde Isa Mesihiň tebigaty bar. Ol akyla sygmajak garşylykdan we kynçylyklardan geçende-de ýeň bermedi. Isa Mesihiň tebigaty bilen ýaşaň we Rebekanyň göreldesinden ylhamlanyň!
- *Tamamlamak*. Rebeka edilmeli işler tamamlanýança, işlemesini bes etmedi. Ol ýeň berýänlerden däldi. Eger siz işiň 99%-ni berjaý eden bolsaňyz, bu ony tamamlandygyňyzy aňlatmaýar. Şawul patyşa amalekler babatda şeýle edipdi. Ol onlarça müň adamy gyryp, diňe birini galdyranda, Hudaý ony yhlasy üçin sylaglamady (ser.: 1 Şamuwel 15). Rebeka öz zähmeti üçin sylag aljakdygyny bilmezden işledi. Bu hyzmatkäriň hakyky alamatydyr. Hyzmtakärler sylag üçin işlemeýärler, olar hyzmata sylag hökmünde garaýarlar. Olar hyzmatyň berýän şatlygyny we onuň berýän kanagatlanma duýgusyna halaýarlar. Eger hyzmatyň sylagy bar bolsa, bu onuň höweslendirijisi däl-de, goşmaça ýalkamasydyr. Rebekanyň sylagy diýseň uludy. Ol on düýäniň onuň üçin gymmatbaha şaý-sepleri we sowgatlary getirendigini we dogruçyl adama durmuşa çykjakdygyny bilmeýärdi. Ýöne bularyň biri-de ähmiýetli sylag däldi. Ol Hudaýyň Ybraýyma beren wadasyna girmek bilen, baky sylagy aldy. Ol köp milletleriň enesi boldy we ähli milletler ol arkaly ak pata aldy. Rebeka akyla sygmajak köpeltmäni aldy.

## BAŞGA MYSALLAR

Tüýs ýürekden hyzmat etmek isleginden döreýän ebedi köpeltmekligiň mysallary Köne Ähtde köp duş gelýär. Mukaddes Kitaby öwrenen wagtyňyzda, ine, şu wakalary hem okap bilersiňiz.

### Rut

Mowaply Rut Rebeka meňzeýär. Rutuň gaýynenesi Nogam oňa öz halkyna dolanmagyny üç gezek haýyş etdi, ýöne ol gaýynenesine şeýle diýdi:

> “Seni terk edip ýanyňdan gitmegi menden haýyş etme. Sen nirä gitseň, menem şol ýere gitjek. Sen nirede bolsaň, menem şol ýerde boljak. Seniň halkyň — meniň halkym, seniň Hudaýyň meniň Hudaýym bolar” (Rut 1:16).

Rut hem Rebeka ýaly gereginden artyk işlemäge, yhlasly bolmaga we hatda kyn bolan ýagdaýlarda-da sadyk galmaga taýyndy. Rutuň geçen ýoly Rebekanyňkydan kyn bolmagy ahmal. Ol mowaply bolansoň, şol galanyň ilaty tarapyndan kesekidigi üçin kemsitmelere duçar bolan bolmagy diýseň ahmal zat. Ýöne ol öz gaýynenesine hyzmat etmek üçin kynçylyklaryň baryna döz geldi.

Netijesi nähili boldy? Ol köp meşhur adamlaryň, şol sanda Dawut patyşanyň, Süleýman patyşanyň we Ýahudanyň ähli patyşalarynyň nesil enesi boldy. Iň esasy zat – ol Isa Mesihiň nesil şejeresinde girdi. Ol hem Ybrama berlen baky köpeltmekligiň wadasyna girdi.

### Elýaşa

Ylýas pygamber Elýaşany öz ýanyndan üç gezek goýberenden soň hem ol gitmekden boýun gaçyryp, pygamberiň ýanynda galdy we oňa hyzmat etmegi ýüregine berk düwdi. Beýleki pygamberler onuň öz wagtyny Ylýas pygambere sarp edýändigi üçin ony birnäçe gezek ýaňsylanlaryndan soň hem Elýaşa onuň ýanynda galdy. Şol adamlaryň pikiri dürs görünýärdi: olar doly güýçdäki pygamberdiler, wezipeleri bardy we hyzmatda tejribeleri bardy. Ylýas pygamber göge alnandan

soň Elýaşa näme bolardy? Ol Ylýas pygambere hyzmat etmäge ýyllary sarp edip, öz hyzmatyny başlamak mümkinçilik mahrum bolmadymy näme? Beýleki pygamberleriň pikiri, ine şeýledi. Ýöne Elýaşa olara gulak gabartmady. Muňa derek ol olara her gezek: “Men bu barada gürlemek islemeýärin” diýip jogap berýärdi (ser.: 2 Patyşalar 2). Ol olara özüni bökdemäge ýol bermedi we öz tabşyrygyny berjaý etdi.

Elýaşanyň garaýşy Rebeka bilen Rutuň garaýşyna meňzeş. Netijesi nähili boldy? Ol Ylýas pygamberden iki esse köp gudratlary etdi we Ylýas pygamberiň başarmadyk işini – Izebeliň nesliniň soňuna çykdy. Ol köpeltmeklige ýetdi!

## Geýhaz

Geýhas Elýaşanyň zähmetini köpeldip bilýärdi, ýöne onda hyzmatçynyň ýüregi ýokdy. Ol betnebis we gysganç bolany üçin netijeli köpeltmeklige ýetip bilmedi (ser.: 2 Patyşalar 5)

X

Täze Ähtde biz dul aýallaryň saçagynda hyzmat eden adamlary görýäris. Olar bu işine çynlakaý garaýardylar. Olaryň öz wezipelerini üstünlikli berjaý edýändiklerine göz ýetirmek üçin, resullar olaryň başlaryna ellerini goýup, doga-dileg etdiler. Netijesi haýran galdyrdy; Resullaryň işleri kitabynda biz şeýle täsin sözleri okaýarys:

> “Şeýlelikde, Hudaýyň Hoş Habary has-da ýaýrap, Iýerusalimde şägirtleriň sany barha köpelýärdi” (Resullaryň işleri 6:7).

Munuň nämesi geň? Şu sözleri sesli gaýtalaň: “barha artýardy”. Bu barada pikir edip görüň-ä! Bu sözler Petrusyň Ellinji günde eden nusgawy wagzyndan soň üç müň adamyň imana gelşiniň beýanatynda ulanylmady. Ol ýerde “goşuldylar” sözi ulanylan (ser.: Resullaryň işleri 2:41). Her günde iman edýänleriň sanynyň beýanatynda “köpelýärdi” diýen sözi görýäris (ser.: Resullaryň işleri 2:47). Biraz wagtdan 5000 adam Isa Mesihe iman edende-de biz bu sözleri göremzok (ser.: Resullaryň işleri 4:4).

“Köpeltme” sözi Resullaryň işleriniň altynjy babyna çenli – bütin ýygnagyň Şalygyň gurluşygynyň ugrunda hereket edip başlan wagtyna ulanylmaýar.

Biziň günlerimizde Sten, Maýk, Fil, Raýli we Deýw ýaly adamlar öz hyzmatyny tapyp, öz ruhy peşgeşlerini ulananlarynda köpeltme amala aşýar. Hut şonda biz *beýik köpeltme* barada eşidýäris.

## ÄHMIÝETLI ELEMENT

Siz indi netijeli köpeltmekligiň ähmiýetli elementiniň nämedigine düşünýärsiňizmi? Hudaýýň Sözünde görenlerimize laýyklykda dostlarymyz Raýli we Deýw barada ýene-de bir gezek oýlanyp görüň. Ylhamlandyrylan strategiýany ulanyp, netijeli hyzmat eden bu jübüt eýýäm onlarça müň adama täsirini ýetirdiler. Olar Isa Mesihiň sözlerine laýyklykda beýik adamlar boldular. Bu Sten, Maýk, Fil we Dana babatda hem şeýledir. Bularyň hemmesi hakyky hyzmatkäriň häsiýetine eýedir.

Emma şu wajyp sözlere üns bermegiňizi haýyş edýärin: *siz egoistik niýetden köpeldip bilýäňiz*, ýöne siziň täsiriňiz ebedi bolmaz. Köpeldýän adamlar bar, ýöne olaryň yhlas eden ähli zatlarynyň köýjek güni geler, sebäbi olar şahsy bähbidini aramak üçin hereket edipdiler. Bu Isa Mesihiň ammaryny giňelden adam baradaky tymsalynda beýan edilýär. Bu adam özünden wagtyhoş bolup, öz-özüne: “Dynjyňy al, iý, iç, keýp çek, sebäbi men üpjün edilen; gerek zatlarymyň ählisi hatda artygy bilen-de bar” diýýär. Emma bu waka oňat tamamlanmaýar, onuň gazananlarynyň bary bir pursatda zym-zyýat bolýar.

Bu habaryň maksady köpeltme imanyny alyp, özüňiz üçin baýlyk toplamagy öwretmek däl. Onuň maksady – sizi öz durmuşyňyzy başgalaryň hyzmatyna bagyş etmäge çagyrmak. Isa Mesih biz muny edenimizde, imansyzlaryň ymtylýan bu zatlaryň barynyň bize beriljekdigini yglan edýär (ser.: Matta 6:33). Men muny bilýärin, sebäbi men muny hut öz başymdan geçiripdim.

Geliň, Liza bilen bolan birinji ýygnagymyz baradaky waka dolanalyň. Şol zäherli gurşawda alty ýyllap bolanymyz üçin, mende köpeltmeklik barada ýoýulan düşünjeler galypdy. Günleriň birinde ir säherde, şol ýygnakdan aýrylanymdan soň, ulagymy sürüp barýarkam, Mukaddes

Ruhuň özgerdiji we azat ediji duşuşyklarynyň birini başdan geçirdim. Ol şeýle diýdi: “Ogul, Meni ýalkanyşlar üçin gözleme. Olary saňa bermäge Maňa ygtyýar et”.

Men bada-bat Matta 6:33 barada oýlandym: “Siz bolsa öňürti Hudaýyň Şalygyny we Onuň dogrulygyny agtaryň, şonda bu zatlar hem size onuň üstüne goşulyp berler”. Mukaddes Ruhuň sözleri maňa zatlara dogry garaýşy berdi we mende heniz-de galan egoistik meýillerden bütinleý saplanmaga kömek etdi.

Men Oňa diýseň minnetdar! Men egoist we gysganç bolmagyň nämedigini bilýärin. Men özüňi betbagt, basyş astynda, Hudaýyň huzuryndan uzakda bolmagyň nämedigini bilýärin. Men Onuň ýörelgelerini we Onuň ýüreginde Şalygy gurmaklygyň hemme zatdan ileridigini öwrenenimde, ägirt şatlygy, parahatlygy we gündeki durmuşymda Onuň huzuryny aldym!

X

Indi bolsa biz şu soraga ýetip geldik: eger biz öz işimize ýa-da hyzmatymyza ýolbaşçylyk etmän, kimdir biriniň toparynda hyzmat edýän bolsak, nädip köpeldip bileris? Geliň, bu soraga indiki bapda jogap bereliň we hyzmat etmegiň berýän beýik artykmaçlygyny göreliň.

## OÝLANYŇ

1. Isa Mesih hakyky beýiklige eltýän ýoluň hyzmatdygyny görkezýär. Isa Mesih hyzmat etmegiň nähili göreldesini görkezdi? Onuň hyzmatynyň netijeleri nähili boldy? Hudaýyň beýiklige eltýän ýörelgesi bu dünýäniň ýörelgesinden nähili tapawutlanýar?

2. Rebeka baradaky wakany ýatlaň. Onuň hyzmatynyň nähili üýtgeşik häsiýetleri bardy?

3. Siz egoistik niýetden köpeldip bilersiňiz, ýöne onuň täsiri ebedi bolmaz. *Edinmek üçin* hyzmat etmek bilen *bermekligiň* hatyrasyna edilýän hyzmatyň näme tapawudy bar? Janaýamazlyk bilen hyzmat etmek näme üçin wajyp?

*Şoňa görä-de, ýalbarýaryn:*
*meniň ýaly boluň. Ine,...*

- 1 Korintoslylar 4:16-17

11

# MENİŇ ÝALY BOLUŇ

Köpeltmä nämäniň zyýan berip, nämäniň ýardam edýändigi barada pikir alyşmaga başlamazdan ozal, biziň maslahatlaşmaly ýene bir wajyp çägimiz bar. Biz başga adam üçin işlänimizde ýa-da oňa hyzmat edenimizde nädip köpeldip bilýäris? Bu sorag okyjylarymyzyň aglabasyna degişli.

Men bu barada gürrüň berenimde, hyzmatdaky mysallara salgylanaryn, ýöne şol prinsipleri häzirki dünýäniň islendik çägindäki – korporatiw, işewürlik, bilim, lukmançylyk, döwlet, media, sport, sungat we ş.m. çäklerindäki islendik wezipesi babatda hem ulanyp bolýandyr.

Pawlus şeýle diýýär: "Şeýle hyzmatçylardan bolsa sadyklyk talap edilýändir (1 Korintoslylar 4:2). Hudaýyň Sözünden görşümiz ýaly, sadyklygyň esasy kesgitlemeleriniň biri köpeltmeklikdir. Şu bapda birnäçe aýatdan Pawlus köpçülikleýin köpeltmäniň açary düzüjileriniň birini görkezýär. Ol şeýle ýazýar:

> "Mesihiň ýolunda siziň müňlerçe terbiýeçiňiz bolsa-da, atalaryňyz *köp däldir*. Men Hoş Habar arkaly siziň Isa Mesihdäki ataňyz boldum" (1 Korintoslylar 4:15).

Pawlus Korintosdaky ýygnagyň atasydy. Şu aýada görä, ata – bu kimdir birini imana getirýän adam. Ýöne atanyň birnäçe kesgitlemesi bolup bilýär. Hudaýyň Sözünde ata köplenç adamyň imana gelmesine gatnaşmaýar.

Şol Pawlus Galatýadaky ýygnaga ýüzlenip, şeýle diýýär: "Men ýahudy deň-duşlarymyň köpüsinden ýahudylaryň dininde diýseň ilerläpdim.

*Ata-babalarymyzyň* däp-dessurlaryny saklamakda hem juda yhlaslydym" (Galatýalylar 1:14). Pawlus diňe bir adamy göz öňüne tutmaýar, sebäbi ol "*ata-babalar*" diýen sözi ulanýar. Bu pikir öňýanyndaky aýatda: "ataláryňyz *köp däldir*" diýen jümle arkaly berkidilýär. Grek dilinde *"köp"* diýmeklik "köp sanly" diýmegi aňladýar, bu bolsa biziň durmuşymyzda birden artyk "atanyň" bolup bilýändigini aňladýar.

Pawlus Timoteosa köplenç "ogul" diýip ýüzlenýär. Ýöne ol Timoteosy imana getirmändi. "Pawlus Derbe we Listra şäherlerine geldi. Listrada Timoteos atly Isanyň bir şägirdi bardy. Onuň ejesi imanly ýahudydy, kakasy bolsa grekdi. Listradaky we Ikoniýadaky doganlar ol barada gowy sözler aýdýardylar" (Resullaryň işleri 16:1-2) diýip ýazylgy. Pawlusyň Timoteosa duşan wagtynda onuň eýýäm kämilleşen imanly bolandygy aýdyň görünýär.

Eger biz Köne Ähte garasak, Dawudyň öz zabun we berk ýolbaşçysyna "atam" diýip (ser.: 1 Şamuwel 24:11), Elýaşanyň öz baştutanyna "atam" (ser.: 2 Patyşalar) diýip ýüzlenýändigini göreris. Ylýas pygamber bolsa özüniň öz atalaryndan gowy däldigi barada aýdýar (ser.: 1 Patyşalar 19:4) we ş.m.

Meniň bu kitapda *atalyk düşünjesini* çuň öwrenmek niýetim ýok, men diňe *atanyň rolunda kimleriň bolup bilýändigini* görkezesim gelýär. Ata – bu ýolbaşçylyk edýän, aladalanýan we şahsyýetiň ýa-da guramanyň durmuşyna kesgitli bir medeneiýeti getirýän adam. Pikir alyşmaklygymyzyň dowamynda atanyň köp orunlary eýeläp bilýändigini nygtamak gerek: ol işleýän edaraňyzyň başlygy, bölümiňiziň müdüri, çopanyňyz, kiçi toparyňyzyň lideri, hereketiňiziň ýolbaşçysy, mugallymyňyz, tälimçiňiz ýa-da ýolbaşçylygy astynda işleýän lukmanyňyz we başga adamlar bolup bilýär. Siz zenan maşgalanyň hem "ata" bolup bilýändigine eýýäm, elbetde, düşünensiňiz. Şonuň üçin-de, atalar barada aýdanymda, men bu orundaky zenanlary hem göz öňüne tutýaryn.

## DÜRLI AMALLAR

Pawlus Korintosdaky ýygnagyň atasy hökmünde olara: "ýalbarýaryn: meniň ýaly boluň*"*(1 Korintoslylar 4:16) diýen aýatda öwüt berýär.

Terjimeleriň köpüsinde bu ýerde "meniň Isa Mesihe eýerişim ýaly"

diýen dowamy ýok (ol biraz soňra, 11-nji bapda hakykatdan-da şeýle diýýär). Bärde bolsa ýöne “meniň ýaly boluň” diýip öwüt berýär. Onuň şeýle diýmeginiň düýpli sebäbi bar, biz oňa häzir garap geçeris:

> “Ine, Timoteosy şu maksat bilen ýanyňyza iberdim. Ol meniň Rebdäki söýgüli we sadyk oglumdyr. Ol *meniň Isa Mesihiň ýörelgesine eýerýändigimi* size ýatladar. Men ähli ýerde we her ýygnakda bu ýörelgä eýermegi öwredýändirin” (1 Korintoslylar 4:17).

Onuň “Ine”diýen ilkinji sözi örän wajyp. Pawlus öz okyjylaryna ýaňyja öz göreldesine eýermeklerini ündedi. Şoňa görä-de, görnüşde, usullarda, medeniýetde we garaýyşlarda hiç hili çaprazlyklaryň ýokdugy babatda ynamly bolmak üçin, ol öz *sadyk ogluny* olaryň ýanyna iberýär. *Sadyk ogly* näme hasiýetlendirýär? *Sadyk ogul ýa-da gyz öz atasynyň ýörelgesini köpeldýär!* Biraz soňra men muny jikme-jik düşündirerin, häzir bolsa şu barada pikir edip görüň: Pawlus Korintosdaky ýygnaga hat ýazanda, Timoteos “size resul Petrusyň Isa Mesihe eýerişini ýatlardar” diýip ýazanok. Petrus ýygnakda hakyky lidermidi? Hawa, hut şeýledi. Ol dogruçyl we mesh edilenmidi? Ýene-de hawa, hut şeýledi. Ol Mukaddes Ýazgylaryň iki kitabyny ýazypdy! Petrus Pawlusdan has öň resul bolupmydy? Ýene-de hawa.

Şeýle-de Pawlus Timoteos “size Ýakup resulyň Isa Mesihe eýerişini ýatlardar” diýip ýazanok. Petrus ýaly, Ýakup hem ýygnagyň hakyky atasydy, ol Pawlusdan öň resul bolupdy we ygtybarly liderdi. Mukaddes Ýazgylarda onuň bir kitaby bar, ol Iýerusalimdäki ýygnakda baş ýaşuly bolup hyzmat edýärdi.

Petrus bilen Ýakubyň hereket edişi Pawlusyňkydan tapawutlanýarmydy? Hawa. Bu Pawlusyň hatlarynyň we ýörelgeleriniň Petrus bilen Ýakubyň hatlaryny we ýörelgelerini ret edendigini aňladýarmy? Elbetde, ýok! Ýöne olaryň ýörelgeleri Korintosdaky ýygnaga (Pawlus onuň ruhy atasydy) laýyk gelmeýärdi.

Pawlus Korintosdaky ýygnakda öz medeniýetini ornaşdyrmaga çalyşýardy. Onuň usullary beýleki “atalaryň” usullaryndan tapawutlanýardy, ýöne olaryň hemmesi Isa Mesihiň binýady esaslaryna

we taglymlaryna dogry gelýärdi. Olaryň hersiniň öz usullary, ýörelgeleri we ynamlary bardy; olar ähli milletlere öwretmek babatdaky tabşyryklaryny berjaý etmekde şolara eýerýärdiler.

Biz imanlylaryň köpüsine näbelli bolan hakykaty görýäris, bu hakykaty bilmezlik köplenç Isa Mesihiň bedenindäki agzalalygyň gözbaşyna öwrülýär. Bu hakykat ýygnakda hereketleriň dürli usullarynyň ulanylýandygyndan ybarat. Başga sözler bilen aýdylanda, şol bir maksada ýetmek, ýagny Şalygy ýaýbaňlandyrmak üçin dürli usullar bar.

Pawlus Korintosdaky ýygnaga şeýle öwüt berýär:

> [Maksada ýetmek üçin ulanylýan] amallar dürli-dürlüdir, ýöne her kesde ähli zady edýän şol bir Hudaýdyr" (1 Korintoslylar 12:6, AMPC).

Otuz ýylyň dowamynda saparlar bilen aýlanyp, wagyz eden döwrümde men bütindünýä ýygnagyndaky medeniýetiň, usullaryň we ynamlaryň tapawudyny öz gözlerim bilen gördüm. Tapawutlyklaryň bardygyna garamazdan, men Isa Mesihiň huzuryny her bir ýygnagyň atmosferasynda duýýardym.

Pawlus ýygnaklara öwüt berende, kölenç harby adalgalary ulanýar. Bu ýöne bir suratlandyrma däl; biz dogrudan-da Hudaýyň ýer ýüzündäki goşunynyň esgerleri bolup durýarys. Men ýygnaklaryň we hyzmatlaryň dürli amallaryny görkezmek üçin, onuň göreldesine eýerjek. ABŞ-nyň goşuny dürli goşun bölümlerinden ybarat. Biziň pyýada, deňiz, awiasiýa goşuny, deňiz pyýada korpusy, kenarýaka goşuny we kosmos güýçleri ýaly harby goşunlarymyz bar. Bu goşunlar öz tabşyryklaryny berjaý etmek üçin hereketleriň dürli tertibini we dürli usullary ulanýarlar. Ýöne olaryň ýeke-täk bir maksady bar: olar biziň ýurdumyzy goraýarlar we oňa hyzmat edýärler.

Awiasion okuw jaýynyň kadeti ABŞ-niň Awiasiýasynyň hereket edýän agzasy hökmünde ýörite okadylar. Okuwyň dowamynda howadaky taktiki hereketleriň öwrenilmegine aýratyn üns berler, sebäbi bu harby goşun esasan-da howada hereket edýär. Eger bu kadeti birdenkä

deňiz flotuna geçirseler, ol täze taýýarlyk okuwyny geçmeli bolar. Goşunyň bu iki görnüşinde gabat gelýän köp binýady usullar, elbetde, bar. Emma deňiz flotunyň hereketleriniň deňizde ýaýbaňlanýandygy sebäpli awiasiýa goşunynyň öňki agzasy täze harby hereketleriň we strategiýalaryň ençemesini öwrenmeli bolar.

Hudaýyň Şalygy hem şeýle tärde hereket edýär. Geliň, toslama mysallary alalyň. Siziň ýygnagyňyzyň baş çopanlarynyň ady, hamala, Jo we Terri Anderson diýeli. Olar öz liderlik topary bilen Hudaýyň merhemeti arkaly ýygnak agzalarynyň sanyny 1800-e ýetirdiler. Şol wagtyň dowamynda olar öz ýörelgelerini, ýagny usullaryny we medeniýetini ýola goýdular, bu ýörelgeler olaryň ýolbaşçylyk tärleri üçin özboluşlydyr. Siziň ýygnagyňyzyň netijeliligi şäheriňize ajaýyp täsir etdi. Ol ýerli çäklerde belli, ýöne onuň täsiri bu sepgide ýetip togtamaýar.

Indi bolsa başga bir şäherde örän meşhur bir ýygnak bar diýeli. Ol bütin dünýäde belli, onuň onlarça müň agzasy bar. Bu ýygnagyň baş çopanlaryň ady Kewin we Marissa Smit diýeli. Olar ugry kesgitleýärler we hyzmatdaky täze, döwrebap taktikalary ulanyp, ýygnaga ýolbaşçylyk edýärler. Olaryň işi siziň ýygnagyňyzdaky çopanlaryň işine garanda has köp adama täsir ýetirýärler. Siz kimiň ýörelgesine eýersiňiz? Smitleriň ýörelgesinemi ýa-da çopanlaryňyz Adersonlaryň ýörelgesine?

Sizde bütindünýä meşhurlygy bolan bu liderleriň ýörelgelerine eýerip, öz liderleriňizi şolaryň usullaryny ulanmaklyga ýykgyn etmek isleginiň döremegi ahmal. Eger siz bu islege ýol berseňiz, onda siz Isa Mesihiň sadyk hyzmatçysy däl diýip aýdyp bilýärin. Siz sadyk bolmaga derek, çetleşigi, agzalalygy we hatda bölünişigi döredip bilýäňiz. Korintoslylar ýaly, siz öz lideleriňiziň usullaryny we medeniýetini bilmäge dyrjaşmaly we agzybirligiň hatyrasyna olara eýermeli. Hakykat siziň liderleriňiziň Smitler däl-de, Andersonlar bolup durýandygynydan ybarat.

Dünýä aýlanan ýyllarymyň dowamynda men Isa Mesihiň bedenine umumy nukdaýnazardan garamak bilen, şol hakykaty bilmeýändikleri zerarly bolýan gynançly ýagdaýlaryň köpüsiniň şaýady boldum. Men liderlik ýa-da Mukaddes Ýazgylary öwredýän mekdeplerine gatnaýan imanlylary gördüm. Olaryň ösüp-ulalan ýygnaklarynyň medeniýeti şol mekdepleriň medeniýetinden tapawutlanýar. Bu mekdepler köplenç öz

araçäginde umumy mesihilik medeniýetini ornaşdyrýan uly ýygnaklar bilen baglydyrlar. Talyplar mekdepde-de, hepdäniň ahyryndaky ýygnak hyzmatynda-da bu ýygnagyň usullaryny görýärler.

Olar okuwy tamamlanlaryndan soň, hyjuwdan doly halda öýlerine dolanyp, öz ýygnaklarynyň medeniýetini we usullaryny üýtgetmäge dyrjaşýarlar. Olar täze ýörelgäniň has ýerlikli we netijeli hasaplamak bilen mamla bolmaklary hem ahmal, ýöne dikdüşdülik etseler, öz ýygnaklaryndaky we tabşyryklaryndaky agzybirlige bökdençlik döredip bilýärler.

Eger ozalky talyplaryň usullary ýygnaklary tarapyndan kabul edilmese, hemmeler üçin iň oňat çözgüt hökmünde bu talyplaryň dilegde başga ýygnaga gitmek ýa-da bu ýygnakda galyp, öz lideriniň medeniýetine we usulyna päk ýürekden tabyn bolmaklyk barada Hudaýdan soramaklyk bolar.

Eger olar gitseler, onda muny ozalky ýygnaklaryna zeper ýetirmejek tärde etmelidir. Olaryň öz çäginden uzak ýerlere gitmekleri adatça iň oňat çözgüt bolup durýandyr. Hudaý hemişe täze lideri taze ýere getirmegi başarýandyr. Bu lider şol ýerde ozalky ýygnakdaky tanyşlaryny ýany bilen äkitmekden gaça durup, ähli zady gaýtadan başlap biler.

## SADYK OGUL

Indi bolsa, geliň, resul Pawlusyň Timoteosa “sadyk ogul” diýýänligi barada oýlanalyň. Ozal belläp geçişimiz ýaly, sadyk ogul öz atasynyň ýörelgesini köpeltmäge dyrjaşýar. Siziň lideriňizde bolmadyk ruhy peşgeşleriň sizde bolmagy ahmal we şeýle sorag ýüze çykýar: siz öz ruhy peşgeşleriňizi lideriňiziň ýüregindäki görnüşe laýyklykda köpeldýärsiňizmi? Siziň köpeltmekligiňiziň esasy niýetleri onuň garaýyşlaryna we medeniýetine gabat gelýärmi ýa-da siz onuň görnüşine gapma-garşy we bütinleý başga netijäni berýän amallary girizmek üçin göreşýärsiňizmi?

Siz muny nädip amal edip bilýäňiz? Iki usul arkaly. Birinji usul – ruhy peşgeşleriňizi öz lideriňiziň netijelerini ýaýbaňlandyrmak üçin ulanmaga dyrjaşmak we muny edil onuň siziň üýtgeşik ruhy peşgeşleriňiz bilen size derek bolandakysy ýaly amal etmek. Ýöne bu lideriňiziň nusgasyna

öwrülip, öz çakylygyňyzy gaýra süýşürmekligi aňlatmaýar. Men, ine, şuny göz öňüne tutýaryn.

Siz ýaşlar çopany diýeli. Eger siz öz çopanyňyzyň ýekşenbe günündäki wagzyna öýkünseňiz, ýerli ýaşlara ýetip bilmersiňiz. Ýöne öz hyzmatyňyzy ýaşlara ýeter ýaly bir tärde gurap, şol bir wagtyň özünde-de ony ataňyzyň ýüregindäki görnüşe laýyklykda etseňiz, paýhasly hereket etdigiňiz bolar. Şeýle netijäni diňe onuň bilen aragatnaşykda bolan ýagdaýyňyzda gazanyp bolar. Siziň strategiýalaryňyz we usullaryňyz barada aç-açan maslahatlaşmak gerek. Onuň jogaplaryny diňläniňizde, siziň hereketleriňiziň onuň görnüşine näderejede laýyk gelýändigine düşünmelisiňiz.

Muny netijeli etmek üçin, siziň aç-açan we dogruçyl söhbetdeşligiňiz bolmalydyr. Eger siz haýsydyr bir zadyň "ol görmez ýa-da bilmez umudy bilen" edilýän ýagdaýyna düşen bolsaňyz, ýykgynçylyk ýoluna düşüp başlandygyňyzy biliň. Eger şübheleriňiz bar bolsa, oňa olary aýdyň; sizi nämeleriň biynjalyk edýändigine aýdyň düşüneri ýaly, anyk gürläň. Onuň siziň hyzmatyňyza gatnaşmagyny haýyş etseňiz, paýhasly hereket etdigiňiz bolar. Eger ol siziň usullaryňyzy kabul etmese, näme üçin şeýle edýändigiňizi oňa düşündiriň. Eger ol şondan soň hem olary kabul etmese, onuň oňlajak meýilnamasyny bada-bat düzjek boluň.

Bu prinsipi ulanmagyň ikinji usuly – özüňiz ýaly adamlary agtarmak. Şeýle zady göz öňüne getirip görüň: siziň ýaşlar hyzmatyňyz şäherdäkileriň iň ulusy diýeli. Bu ajaýyp zat: Hudaý siziň usullaryňyza ak pata berýär, Onuň size beren ruhy peşgeşi adamlary özüne çekýär. Ýöne siz öz öwrenen danalygyňyzy we ýörelgeleriňizi geçirmek üçin, siziňki ýaly ruhy peşgeşi bolan adamlary agtarýarmysyňyz? Siz gelejekde ýaşlar çopany bolup biljek birnäçe adamlary aýaga galdyrýarmysyňyz? Eger aýaga galdyrýan bolsaňyz, onda "ataňyz" ýygnak şäheriňiziň başga ýerinde täze hyzmaty başlaýandygyny yglan edende, siziň eýýäm gitmäge taýýar bolan tejribeli adamlaryňyz bolar. Köp ýygnaklar şäherleriniň başga ýerinde ýa-da başga çäklerde täze ýygnaklary başlap bilmeýärler. Munuň bir sebäbi – baş çopanyň golastyndaky adamlar özleri ýaly adamlary agtarmaýandygydyr.

Siz ýygnakda iň oňat ses operatory, wideoredaktor, çagalar

hyzmatynyň çopany, sežde toparynyň liderii, gitaraçy, wagyzçy, tertip-düzgün hyzmatçysy ýa-da ýygnakdaky wezipeleriň islendiginde iň oňady bolup bilýärsiňiz, ýöne diňe munuň özi Şalykdaky hakyky üstünligi kesgitläp bilmeýär. Hakyky ähmiýetlik özüň ýaly adamlary taýýarlamakdan ybarat. Öz-özüňizden şuny soraň: “Men özümdäki ýaly ruhy peşgeşleri bolan adamlary tapmak üçin dileg edýärinmi? Men şeýle adamlary agtarýarynmy?” Şeýle adamlary tapanyňyzda, olara öz ruhy peşgeşlerini ösdürmegi öwredýärsiňizmi? Munuň bilen birlikde atаňyzyň ýüregindäki görnüşi olara hem geçirýärmisiňiz?

Başga adamyň görnüşine hyzmat edenimizde, sadyk bolmagyň iki usuly, ine, şeýledir. Biz Isa Mesihiň aýgytlylyk bilen aýdýanlaryny ýatda saklamaly: “Başga biriniň emlägi babatda ynamdar bolmasaňyz, öz emlägiňizi size kim berer?” (Luka 16:12).

Geliň, Isa Mesihiň sadyklyk babatdaky kesgitlemesini ulanyp, Onuň sözlerini gaýtatalyň: “Eger siz başganyňkyny köpeltmedik bolsaňyz, özüňizkini size kim berer?” ýa-da “Eger siz öz lideriňiziň ýörelgesini, güýjüni we serişdelerini we, esasan-da onuň ýüregindäki görnüşi köpeltmedik bolsaňyz, özüňizkini size kim berer?” Sözlemiň ýene bir görnüşini mysal getirip bolar: “Eger siz jogap berýän çägiňizi ýaýbaňlandyrmak üçin ähli güýjüňizi, akylyňyzy, gujuryňyzy we ýüregiňizi sarp etmedik bolsaňyz, siz öz hyzmatyňyzy kim bersin?” Bu hakykatyň şeýle düzümleri aýňaldýan zat.

Saparlarymyň dowamynda duş bolan üstünlikli adamlarymyň hemmesi ilkibaşda başga adama degişli zatlarda sadyklyk görkezipdiler. Men köplenç olardan nämelerden başlandygyny soraýaryn. Men hakykatdan-da üstünlik gazanan adamlaryň arasynda atasyna ýa-da atalaryna degişli bolan zatlarda sadyk bolmadyk adamlaryň ýekesini-de görmedim.

## MENIŇ ULY GÖREŞIM

Men ýaş hyzmatçykam, goragsyzlyk duýgusy bilen göreşýärdim we bu duýgy zerarly meşhur we ähmiýetli bolmaga dyrjaşýardym. Men adamlara we aýratyn-da öz-özüme üýtgeşik ideýalary bolan liderdigimi subut etmek üçin, elimden gelenini edýärdim. Şondan bäri men şeýle goragsyzlyk duýgusy bilen göreşýän liderleriň ençemesi bilen söhbetdeş

boldum. Eger olar muny öz ýürek derejelerinde ýeňmeseler, bu soňabaka olaryň ýykylmagyna sebäp bolup biler.

Men uly şäherde ýurdumyzda iň çalt depgin bilen ösýän ýygnagynda ýaşlar toparynyň çopanydym. Biziň ýaşlar toparymyz şäherdäki uly ýaşly okuwçylaryň ählisine ýetmek üçin meýilnama işläp düzdi. Bu diýseň üýtgeşik we örän gowy meýilnamady. Ýaşlar hyzmatymyzyň gelejegi şu başlangyjyň daşynda aýlanýardy we men öz kömekçilerim bilen sekiz aýlap bu meýilnamanyň strategiýalaryny ösdürmekligiň üstünde işledik. Men öz görnüşimi tutuş ýaşlar hyzmaty bilen paýlaşdym, olar hem ony kabul etdiler.

Ýöne biz bu meýilnamany durmuşa geçirmäge golaýlan pursadymyzda, onuň çopanymyň ýüreginde bolan görnüşe gabat gelmeýändigini bildim. Çopanym bu meýilnamany amal etmezligi haýyş etdi. Men onuň bilen 20 minut çemesi jedelleşdim, ýöne ol ýeň bererli däldi. Men aýtmaga başga söz tapman, agzymy ýumdum, ýöne gahardan ýaňa ýarylaýjak bolýardym. Sekiz aýlap eden işimiz biderek boldy, ajaýyp meýilnamadan el çekmeli boldy, iň erbedi hem – biziň ähli görnüşimiz şol meýilnama baglylykda gurnalypdy. Indi biz ähli zady gaýtadan başlamalydyk. Men muny 24 liderimize we tutuş ýaşlar hyzmatyna nädip aýdaýyn? Olar muňa şeýle yhlas edipdiler ahyryn!

Men lapykeç halda teselli tapmak üçin Lizanyň ýanyna ugradym. Ol meniň meýilnamanyň başa barmandygyny eşidende, mylaýymlyk bilen garşylygyny bildirip: “Jon, Hudaý saňa haýsydyr bir zatlary öwredesi gelýär öýdýän” diýdi. Men indi öz çopanyma-da, aýalyma-da gaharlanýardym!

Men Lizanyň ýanyndan gitdim, sebäbi ol meni goldamady diýip hasap edýärdim. Men ýokary synp okuwçylaryň arasynda azaşanlaryň köpüsine ýetmek üçin düzen meýilnamamyň öňde-soňda düzülen meýilnamalaryň iň oňady diýip hasaplaýardym. *Meniň çopanym we meniň aýalym bütinleý kördi;* garaz, men şeýle pikir edýärdim! Men özümi ýalňyz, tukat we tesellesiz duýýardym. Men bir salymlyk hatda meni gara basýandyr, häzir oýanan badyma hemme zat gülala-güllük bolar öýdýärdim. *Eýsem bu dogrudan-da bolan zatmyka*?

Şol pursatda Hudaý meniň ýüregime aýdyň gürläp, şeýle diýdi:

“Ogul, Men seniň ýaşlar çopany bolan döwrüňe kazylyk edenimde, ilki bilen Maňa näçe adamyň getirenligiňe däl-de, seniň üstüňden goýan adamyma näderejede *sadyk* bolandygyňa garap karar çykararyn”.

Bu sözler meni aýňaltdy, ýöne olar Onuň indiki aýdan sözleri ýaly güýçli däldi. Ol meniň ýüregime: “Sen öz şäheriňdäki ýokary synp okuwçylarynyň baryny Maňa getirip, öz çopanyňa *sadyk* bolmanlygyň sebäpli zähmetiň üçin beriljek ähli öwgini we baýragyňy ýitirip bilýäň” diýip berk aýtdy.

Men mukaddes gorkudan ýaňa galpyldap başladym. Men şobada toba edip, ötünç soradym, soňra bolsa çopanyma jaň edip, ondan ötünç soradym. Men telefony goýup, ýaňyja bolan zatlar barada oýlanyp başlanymda, Reb birdenkä maňa bir görnüş berdi. Men aýaklarymy zordan süýräp, öz 24 liderim bilen duşuşyga barşymy gördüm. Men agyrlyk duýýardym, gynanýardym we ýigrençden doly sesim bilen şuny yglan etdim: “Oglanlar, siz bu meýilnamanyň üstünde köp aýlap işländigimizi bilýänsiňiz; ol biziň ýaşlar hyzmatymyzyň görnüşidi. Ýöne biziň baş çopanymyz şu meýilnamany ýaňyja goýbolsun etmeli diýdi. Biziň ähli edenlerimiz, ine, şeýdip tamamlandy”.

Men olaryň ýigrenç bilen başlaryny aşak salşyny, käbirleriniň bolsa ynanmazlykdan ýaňa agyzlaryny öweldip, gözlerini giňden açyşlaryny gördüm. Olaryň hemmesiniň üstünden sowuk suw guýlan ýalydy, olar gaharlanýardy. Men bu görnüşde olaryň hemmesiniň baş çopanymyza gaharlanýandygyny we özümizi onuň döredijilik pikirleriniň ýetmezçiliginiň pidasy hasaplaýandygyny bilýärdim.

Hudaý menden: “Şeýle etmekçi bolýarmyň?” diýip sorady. Men: “Ýok! Asla beýle etmen! Ýok!” diýip jogap berdim. Men Onuň garaýşymy we ýüregimiň niýetini açýandygyny bilýärdim. Onuň beren bu görnüşi özümde heniz-de atamyň ýüreginiň ýokdugyny görkezdi. Men şobada has çuň derejede toba etdim.

Men birnäçe günden liderlerim bilen duşuşyga barşym ýadyma düşýär. Indi, meniň ýüregimde mukaddes gorky alawlaýarka, bökjekläp ýöreýärdim, gözlerim ýalpyldaýardy, men şatlyk saçýan ýalydym. Men uly höwes bilen, şuny yglan etdim:

– Oglanlar, meniň bir ajaýyp habarym bar! Biziň baş çopanymyz

Ysmaýylyň dogulmagyna ýol bermän, bizi halas etdi. Ol biziň işläp düzen bu meýilnamamyzyň onuň ýygnagy äkitmekçi bolýan ugruna gabat gelmeýändigini aýtdy, şonuň üçin-de, biz bu meýilnamany ýapýarys!

Hemmeler bada-bat şatlyk bilen seslendiler. Käbirleri ýylgyrdy, käbirleri el kakyşdylar, galanlary bolsa makullama äheňinde seslendiler. Olaryň her biri meniň ýüregimdäkä düşündi, sebäbi meniň özüm-de ahyrda çopanymyň ýüreginde nämäniň bardygyna düşündim.

Bir ýyldan men ýene-de bir maksatnama arkaly synaldym; biz onuň üstünde birnäçe aýlap işläpdik. Bu gezek çopanym ol barada bilýärdi we biziň ugrumyz bilen ylalaşypdy. Emma bu maksatnamany eýýäm üç aýlap edenimizden soň, çopanym pikirini üýtgetdi. Biz ugry ýene-de bütinleý üýtgetmeli bolduk we ol ötünç sorady. Men muňa geçen gezekdäkimden bütinleý başgaça seslendim. Men bu maksatnamany goýbolsun etdim, onuň bilen çekeleşmedim, dawalaşmadym we närazylygymy bildirmedim. Şonda duýanymyň tapawudy aýdyň ýadyma düşýär; men onuň bilen ylalaşanlygymdan kanagatlanma duýýardym, ýöne eger bu maksatnamany dowam edip-etmezligi men çözmeli bolsam, onda ony dowam etmekligi saýlardym.

Men ýene-de liderlerime maksatnamanyň ýatyrylýandygyny aýdyp, muny hamala öz pikirim ýaly mälim etdim. Hudaý biziň ýaşlar hyzmatymyzy boldan-bol ýalkady. Ýaşlar toparynyň çopany bolan döwrümde bu hyzmat üç esse ulaldy.

Eger men synaglardan geçmedik bolsam, şindiki ýerimde bolmazdygymy anyk bilýärin. Men hemme zadyň nähili boljakdygyny bilýärdim diýip aýdyp bilýän, sebäbi Mukaddes Ruh maňa ony görkezipdi. Men saýlawymyň bolmazlygy sebäpli şol birinji maksatnamany ahyrsoňy goýbolsun ederdim. Men ony nädogry garaýyş bilen ederdim, bu bolsa liderlerime täsir edip, olary zäherlärdi. Şondan soň men ýygnagy taşlardym we durmuşymdaky ruhy peşgeşler bilen az sanly adamlara täsir ederdim. Ýöne şindi ýolbaşçylyk edýän hyzmatym ýaly hyzmaty welin asla almazdym. Biz dünýä boýunça millionlarça adama täsirini ýetirjek wagyzlary etmezdik, kitaplary ýazmazdyk. Näme üçin? Başganyň zadynda sadyk bolmadyk bolsam, Hudaýdan öz tabşyrygymy almazdym.

Muny öwrenmek maňa aňsat düşmedi. Öz ynançlaryny goraýan lider hökmünde men iň oňat diýip hasaplaýan zadymyň ugrunda göreşmäge taýyndym. Ýöne men Hudaýy meniň netijelerimden meniň häsiýetim has köp gyzyklandyrýandygyny bildim. Ol Liza ikimize öz hyzmatymyzy ynanmazyndan öň, berk binýady gurasy gelipdi.

Mähriban dostum, siz hem lidersiňiz. Hudaý perzentleriniň Onuň ýörelgesine eýeren ýagdaýynda olaryň baryna lider bolmak mümkinçiligini berjekdigini wada etdi. Biz “guýruk däl-de, baş”, biz “aşakda däl-de, ýokardadyrys” (ser.: Kanun taglymaty 28:13). Ýalbarýaryn, meniň edişim ýaly, gylyja depjek bolmaň. Şalygyň işinde öňe gidip bileriňiz ýaly, menden öwreniň.

## AGZYBIRLIGIŇ ÄHMIÝETI

Köpeltmeklik üçin agzybirlik gerek. Bu barada iň görnükli bilimi berýän aýat Gelip çykyş kitabynda bar. Hudaýsyz adamlaryň bir topary şol döwrüň adamlary üçin asla mümkin bolmadyk işi – göge diräp duran minarany gurmakçy boldular. Emma Gudratygüýçli Hudaýyň näme diýýändigine gulak goýuň:

> “Reb: ‘Görsene, olar bir halk, olaryň dilleri-de bir. Bu olaryň niýetiniň başlangyjydyr; *olaryň indi başarmajak zady bolmaz’ diýdi” (Gelip çykyş 11:6 TRT).*

Muny Kimiň diýýändigi ýadyňyzdamy? Bu Hudaýyň hut Özi! Onuň sözlerine gulak goýuň: “olaryň indi başarmajak zady bolmaz”. Hudaý muny näme üçin diýdi? Sebäbi olar “bir halk”, “dilleri-de birdi”. Olar agzybirdiler. Olar ylalaşykly hereket edýärdiler.

Eger Hudaýyň dili halas edilmedik bu adamlar barada şeýle sözleri aýdan bolsa, Ol äht adamlary barada näme diýýärkä? Has köp zatlary, sebäbi Onuň halkynyň birleşen ýerinde “Rebbiň ýalkanyşlaryň bolmagyny tabşyrdy” (Zebur 132:3). “Tabşyrdy” sözi buýurdy, gönükdirdi, belledi” diýmekligi aňladýar. Ähli zat ap-aýdyň: agzybirlik ýalkanyşlary, şol sanda köpeltmäni hem özüne çekýär.

Täze Ähtde bu Onuň perzentlerine gönüden-göni degişlidir. Şular

ýaly ykrarlara gaýta-gaýta duşýanlygymyz geň zat däl:

> “Meniň begenjimiň üstüni ýetiriň: özara ýürekden ylalaşyp, pikirdeş boluň, biri-biriňizi söýüň, *ruhuňyz we maksadyňyz bir bolsun*” (Filipililer 2:2, NLT).
>
> “Şunlukda, eý, doganlar, şatlanyň! Dogry ýola düşmegi niýet ediniň, aýdýanlaryma gulak asyň, *bir pikirde boluň*, parahat ýaşaň. Şonda söýgi we parahatlyk Hudaýy siziň hemraňyz bolar” (2 Korintoslylar 13:11).
>
> “Eý, doganlar, durmuş ýörelgäňiz Isa Mesihiň Hoş Habaryna laýyk bolsun. Şonda ýanyňyza baryp sizi görsem-de, ýanyňyzda bolman, siz barada eşitsem-de, Hoş Habara daýanýan iman ugrunda *bir adam ýaly* göreşip, ýeke-täk bir Ruhda berk durandygyňyzy bilerin” (Filipililer 1:27).

Biz bu ýygnaklarynyň atasynyň ýalbaryşlaryny eşidýäris. Pawlus “ýürekden ylalaşyp”, “pikirdeş boluň”, “ýeke-täk bir Ruhda” diýen jümleleri ulandy. Ol ýygnaklaryň Hudaýyň tabşyran ýalkanyşlaryny alyp biler ýaly ýagdaýynda bolmagyny isleýärdi. Ol diňe şeýle ýagdaýda olaryň hakyky köpeltmäni başdan geçirjekdiklerini bilýärdi.

Geliň, tabşyrylan ýalkanyşlaryň ajaýyp mysalyny okalyň; olar agzybirlikde ýaşaýanlar üçin saklanylýandyr. Isa Mesihiň sadyk şägirtleri Onuň öýden çykman, şol ýerde galmalydyklary baradaky tabşyrygyna gulak asdylar (ser.: Resullaryň işleri 1:4). Isa Mesih Öz direlişinden soň 40 günläp erkekdir aýallaryň azyndan 500-ne aýan boldy (ser.: Korintoslylar 15:6), ýöne Onuň direlişinden on gün soň Iýerusalimde şägirtleriň diňe 120-si galypdy. Galanlary nirededi? Meniň pikirimçe olaryň 75%-mi Isa Mesihiň sözlerine gulak asmadylar. Biz olaryň nirede bolandygyny bilmesek-de, Onuň isleginiň olar üçin ilkinji derejeli bolmandygyny anyk bilýäris.

Otagda ýygnanyp oturan erkekdir aýallar Hudaýyň Sözüniň ygtyýarynyň astynda agzybirdiler. Mesele şundady: olar Petrusa, ýagny Isa Mesihiň belläp, ähli ygtyýaryny şoňa tabşyran ýygnak atasyna nähili gararlar?

Hoş habar kitaplarynda Petrus köplenç göçgünli, ol Hudaýyň

islegini sypdyrýardy. Ol Isanyň Mesihdigini, diri Hudaýýň Ogludygyny batyrgaýlyk bilen aýdanda, Isa Mesih oňa onuň bagtlydygyny aýtdy. Ýöne biraz salymdan Isa Mesih "Petrusa tarap öwrülip:

> 'Çekil öňümden, şeýtan! Sen Maňa böwet bolýarsyň, sebäbi Sen Hudaýýň işlerini däl-de, ynsan işleri hakda oýlanýarsyň" diýdi" (Matta 16:23).

Wakalaryň ýene birinde beýleki şägirtler ýöne garap durkalar, Petrus suwuň ýüzünden ýöredi. Ol ýene liderlik etdi. Ýöne biraz salymdan ol gark başlady. Isa Mesih gynanyp: "Eý, az imanly, näme üçin şübhelendiň?" (Matta 14:31) diýdi.

Başga bir wakada Isa Mesih daga gidende, Petrus Ýohanna we Ýakup dagy Onuň ýany bilen gitdiler. Olar Onuň ýüzüniň Gün kimin nurlanyp, hatda eşikleriniň hem üýtgändigininiň diri şaýatlary boldular. Musa we Ylýas pygamber peýda bolup, Onuň bilen gürleşip başladylar. Nähili mertebe! Ýöne Isa Mesih Öz üç şägirdi bilen dagdan düşüp-düşmänkäler, üç çadyry – olardan ikisini Ylýas we Musa pygamberler üçin dikmelidigini dilinden sypdyrýar (ser.: Matta 17). Ol Hudaýýň meýline we maksatlaryna ýene-de düşünenok.

Indi bolsa, şu aýdylanlary nazara alyp, ýaňy esaslandyrylan ýygnagyň lideri hökmünde Petrusyň kabul eden ilkinji kararlarynyň birine garap geçeliň. Ýöne ilki ýene bir wajyp faktory ýada salmaly: Petrusyň Isa Mesihi hatda tanamaýandygyny aýdyp, Ony ret eden wagtyndan şu pursada çenli bary-ýogy birnäçe gün geçipdi. Bu ýagdaý imanlylaryň köpüsi üçin Petrusyň liderligine boýun bolmazlyga tutaryk bolup bilerdi. Bu aýratyn-da olaryň Petrusyň ugryny ýa-da çözgütlerini oňlamadyk ýagdaýlarynda tutaryk bolup bilerdi.

Şunlukda, geliň bu wakany başlalyň. Isa Mesihiň Göge galmagyndan soň birnäçe gün geçipdi we Petrus Zebur kitabyndan pygamberlik sözüni tapýar; bu söz Ýudasyň Isa Mesihe haýynlyk etjekdigine gönüden-göni degişlidi. Petrus öýde ýygnanyp oturan kiçi ýygnaga bu sözi okap berdi: "Zeburda: '*Başga biri onuň ornuny alsyn*' diýlip ýazylan" (Resullaryň işleri 1:20). Petrus ýene-de başgalaryň görmedik zadyny gördi, ýöne ol ony dogry ulanyp bilermi?

Siziň okajak şu zadyňyz çaklama hökmünde görünmegi ahmal, ýöne men öz nukdaýnazarymy esaslandyrmak üçin size Hudaýyň sözünden ýeterlik tassyklamalary berýändirin diýip umyt edýärin. Men Petrusyň çözgüdi kabul etmekde Hudaýyň yradasyny ýene-de sypdyrandygyna ynanýaryn, sebäbi ol ilkibaşdan bäri ýanynda bolan erkekleri ýygnap, Hudaýyň Ýudasyň ýerinde kimi saýlamak isleýändigini görmek üçin bije atmagy teklip edýär.

Siz Täze Ähtiň hiç ýerinde Hudaýyň resullary bije usulynda saýlaýandygyny görmersiňiz! Isa Mesih Öz göreldesi arkaly olara Hudaýyň ýoluny görkezdi: Ol ilkinji 12 resuly saýlamazdan öň uzakly gije dileg edip, Hudaýdan eşidipdi (ser.: Luka 6:12-13). Petrus indiki resuly saýlanda Isa Mesihiň edenlerine meňzeş bir usulda synanyşan bolsa, has gowy bolardy.

Ýadyňyzdamy, bary-ýogy sanlyja ýyldan Antiýohdaky ýygnagyň pygamberleri we mugallymlary Isa Mesihiň göreldesine eýerdiler. Olar Barnap bilen Pawlusy resullyk hyzmatyna saýlamazdan öň agyz bekläp, dileg etdiler (ser.: Resullaryň işleri 13:1-4). Bu Petrusyň alňasaklyk bilen kabul eden çözgüdiniň ýalňyş bolandygynyň ýene bir tassyklamasydyr.

Jaýyň içindäki 120 adamyň arasyndan iki dalaşgäri: Mattiý bilen Ýustusy tapdylar. Mattiýiň bijesi çykyp, ol resullyga goşuldy (ser.: Resullaryň işleri 1:23-26). Ýöne biz Mattiýany Täze Ähtiň bir ýerinde-de görmeýäris. Näme üçin? Sebäbi Hudaýyň Sözi soňra Ýudasyň ýerine Hudaýyň saýlap-seçen resulynyň Mattiý däl-de, Pawlusyň bolandygyny görkezýär. Pawlus hut şu sebäpden şeýle ýazypdy:

> “Ol Ýakuba göründi, soň resullaryň ählisine göründi. Iň soňunda bolsa maňa, hamala wagtyndan öň doglana göründi, men hem Ony gördüm. Çünki men resullaryň arasynda iň kiçisidirin” (1 Korintoslylar 15:7-9, NLT).

Pawlus özüni wagtyndan öň doglan diýip atlandyrýar; başga sözler bilen aýdylanda, ol Onkileriň biri bolardan juda ýaşdy. Bu meseläni öwrenmek bilen, men Pawlusyň doglan senesi babatda dürli pikirleri tapdym; dürli gözbaşlaryň hasaplamalary 14 ýyl aralygyny çaklaýar. Bir

zady şübhesiz aýdyp bolar: onuň doglan senesini hiç kim bilenok. Şoňa görä-de, onuň ýaşyny bilmek üçin, Täze Ähtiň wagt şkalasyna seredeliň.

Taryhy maglumatlaryň aglabasyna laýyklykda, Stefanyň jebirli ölümi Isa Mesihiň direlişinden dört ýyl soň bolupdy. Bu bolsa Isa Mesihiň Özüniň ilkinji şägirtlerini şondan ýedi ýyl öň saýlandygyny aňladýar. Stefany daşlap öldürenlerinde, Mukaddes Kitap Şawuly (Pawlusy) jahyl ýigit diýip atlandyrýar (ser.: Resullaryň işleri 7:58). "*Grek-iňlis sözlügi*" "ýigit" sözüni "jynsy kämillige ýaňy ýeten" diýip kesgitleýär. Şonuň üçin-de, ýedi ýyly aýyrsak, Pawlusyň ilkinji şägirtleriň arasynda bolardan has ýaş bolandygyny arkaýyn çaklap bilýäris.

Men Hudaýyň Pawlusy saýlandygyna doly ynanýaryn. Ol Mattiýä garanda resulyň miwelerine we ygtyýarlygyna has aýdyň eýedi. Şeýle diýmek bilen, men Petrusyň lider hökmünde birdenkä kabul eden çözgüdi Hudaýy meýline laýyk gelmändigini babatdaky pikirimi mälim edesim gelýär. Eger Petrus biziň günlerimizde şeýle eden bolsa, ýygnak üç topara bölünerdi: resullary bije usuly arkaly saýlamaga garşy çykýanlar; resullara mätäç däl topar; we resullary bije usuly arkaly saýlamagyň tarapdarlary (galjaklary). Ýöne Mukaddes Kitapda bu ýagdaýyň yzýanyndan ýazylanlara gulak goýuň:

> "Ellinji gün baýramy güni ähli imanlylar bir ýere *agzybir* ýygnanyşyp otyrdylar" (Resullaryň işlleri 2:1).

Grek dilinde "agzybir" sözi "homotumadon" sözi bolup durýar; ol "aňlary bir, bir agyzdan, ählisi bile" diýmegi aňladýar. Bu kesgitleme aňda-da, hereketde-de bölünişige orun bermeýär. Olar maksatlarynda, pikirlerinde, ýüreklerinde we ruhda birdiler. Netijesi nähili boldy? Hudaýyň Sözi şol günüň özünde üç müň adamyň Rebbe *goşulandygyny* aýdýar. Eger bu sany 120-ä bölsek, onda köpeltmäniň 25 esse bolandygyny göreris. Bu barada pikir edip görüň: ýygnak bary-ýogy bir hyzmatyň dowamynda 25 esse ulaldy. Hudaý agzybirligiň bolan ýerinde ýalkanyşlaryň bolmagyny buýurdy! Bu ruhy kanun.

Men şol jaýda ähli zady Petrusyň edişi ýaly etmejek adamlaryň bolandygyna ynanýaryn. Şeýle çözgüdi kabul etmezden ozal, elbetde,

Isa Mesihiň göreldesine eýerip, ilki uzak wagtyň dowamynda Hudaýy agtarmaklyk has dogry hereket bolardy.

Muny amal etmegiň has oňat täriniň bar bolandygyna garamazdan, jaýdaky adamlar has ileri tutulmaly zady – liderleriniň strategiýasyny kabul edip, *agzybir bolmagyň* wajyplygyny gördüler. Adamlaryň her biri bu pikiri edil öz pikiri hökmünde kabul etdi. Usullar babatda manysyz ýa-da ujypsyz oňlamazlyklar zerarly bölünişiklerimiz şeýle köp bolýar! (Bir wajyp hakykaty agzap geçeýin: eger siziň lideriňiz Hudaýyň Sözüne laýyklykda *günä* bolýan çözgüdi kabul eden ýagdaýynda (diňe şeýle ýagdaýda), biz oňa tabyn bolman bilýäris. Emma bölünişikleriň köpüsi günä sebäpli däl-de, usullar sebäpli bolýar).

## SUWASTY AKYMLAR

Biz bölünişikleriň sözler we hereketler bilen çäklenmeýändigini ýatda saklamaly. Olar has çuň ýerde – pikirlerde, ýürekde we ruhda ýerleşýärler. Agzybirlik barada ýokarda berlen üç aýady ýene bir gezek ýatlatma hökmünde okaň. Biz agzybir görünsek-de, niýetlerimizde we pikirlerimizde bönünen bolup bilýäris.

Meniň ejem Florida ştatynyň Wero Biç şäherinde ýaşaýar. Onuň demirgazyk tarapynda takmynan 20 kilometr uzaklykda Sebastýanyň aýlagy diýip atlandyrylýan bir ýer bar. Ol ýerli adamlara özüniň güýçi suwasty akymlary bilen belli. Suwasty akym – bu ýönekeý göz bilen görüp bolmaýan tebigy hadysa. Ummanyň ýüzüne seredeniňde, suw endigan akyp, kenara tarap tolkunlaýan ýaly görünýär. Ýöne suwuň ýüzüniň astynda ters ugra akýan güýçli akym bar. Bu ters akym öz pidalaryny garbap, olary açyk deňze tarap çekýär, käwagt bolsa janlaryndan mahrum edýär.

Biziň ýygnaklarymyzda, kärhanalarymyzda, mekdeplerimizde, hökümetimizde, sport toparlarymyzda we klublarymyzda köpeltmä weýrançylykly täsir edip, bölünişigi getirýän "suwasty akymlar" barmy? Elbetde, bar. Näme üçin beýle bolýar? Munuň sebäbi Hudaýyň Şalygyny Onuň pikirlerine däl-de, demokratik pikirlere daýanyp gurmakçy bolýanlygymyzdamyka? Biz iň hakyky Şalygyň raýatlary; biz Patyşamyzyň öz liderlerimize beren ygtyýarlygyna äsgermezlik

edip bilmeýäris. Biz olara ýürekden tabyn bolanymyzda, Hudaýýň ýalkanyşlary ýüze çykyp başlaýar.

Biz özümizden şuny soramaly: "Biziň üçin haýsysy has wajyp – mamla bolmakmy ýa-da agzybir bolmak?". Siz 100% mamla bolup, şol bir wagtyň özünde-de 100% bimamla bolup bilýäňiz. Eger Petrusyň teklip eden bije usulyny ýatyryp, oňa derek agyz bekleme we dileg etmek usulyna (Mukaddes Kitapda görýän nusgamyza laýyk gelýän usula) çalyşmagy talap edýän bir topar peýda bolan bolsa, ol 100% mamla bolardy. Emma olaryň agzalalyklary zerarly Hudaýýň ýalkanyşlarynyň akymy togtardy.

Eger ýadyňyzda bolsa, Resullaryň işlerinde ilkinji gudratly köpeltme atalaryň amaly tabşyryk bereninden soň boldy. Bu tabşyryk berlenden soň, biz şuny okaýarys: "Bu pikir hemmäniň göwnünden turdy" (Resullaryň işleri 6:5). Netijede näme boldy? "Şägirtleriň sany *barha köpelýärdi*" (Resullaryň işleri 6:7). Ýygnakda hemmeler bu strategiýany özüniňki kimin kabul etdiler. Adamlar razylaşman bilerdiler, ýöne olaryň: "*Mamla bolandan, ýalkanan bolanyň gowy*" diýen hakykaty ýüze çykarandygyna ynanýaryn. Şunlukda, olar bu usuly edil öz tapan usullary kimin kabul etdiler.

Indi bolsa biz iň kyn soragy soramaly: Kazylyk ediljek günde Isa Mesihiň bize aýan etjek zatlaryndan ýaňa Onuň huzurynda näçämiz sarsyp we aljyrap durarys? Ol gözüne ýaş aýlap, bölünişiklerimiziň Onuň wada beren ýalkanyşlaryny bökdändigini görkezermi? Bölünişik zerarly bakylygyň täsirini kabul etmedik adamlary görenimizde, köpeltme mümkinçiliklerini sypdyrandygymyza düşünip, Onuň bilen aglarysmy? Mamla bolmaklyga däl-de, agzybirlige ymtylmak üçin näçämiz yzymyza dolanasymyz geler? Ýöne juda giç bolar.

## OÝLANYŇ

1. Ata – bu ýolbaşçylyk we alada edýän adam; ol şahsyýetiň ýa-da guramanyň durmuşyna belli bir medeniýeti ornaşdyrýar; ol müdir, çopan, kiçi toparyň lideri, bölüm müdiri, mugallym, tälimçi we şular ýaly başga orunlary eýeläp bilýär. Siziň durmuşyňyzda nähili “atalar” bar? Olar siziň üçin nädip “ata” bolup bilýärler?

2. Sadyk ogul ýa gyz öz atasynyň ýörelgesini köpeldýär. Öz liderleriňiziň ýörelgelerine eýermek näme üçin wajyp? Bu görnüşde, usullarda we medeniýetde özara agzalalyklardan gaça durmaga nädip ýardam berip bilýär?

3. Başga degişli zady köpeltmeklik öz-özüňizi döretmekligi talap edýär. Siz öwrenen danalygyňyzy we ýörelgeleriňizi geçirmek üçin, özüňiziňki ýaly ruhy peşgeşleri bolan adamlary agtarýarsyňyzmy? Siz şu gün edýänleriňizi başgalaryň hem edip bilmegi üçin kömek edýärmisiňiz? Eger etmeýän bolsaňyz, siz muny nädip başlap bilersiňiz?

*“Hojaýyn, men seniň gaty özdiýenli adamdygyňy bilýärdim. Sen ekmedik ýeriňden orýarsyň, sepmedik ýeriňden ýygýarsyň. Şonuň üçin men gorkdum, gidip, beren bir çuwal puluňy ýere gömüp gizledim”.*

- Matta 25:24-25

# 12

# KÖPELTMEKLİGE BÖWET BOLÝAN ZATLAR I

Indi bolsa biz Isa Mesihiň tymsalyndaky ýalta hyzmatkäriň niýetleri we pikirleri barada gürrüň ederis. Näme üçin beýleki iki hyzmatkär köpeltdi, ol bolsa diňe saklap goýdy? Näme üçin birinji iki hyzmatkäre “ýagşy we sadyk” diýlip, oňa “erbet we ýalta” diýildi?

Gürrüňe başlamazdan ozal, geliň, şu hakykat barada pikir alşalyň: *adam Isa Mesihiň huzurynda durka, ýalan sözläp bilmeýär*. Muny sada mysal arkaly düşündirmäge rugsat ediň. Siz haçan hem bolsa içalylar baradaky kino tomaşa edipmidiňiz? Şeýle kinolarda olar sorag edilende, gizlin faktlary bilmek üçin, olara “hakykat syworotkaly” sanjymy edýärler. Bu içaly ýa-da ikitaraplaýyn agent gizlin saklajakdygyna kasam eden maglumatlary aýdýar we hakykat mälim bolýar.

Men öz durmuşymdan hem bir mysal getireýin. Nikamyzyň irki ýyllarynda men kämil däldim, ynamsyzlyk duýgusy bilen göreşýärdim. Käbir ýagdaýlarda men öz hereketlerimi kadalaýyk hasaplaýardym, bu tä Liza olary barmagyny çommaldýança şeýle bolýardy. Men gürrüňlerimizde öz hereketlerimi we niýetlerimi aklaýardym. Men köplenç aýdan her bir sözümi batyrgaýlyk bilen goraýardym! Biraz soňra, dilegde we Hudaýyň huzurynda bolanymda, Lizanyň mamladygyna aň ýetirýärdim. Men onuň ýanyna dolanýardym we ýalňyşymy boýun alýardyn.

Men bu hakykaty Hudaýyň şalyk huzurynda ýalanyň, nädogrulygyň,

mekirligiň we ikiýüzlüligiň bolup bilmeýändigini görkezmek üçin agzadym. Isa Mesih şeýle diýýär:

> “Ýapyk bolup, üsti açylmajak, gizlin bolup, bilinmejek zat ýokdur. Garaňkylykda näme aýtsaňyz, ýagtylykda eşidiler, içki otaglarda çakan çawuşyňyz üçeklerde yglan ediler” (Luka 12:2-3).

Isa Mesih kazylyk barada aýdýar; onda ýalan pikir etmek-de, gürlemek-de mümkin bolmaz, sebäbi howa hakykata gurşalar we hiç kim ýalan ýa-da hileli sözi aýdyp bilmez. Biziň hyzmatkärler baradaky tymsalymyzyň kazylygyň nyşany bolup durýanlygynyň delili şuny habar berýär: biz ýalta hyzmatkäriň dogrusyndan gelýändigi babatda ynamly bolup bilýäris. Ol özüni paş etdi, sözleri onuň özüni aýyplady.

Onuň *bakylyk üçin* köpeltmänliginiň iki esasy sebäbi bar:

- Ol öz hojaýynynyň häsiýetini bilmeýärdi.
- Ol gorkýardy.

Bu iki sebäp dogry yzygiderlikde berlen. Ikinjisi sebäp köplenç, ýöne hemişe däl, birinjiden döreýär, sebäbi Hudaýyň häsiýetini bilmezlik aňsatlyk bilen gorkyny döredýär. Bu ýalňyş pikirleriň ikisi barada gürrüňi dowam edenimizde aýdyň bolar.

## “MEN NÄMÄ YNANÝARYN”

Geliň, birinji ýalňyş pikir barada gürrüň edeliň. Bir wakadan başlalyň. Men konferensiýa gatnaşmak üçin ýaňyja Gawaya gelipdim. Men heniz-de ýol eşigimde howzuň başyndaky saýawanyň astynda dynç alyp, myhmanhana otagymyň taýýar bolaryna garaşyp otyrdym. Şol ýerde ýene bir işewür aýal garaşyp otyrdy, ol başga bir konferensiýa gelen eken. Biz gürleşip başladyk we ol meniň mesihi awtor we hyzmatçydygymy bilenden soň, özüniň Hudaý bilen gatnaşyklaryny maňa gürrüň berip başlady.

Onuň Hudaýy tanamaýandygyna göz ýetirmek üçin birki minut ýeterlik boldy. Ol öz ynanýan zatlaryny ynam bilen ykrar edýärdi, ýöne olar Hudaýyň Sözüniň aýan edýän zatlaryna gabat gelmeýärdi. Ol öz

ynançlaryny beýan edýärkä, men Mukaddes Ruhdan danalyk diledim we Ol maňa näme aýtmalydygymy görkezdi.

Aýal sözüni tamamlandan soň, men:

– Siz howzuň beýleki tarapynda oturan şol erkek adamy görýärmisiňiz? – diýip soradym.

– Hawa, – diýip, aýal jogap berdi.

– Men size şol adam barada aýdyp bereýin, – diýdim. – Ol berk wegeteriýançy; ol mal gatyşygy bolan iýmiti, hatda ary balyny hem iýmeýär. Ol ABŞ-ň Olimpik ýüzüjiler toparynyň düzüminde bolmagy arzuw edýär. Ol günde üç sagatlap türgenleşýär. Onuň söýgüli güýmenjeleri: badminton, tennis, paraşutdan bökmek we surat çekmek. Ol jakuziniň ýanynda duran şol aýala öýlenen we ol ärinden on ýaş kiçi.

Aýal muňa gyzykdy we biraz aljyrady, sebäbi men bütinleý başga zat barada gürläp başladym. Ol ýaňyja Hudaý baradaky çuňňur oýlanmalaryny meniň bilen paýlaşdy, men bolsa jogap hökmünde oňa howzuň beýleki tarapynda oturan erkek barada gürrüň berýärin. Ol gyzyklanma bilen:

– Ol hem siziň barýan konferensiýaňyza gatnaşýarmy? – diýip, menden sorady.

– Ýok.

– Onda siz ony nireden bilýäňiz? – diýip, ol öňküsinden-de gyzygyp sorady.

– Men ony tanamok.

Ol aljyrap, gaýga galdy we ol barada şeýle köp maglumaty nireden bilýänligimi sorady. Munuň şeýle ýa däldigini bilemok welin, ýöne onuň garaýşynda men barada MRM ýa-da DFB-iň agenti, detektiw ýa-da hatda heleýbaz bolmagymyň ahmaldygy baradaky pikir bardy. Onuň bilesigelijiligi soňky hetdine ýetdi.

Men biraz sägindim, soňra bolsa oňa şeýle diýdim:

– Men onuň şeýledigine *ynanýaryn*.

Ol haýran galmakdan ýaňa dili tutulan ýaly boldy.

– Siz edil şu pursat Hudaý babatda *ynanýan* zatlaryňyzy şeýle ynamly

aýtdyňyz – diýip, men sözümi dowam etdim. – Ýöne siziň Ol barada aýdanlaryňyzyň hemmesi diýen ýaly nädogry. Men muny anyk bilýärin, sebäbi men Ony tanaýaryn.

Men oňa tarap öwrüldim-de, gözlerine dikanlap seredip, şeýle diýdim:

– Bütinleý tanamaýan adamym barada aýdyşym siziň Hudaý barada aýdyşyňyzdan hiç tapawutlanmaýar. Men howzuň beýleki tarapynda oturan bu adam barada size öz *ynanýan* zatlarymyzy aýdyp berdim we ol diýseň ynandyryjy eşidildi. Ýöne meniň aýdanlarymyň köpüsiniň nädogry bolmagy örän ahmal, sebäbi men ony tanamak üçin wagtymy asla sarp etmändim.

Ol diňleýärdi, ýöne birhili tolgunýan ýaly görünýärdi.

– Hudaý bize Öz Sözüni Mukaddes Kitabyň sahypalaryna ýazyp berdi, ol Ony aýan edýär, - diýip men asuda gürledim. – Şeýle-de Ol Isa Mesihi aýan etmek üçin Mukaddes Ruhy iberdi; Isa Mesih bolsa Öz gezeginde bize Gudratygüýçli Hudaýy tanadýar, sebäbi Ol – bedende gelen Hudaý.

Men ýene-de sägindim-de:

– Siz öz aňyňyzda toslama bir hudaýy, aslynda bolmadyk bir hudaýy oýlap tapanlygyňyz barada oýlanýaňyz gerek? – diýip mylakatly soradym.

Gynansam-da, ol ýa Hudaýy tanamaýanlygyny boýun almaga taýyn däldi, ýa-da Onuň bilen hakyky duşuşykdan gorkýardy. Biz ýene bir salym gürleşip oturdyk we soňra hoşlaşdyk.

Şu wakany okap otyrkaňyz ýylgyrýan bolmagyňyz ahmal, sebäbi siz: “Men Hudaýy tanaýaryn. Men ýygnaga gatnaýaryn we Mukaddes Kitaby okýaryn” diýip pikir edýärsiňiz. Ýöne kimdir biriňiz bu pikirden ýaňa örän arkaýynlaşmanka, biz fariseýleriň ýagdaýyny ýada salmaly. Olar bir hyzmaty-da sypdyrmaýardylar, yzygiderli dileg edýärdiler we agyz bekleýärdiler, Mukaddes Kitabyň ilkinji bäş kitabyny ýatdan bilýärdiler (men özüm babatda şeýle diýip biljek däl!). Emma olar hut olaryň öňünde duran Isa Mesihi – tende gelen Hudaýy tanamagy başarmadylar.

## HUDAÝY TANAMAK

Hudaýy tanamaklyk ýaly aýratyn hukugy kim alyp bilýär? Muňa hemmeler çagyrylan, ýöne kesgitli bir ölçegler bardyr. Biz öz durmuşymyzy Oňa bagyş etmek baradaky çözgüdi kalbymyzyň jümmüşinden kabul edenimizde, hakyky gatnaşygyň gapysy açylýar. Bu çözgüt kiçi dilden bäri bolmaly däl, ol degişli hereketler arkaly görkezilmeli. Isa Mesih şeýle diýýär: “Eger sen janyňy Meniň ugrumda ýitirseň, ony halas edersiň” (Matta 16:25, NLT). Ol “ony halas edersiň” diýende nämäni göz öňüne tutýarka? Hemme zat sadadan ýönekeý: hakyky durmuşy diňe *Hudaýy tanamaklykdan* tapyp bolýar.

Biz Hudaýy ýygnaga gatnamak, özümizi mesihi dostlar bilen gurşamak, kitaplary okamak, sežde nagmalary diňlemek, “toba dilegini” gaýtalamak we hatda haýsydyr bir işleri etmek arkaly tanamaýarys. Mukaddes Kitap Isa Mesihi köplenç öýlenýän Ýigit, bizi bolsa Onuň gelinligi diýip atlandyrýar. Öýlenýän ýigit bilen gelinlik birleşende, ikisi bir bolýarlar. Pawlus şeýle ýazýar: “Bu Isa Mesih bilen ýygnagyň birdiginiň *mysalydyr*” (Efesliler 5:32, NLT). Hudaý Ony tanamaklygyň nämedigini görkezmek üçin, bize ynsan durmuşynda iň köp duşýan ýagdaýyň mysalynda keşplendirilen wagzy berdi. Biz Onuň bilen bolýan gatnaşygyň aýdyň mysalyny *nikanyň mukaddes gatnaşygynda*ň her gün görüp bilýäris.

Gelin toý lybasyna beslenip, toý sazynyň ýaňlanmagynda ybadathananyň geçelgesinden ýöräp barýarka, örän saldamly habary mälim edýär. Ol bu dünýädäki takmynan 3.930.000.000 erkek bilen hoşlaşýar! Ol nikalaşylýan ýerde özüne garaşyp duran erkege ýüregini, janyny, tenini we durmuşyny bütinleý tabşyrýar. Onuň çözgüdiniň hakyky “tobany” aňladýanlygy gyzykly zat. Ol ýer ýüzünde islendik başga erkege durmuşa çykmak mümkinçiliginden ýüz öwürýär. Ol we onuň saýlany äht baglaşýarlar: erkek bütinleý oňa, ol hem oňa degişli bolýar. Bu jübüt biri-biri bilen örän ýakyn gatnaşykda bolup, biri-birini kimdir birini tanamakdan has köp tanap biljek ýollaryna gadam basýarlar.

Indi bolsa men size käbir zatlary aýtjak, munuň çapraz görünmegi

ahmaly, ýöne gaýrat edip, meni eşidiň! Meniň özüm-ä “toba dilegini” Hudaýy tanamakda biziň döreden iň uly bökdençligimiz diýip hasaplaýaryn. Adatça biz şeýle edýäris: biz Hudaý bilen gatnaşygy satýarys, biz muny edil müşdürä haýsydyr bir harydyň mahabatlandyrylyşy ýaly edýäris. Wagyzdan ýa-da söhbetdeşlikden soň biz şeýle diýýäris: “Siz Hudaýy tanamak isleýäňizmi? Siz öz Ýaradanyňyz bilen gatnaşykda bolmak iseýäňizmi? Eger şeýle bolsa, siz diňe şu dilegi edäýmeli: “Isa Mesih, meniň durmuşyma gel. Men öz günälerim üçin toba edýärin. Men Seni öz Halasgärim hökmünde kabul edýärin. Meni bagyşlaýandygyň we Hudaýyň perzendi edýändigiň üçin minnetdar’”.

Biz şol ýerdäki adamlaryň baryna iman eden adam barada şatlyk bilen habar berýäris, olaryň Hudaýda ebedi howpsuzlygy alandygyna begenýäris we olary biziň ýygnaklarymyza gatnaşmaga çagyrýarys. Emma biz olara toba barada, egoistik durmuşdan hemişelik ýüz öwürmelidigi we durmuşlaryny Hudaýa bagyş etmelidigi barada hiç zat aýtmaýarys. Ine, Isa Mesihiň doly beýannamasyna gulak goýuň:

> “Eger siz dogrudan-da Meniň yzyma eýerjek bolsaňyz, öz durmuşyňyzy şobada we doly inkär edip, ondan ýüz öwürmeli. Siz Meniň haçymy alyp, ony edil özüňiziňki ýaly kabul etmäge taýyn bolmaly we Meniň yzyma düşmeli. Sebäbi siz özüňizi Maňa bagyş edip, janyňyzy Meniň ugrumda ýitirseňiz, ony halas edersiňiz. Emma öz janyňyzy halas etmegi saýlap alsaňyz, ony ýitirersiňiz” (Matta 16:24-25, TRT).

Biz Hudaýy diňe Onuň bilen hakyky gatnaşyk açanymyzdan soň hakykatdan tanap bilýäris; Isa Mesih ýokardaky aýatda hut şony hem göz öňüne tutýar. Hudaýy tanamak – bir gezeklik hadysa däl; bu özüňiz üçin oňat hasaplaýan ýoluňyza däl-de, Onuň ýörelgesine tabyn bolmak baradaky berk çözgütdir. Bu biziň her gün we her pursat kabul edýän çözgüdimizdir. Eger Onuň Sözi size haýsydyr bir meseläni aýdyň görkezýän bolsa, biz jedelleşmeýäris we gulak asmakdan boýun gaçyrmakçy bolmaýarys. Isa Mesihe eýermeklik – bu Onuň göwnüne degýän zatlaryň ählisinden ýüz döndermegi we Oňa mydama hyzmat etmegi ýürekden çözmegi aňladýar.

Resul Ýakup şeýle ýazýar:

“Hudaýyň sözüni ýöne bir diňläp goýman, eýsem, onda aýdylanlary ýerine ýetiriň, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz” (Ýakup 1:22). Hudaýyň Sözüni diňläp, pikirlerinde, sözlerinde we hereketlerinde oňa seslenmeýän adam özüni eýýäm aldandyr. “Passion” terjimesi muny “özüňi aldamaklyk” diýip terjime edýär, bu bolsa, meniň pikirimçe, Isa Mesihiň tymsalyndaky üçünji hyzmatkäri, fariseýleri, Gawaýada howzuň başyndaky aýaly we duşan beýleki adamlarymyň köpüsini aýdyň suratlandyrýar; bu adamlar ýygnaga gatnaýandyklary we Mukadades Kitabyň aýatlaryny bilýändikleri sebäpli Hudaý bilen gatnaşyklarynyň bardygyna doly ynanýarlar, ýöne aýdýanlary we edýänleri hemişe Onuň Sözüne çapraz gelýär. Gynansak-da, olar azaşan. Bu öz-özüňi aldamaklykdyr.

Bir gysgaça belligi aýdyp geçmägä rugsat beriň. Liza maşgala durmuşymyzda köp ýalňyşlyklary edendigini aýdar (men has köp ýalňyşlyklary goýberdim, ýöne häzir men gelin barada aýdýaryn!), ýöne ol öz isleglerini hiç haçan biziň nika ähtimiziň hasabyna amala aşyrjak bolmaýardy. Lizanyň hereketleri kämil däldi, ýöne onuň ýüregi hiç haçan mäkäm wepadarlykdan aýrylmaýardy.

Şular ýaly, eger biz Hudaý bilen gatnaşygymyzda aram-aram gulak asmaýan bolsak, Ol bagyşlaýar. Muny är-aýalyň ikiden biriniň ýalňyşan ýagdaýynda öz ähtlerini bozmaýşy bilen deňeşdirse bolýar. Ýaradanymyz bilen gatnaşyk – bu degişli hereketsiz boş sözler däl-de, ýürekden bolan hakyky sadyklykdyr.

Isa Mesih akyly haýran ediji beýannamany mälim edýär: “Hudaýyň yradasyny berjaý etmek *isleýän* adam... *biler*” (Ýohanna 7:17). Ähli zat biziň tebigy jümmüşimizden, Sözi diňe diňlemän, eýsem oňa görä hereket etmegi tüýs ýürekden islänimizde başlanýar. Biz Onuň aýdaýanlarynyň ählisini edenimizde, *bilýäris*. Biz Hudaýy we Onuň Sözüni bilýäris we *düşünýäris*. “Passion” terjimesi Ýohanna 1:17-ni täsin şekilde açýar: “Birinjiden, Hudaýyň yradasyny berjaý etmäge ymtylyň, şonda siz Meniň öwredýänlerimiň Hudaýyň ýüreginden gaýdýandygyny saýgaryp bilersiňiz”.

Talantlar baradaky tymsalda hyzmatkärleriň üçüsi-de hojaýynlarynyň

gitmezden ozal beren tabşyrygyny eşitdiler. Olaryň ikisi hojaýynlarynyň tabşyrygyny bitirdiler, biri bolsa hiç zat etmedi. Hut üçünjiniň öz hojaýynyny bilmezligi tötänleýin zat däl. Hut şol hyzmatkär onuň tabşyrygyny ähmiýetsiz saýypdy. Ol öz-özüni aldaýardy.

## MUKADDES GORKY

Şu çaka çenli pikir alşan zatlarymyzy Mukaddes Ýazgylaryň "*Rebden gorkmaklyk*" diýen jümlesine syrykdyrsak bolýar. Bü dünýäde, aýratynda biziň döwrümizde, köp sanly gorkularyň bolmagy sebäpli biz bu jümläni ulanmagy islemeýäris. Emma *gorkularyň iki görnüşi* bar, olar biri-birinden düýpli tapawulanýandyr. Birinjisi – "gorky ruhy", ikinjisi bolsa – "Rebden gorkmaklyk". Hudaýýň Sözi bu ikisiniň arasyndaky tapawudy görkezýär. Hudaýýň halky Onuň huzuryndan aýrylan badyna, Musa pygamber olara şeýle diýdi:

> "*Gorkmaň*, çünki Hudaý sizi synamak üçin we *Ondan gorkup*, günä etmezligiňiz üçin geldi» diýdi. Musa Hudaýýň bolýan tüm garaňkylygyna ýakynlaşanda, adamlar *uzakda durdular"* (Müsürden çykyş 20:20-21).

Başda Musa pygamber öz sözlerine özi garşy çykýan ýaly görünýär. Muny düşündirmek üçin, onuň sözlerini başga sözler bilen aýdyp bereýin: "*Gorkmaň*, sebäbi Hudaý siziň durmuşyňyzda *Onuň gorkusynyň* bardygyny görmek üçin geldi". Onuň sözlerinde gapma-garşylyk ýok. Ol "Hudaýdan eýmenmek" düşünjesini "Reb gorkusy" diýen düşünjesinden tapawutlandyrýar, sebäbi olar dürli-dürli zat. Hudaýdan eýmenýän adamyň gizläre müýni bar. Ýadyňyzdamy, Adam ata Rebbe garşy günä edenden soň, Onuň huzuryndan gizlenipdi (ser.: Gelip çykyş 3:8). Emma Rebbiň gorkusy bolan adamyň gizläre zady ýok. Hakykatda, ol Hudaýdan uzakda bolup biljegi baradaky pikirinden eýmenýär.

Ilkibaşdan şuny aýtmaga ygtyýar ediň: *Rebbiň gorkusy Hudaýdan eýmenmekligi* aňlatmaýar. Biz eýmenýän şahsyýetimiz bilen nädip ýakyn gatnaşykda bolup bileris? Ozal belläp geçişimiz ýaly, hakyky mukaddes gorky – bu Hudaýdan uzak bolmakdan gorkmak. Siz Onuň

huzuryndan, aladasynyň we söýgüsinden başga ýerde bolmak isläňzok. Ýagdaýlaryň nähilidigine we ähli zatlaryň her nähili erbetdigine garamazdan, siz pikiriňizi üýtgetmeýärsiňiz. Siz Onuň ýanynda bolmakdan başga gowy ýeriň ýokdugyny bilýärsiňiz. Siziň garaýşyňyz Oňa tabyn bolşuňyzdan mälim bolýar.

Rebbiň gorkusy – Onuň huzurynda galpyldamak, Ony haýsydyr bir zatdan ýa-da kimdir birinden has köp sylamak we hormatlamak. Bu Oňa ýokary baha bermekligi we Onuň ýürek isleglerini özümiziňkiden has gymmat we eziz saýmaklygy aňladýar. Biz Onuň söýýänlerini söýýäris, Onuň ýigrenýänlerini ýigrenýäris. Onuň üçin wajyp bolan zatlar biziň üçin-de wajyp zatlara öwrülýär; Onuň üçin ähmiýetsiz bolan zatlar biziň üçin-de ähmiýetsiz bolýar.

Şeýle garaýyş bizi Oňa ýakyn bolmaga çagyrylanlaryň arasynda goýýar. Biz ysraýyllaryň Hudaýa bolan söýgüleriniň şertleýin bolandygyny görýäris. Ýagdaýlaryň amatly bolan döwründe olar Hudaýa sežde edýärdiler we gulak asýardylar, Ony söýýärdiler. Ýagdaýlar amatsyz bolanda, olar zeýrenip başlaýardylar. Olar Hudaýa jan-tenden ynanmaýardylar; muňa derek, olar öz janlaryny aman saklaslary gelýärdi. Olar öz janlaryny halas etmek üçin, Isa Mesihiň Hoş Habardaky sözlerine garşy hereket edýärdiler: olar Onuň bilen hakyky gatnaşykda bolmak babatdaky aýratyn hukuklaryny ret etdiler. Musa Hudaýdan gorkýardy, olar bolsa gorkmaýardylar.

Olaryň niýetleri-de şoňa laýyklykda aýan boldy: halk *uzakda durdy*, Musa bolsa Hudaýyň huzuryna ýakynlaşdy. Olar özleri üçin nämäniň gowudygyny görmän ýaşaýardylar. Olardan tapawutlylykda, Musa aýdyň görýärdi. Musa Hudaýy – Onuň Sözüni, ýörelgelerini, danalygyny bilýärdi. Ysraýyllar bolsa Hudaýy Onuň öz dileglerine jogap berşinden bilýärdi.

Bizde Hudaýyň gorkusy bar bolsa, Oňa bada-bat gulak asýarys; biz munuň hiç manysy bolmasa-da, mese-mälim bähbidimiz bolmasa-da, munuň abadanlygymyza zeper ýetirýän ýaly bolup görünýän ýagdaýynda-da edýäris. Biz Onuň häsiýetini bilýäris, şonuň üçin-de, ynamlydyrys. Haýsydyr bir zadyň heläkçilikli bolup görünýändigine garamazdan, Hudaýa gulak assak, asla ýeňilmeris.

Iň soňkusy, Hudaýýň gorkusynda gezmeklik Oňa soňuna çenli gulak asýanlygymyzdan mälim bolýar. Hudaý Ybraýymdan iň wajyp zadyny – 25 ýyllap garaşan ýeke zürýadyny bermegini soranda, ol hut şeýle-de etdi. Ol adamlaryň ählisinden we özündäki zatlaryň baryndan iň eziz görýänini – öz ogly Yshagy bermelidi. Ol Hudaýýň tabşyrygyny berjaý etmek üçin, daňdan ýola rowana bolup, üç günläp ýöredi. Hudaý Öz tabşyrygyny hiç düşündirmedi. Bu gurbanlyk Ybramyň durmuş manysyny düýp-tekraryndan weýran edýän ýaly görünýärdi. Ol oňa zeper ýetirjek ýaly görünýärdi. Ýöne Ybraýym Hudaýýň *häsiýetine* gürrüňsiz bil baglaýardy (bu ýalta hyzmatkäriň edenleriniň gapma-garşysydyr).

Ybraýym Yshagy öldürmek üçin hanjary eline alan badyna, Rebbiň perişdesi ony saklap, şuny yglan etdi: “Oglana el gatma, oňa hiç zat etme. Indi Men seniň *hakykatdan-da Hudaýdan gorkýandygyňy* bilýärin. Sen hatda öz ýalňyz ogluňy-da Menden gaýgyrmadyň” (Gelip çykyş 22:12, NLT). Hudaýdan hakykatda-da gorkýanlaryň ýüreginde şeýle söýgi, ynam we iman ýaşaýar.

“Bilimiň başlangyjy — Rebden gorkmaklyk” diýip ýazylgy (Süleýmanyň pähimleri 1:7). Bu ýerde haýsy bilim barada gürrüň edilýär? Munuň jogabyny birnäçe aýatdan tapýarys, ýöne, geliň, bu oňa alyp barýan aýatlara garap geçeliň. Biz, aslynda Ybraýymyň edişi ýaly edenimizde, ýagny Onuň Sözüni hemme zatdan ileri tutanymyzda, bu bilime ýetýäris.

> “Oglum, meniň sözümi kabul edip, buýrugymy kalbyňda saklasaň, danalyga gulak asyp, düşünjä ýüregiňi berseň, hawa, paýhasy çagyrsaň, düşünjä ýalbarsaň, ony kümüş kimin gözleseň, hazyna dek agtarsaň, şonda Rebden gorkmaklyga akyl ýetirip, *Hudaýy tanamagy başararsyň*” (Süleýmanyň pähimleri 2:1-5).

Jogaby diýseň aýdyň; Rebden gorkmaklyk *Hudaýy tanamagyň başlangyjy* bolup durýandyr. Häzirki günde biz muny başgaça aýdardyk: “Sen Rebden gorkmaklygyň nämedigini bilersiň we Hudaýy ýakyndan tanarsyň”. Indi biz ýalta hyzmatkäriň esasy ýalňyşyna düşünip bilýäris. Onuň mukaddes gorkusy ýokdy, bu onuň hereketsizliginden we

soňky jogabyndan belli. Ysraýyl Hudaýa zalym hökümdar hökmünde garaýardy, bu hyzmatkär hem öz hojaýyny barada şeýle pikir edýärdi. Ol öz hojaýynynyň häsiýeti babatda gözli kördi.

Mukaddes gorky – Hudaýy *tanamagyň* başlangyç nokady. Mezmurçy muny tassyklap: "Reb Ondan gorkýanlaryň dostudyr" diýip yglan edýär (Zebur 24:14, NLT). Dostlar – bu ýakyndan *tanaýan* adamlarymyz. Isa Mesih täsin tassygy ykrar edýär: "Size tabşyran ähli buýruklaryma gulak asanyňyzda, Meniň ýakyn dostlarymdygyňyzy görkezýärsiňiz" (Ýohanna 15:14, TRT).

Biziň köpimiz köplenç Isa Mesihi "söýýämdigimizi" aýdanymyzda, bu barada edil meşhur kinoýyldyzlaryny, sportsmenleri ýa-da başga jemgyýetçilik işgärlerini söýýändigimizi aýdyşymyz ýaly aýdýarys. 2020-nji ýylyň başynda meşhur basketbolist Kobi Braýan öz gyzy Jianna bilen wertolýot heläkçiliginde wepat bolanlarynda, tutuş ýurt ýas tutdy, köp adamlar aglady. Adamlar onuň basketbol oýnan ýerine – Los Anjelesdäki "Steýplz Merkezine" howa şarlarynyň, ýazgylaryň we gülleriň ägirt mukdaryny getirdiler. Men hem bu heläkçilige gynandym we ol barada köp oýlandym.

Ýöne biziň köpimiz onuň ýasyny tutanymyzda, Kobini onuň aýalynyň, maşgalasynyň we ýakyn dostlarynyň bilşi ýaly bilmeýärdik. Eger ol bize köçede duşan bolsa, biziň kimdigimizden habary-da bolmazdy. Men onuň bilen hiç haçan wagt geçirmändim, ýöne onuň ölümi meni hamala ony tanan kimin gynandyrdy. Kobiniň diri bolan ýagdaýynda bizi tanamajaklygy ýaly, köp erkekler we aýallar ýygnaga gatnandyklary, Ol barada jemgyýetçilik torlarynda aýdandyklary, Ol barada saz diňländikleri, Onuň hatyrasyna haýsydyr bir işleri edendikleri we Ony hatda öz Rebbleri hökmünde ykrar edendikleri sebäpli Isa Mesihi tanaýandyklaryny aýdarlar. Ýöne Isa Mesihiň jogaby "Men sizi asla tanamok" bolar. Munuň sebäbi, ine, şeýle:

> "Maňa: 'Ýa Reb! Ýa Reb' diýen her bir adam Gögüň Şalygyna girmez, diňe gökdäki Atamyň islegini berjaý eden oňa girer. Şol gün köpler Maňa: 'Ýa Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen pygamberlik etmedikmi? Seniň adyň bilen arwah-jynlary kowup,

köp gudratlar görkezmedikmi?’ diýerler. Şonda Men olara: ‘Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!’ diýip, açyk aýdaryn” (Matta 7:21-23).

Biziň Rebden şeýle sözleri asla eşidesimiz gelmezdi. Eger siz Hudaýyň Sözündäki bu parçany has ünsli öwrenseňiz, bu adamlaryň Isa Mesih bilen gatnaşyklary babatda ynamly bolandyklaryny we hatda ruhlanandyklaryny görersiňiz. Kobi maňa: “Siz kim? Nireden geldiňiz? Adyňyz näme?” diýerdi. Edil şeýle tärde, Isa Mesih Ony tanaýandyklaryny ykrar edýär adamlaryň köpüsine: “Men sizi tanamok, nireden geleniňizi-de bilemok“ diýer (Luka 13:25).

## ONUŇ BILEN WAGT GEÇIRIŇ

Rebden gorkmaklyk – bu Hudaýy ýakyndan tanamaklygyň başlangyç nokady, ýöne ýoluň başynda saklanmak nämä gerek? Öz gatnaşygyňyzyň jümmüşine aralaşyň, sebäbi Ol sizi Özüne ýakynlaşmaga çagyrýar. Şeýle ýazylgy: “Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar” (Ýakup 4:8). Onuň bilen gatnaşygymyzyň hut özümiziň kesgitleýändigimiz diýseň gyzykly zat.

Özüni mesihi diýip atlandyrýan adamlaryň köpüsiniň Gawaýada howzuň başynda duşan şol aýalymdan o diýen bir tapawutlanmaýandygy meni haýran galdyrýar. Olar “Hudaý baradaky bilimi” jemgyýetçilik torlaryndan, sežde sazlaryndan, bloglardan, dostlary bilen eden gürrüňlerinden we hepdede bir gezek Ol barada wagyz edýän çopanlaryndan aldylar.

Statistikanyň soňky hasabatlary 15-25 ýaş aralygyndaky ýaşlaryň hepdede 53.7 sagady ekranlaryň öňünde – akylly telefonlarynyň, planşetleriniň, kompýuterleriniň we telewizoryň başynda geçirýändigini görkezýär. Olar Hudaýyň Sözüniň başynda näçe wagt geçirýärkä? Bu sorag diňe ýaşlara degişli däldir!

Men Mukaddes Kitaby kyrk ýyldan gowrak wagt bäri okaýaryn, bu heniz-de meniň iň söýgüli güýmenjämiň biri. Okamaga başlamazdan öň, men hemişe Mukaddes Ruhdan Isa Mesihi maňa täzeden aýan etmegini dileýärin. Köp ýyllaryň dowamynda men säher wagty oýanyp,

öýümiň ýerzemininde ýa-da myhmanhana otagynda gezmeläp, ýa-da öýden daşarda çola bir ýerde gezip, ýöne okap, dileg edip we diňläp wagt geçirýärin. Men Hoş Habary bütin dünýä diňe öz ruhy peşgeşine daýanyp wagyz edip-de, Berijini asla tanamadyklaryň biri bolasym gelenok.

Hudaý siziň bilen ýakyn gatnaşykda bolasy gelýär. Onuň kämil söýgüsi gorkyny kowýar. Biz käwagt özümiziň-de öz hojaýynyň rehimdarlygyny görmedik şol hyzmatkär kimin hereket edýändigimize üns berýäris. Hut şu sebäpdenem men Hudaýyň sizi Öz mukaddes gorkusyndan doldurmagy üçin dileg etmäge çagyrýaryn. Onuň bilen netijeli wagt geçiriň we Onuň hakyky tebigatyny – Söýgini özüňiz üçin açyň.

Hudaý bizi Ony tanamazymyzdan has ozal söýdi we biziň ugrumyzda öldi. Bu ajaýyp gatnaşygyň başlangyjyny hut Onuň Özi tutandyr. Ol sizlikdir. Ol sizi ýakyndan tanamak isleýär. Emma Onuň bize bolan söýgüsi şeýle bir çuň bolany üçin, Ol bizi Özi bilen gatnaşmaga mejbur etmäge razy däl.

Şunlukda, saýlawy edil şu pursat ediň! Ýaşaýşy saýlaň! Ony... ýakyndan tanamaklygy saýlap alyň.

## OÝLANYŇ

1. Hudaýyň häsiýetini bilmezlik hemişe gorkyny döredýär. Hudaýyň tebigatyna nädogry düşünmegiňiz öz ruhy peşgeşleriňizi dolandyrmaga we çakylygyňyza nähili täsir etdi?

2. Hudaý bilen hakyky gatnaşyklar özüňizi Oňa jan-tenden berlip, Onuň Sözüne gulak asyp ýaşanyňyzda mümkin bolýandyr. Durmuşyňyzda Hudaý bilen gatnaşygyňyza päsgel berýän haýsydyr pikir ýa-da hereket barmy?

3. Hudaýdan *eýmenmeklik* bilen *Rebbi*ň *gorkusyny bilmekligi*ň uly tapawudy bardyr. Bularyň näme tapawudy bar? Hudaýy ýakyndan tanamakda Rebbiň gorkusy näme üçin şeýle wajyp?

*“Hojaýyn, men seniň gaty özdiýenli adamdygyňy bilýärdim. Sen ekmedik ýeriňden orýarsyň, sepmedik ýeriňden ýygýarsyň. Şonuň üçin men gorkdum, gidip, beren bir çuwal puluňy ýere gömüp gizledim”.*

- Matta 25:24-25

# 13

# KÖPELTMEKLİGE BÖWET BOLÝAN ZATLAR II

Indi bolsa biz ýalta hyzmatkäriň “Men gorkdum” diýen jogabyny öwrenmäge taýýar. Gorky onuň el-aýagyny baglady. Men “The Message” terjimesindäki üçünji hyzmätkäriň sözlerini halaýaryn: “*men Seniň standartlaryňyň ýokarydygyny bilýärdim... Sen iň gowusyny talap edýärsiň we ýalňyşlyga geçirimlik etmeýärsiň”.*

Bu maňa bir wakany ýatladaýar. Men iki tälimçiniň ýolbaşçylygynda geçirilen basketbol ýaryşyna gatnaşypdym. Men toparlaryň ikisinde-de hüjüm edýän goragçydym, sebäbi topy üç utuk berýän zolakdan oklamaklyk şu sportda iň oňat başarýan zatlarymyň biridi.

Meniň birinji tälimçim jan gaýgyrmazlyk bilen oýnamagymyzy isleýärdi we munuň üçin hereketlerimizi ruhlandyryjy we konstruktiw tärde düzedýärdi. Men onuň maňa garşy däl-de, meniň tarapymy tutýandygyny bilýärdim. Men basketbol meýdançanyň islendik ýerinden topy ynam bilen oklap bilýärdim. Onuň maňa bolan ynamy maňa özümi ynamly duýmaga kömek edýärdi.

Meniň beýleki tälimçim başgady. Onuň aýtmagyna görä, ol “standartlary ýokary we ýalňyşlyga geçirimlik etmeýän” adamdy. Meniň oklan topum sowa düşäýse, ol indiki arakesmede maňa berk käýeýärdi we biraz wagtdan goşmaça oýunçylaryň oturgyjyna geçirýärdi. Men onuň ýolbaşçylygynyň astynda toplary şowly oklap bilmeýärdim. Men ýekelikde türgenleşenip, ol ýanymda bolmanda, sebete meýdançanyň

islendik ýerinden düşýärdim. Men şol bir zehinli şol bir türgendim, emma ol ýanymda bolan wagty öz zehinimi ulanyp bilmeýärdim.

Eger siz Mukaddes Kitapdaky parçadan ýalta hyzmatkäriň jogabyny okasaňyz, onuň öz hojaýyny baradaky pikir edişiniň meniň öz tälimçim baradaky pikirlerime meňzeşdigini görersiňiz. Ýöne ullakan bir tapawut bar: *hakykatda*, bu hyzmatkäriň hojaýyny meniň ikinji tälimçime bütinleý meňzemeýär.

Biz geçen bapda hut şu sebäpden Hudaýy tanamak üçin wagt tapmalydygymyz barada aýdyp geçipdik. Ol asla bu ýalta hyzmätkäriň *pikir edişi* ýaly däl. Hudaý bizlikdir. Ol bize ynanýar we biz babatda ynamlydyr. Eger biz Oňa şeýle tärde garamasak, gorkynyň penjesine aňsat düşeris, ruhy peşgeşlerimiz bolsa ýere gömler.

Indi bolsa biz hasylsyzlygyň bütinleý başga bir sebäbine garap geçeris. Geçen bapda biz Hudaýy tanaýan, ýöne heniz-de gokular bilen söweşýän, hatda olara ýeň berýän adamlaryň bardygyny agzapdyk. Hudaýyň Sözi bu ýagdaýyň sebäbi barada aýdýar, biz şu babyň ahyryna çenli olara jikme-jik garap geçeris. Ýöne başda, geliň, gorky barada aýdylan paýhasly sözleri okap geçeliň:

> “Ynsan ölümden däl-de, ýaşamaga başlamanlygyndan gorkmaly”.
>
> – Mark Awreliý

> “Täze bir zady etmekden asla gorkmäň. Ýadyňyzda bolsun, Nuh eýýamyndaky Gämini adaty adamlar gurupdy, *Titanigi* bolsa – hünärmenler”.
>
> – Näbelli awtor

> “Biziň goýberýän iň uly ýalňyşymyz – ömürboýy ýalňyş etmekden gorkup ýaşamak”
>
> – Jon K. Makswell

> “Adamyň edýän iň uly açyşlarynyň biri, oslamaýan zatlaryň iň ulusy – ozal özi üçin mümkin däl diýip hasaplan zatlaryny edip başarýandygyny ýüze çykarmakdyr”.
>
> – Genri Ford

Geliň, söhbetimizi şu bütinleý hakykatdan başlaly: *sagdyn däl gorkynyň gapma-garşysy Hudaýyň söýgüsi bolup durýandyr*. Biz Hudaýy we adamlary hiç bir şert goýmazdan söýenimizde, gorky zym-zyýat bolýar. Resul Ýohanna "Kämil söýgi gorkyny kowup çykarýandyr" (1 Ýohanna 4:18) diýip ýazýar.

Şu hakykat barada gürrüň edilende, San Diýego şäherinde Mukaddes Ruh bilen bolan bir duşuşygym ýadyma düşýär; ol asla ýatdan çykmajak duşuşyk bolup, köp zatlara gözümi açypdy. Men hyzmaty ýaňy tamamlap, myhmanhana otygymda bir özüm otyrdym. Men öz ogullarymyz babatdaky gorky bilen göreşýärdim. Men heläkçilikden aradan çykan hyzmatçylaryň çagalary barada eşidýärdim; olaryň birini tok urupdy, köpüsi ulag heläkçiliklerinde, käbirleri tiryýekden ýa-da gark bolmadan we başga dürli sebäplerden ýogalypdylar. Men edil şol wagt ýene-de bir heläkçilik barada eşidip, meni basjak bolýan gaýgylardan saplanmaga dyrjaşýardym. Men birdenkä ýüregimde şu sözleri eşitdim: "Ogul, gorky indikatordyr. Ol diňe seniň öz durmuşyňda heniz-de Maňa tabyn etmedik çäkleriňi ýüze çykarýar; bu çäk heniz-de saňa degişlidir".

Onuň sözleri meni haýrana galdyrdy. Men öz güýjüm bilen saklap bilmejek zadyma ýapyşandygyma aň ýetirdim. Bu aýdyňlaşmanyň yzýanyndan men öz otagymda gygyryp, şeýle diýdim:

– Atam, bu ogullar meniňki däl. Men diňe Seniň çagalaryňyň dolandyryjylary. Şonuň üçin-de, men Seniň islegleriňiň nähilidigine garamazdan, çagalarymyň durmuşynda olaryň amal bolmagyny isleýärin. Sen olary dünýäniň o çetine we olary kabul etmäge taýyn bolanyňda asmana hem alyp bilýärsiň, ýöne men olaryň bu dünýäde amal etmeli diýip ýaradan ähli niýetleriňiň amal bolaryny Senden batyrgaýlyk bilen dileýärin.

Şondan soň men öňkimden-de gaty gygyryp, şeýle diýdim:

– Eý, iblis, men saňa öz çagalaryma golaýlaşmagy Isa Mesihiň adyndan gadagan edýärin! Men olaryň Hudaýyňkydygyny yglan edýärin we men Hudaýa degişli zady öldürmegi, ogurlamagy we ýok etmegi saňa gadagan edýärin!

Meniň ýüregim parahatlykdan doldy we men şondan soň dört

oglumyz barada gaýdyp alada etmedim. Alada sümlüp aralaşjak bolan ýagdaýlarynda men: “Men San Diýegoda ogullarymyz baradaky aladalary Hudaýa tabşyrdym we bu kararymy üýtgetjek däl” diýip, berk aýdýardym. Gorky her gezek bada-bat köşeşýärdi we parahatlyk gaýdyp gelýärdi.

Gorky – bu erbet gözegçi. Ol haýyn, ol sizi gözegçilikde saklamaga dyrjaşýar we üstüňizden ygtyýarlygy alan badyna, siz onuň basyşynyň astyna düşýänsiňiz. Eger siz gorka nädogry seslenseňiz, ol siziň çakylygyňyza goşular. Emma bir hoş habar bar - gorkyny ýeňip bolýar, ýöne onuň bilen nädip söweşmelidigini bilmek gerekdir.

## RUHY SYLAGYŇYZA ÜNSLI GARAŇ

Pawlus öz “ruhy ogluna” iki hat ýazypdy. Hatlaryň ikisinde-de ol Timoteosyň ruhy sylagynyň (*harizmanyň*) äsgerilmeýändigi we hereketsiz galdyrylýandygy barada aýdýardy. Geliň, ilkibaşdan şuny mälim edeliň: Timoteos dogruçyl adamdy. Pawlus öz hatlarynda onuň synagdan geçen häsiýetleri we hakyky imany bilen magtanýardy. Timoteos Hudaýyň häsiýetini bilmeýändikleri zerarly gorkynyň penjesine düşen adamlaryň hataryndan däldigi anykdy. Pawlusyň birinji hatynda şeýle ýazylan: “Özüňe berlen peşgeşe äsgermezlik etme” (1 Timoteos 4:14).

“Äsgermezlik” sözi grek dilindäki “*amléo*” sözünden terjinden edilen; ol “üns bermezlik ýa-da ýüzleý garamaklyk” diýmegi aňladýar. Gözbaşlaryň ýene biri bu söze şeýle kesgitleme berýär: “haýsydyr bir zat barada pikir etmezlik we netijede, bolmalysy ýaly seslenmezlik – haýsydyr bir zada üns bermezlik”.

Timoteos ýa-da biziň islendigimiz Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşe näme sebäpden biperwaý garap bilýär, oňa üns bermän bilýär ýa-da has öňe gidilse, ol barada hatda pikir-de etmän bilýär? Mümkin sebäpleriň biri, ine şeýledir:

*Ol hereket etmeýär ýa-da umytlarymyza laýyk gelýän netijelerimizi bermeýär.*

“Men synanyşdym, emma ol başa barmady” diýen pikir peýda bolýar. Men 20 ýaşdan ýaňy geçen we 30 ýaş töweregi döwrümde şeýle pikirlere ýykgyn bolýardym. Ozal ýazyşym ýaly, bir gezek Liza we onuň

jorasy meniň wagzymyň dowamynda uklap galdyrlar. Men: “*Wagyz edenimde hatda iň ýakynlarymyň hem uklaýan bolsa, meni kimiň diňläsi geler?*” diýip pikir edipdim.

Takmynan şol döwürde ýene-de bir ýagdaý meniň aňyma ýeňliş baradaky pikirleri ekýärdi. Meniň dostum we men ýekşenbe günündäki sapaklary geçirýärdik. Ol sapagy oturgyçsyz zalda geçirýärdi we oňa 200 adam gatnaşýardy. Şol wagtda meniň sapagyma takmynan 20 adam gelýärdi. Bir gezek men hatda bary-ýogy diňe bir okuwça sapak beripdim!

Öz ruhy sylaglarym babatda şübhelenip, synaga düşen ýagdaýlarym sanardan köpdür. Eger men şol döwürde umyt edýän netijelerimiň bolmazlygy we göz-görtele şowsuzlyklar baradaky pikirlere ýeň beren bolsam, hyzmaty taşlap, başga ýol saýlardygyma indi düşünýärin. Netijede bolsa durmuşymyň çakylygyny taşlandygym zerarly betbagt bolardym.

Biz Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşimize biperwaý garap, oňa üns bermezligimiziň ýene bir sebäbi bar:

### *Biz babatda aýdylýan tankydy sözler.*

Meniň ilkinji golýazmam äsgerilmän, tankyt edilip, başda birinji redaktor, soňra bolsa neşirýatçylar tarapyndan ret edilende, men, elbetde, gaýdyp ýazmazlyk pikirine diýseň ýykgyn boldum. Men kitabymy öz hasabyma neşir edenimden soň, dostlarymyň biri awtorlyk stilim baradaky belliklerini äsgermezlik bilen aýtdy. Olary eşidenimden soň, şol gün öýlän, myhman otagymyzda ýerde 20 ýa 30 minut çemesi gymyldaman ýatdym. Men potologa seredýärdim we özümden bütinleý göwnüm geçipdi. Men ömrümiň tutuş bir ýylyny we birgiden puly bu kitaba biderek sarp eden bolaýmaýyn diýip oýlanýardym. Men şeýle pikir etdim: “*Birinji redaktor, neşirýatçylar, indi bolsa hatda dostlarym – bularyň bary meniň kitabymy tankytlady. Jon, oýan! Sen näme üçin bu kitabyň biderekdigini we munuň şowsuzlykdygyny boýun alasyň gelenok?*”

Eger men bu pikirlere we beýleki belliklere ýeň beren bolsam, onda ikinji kitabymy ýazmazdym. Ýöne bu kitabym hem şowsuz

boldy. Men bu kitabymy Mukaddes Kitaby öwredýän mekdebindäki ozalky mugallymlarymyň birine iberişim ýadyma düşýar. Ol ony berk tankytlady, men örän lapykeç boldum! Şol wagta eýýäm iki ýarym geçipdi we bu kitaplaryň ikisi-de şowsuzdy.

Eger men öz adyma aýdylýan tankytlara we lapykeçlik baradaky pikirlerime gulak asan bolsam, men aňsatlyk bilen ýeň bererdim. Şonda men özümiň üçünji kitabymy – “Şeýtanyň aly” atly kitabymy ýazmazdym.

Biz Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşimize biperwaý garap, oňa üns bermezligimiziň ýene bir sebäbi bar:

*Şowsuzlyk gorkusy.*

Bu gorkynyň ýaňsylamasy şundan ybarat: biz haýsydyr bir zady başlamankak, eýýäm şowsuzlyga garaşýarys, şonuň üçin-de, özümizi goramak üçin, hatda etmäge-de synanyşmaýarys! Biz: “*Barybir ugruna bolmajak bolsa, synanyşmak nämä gerek?*” diýip pikir edýäris. Arzuwlaryň we görnüşleriň köpüsi şowsuzlyk gorkusyndan ýaňa weýran edilipdi. Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşleriň ýalta hyzmatkäriňki ýaly ulanylman galdyrylmagy nähili gynandyryjy zat.

Meniň dostum Maýls Monro “Öz güýjüňi iň ýokary derejesine çenli artdyrmak” atly kitabynda şowsuzlyk gorkusynyň netijeleri barada şeýle ýazýar:

> “Gonamçylyk – ýer ýüzündäki iň baý ýer, sebäbi ol ýerde hasyl bolmadyk umytlaryň we arzuwlaryň ählisi, ýazylmadyk kitaplar, aýdylmadyk aýdymlar, ýagty jahany görmedik açyşlar, oýlanyp tapylmadyk dermanlar gömülgi ýatyr. Bularyň bary kimdir biriniň *ilkinji ädimi etmekden* gorkanlygy zerarly bolupdy”.

Maýls bilen ylalaşýaryn we size ýalbaryp, şulary aýdasym gelýär: Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşleriňiziň durmuşyňyzda amal bolman galmagyna ýol bermäň.

Meniň şindi aýtjak zatlarymyň sizi geň galdyrmagy ahmal, sebäbi biziň hemmämiz Timoteosa ýokary baha berýäris. Ýöne biz Pawlusyň hatlaryndan Timoteosyň şol ýalta hyzmatkäriň ýörelgesinden

barýandygyny bilýäris! Timoteosyň Hudaý tarapynda berlen ruhy peşgeşi irkiljireýän haldady, ol bolsa muňa üns bermeýärdi. Onuň bagtyna, onuň imanda aladasyny edýän atasy bardy, ol oňa bu ýagdaýda galmagyna ýol bermekçi däldi.

Pawlusyň öz "ogluna" ýazan ikinji hatynda ol eýýäm wagt ýitirmän, bada-bat şol meselä ýüzlenýär: "Şonuň üçin, ýene-de bir gezek gaýtalaýaryn: başyňa ellerimi goýmagym arkaly Hudaýdan alan ruhy peşgeşiňi *parlat*" (2 Timoteos 1:6). "Parlat" sözi grek dilindäki "*anazopuréo*" sözünden terjime edilen; ol "ody gaýtadan ýakmak" diýmegi aňladýar. Ýöne "Grek-iňlis sözlügi" bu sözüň has doly manysyny berýär: "haýsydyr bir zada täze başlangyjy bermek, gaýtadan dikeltmek". Hudaýyň Timoteosa beren ruhy peşgeşi hereketsiz haldady we ony gaýtadan herekete getirmelidi. Ýöne bu irkiljeremä näme sebäp boldy? Pawlus muny indiki aýatda düşündirýär:

> "Sebäbi Hudaý bizi gorkak etmeýär. Ol bizi güýç, söýgi we özerklilik bilen doldurýar" (2 Timoteos 1:7).

"Gorkak" diýip terjime edilen söz grek dilindäki "*deilia*" sözi, ýöne onuň has anyk terjimesi "çekinjeňlik" bolup durýar. Pawlus şuny göz öňüne tutýar: "Timoteos, Hudaýyň saňa beren ruhy peşgeşi *gorky* ruhy zerarly irkiljireýän haldadyr" ýa-da has anygrak aýtsak, "Timoteos, Hudaýyň saňa beren ruhy peşgeşi çekinjeňlik ruhy zerarly hereket edip bilenok".

Biz bu söze aňsat düşünip bilýäris. Çekinjeňlik "gorky zerarly hereketden saklanmak" diýmegi aňladýar. Ýöne iň esasy zat – çekinjeňligiň özeninde *ruh* bar. Ol ruhy güýç we eger biz gorka ruhy derejede garşy aýaga galmasak, biz ony bütinleý ýok edip bilmeris.

## MENIŇ ÇEKINJEŇLIK BILEN GÖREŞIM

Men bu barada hemme zady bilýärin, sebäbi men bu ruh bilen ençeme ýyl göreşdim. Men çekinjeňligimiň sebäbi meniň öz gowşaklygymda diýip çaklaýardym. Ýöne günleriň birinde, 1990-ýyllaryň başynda köp günläp geçirilen ýygnaklaryň dowamynda

men çaklamalarymda bütinleý bimamladygymy bildim. Men ybadathanalaryň birinde ýygnagy bary-ýogy dört gün geçirmelidim, ol uly bolmadyk şäherde ýerleşýärdi. Emma bu ýygnaklar Hudaýýň hereketine öwrülip, üç hepde dowam etdi. Ybadathananyň binasynda her agşam boş ýer galmaýardy; köp adamlar halas bolýardylar, şypa tapýardylar we azatlyk alýardylar. Meniň Hudaýdan alan ruhy peşgeşim – wagyz etmek peşgeşim – gudratly tärde hereket edýärdi. Bu diýseň täsin wagtdy. Adamlar bu agşamky ýygnaklara gatnaşmak üçin, 150 kilometr ýoly söküp gelýärdiler. Men gündiz ybadathananyň zalyna girişim ýadyma anyk düşýär; şonda ol ýerde Hudaýýň huzury mesgen tutan ýaly görünýärdi.

Emma soňky hepde agşamlaryň birinde ähli zat üýtgedi. Öňki agşam sežde toparynyň birnäçe lideri meni tankytlan eken. Ýygnakdaky liderleriň biri muny maňa hyzmatyň edil öňýanynda maňa gürrüň berdi. Olaryň sözleri ynamly ýaňlansa-da, göwne degerli däldi. Emma men öz pikirlerimde olardan saplanyp bilmedim. Meniň ünsüm şindi boljak hyzmatdan düýnki habarymyň tankydyna bölündi. Ýygnagyň çopany şol liderleriň belliklerini ret etdi; biz dileg etdik we ozalky agşamlar edişimiz ýaly, zala tarap ýöneldik.

Şol agşam hemme zat gurak göründi. Men öňki iki hepdäniň dowamynda edişim ýaly hyzmat etmäge synanyşdym, ýöne aljyrap, pikirlerimi bir ýere jemläp bilmeýärdim, münberiň aňyrsynda durasym gelmeýärdi. Men yzky gapydan çykyp, gaçyp gidäýesim gelýärdi! Men özümi ýetginjek ýyllarymda, ýagny ýokary synplarda öz synpdaşlarymyň öňünde çykyş edip, şowsuzlyga uçranymdaky ýaly mejalsyz duýýardym. Meniň üstümde Hudaýýň mesh etmesi we huzury ýokdy. Men hyzmaty ir tamamlap, myhman bolýan ýerime geldim.

Men Hudaýa gaharlanýardym. *Ol näme üçin maňa kömek etmedi? Bu hyzmat näme üçin başgaça boldy? Men özümi näme üçin ýalňyz duýdum?* Men: “*Bu habar we hyzmat ýaramaz boldy. Ertir agşam hiç kim dolanmaz. Men hem ertir şol ýere dolanasym gelenok*” diýip pikir etdim.

Men ertesi gün hemme zat özgerer umydy bilen ýerime geçip ýatdym.

Ertesi gün men agyrlyk duýgusy bilen, gerşimden bir zat basýan

ýaly, lapykeç halda oýandym. Men dileg etmäge synanyşdym, ýöne ol başa barmady. Bu bolýan zatlar baradaky howsalalarym artyp başlady. Günüň dowamynda men üç sagatlap dileg etdim we şol wagtyň bütin dowamynda şowsuzlyk baradaky pikirlerim bilen göreşdim. Men tä bu agyrlyk duýgusyndan dynýançam dileg etdim we aňymda boljak hyzmata taýýarlyk gördüm.

Şol agşam ýygnagyň binasyndaky sežde geçen agşamkysy ýaly gurak göründi we mende adamlara berere zadymyň ýokdugy ýaly bir duýgy döredi. Men ýene-de yzky gapydan çykyp, gaçyp gidäýesim gelýärdi. Maňa münberiň aňyrsyna geçmegi teklip edenlerinde, men ýene-de birnäçe minutlap bulam-bujar gürledim. Men pikirlerimi bir ýere jemläp bilemokdym. Birdenkä aňymda: "Sen şu wagt näme diýdiň? Sen umuman näme barada gürleýäň? Sen gülkünç!" diýen sesi eşitdim.

Men mundan beýläk muňa çydamakçy däldim. Birdenkä, 600 adamyň öňünde durkam, agzymdan şeýle sözler atylyp çykdy:

– Men nämeleriň bolýandygyna düşünemok, ýöne soňky iki agşam bir geň zatlar-a bolýar. Siz ýeriňizden turup, meniň bilen dileg edip bilermisiňiz?

Biz dileg edenimizde, Hudaý maňa gürledi; men Onuň sesini soňky 24 sagadyň dowamynda birinji gezek eşidýärdim. Ol maňa Pawlusyň 2 Timoteos 1:7-däki sözlerini ýatladyp, şeýle diýdi: "Ogul, sen yzyňda duran sežde topary arkaly gorka gaplanan. Çekinjeňlik ruhuny ýumur we Meniň saňa berjeklerimi wagyz et".

Men Onuň aýdyşy ýaly etdim we şobada Hudaýyň Sözünden batyrgaý habary aldym. Bu hyzmat soňky 21 günüň dowamynda geçirilen hyzmatlaryň iň güýçlüsi boldy. Ýygnaga gatnaşanlaryň 75%-mi öňe çykyp, çekinjeňlik bilen göreşendiklerini boýun aldylar. Geçelge azat ediş dilegini kabul edesi gelýän adamlardan ýaňa doldy.

Ýygnagyň çopany şol hyzmatyň nähili üstünlikli bolandygyny gürrüň bermek üçin, birnäçe hepdeden meniň bilen habarlaşdy. Meni tankytlan şol sežde liderleri agyr günä batyp, zynagärlige, azgynlyga we arakhorlyga ýüz uran ekenler. Bularyň bary indiki iki hepdäniň dowamynda aýan bolup, olaryň ýekesinden başgasy ýygnakdan çykyp gidipdirler. Çopan sežde toparynyň şondan soň öňde-soňdakysyndan

jebis we netijeli bolandygyny gürrüň berdi. Bu wakalar adamlaryň durmuşyny we şol ýygnagyň hyzmatyny özgertdi.

Bu waka durmuşymda köp ýyldan bäri dowam edýän lapykeçligimiň soňuna çykdy; men onuň bilen köp göreşipdm. Şeýle-de men hyzmatlary Hudaýýň maňa beren ruhy peşgeşi bilen däl-de, käwagt öz güýjüm bilen geçirmäge synanyşýarydym we muňa garşy hem göreşýärdim. Bu waka bu göreşimiň hem soňuna çykdy. Çekinjeňlik ruhuna gönüden-göni garşy çykmalydygyna düşünenimde, bu meniň üçin wajyp açyş boldy. Bu edil Isa Mesihiň Özüniň çölde synalan wagtynda iblise Hudaýýň Sözleri bilen gönüden-göni garşy çykyşy ýalydyr. Isa Mesih Hudaýdan bu hüjümleri aýyrmagyny dilemedi; Onuň Özi berk durup, iblise güm bolmagy gönüden-göni buýurdy.

## YLÝASYŇ ÇALŞYLMAGY

Men size 1 Patyşalar 17-19-njy baplaryny okamagy maslahat berýärin. Siz olarda meniň çekinjeňlik baradaky wakama meňzeş bir wakany görersiňiz. Bu wakada Ylýas pygamberiň Ysraýylyň şa aýaly Izebel bilen bolan çaknyşygy baradadyr.

Bu beýik pygamber tutuş Ysraýyla Karmel dagynda garşy çykýar. Ol 850 ýalan pygambere, Ahap patyşa we onuň hyzmatkärlerine batyrgaýlyk bilen garşy çykýar. Hudaý onuň dilegine gudratly jogap berip, bütin halkyň gözüniň alnynda ot-alaw iberýär. Ylýas pygamber hatda ýalan pygamberleriň ählisini öldürmegi buýurdy. Hawa, Ylýas gudratly hereket etdi! Şondan soň ol dileg etdi we üç ýyllap dowam eden gurakçylyk tamamlandy. Mundan başga-da, ol ylgap, patyşanyň arabasyndan ozup geçdi! Bularyň bary bir günüň dowamynda bolup geçdi. Nähili hyzmat güni!

Ýöne gün ýaşmazyndan öň Izebel ähli bolan zatlary eşitdi we hakyky söweş başlady:

> “Onsoň Izebel Ylýasa çapar ýollap: ‘Ertir şu wagtlar men seniň özüňi hem şol öldürilen pygamberleriň gününe salmasam, goý, onda hudaýlar maňa-da muny we mundanam beterini görkezsin’ diýdi” (1 Patyşalar 19:2).

Izebeliň haýbatlaryna geçmezden ozal, size ruhlaryň serfengistlere meňzeşdigini aýtmaga rugsat ediň. Serfengistlere suwuň ýüzünde typmak üçin tolkunlaryň gerek bolşy ýaly, ruhlara hereket etmek üçin sözler gerekdir. Şeýle ýazylgy: "Saňa garşy gönükdirilen ýarag derde ýaramaz, seni aýyplamak üçin galýan her bir *sesi sen sem edersiň*. Rebbiň bendeleriniň mirasy şudur" (Işaýa 54:17, NLT). Üns beriň, biz özümize garşy galýan her bir sesi dymar ýaly etmeli. Bu Hudaýyň işi däl-de, biziň işimiz. Isa Mesih çölde bolanda, Ol Hudaýdan iblisi dymdyrmagyny dilemedi. Biz hem hüjümlere sezewar bolanymyzda, şeýle hereket etmeli däl.

Izebeliň sözlerinde güýçli çekinjeňlik ruhunyň bolandygy mese-mälim zat. Onuň sözlerini eşidenden soň Ylýasyň nähili hereket edendigine üns beriň: "Ol öz janyny gutarmak üçin gaçyp, Ýahudanyň Beýerşeba galasyna geldi" (1 Patyşalar 19:3).

Bütin halka, ýalan pygamberlere we patyşa garşy çykan bu adam gaçyp gitdi. Ol bütin ýurdy söküp, çöl bilen bir günlük syýahata ugrady, bir agajyň aşagynda oturdy-da, ölmegi üçin dileg etdi.

Bu şol bir adammy eýsem? Näme bolýar? Onuňl aljyraňňy, basylan, umytsyz haldadygy, öz görnüşini ýitirendigi mese-mälim görünýär. Bularyň bary çekinjeňlik ruhuň alamatlary. Gynansak-da, adamlaryň köpüsi çekinjeňlik ruhunyň alamatlary bilen göreşip, olaryň aňyrsynda duran ruha garşy göreşmeýärler.

Men hem bilmänligim sebäpli köp ýyllaryň dowamynda alamatlara garşy göreşip gezdim. Bu tä Reb bu erbet ruhuň ýoluny paş eden şol agşamyna çenli dowam etdi. Men öz ruhy peşgeşimi ulanyp bilmeýärdim we munuň sebäbine düşünmeýärdim.

Ylýas ýeň berdi, şonuň üçin-de Hudaý lapykeç pygamberi ýola ugratdy. Perişde Ylýasa görnüp, onuň Sinaý dagyna kyrk günläp dowam etjek uzak ýoly üçin azyk berdi. Ol şol ýere baryp ýeten badyna, Hudaý ondan ilki bilen: "Ylýas, sen bu ýerde näme işläp ýörsüň?" (1 Patyşalar 19:9) diýip sorady.

Näme? Dursaňyz-la! Hudaý Ylýasyň ýoly geçip bileri ýaly, perişdä oňa azyk bermegi buýurýar. Ýöne ol şol ýere ýeten badyna, Hudaý ondan şol ýerde näme işläp ýörendigini soraýar. Hudaý akylyndan azaşdymy näme?

Elbetde ýok! Biz şuňa akyl ýetirmeli. Biz çekinjeňlik bilen göreşenimizde, Hudaý bize hyzmat etmek üçin, bizi köplenç bitarap araçäge iberýär, sebäbi Ol bizi söýýär. Men şol hyzmatlar wagtynda nämeleriň bolup geçýändigini bilmeýärdim, ýöne Ylýasyň bilmändigine welin ynanmaýaryn. Ol erbetlige batyrgaýlyk bilen nädip garşy durmalydygyny bilýärdi, ýöne ol şol şa aýaldan gorkýardy.

Biz Hudaýyň nämäni göz öňüne tutandygyny soramaly. Hudaý Ylýasdan onuň näme üçin bu şa aýalyna garşy çykmandygyny sorady, sebäbi ähli ýamanlyklary gorjaýan hut şol aýaldy. Ony duruzmalydy, ýöne Ylýas ondan gaçyp gitdi.

Hudaýyň beren soragynyň manysynda jogap bermäge derek, Ylýas mowzugy üýtgedip, Onuň hakyky hyzmätkärlerinden ýeke-täk özüniň galandygy barada zeýrenip başlady. Ol adaty gynançly wakany beýan etdi:

> “Men Hökmürowan Hudaý Rebbe gaty wepaly boldum. Ysraýyllar Seniň ähtiňi unudyp, Seniň gurbanlyk sypalaryňy ýykyp, Seniň pygamberleriňi öldürdiler. Meniň diňe ýeke özüm galdym. Olar şu wagt meniň janyma kast etmek üçin meni yzarlap ýörler” (1 Patyşalar 19:10).

Hudaý bu jogaba bütinleý üns bermän, ýene-de şol soragyny gaýtalady: “Ylýas, sen bu ýerde näme işläp ýörsüň?” (1 Patyşalar 19:13). Ylýas ýene-de gynançly ýagdaýyny beýan etdi (ser.: 14-nji aýat). Ol ýeň berdi we göze görnüp duran ýamanlygyň aňyrsynda duran hakyky ýamanlyk bilen göreşesi gelmedi.

Hudaý bu gezek hem onuň gynançly wakasyna bütinleý üns bermedi we geň galdyryjy buýrugy berdi:

> “Bar, çöl ýoly bilen yzyňa git-de, Damaska sowul. Ol ýere bar-da, Hazaýylyň başyna ýag guýup, ony Siriýanyň üstünden patyşalyga saýla. Şeýle hem Nimşiniň ogly Ýehuwyň başyna ýag guýup, ony Ysraýylyň üstünden patyşalyga saýla; Abelmeholadan bolan Şapatyň ogly Elýaşanyň başyna ýag guýup, ony öz ornuňa pygamberlige saýla” (1 Patyşalar 19:15-16).

Siz “öz ornuňa pygamberlige saýla” diýen soňky sözlere üns berdiňizmi? Hudaý Ylýasy çalyşdy, sebäbi ol çekinjeňlige ýol berdi we ondan ýeňildi. Eger siz okamagy dowam etseňiz, onda 2 Patyşalar kitabynda Ylýasyň indiki dört ýylynyň aglabasyny ony çalyşjak adamy okadyp geçirendigini görersiňiz. Mundan beteri-de, ol Hazaýylyň başyna-da, Ýehuwyň başyna-da ýag guýmady. Bularyň ikisini-de onuň ýerine geçen Elýaşa etdi.

Elýaşa ýeke gezek-de özüni gorkuzmaga ýol bermedi. Ol batyrgaýdy we hiç ýamanlygyň öňünde yza tesmedi. Hudaý ol barada şeýle diýýär: “Hazaýylyň gylyjyndan gutulany Ýehu öldürer, Ýehuwyň gylyjyndan gutulany bolsa Elýaşa öldürer” (1 Patyşalar 19:17). Ýehu bilen Elýaşa Ahap bilen Izebeliň nejis nesliniň tagtdan düşürdiler. Men munuň ilkibaşda Ylýasyň wezipesiniň bolandygyna ynanýaryn, ýöne çekinjeňliginden ýaňa onuň çakylygy üýtgedildi.

Biz ýalta hyzmatkärden tapawutlylykda, Ylýasyň Hudaýyň häsiýetini bilendigine aň ýetirýäris. Emma onuň göreşi gorky bilen çekinjeňligiň biziň ruhy peşgeşimize we çakylygymyza täsir edip bilýändigini görkezýär.

Esasy zat – gorky bilen çekinjeňlige ýol bermezlik barada berk karara gelmeli. Biz bu güýç bilen çaknyşanymyzda, Hudaý bizi goldar. Bu güýji ýeňip bolýar, ýöne biz oňa Hudaýyň Sözi we Onuň wadalary bilen hüjüm etmelidiris.

Men ýene bir gezek gaýtalaýaryn: Hudaý siziň tarapyňyzdadyr. Ol size ynanýar. Ol size beren ruhy peşgeşlerinde üstünlikli bolaryňyzy isleýär. Yza tesmäň. Hiç kime we hiç zada öz tabşyrygyňyzy we çakylygyňyzy berjaý etmäge päsgel bermegine ygtyýar etmäň.

## OÝLANYŇ

1. Gorky köp adamlaryň arzuwlaryny ogurlady. Ol nejisdir, ol sizi gözegçilikde saklamak isleýär. Eger siz gorka nädogry seslenseňiz, ol siziň çakylygyňyza päsgel berer. Gorky siziň çakylygyňyza nädip päsgel bermekçi boldy?

2. Timoteos öz ruhy peşgeşine geleňsizlik etmezligi barada duýduryş aldy. Ruhy peşgeşe geleňsizlik etmek näme üçin howply? Şu bapda agzalan mysallardan geleňsiz garamaklygyň haýsy sebäbi sizde iň uly seslenme tapdy? Näme üçin?

3. Çekinjeňlik – bu ruh. Siz bu ruh bilen nädip çaknyşdyňyz? Bu ruh bilen nähili göreşmeli we ony nädip ýeňmeli?

*“Özüňiziň kimdigini we özüňize berlen işi jikme-jik derňäň, soňra bolsa ony jan-tenden amal ediň... Siziň her biriňiz öz durmuşyňyz babatda mümkin bolan döredijilikli işiň iň ýokary derejesiniň berjaý edilmegi üçin jogapkärçiligi öz üstüňize almalysyňyz”.*

- Galatýalylar 6:4-5, MSG

14

# ÖZ RUHY PEŞGEŞLERIŇIZI ÝÜZE ÇYKARYŇ WE OLARY ÖSDÜRIŇ

Indi bolsa biz Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşleri nädip açmalydygy we ösdürmelidigi barada gürrüň ederis. Men tebigy zehinleri we başarnyklary ösdürmek barada gürrüň etmejekdigimi ozal ýatladypdym. Eger ýeterlik derejede taýýarlyk görülse, hemmeler diýen ýaly hemme zatda ussatlyk gazanyp biler.

Meniň maşgalam aýdym aýtmak babatda ýokardaky ykrar bilen ylalaşman biler we, belki, olar mamla-da bolar. Şoňa görä-de, hakyky durmuşdan bir mysal getirmäge ygtyýar ediň. Eger men haýsydyr bir saz guralyny 10 000 sagadyň dowamynda çalmagy öwrensem, erbet sazandadan orta gürpdäki sazanda öwrülmegim ahmal. Sarp eden wagtym we yhlasym sebäpli meniň saz çalşym ýakymly bolup bilerdi. Emma hatda bu dykgatly sapaklardan soň hem saz çalma başarnygym barybir Hudaýyň Şalygyny gurmakdaky çakylygyma ýardam berýän *harizma* öwrülmezdi.

## HUDAÝYŇ GATNAŞMASY

Şu babyň birinji böleginde biz Pawlusyň: "Özüňiziň kimdigini we özüňize berlen işi jikme-jik derňäň, soňra bolsa ony jan-tenden amal ediň..." diýen sözleri barada gürrüň ederis. Siziň çakylygyňyzy we oňa

hemra bolýan ruhy peşgeşleri ýüze çykarmak üçin hiç bir formula ýok. Siziň haýsy zatlary oňat başarýandygyňyzy ýüze çykarmaga kömek berýän köp materiallar, elbetde, bar. Emma bakylyga täsir etme barada gürrüň edilende, siziň çakylygyňyzy we *harizmaňyzy* ýüze çykarmak üçin Ýaradanymyzyň ýardamy gerekdir.

Hudaýýň ruhy peşgeşleri açmaga gönüden-göni gatnaşmasyna käwagt düşünmek aňsat, mysal üçin, Ol maňa kitap ýazmalydygym barada aýdyň gürlän ýagdaýynda şeýle bolupdy. 1991-nji ýylyň şol tomus gününiň säherinde dileg wagty söz almadyk bolsam, men asla ýazyp başlamazdym. Kitaplaryň, okuw toplumlaryň biri-de meni kitap ýazmak babatda ynandyryp bilmezdi we men şeýle pikire tötänleýin-de gelmezdim. Ýene-de bir mysal: eger Dawut öz goýunlaryny aýy bilen ýolbarsdan goramadyk bolsa, özüniň söweşijidigini asla bilmezdi. Şol wakalardan soň kimdir biriniň Ysraýly piliştlilerden boşatmagy gerekdi. Ysraýyllaryň galany bukulan wagty, Dawuda howp salan ýyrtyjylar onuň Jalut bilen bolan söweşine eltýän basgançaklara öwrüldi. Hudaý Dawuda onuň ýüzbe-ýüz bolan mätäçlikleri arkaly öz ruhy peşgeşlerini ýüze çykarmaga ygtyýar etdi.

Eger Gideona garasak, ol maňa meňzeş eken. Onuň söweşiji kimin çagyrylandygyny mälim etmek üçin, Hudaý ýüň arkaly ony birnäçe gezek ynandyrmaly boldy.

Geliň, başdan başlalyň. Hudaýýň siziň *harizmaňyzy* ýüze çykarmaga kömek etmegini iman bilen dilemek örän wajypdyr. Hudaý Özüni yhlasly we iman bilen agtarýanlary sylaglaýandygyny Onuň Sözi aýdyň aýdýar. Hudaý Özüni geleňsizlik bilen agtarýan, soraglardan we şübhelerden doly adamlary sylaglaýandygy barada hiç zat ýazylmadyk (Ýewreýler 11:6-y awtoryň öz sözleri bilen aýtmagy). Şeýle äheňde Isa Mesih hem bize şeýle diýýär:

> “Diläň, size berler; agtaryň, taparsyňyz; gapyny kakyň, size açylar. Elbetde, dilän alar, agtaran tapar, gapy kakana açylar” (Matta 7:7-8).

*Harizmamyzy* bilmäge güýçli islegimiz bolmalydyr. Şu kitap öz ruhy

peşgeşleriňizi ýüze çykarmak we olary ulanmak babatda sizde joşgunly islegi döreder diýip umyt edýärin. Bu ymtylyş size biperwaýlyk bilen dilemäge, agtarmaga we kakmaga ýol bermez; ýokarda berlen parçada Isa Mesihiň öwüt berşi ýaly, siz erjellik bilen hereket edersiňiz. Gürrüň Hudaýyň sizden nämedir bir zady ýaşyrýanlygynda däl. Ol sizde dileýän zadyňyz babatda güýçli islegiňiziň peýda bolmagyny isleýär.

Men ýokary synplarda okan döwrümde ýagtylyk güýji zor bolan teleskopy edinesim gelýärdi, sebäbi men astronomiýany we gijeki asmany öwrenmegi halaýardym. Men gowy teleskopy almaga ýagdaýym bolmasa-da, astronomiýa baradaky kitaplary we žurnallary okamagy dowam edýärdim. Men kitaphanadan her gezek 4-5 kitaby ýa-da žurnaly alyp, boş wagtym olary boýdan-başa okap çykýardym, käwagt gaýta-gaýata okaýardym, soňra olary gaýtarýardym we ýene-de okamaga alýardym. Okamaklyk mende teleskopy edinme hyjuwyny döretdi.

Bu ymtylyşym meni ahyrda teleskop üçin pul üýşürmek baradaky üýtgeşik bir pikire gönükdirdi. Men tennis tälimçisi bolup işleýärdim we sapak berýärdim, ýöne bulary diňe tomus dynç alyş döwründe edýärdim. Men klubymyzda heniz hiç kimiň etmedigini etdim. Klubyň geňeş toparynyň rugsat bermegi bilen, men güýz möwsüminde sapaklardan soň tölegli sapaklary bermek kararyna geldim. Hemme zadyň oňuna bolan ýagdaýynda, teleskopy satyn amaga ýeterlik pulum boljakdy. Meniň bu maksadym başa bardy! Men bu teleskopa öz-özünden bolan zat hökmünde garamaýardym. Eger islegim güýçli derejä ýeten wagtyna çenli ony kimdir biri maňa sowgat beren bolsa, belki, ilkibaşdaky höwesim ýatyşandan soň, bu teleskop meniň üçin o diýen gyzykly bolmazdy.

Gürrüň Hudaýyň sizi kynlyk bilen eşidýänliginde däl. Ol sizden hiç zady saklamaýar. Ol Öz halkyny bina etmek üçin size berýän ruhy sylaglaryna öz-özünden bolýan zat hökmünde garamazlygyňyzy isleýär. Siziň islegleriňiz arzuwlaryňyza eltýän ýolda duşjak böwetlerden has güýçli bolmaly. Şonuň üçin-de, islegiňiziň güýjemegine ygtyýar ediň; onuň güýji arkaly siz hemişe öz *harizmaňyz* we zehinleriňiz barada bilmäge ymtylarsyňyz.

Indikisi, biz Hudaýyň bize ülňi usulynda jogap bermeýändigine düşünmeli. Ol Öz perzentleriniň her birine dürlüçe jogap berýär. Käwagt şu ýagdaý meni iňkise goýýar: biz elmydama Isa Mesih bilen “şahsy gatnaşygymyzyň” bardygyny aýdýarys; ýöne biz Hudaýdan eşitmeli bolanymyzda – *harizmamyz* ýa-da ruhy peşgeşlerimiz bilmek ýaly anyk ýagdaýda – biz ülňülere, formulalara eýeresimiz gelýär. Hudaý muny şahsy derejede saklasy gelýär. Ol munuň diňe Onuň we siziň araňyzda bolmagyny isleýär. Ol öz eziz perzentleriniň her biriniň dilegine meňzeş jogap bermeýär. Hut şu sebäpdenem Isa Mesih bize dilemegi, agtarmagy we kakmagy dowam etmegimiz barada görkezme berýär. Onuň yradasyny “agtarmaklyk” bar we ol biziň üçin diýseň peýdalydyr.

Biz öz ymtylyşymyzda öz-özümize we başgalara soraglary bermeli. Bu hem agtaryşyň bir bölegi bolup durýandyr. Biz ynsanlaryň danalygyny agtaramzok, ýöne gürleşýän adamlarymyzyň sesi arkaly Hudaýyň sesini eşitmäge ymtylýarys.

Kim bilen gürleşmelidigini bilmek wajypdyr. Biz özümizi höweslendirýän we şol bir wagtyň özünde hakykaty aýtmaga çekinmeýän adamlary tapmaly. Men şeýle adamlar köp diýip aýdasym gelýär, ýöne olar seýrek duş gelýär. Men şeýle adamlary bilýärin: olaryň ýanyna baranymda, olar maňa hemişe eşitmek isleýän zatlarymy aýdarlar. Başgalar hem bar: olaryň görnüşi ýok, olar hemme zada diýen ýaly göwniçökgünlik, tankydy we otrisatel garaýyş bilen garaýarlar. Bularyň ikisindenem gaça duruň. Imanda sizden has uzak ýoly geçip, ýalňyşan we şol ýalňyşlaryndan netije çykaran imandaky atany ýa enäni, ýa-da dana adamy tapyň.

Siziň ynanýan adamlaryňyzyň durmuşa biperwaýlyk ýa-da ýigrenç bilen garamazlygy wajyp zatdyr, sebäbi geleňsizlik we şübhelelik öýke-kineden saplanyp bilmeýän adamlara mahsusdyr. Öýke-kinäni tiz unudýan, birsydyrgyn dini durmuşa batman, Mukaddes Ruhuň wagtlaryna we täze hereketlerine eýerip, öňe hereket edýän adamy tapyň. Esasy zat – bu adam durmuşa bakylyk nukdaýnazaryndan garamalydyr. Şeýle adamy tapanyňyzda, onuň bilen gatnaşygyňyzyň gadyryny biliň we ony saklamak üçin eliňizden gelenini ediň.

Bu dünýäniň ölçeglerine laýyklykda köp adamlar paýhasly, ýöne olar

ýaşaýşa bakylyk nukdaýnazaryndan garamaýarlar. Siz şeýle adamlaryň maslahatyna diňe belli bir derejede ynanyp bilýänsiňiz. Olary diňläniňizde seresap boluň, olaryň maslahatlaryny Hudaýyň Sözüniň we dilegleriň "süzgüjinden" geçiriň.

Siziň ene-ataňyz, ýanýoldaşyňyz we çopanlaryňyz siziň üçin bähbitlisini isleýär we kada bolşy ýaly, dana maslahatlary berýärler, ýöne kadadan çykmalar hem duşýandyr. Men ýaş ýigitkäm, kakama hyzmatda bolmagy isleýändigimi aýtdym. Onuň döwürdeşleri "durnukly durmuşyň" barypýatan tarapdarlarydy (imandaky durmuş babatda bolsa, bu gowşaklyk bolýar). Meniň kakam: "Oglum, bu ýolda durnuklylyk ýok" diýdi. Ol maňa inžener bolmagy teklip etdi, sebäbi meniň matematika we anyk dersler boýunça ýetişigim gowudy, ol hem 40 ýyllap inžener bolup işleýärdi. Bu durnukly hünär derejesiniň saýlawy boldy. Men uniwersitetdäki ezýetli alty ýyla gol çekýändigime aň ýetirmeýärdim! Men şol derslerden zehinim bolsa-da, özümi betbagt duýýardym, sebäbi bu meniň durmuşym babatdaky Hudaýyň çakylygy däldi.

Meniň inžener hökmündäki birinji işim IBM kompaniýasynda boldy. Günleriň birinde ýolbaşçym meni öz otagyna çagyryp, şeýle diýdi:

– Biwer, sen inženeriýada näme işläp ýörsüň? Sen alçak adam; sen adamlar bilen köp gatnaşylýan çäklerde işlemeli.

Tanymal hyzmatçylar hem köp hyzmatlaryň dowamynda meni bir gyra çekip:

– Oglum, men Hudaýyň seni Hoş Habary wagyz etmäge çagyrandygyny görýärin – diýýärdiler.

Men hyzmat bilen iş salşasym gelmese-de, şahsy dileg wagtym Hudaý ýüregimi elmydama hyzmata tarap gönükdirýärdi. Meniň duş bolýan hyzmatçylarymyň hemmesi birgeňsi görünýärdi. Ýöne muňa garamazdan, meniň ýüregim Ýaradana duýgurdy. Men halas bolmazymdan öň, bir hepde katolik seminariýasyna gatnadym we özümde hyzmata çagyrylan ýaly bir duýgy peýda boldy. Emma katolik ruhanysy bolanymdan soň, asla öýlenmeli däldigi meni hopukdyrýardy.

Ýöne men tassyklary gaýta-gaýta aldym we olar ahyrda maňa kakamyň maslahatyndan dänmäge kömek etdiler. Men kakamy örän

sylaýardym we bu Hudaýa ýaraýardy, ýöne men inženerlik okuwyny okanymda we soňra hünärim boýunça işlänimde, nämedir bir zatlaryň örän nädogrudygyny bilýärdim. Men elmydama dileg edip, Hudaýyň ugrukdyrmasyny agtaranlagym üçin, Ol maňa nädogry ugra (hatda meniň üçin iň bähbitli zatlary isleýän kakamyň maslahatyna görä) gönükmegime ýol bermedi we Öz yradasyny doly aýdyňlyk bilen aýan etdi.

Men öz çakylygyma doly göz ýetirenimden soň, mende joşgunly höwes peýda boldy, ol bir ýarym ýyldan-da köp dowam edýän agtaryşlaryň netijesidi. Şol wagta inženerlik diplomyny almagyma bir ýarym ýyl galypdy. Men öz okuwymy tamamlap, bada-bat hyzmat ýoluna gadam basmagy karar etdim. Bu çözgüt dogrudy, sebäbi men Mukaddes Kitaby öwredýän mekdepde maňa öwredilmejek strategiýalary öwrendim. *Hudaý bize öwretmek üçin durmuşymyzdaky ähli zatlary ulanýar!*

Biziň ruhy peşgeşimizi ýüze çykarmakda wajyp faktorlaryň ýene biri – sagdyn ýerli ýygnakda ekilmek. Hudaýyň Sözünde şeýle ýazylan: “Olar ekilendir Rebbiň öýünde, gülleýärler Hudaýymyzyň howlularynda” (Zebur 91:14). Eger siz gowaça tohumyny ekýän bolsaňyz, ýerden kädi gögerip çykmaz. Ýer – bu sagdyn ýerli ýygnak; siz özüňizi bagyş edeniňizde, Hudaýyň size beren ruhy peşgeşleri aýan bolar. Siz nirede: işewürlik dünýäsinde, bilim ulgamynda, dolandyryş, sport ýa-da başga bir çäkde çagyrylsaňyz-da, parhy ýok, siz güllärsiňiz. Hudaýyň meýli şeýledir.

## ÖZ-ÖZÜŇIZE WE DANA DOSTLARYŇYZA BERIP BILJEK SORAGLARYŇYZ

Indi bolsa, geliň, öz-özümize we dana dostlarymyza sorag bermeklige geçeliň. Dogry adamlara berlen dogry soraglar size özüňiziň nämä çagyrylandygyňyza düşünmäge kömek eder. Ine, mysallaryň birnäçesi:

### Siz adatça haýsy zatlary oňat başarýarsyňyz?

Bu oňat ugraýyş nokadydyr. Belki, siziň ruhy peşgeşiňiz – sanlar dünýäsi, owadan sözleri düzmek, binalary gurmak, wideo wakalary döretmek, eşikleri modelirlemek ýa-da çäreleri guramaklyk bolup

durýandyr. Siziň tebigy sport başarnyklaryňyz, ys alyş ukybyňyzyň ýiti bolmagy ýa-da ownuk zatlary gözden sypdyrmaýan gözleriňiziň bolmagy ahmal. Bu her näme bolsa-da, öz güýçli taraplaryňyzy ýüze çykaryň.

Eger siziň owadan sesiňiz bolup, adamlary Hudaýyň huzuryna äkitmek isleýän bolsaňyz, bu siziň sežde toparynda hyzmat etmäge ýa-da haýsydyr başga bir saz hyzmatyna gatnaşmaga çagyrylandygyňyzyň oňat görkezijisi bolup durýandyr. Edil şeýle tärde, eger siz adamyň bedeni bilen gyzyklanyp, lukmançylyga ýykgyn bolsaňyz, saglygy goraýyş çägine çagyrylyp-çagyrylmandygyňyzy Hudaýdan soramaly. Bu sanawy tükeniksiz dowam edip bolar.

Ýöne bu çaklamalar iň soňky karar bolmaly däl. Men oňat tennisçidim we tennisi toparda oýnap başladym. Bu topar talyplar sportunyň I Milli Birleşmesiniň Diwiziýasynyň düzümine girýärdi. Şeýle-de men Birleşen Ştatlarynyň Tennis Birleşmesiniň we Ýaşlaryň Dewis Kubogynyň ýaryşlaryna gatnaşdym. Ozal ýazyşym ýaly, men üç ýylyň dowamynda hünärmen mugallym hökmünde tennis oýnamagy öwretdim. Bulardan başga-da, men ýokary synp okuwçylarynyň arasynda geçirilen Günbatar Wirjiniýa ştatynyň tennis turniriniň ýeňijisi bolupdym. Ýöne men dileg edenimde, hünärmen tennisiň meniň çakylygymyň däldigini bilýärdim.

Emma meniň Aron Beddeli atly bir dostum bar, ol golf oýnuna gaty ökde we “PGA tur”-yň gatnaşyjysy bolup durýar. Emma 2004-nji ýylda, “PGA tur”- da ikinji ýyl bolan wagtynda kynçylyklary başdan geçirdi (ol 2005-nji ýylda zordan yzyna dolanyp bildi, sebäbi ol oýunçylaryň sanawynda 124-nji orundady). Şol kynçylykly ýylyň ahyrynda ol biziň öýümizde ýaşap, bir ýaryşa gatnaşdy, ýöne gynansak-da, ondan çykmaly boldy. Biz bile Las Wegasa uçup gitdik, men şol ýerde konferensiýalaryň birinde hyzmat etmelidim. Şol hyzmatyň dowamynda Hudaý onuň ýüregine dört gezek: “Men seni hyzmata çagyrmadym; Men seni golf oýnamaga çagyrdym” diýip gürläpdir.

Aron ähli güýjüni golf oýnuna sarp edesi gelmeýärdi, sebäbi ol meniň meşgullanýan işimi edesi gelýärdi. Ol saparlara gidip, wagtynyň ýarysyny konferensiýalarda we ýygnaklarda wagyz etmäge, beýleki ýarysyny bolsa golf oýnamaga sarp edesi gelýärdi. Şol agşam ol özüni

bütinleý öz çakylygyna bagyş etmegi kalbynda çözdi. Birki ýylyň dowamynda ol golfyň dünýä reýtinginde 16-njy orna geçdi, soňra bolsa “PGA tur”-yň dört turnirinde we Awstraliýanyň “PGA tur”-yň dört turnirinde ýeňiş gazandy. Ol 15 ýyldan gowrak wagt bäri oýnap gelýär we heniz-de oýnamagyny dowam edýär. Onuň täsiri artdy we ömründe bir ýygnaga-da gatnaşmadyk köp adamlara hyzmat we wagyz etmäge san-sajaksyz mümkinçiligi boldy.

Meniň El atly bir çopan dostum bar. Birnäçe ýyl mundan ozal onuň ýygnagynda bir adam bardy; ol Hudaýyň Sözüni öwretmegi halaýardy we ol muny gowy başarýardy. Ol ýygnakda çopan bolasy gelýärdi. Şeýle-de onuň awtoulaglary bejermekde üýtgeşik ruhy peşgeşi bardy. Oňa şäherleriniň beýleki çetinde ýerleşýän uly ýygnakda çopanyň wezipesini söz beripdiler. Ol çopan Eli nahara çagyryp, bu habary onuň bilen paýlaşypdyr. Paýhasly hyzmatçy bolmak bilen, El oňa şeýle diýipdir:

– Men seniň üçin dileg etdim we seniň Hudaýyň Sözüni öwretmek üçin hyzmatyň doly wagtyna çagyralyndygyňy duýamok. Seniň awtoulaglary bejermekde üýtgeşik ruhy peşgeşiň bar.

Bu adam çopanynyň aýdanlaryna gulak asman, şäheriň beýleki çetindäki ýygnaga gitdi.

Bir ýyldan onuň ýagdaýy gözgynydy. Ol şol ýygnakdaky mugallym wezipesini heniz-de resmi halda almandy, onuň maşgalasy dargajak bolýardy, onuň maliýe kynçylyklary bardy. Ýekşenbe günündäki ýygnaklaryň birinde Reb oňa şeýle gürledi: “Men seni çopan bolmaga hiç haçan çagyrmandym. Men seni öz ýerli ýygnagynda Hudaýyň Sözüni öwredýän mehanik bolmaga çagyrypdym”.

Bu adam El çopan bilen duşuşyp, onuň maslahatyna eýermändigi barada toba etdi we öz ýerli ýygnagyna dolandy. Ol ýene-de öz işine – awtoulaglary bejermäge dolandy.

Günleriň birinde Hudaý oňa dwigateliň näsazlygyny kesgitlemek üçin awtoulagy kompýutere çatyp bolýandygy barada bir düýş beripdir. Onuň kompýuterlerden başy çykýan bir dosty bar eken. Olar iki bolup, kompýuterleşdiren anyklaýyş enjamy oýlap tapdylar. Bu enjam awtoulagyň näsazlyklaryny adaty barlag usullardan dört esse çalt tapyp bilipdir. Bu adam wagtyň geçmegi bilen Demirgazyk Karolina

ştatynyň ähli ýerinde onuň täsin açyşy bilen enjamlaşdyrylan awtoulag ussanalaryny açypdyr. Birnäçe wagtdan ol El çopanyň ýanyna baryp ýylgyrypdyr-da:

– Men awtoulaglary bejermäge çagyrylan! – diýipdir.

## Sizi näme ruhlandyrýar?

Günleriň birinde meniň kömekçim hepdäniň dowamyndaky işleriň meni “ruhlandyrýan derejelerini” bellige alyp ýazmagymy haýyş etdi. Ol baha bermegiň şeýle ölçegini kesgitledi: güýjümi köp alýan işler -2; güýjümi o diýen köp almaýan işler -1 bahany alýardylar; maňa biraz güýç berýän +1 we iň ahyrda, meni kuwwatlandyrýan işler +2 bahany alýardylar.

Işleriň birnäçe görnüşi bardy, mysal üçin, bölümleriň liderleri bilen duşuşmak, bir ýerden başga ýerlere uçmak, resminamalar bilen işlemek, saparlara gitmek üçin çemodanlary gapgarmak we ş.m. işler -1 we -2 bahalary aldylar. Käbir işler +1 bahany aldylar, ýöne, dogrusy, diňe iki iş: wagyz etmek we kitap ýazmak işleri +2 bahany aldy. Bu netijeler meni geň galdyrdy.

Bu açyş barada oýlananymda, men kitap ýazanymda köplenç wagt duýgusyny bütinleý ýitirýändigime aň ýetirdim. Men käwagt ir säherde ýazyp başlap, günüň başlandygyny bilmän galýaryn. Men adatça şeýle köp wagtlap ýazmakdan akyl taýdan ýadaýaryn, ýöne muňa garamazdan, özümi ruhlanan duýýaryn.

Men wagyz edenimde hem şeýle bolýar. Biziň wagt çäklendirmelerimiziň bolmadyk döwürlerinde men köplenç iki sagatdan köp wagyz edýärdim. Meniň göwnüme bolmasa, bary-ýogy ýarym sagat geçen ýaly bolýar, ýöne diňleýjilerimiň welin näme barada pikir edendigini bilmeýärin!

Men döredijilik zehini bolan Alek oglumyzyň öz täze taslamalarynyň üstünde wagt duýgusyny bütiünleý ýitirip, ençeme sagatlap işleýşine syn edýärin. Ol biziň döredijilik bölümimizde ajaýyp netijeleri gazandy. Men Lizanyň özüniň aýallar hyzmatyndan soňra wagt akymyny bütinleý unudyp, aýallar bilen sagatlap gürleşip oturşyna syn edýärin. Ol olary söhbetdeşlik arkaly bina etmekden ruhlanýar.

Albert Eýnşteýn iş başynda köp sagady geçirýärdi. Ol örän ýadanda, eline demir mejimäni alyp, oturgyja oturýardy-da, ellerini dyzyna goýup, mejimäni saklap oturýardy. Ol uklan badyna mejime elinden sypyp, ýere gaçýardy. Gürpüldiniň sesi ony oýarýardy we ol işine dolanýardy.

Bu siziň çakylygyňyzy kesgitlemegiň diýseň aňsat usulydyr: siziň hakyky çakylygyňyz sizi ruhlandyrýar, ol hatda siz uzak wagtlaýyn işden akyl ýa-da beden taýdan ýadasaňyz-da ruhlandyrýar. Öz hakyky ruhy peşgeşini ýüze çykaran adamlara türgenleşigiň, ýaryşlaryň ýa-da işiň sagatlary birnäçe minut bolup görünýär. Şoňa görä-de, öz-özüňizden: “Haýsy iş meni wagtyň akymyny unutdyrýar?” diýip soraň.

Siziň jogabyňyz – ruhy peşgeşiňiziň oňat görkezijisidir.

## Sizi näme gyzyklandyrýar?

Sizi näme gyzyklandyrýar? Haýsy zat sizi janlandyrýar? Siz aýdym aýdanyňyzda ýüregiňiz joşýarmy? Başgalar aýtmasyny bes edenden soň hem aýdym aýdýarsyňyzmy? Men aýdym aýdanymda munuň meni ýadadýan agyr zähmete meňzeýändigini bilýärin. Ol meniň ruhy peşgeşim däl. Men otagda birnäçe adamlar bilen oturyp aýdym-saz düzüp bilmezdim. Bu meni gyzyklandyrmaýar, ýöne muny söýýän adamlaryň bardygyny bilýärin.

Sizi haýsy žurnallar gyzyklandyrýar? YouTube-daky haýsy wideolar sizi ruhlandyrýar? Pinterest sahypalaryny agtaranyňyzda, haýsy suratlar ünsüňizi dartýar? Kitap dükanlaryna baranyňyzda, nähili kitaplar sizi özüne çekýär?

Ýene-de bir wajyp sorag: size zähmet haky tölenmedik ýagdaýynda-da, siz haýsy işi göwünjeňlik bilen ederdiňiz? Hünärmen sportsmenleriň köpüsi töleg almasalar-da, oýnamagyny dowam ederdiler. Meniň kakam her şenbe güni meni oturgyja oturdyp, bug dwigatelleriň ýa-da başga maşynlaryň nähili işleýändigini gürrüň bererdi. Meniň ýadyma bir şenbe güni düşýär; şonda ol meniň üçin bug gazanynyň nähili işleýändigini düşündirmek üçin bir sagatlap onuň suratyny çekdi. Bu meniň üçin örän ýürekgysgançdy we men eýýäm şol wagt inžener bolmaga çagyrylmandygyma düşünmeli ekenim! Men kakamy şeýle söýemsoň,

bu sapaklara çydap bilmeýänligimi ýeke gezek-de oňa aýtmaga milt etmedim. Men maliýe durnuklylygyň hatyrasyna inžener bolmagy saýlap, uly ýalňyşlyk goýberdim. Şeýle ýalňyşlyga ýol bermäň.

Iş ýerinde özlerini şeýle erbet duýýan adamlaryň sany, gör bak näçe köp, sebäbi olar bu işi diňe aýlyk üçin edýärler!

Ozal gürrüň berşim ýaly, köp ýyl mundan öň, çopanymyň aýaly meni işe almaga ýagdaýlarynyň ýokdugyny aýdanda, men: “Elbetde alyp bilýärsiňiz!” diýip jogap beripdim. Men az zähmet hakyna-da işlemäge taýyndym, sebäbi hyzmatdaky iş meni özüne çekýärdi. Meni şol işe alanlaryndan soň, çopanyma we onuň myhmanlaryna hyzmat edenimde, hepdäniň dowamyndaky 70 sagat bir salym ýaly geçip gidýärdi. Men köplenç Liza çopanlar maňa däl-de, tersine, olara hyzmat etmäge ygtyýar edýändikleri üçin özümiň olara tölemelidigim barada aýdýardym.

Men şu setirleri ýazmaga ýaýdanýaryn, sebäbi siz men öwünýändirin öýtmegiňiz mümkin. Ýöne maksadymyň size kömek etmekdigine ynanarsyňyz diýip umyt edýärin. Biz Liza bilen hyzmata ýaňy başlan döwrümizde, kitaplaryň galam haklaryny “Messenjer Interneşeneliň” hasabyna geçirjekdigimizi karar etdik. Men eýýäm 20-den gowrak kitap ýazdym; her kitaby ýazmaga we ony redaktirlemäge takmynan 400-500 sagat sarp etdim. Bu bolsa kitap ýazmaklyga takmynan 9 000 sagady sarp edendigimi aňladýar. Bu günde, şol sanda şenbe we ýekşenbe günleri hem öz içine alýan üç ýyldan gowrak ýazyjylyk işi. Aslyna garasaň, men şol üç ýylky işim üçin pul almadym. Men ony meniň çakylygymy ýaýbaňlandyrýan ruhy peşgeşimiň hatyrasyna etdim.

Men dogrymy aýdýaryn: eger men şindiki işim bilen ýylda 200 000 müň dollar zähmet haky bolan inženerlik işiniň ikiden birini saýlamaly bolsam, onda ýeke pursatda-da ikiňjeňlenmän, öňki saýlawymy ederdim. Hut şu sebäpden resul Pawlus şeýle ýazýar:

> “Eger men muny özüm saýlan bolsadym, onda sylaga tamakin bolardym. Emma muny maňa Hudaý buýurdy. Onda sylagym nämedir? Hoş Habary hiç bir muzdsuz wagyz edip, onuň maňa berýän hak-hukugyndan peýdalanmazlyk meniň üçin sylagdyr” (1 Korintoslylar 9:17-18).

## Size nähili adamlar ýaraýar?

Özüňize nähili adamlaryň ýaraýandygyna düşünmeklik hem çakylygyňyz we ruhy peşgeşleriňiz barada köp zatlary mälim edýär. Käbir adamlar siziň içiňizdäki ruhy peşgeşleri oýaryp, ýüze çykaryp bilýärler. Pikirdeş adamlaryňyzy – ruhy peşgeşleri we çakylygy siziňkä meňzeş bolan adamlary tapyň. Olar siziň kimdigiňizi, Hudaýyň size nähili ruhy peşgeşleri berendigine düşünmäge aýgytly kömek ederler. Siziň pikirdeşleriňiz – bu size düşünýän we sizi kabul edýän adamlar.

Men hyzmatçylar bilen gatnaşyp, olar bilen hyzmatdaky wakalar we kynçylyklar we, elbetde, Hudaýyň Sözi barada pikir alyşmagy halaýaryn. Şeýle-de men telekiçiler we işewür adamlar bilen gatnaşmagy halaýaryn. Bu çäkler – meniň güýçli taraplarym.

Hyzmata ýolbaşçylyk etmekligiň öz hususy işiňi dolandyrmaklyk bilen umumylygy köpdür. Biz Liza bilen telekiçiler bolmaga mejbur bolduk. Biz ýaşkak, biziň isleýşimiz ýaly hereket edýän meşhur hyzmatlar ýokdy; göreldesine eýerisimiz gelen ýeke hyzmat-da ýokdy. Biz bu ýodany özümiz açmaly bolduk. Şonuň üçin-de, özümiziň çagyrylan işimizi has oňat etmäge ýardam berýän zatlary mende işewürlik dünýäsindäki telekeçiler oýarýardylar.

Eger siz interýerleriň dizaýnyny halaýan bolsaňyz, özüňizi dizaýnerleriň arasynda rahat duýarsyňyz. Eger siz lukman bolsaňyz, beýleki lukmanlar bilen söhbetdeşlik sizi ruhlandyrar. Eger siz sazanda bolsaňyz, beýleki sazandalar size ruhy peşgeşiňizi ösdürmäge kömek ederler. Men bu sanawy ýene-de dowam edip bilerdim; siz öz pikirdeşleriňiziň arasyna düşeniňizde, bu size öz ruhy peşgeşleriňizi ýüze çykarmaga we hatda olary amal etmäge kömek eder.

Şuny ýatda saklamak wajyp: eger siz Rebbi agtarmaga we Onuň sizi nämä çagyrandygyny bilmäge belli bir wagty sarp etmeseňiz, bu soraglaryň jogaplary öz-özünden hiç zady çözüp bilmez. Eger men özümiň aýaga galyp başlan döwrümde hyzmatçylaryň aglabasynyň maňa aýdýanlaryna gulak gabardan bolsam, onda haýsydyr bir şäheri saýlap, ýygnagyň düýbüni tutup, çopan bolardym. Liza ikimizdäki üýtgeşik ruhy peşgeşleri diňe käbir adamlar saýgaryp bildiler. Başga bir ýandan bolsa, öz ýüregimizde duýýan ugrumyza tarap ýönelmäge kömek eden birnäçe dana hyzmatçylar bardy.

## ÖZ RUHY PEŞGEŞIŇIZI ÖSDÜRIŇ

Indi bolsa, geliň, şu baby açan aýadyň ikinji bölegine geçeliň: “*Siziň her biriňiz öz durmuşyňyz babatda mümkin bolan döredijilikli işiň iň ýokary derejesiniň berjaý edilmegi* üçin *jogapkärçiligi öz üstüňize almalysyňyz*” (Galatýalylar 6:4-5, MSG). Hudaý biziň her birimize öz durmuşyny we Onuň Şalygyny gurmaga güýç berdi. Emma, biziň hemmämiz belli bir wagtda ýöne güýjüň bolmagynyň ýeterlik däldigini boýun almaly, bu güýç amala aşyrylmaly.

Ömrümiziň soňuna ýetip, ýene-de köp zatlary edip bilerdigimize aň ýetirmek biziň üçin, gör bak, nähili gynançly bolardy. Eger biz Hudaýyň bize beren ruhy peşgeşlerini ösdürmänligimiz zerarly näçe zatlaryň amal bolmandygyny ýa-da, has erbedi, Şalygyň täsirini näçe adamyň sypdyrandygyny bilen bolsak, kazylyk kürsüsiniň öňündäki agyrymyz çydardan uly bolardy.

*Hiç zady saklaman, boş halda öljekdigiňizi şu pursat çözüň*. Özüňizdäki ähli zatlary berip, bütinleý boşanjakdygyňyzy hem çözüň. *Bu dünýä sizdäki zatlara – Hudaýyň size beren ruhy sylaglaryna mätäçdir*.

Süleýmanyň pähimleri 18:16-da Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşler barada bir gyzykly pikir bar:

> “Ynsanyň sowgatlary oňa giňişlik berýär we emeldarlaryň ýanyna eltýär” (NKJV).

Siziň ruhy peşgeşiňiz “size giňişlik berýär” we sizi “emeldarlaryň ýanyny eltýär”. Bu aýatdaky “giňişlik” sözüniň iki manysy bar. Birinjisi, ruhy peşgeşiňiz size öz güýjüňizi amala aşyrmaga giňişlik berýär, ol siziň şindiki ýeriňiz bilen *düşüp biljek ýeriňiziň* arasynda köpri geçirýär. Ikinjisi, siziň ruhy peşgeşiňiz öz çakylygyňyzyň täze derejelerine ýetirýän öňegidişligi almaga giňişlik berýär. Ýatda saklaň: öňegidişligiň her tapgyrynda has uly derejedäki ussatlyk talap edilýändir. Ýene-de, Süleýman şeýle diýýär:

> “Eger siz işiňizde ökde bolsaňyz, beýgeliň, öňegideşligi alarsyňyz. Siziň öňüňizi böwetläp bolmaz” (Süleýmanyň pähimleri 22:29, TRT).

Dawut barada oýlanyp görüň. 1 Şamuwel 16-da biz Şawulyň özünden Rebbiň Ruhunyň aýrylandygy sebäpli erbet ruhlardan ejir çekendigi baradaky wakany görýäris. Janyna aram bermek üçin, ol hyzmatkärlerine ökde sazandany tapyp, ýanyna getirmeklerini buýurýar.

Ýaş hyzmatkärleriň biri şeýle jogap berdi: “Men beýtullahamly Ýyşaýyň bir ogluny gördüm, ol saza ussat” (1 Şamuwel 16:18, AMPC). Dawut ýöne bir *zehinli* däldi, ol ökde sazandady. Ol nädip ökdeledi? Ol öz zehinini ösdürýärdi we şoňa görä-de öz çakylygynda öňe gitmäge giňişlik aldy.

Köp adamlaryň öz çakylygynda üstünlik gazanmazlygy olaryň ruhy peşgeşleriniň pes ösendigi sebäpli bolmagy ahmalmy? Biziň ruhy peşgeşlerimiziň ösüş derejesiniň biziň gazanyp *biljek* öňegidişligimiziň derejesini kesgitleýändigi mümkin zatmy?

Geliň, geçen bapdaky Pawlusyň Timoteosa öwüt berip aýdan sözlerine dolanalyň. Ýöne bu gezek biz onuň öz imandaky ogluna teklip eden çözgütlerini bilmek üçin okarys:

“Özüňde bolan [içiňdäki bu üýtgeşik zehine] we saňa gönüden-göni berlen ruhy peşgeşe äsgermezlik etme... Bu borçlaryňda türgenleş, olarda ös we olar barada oýlan; üstünligiň hemmelere mälim bolar ýaly, bu borçlaryňa [öz hyzmatyňa dek] özüňi bütinleý bagyş et” (1 Timoteos 4:14-15, AMPC).

Biz bu paýhasly sözlerden köp zatlary öwrenip bilýäris. Käwagt erkekdir aýallaryň öz çäklerinde gazanan üstünliklerini görenimizde: “Olar üýtgeşik bir zehin bilen doglupdyrlar” diýmek bilen, olaryň üstünligini kemsidip bolýar. Olar hem edil siz ýaly, dogrudan-da, üýtgeşik bir zehin bilen doguldylar, ýöne olar bu ruhy peşgeşini ösdürmegi karar etdiler. Başga sözler bilen aýdylanda, olaryň öz ruhy peşgeşlerini ösdürişlerini görmänligimiz olaryň muny yhlas bilen etmändiklerini aňlatmaýar.

Geçen bapda belläp geçişimiz ýaly, Pawlus söze başlanda, Timoteosa Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşine äsgermezçilik etmezligi öwüt berýär. Biz ruhy peşgeşimize az üns berenimizde, öz ruhy peşgeşimize äsgermezçilik edýäris. Ol Timoteosa özüni ruhy peşgeşini kämilleşdirmäge bütinleý bagyş edende, onuň üstünliginiň mese-mälim

boljakdygyny aýdýar. Pawlusyň sözlerine görä, muňa *türgenleşme, ösdürme* we *oýlanma* arkaly ýetip bolýar. Geliň, bu hereketleriň hersi barada aýratyn gürrüň edeliň.

## Türgenleşme

"Merriam-Webster" sözlügine laýyklykda, türgenleşme "ökdelemek üçin haýsydyr bir hereketi ýa-da işi köp gezek amal etmekligi" aňladýar. Biziň näderejede türgenleşýänligimiz köpçüligiň öňünde çykyş edişimizi kesgitleýär, sebäbi biziň çykyşymyzyň derejesi hemişe türgenleşen derejämizde bolýandyr. Köpçüligiň öňündäki netijeli çykyşa guwanyp, onuň aňyrsyndaky hepdeläp, aýlap, ýyllap amal edilen türgenleşiklere we yhlasly zähmete – yzygiderli amallaryň şeýle derejesine elten zatlara üns bermezlik aňsat.

Adamyň hereketini we işini öwrenýän ekspertleriň aýtmagyna görä, hünärmen bolmak ýa-da kesgitli bir endigi öwrenmek üçin, takmynan 10 000 sagat amal sagady gerek. Emma Florida ştatynyň Uniwersitetiniň professory K. Anders Erikson "amalyň kämillige eltýändigi" baradaky adat bolan pikirine garşy çykýar. Ol bir ädim öňe gidip, 10 000 sagatlap türgenleşigiň ýeterlik däldigini aýdýar. Ol bu sagatlary ýöne kesgitli bir hereketleri amal etmän, eýsem olary maksatlaýyn kämilleşmek niýeti bilen sarp edilmelidigini aýdýar. Ol amalyň bu görnüşini "maksatlaýyn amal" diýip atlandyrýar. Ol şeýle ýazýar:

> "Maksatlaýyn amaly gysgaça şeýle beýan edip bolýar: öz rahatlyk çägiňizden çykyň, ýöne muny dykgatly, anyk maksatlar we maksatlara ýetmek üçin düzülen meýilnama we öz ösüşiňiziň yzarlamagyň usuly bilen ediň".

Eger biz özümizi rahatlyk we ussatlyk çägimizden çykmaga mejbur etmesek, biz ösmeris. Eger biz "maksada gönügen" bolmasak, onda özümiziň "ýeterlik" diýip hasaplaýan derejämize ýetenimizde, öz-özümizden wagtyhoş adama öwrüleris. Şondan soňra bolsa işimize geleňsiz garamaklyk wagt meselesi bolup, netijede biziň berjaý edişimize erbet täsir edip, gelejekde köpeltmeklige böwet bolar.

Siz öz güýçli taraplaryňyzy ösdüreniňizde, çäkliligi däl-de, has köp

erkinligi alýarsyňyz. Bu siziň köpeltmeklik üçin potensialyňyzy artdyrýar. Bu özümiziň gowşak taraplarymyzyň üstünde işlemeýänligimizi ýa-da täze endikleri edinmeýänligimizi aňlatmaýar; bu iň köp netijäni berjek çäklere dykgat bilen çemeleşýändigimizi aňladýar.

Men täze endikleri öwrenmegi maslahat berýärin, ýöne muny öz çagyrylan çäkleriňize äsgermezçilik etmek arkaly ediji bolmaň.

Asyl manysy şeýle: ösüş öz-özünden bolmaýar; ol maksatlaýyn çemeleşmäni talap edýär. Eger biz öz ruhy peşgeşlerimizde "ökdelemek üçin" dyngysyz türgenleşmesek, öz potensialymyzy hiç haçan durmuşa doly geçirip bilmeris. Hut şoňa görä-de, biz şahsy ösüşimiziň tarapdary bolmaly. Köp adamlar öz durmuşynda beýik işleri edesleri gelýär, ýöne beýiklige ýetmek üçin gerek bolan işleri hemmelet etmäge taýyn däl. Biz öz endiklerimizi türgenleşdirenimizde ýa-da amal edenimizde, beýik baýragy berýän bahany töleýäris.

## Ösmeklik

Türgenleşme amaly çägine, ösüş bolsa esasan hem bilim çägine degişldir. "Ösmeklik" "bilim ýa-da türgenleşme arkaly kämilleşmek ýa-da gowulaşmak; ösüşe we kämilleşmä ýardam etme" diýmegi aňladýar.

Ösüş halypaçylyk bilen gönüden-göni baglydyr. Halypaçylyk şahsy ösüş we özüňi kämilleşdirmek üçin diýseň wajypdyr, sebäbi ol size peýdaly tankydy we ýolbaşçylygy berýär (siz olary özbaşdak alyp bilmeýäňiz). Öz ruhy peşgeşinde üstünlik gazanan adamlaryň her biri öz ýolunda halypaçylygy we ýolbaşçylygy alandyr. Halypalaryň wajyp aýratynlygy bar: olar siziň potensialyňyzy görýärler we hatda siz babatda berk bolmaly bolsalar-da, bu potensialyňyzy durmuşa geçirmegiňizi tüýs ýürekden isleýärler.

Siz halypaçylygy geňeşdar bilen onuň gözegçiligindäki adamyň, ata bilen ogluň, ene bilen çaganyň, mugallym bilen okuwçynyň gatnaşyklary arkaly, görkezmeler, amallar we haýsydyr bir kesbi öwrenmek ýa-da size giňden elýeter bolan kitaplar we materiallar arkaly alyp bilýänsiňiz.

Öz ruhy peşgeşiňiziň çäginde bilim almagyň ýene bir usuly – siziňkä meňzeş ruhy peşgeşleri bolan adamlar bilen bir ýere ýygnanyşmak. Ozal aýdylyşy ýaly, muňa köplenç "pikirdeşleriňi tapmak" diýilýär.

Siziňkä meňzeş zehini we ymtylyşy bolan adamlar bilen bolanyňyzda, siz hyzmatdaşlyk etmäge we haýsydyr bir täze zady döretmäge mümkinçilik alýarsyňyz.

1930-njy we 1940-njy ýyllarda “Inklingi” ady bilen belli bolan zehinli ýazyjylaryň topary Oksford uniwersitetiniň çäginiň ýanynda ýerleşýän pabyň aýratyn otagynda ýygnanyşýardylar. Bu edebiýat höwesjeňleriňiň arasynda K.S.Lýuis we J.P.P.Tolkin bardy. Bu ýygnaklaryň maksady topar agzalarynyň tamamlanylmadyk golýazmalaryny okamak we tankytlamakdy. Bu duşuşyklar Tolkiny “Ýüzükler hökümdary” we Lýuisi “*Narniýanyň ýyl ýazgylary*” atly kitaplaryny ýazmaga höweslendirdi. Pikirdeşleriň ajaýyp topary!

## Oýlanmak

“Oýlanmak” - bu “pikirlenmek, paýhasly oýlanyşmak” diýmegi aňladýar. Ösüşiň mümkin bolmagy üçin, biz wagt tapyp, säginmeli we özleşdiren sapaklarymyz barada pikirlenmeli. Biz öz ösüşimize syn edip, onuň netijelerine we berjaý edişimize baha bermek üçin wagt bölüp aýranymyzda, biz ünsi we düzedişi talap edýän çäkleri görýäris.

Meniň dostum Jon Makswell öz diňleýjilerine iň oňat mugallymyň tejribe däl-de, *baha berlen tejribäniň* bolup durýandygyny ýygy-ýygydan ýatladyp durýar. Öz ýeten sepgitleriňiz barada oýlananyňyzda, ýanyňyzdaky halypalaryň we adamlaryň seslenmelerini kabul ediň; şeýle-de öz ruhy peşgeşleriňizi gowulandyrmagyň we ulanmagyň täze usullary barada oýlanyň. Özüňize we Hudaýa dogry soraglary beriň: “Men nämäni üýgetmeli?”, “Haýsy çäklerde iň uly ösüşim bar?”, “Men haýsy çäklere has köp üns bermeli?”, “Täze derejä çykmak üçin, men näme etmeli?”.

Oýlanmalara sarp edilen wagt biderek sarp edilen däldir.

## HIÇ ZADY SAKLAMAŇ

Iň soňunda, geliň, Pawlusyň Timoteosa aýdanlaryny ýene bir gezek okalyň:

> “Bu borçlaryňda türgenleş, olarda ös we olar barada oýlan; üstünligiň hemmelere mälim bolar ýaly, bu borçlaryňa [öz hyzmatyňa dek] özüňi bütinleý bagyş et” (1 Timoteos 4:15, AMPC).

Biziň gürrüň eden ähli zatlarymyzyň bir şerti bar: biz özümizi Hudaýyň bizi çagyran zadyna we bize beren ruhy peşgeşine bagyş etmeli. Siziň çakylygyňyz jan-tenden berilmekligi talap edýär. Biz Hudaýyň bize berenlerine özümizi tüýs ýürekden bagyş edenimizde, biziň üstünligimiz hemmelere mälim bolar we öz potensialymyzy köpelderis.

Biziň her birimiz öz ruhy peşgeşimizi dolandyrmaga we durmuşymyz babatda mümkin bolan döredijilikli işi iň ýokary derejede berjaý etmäge jopgapkärdiris. Bilşimiz ýaly, biziň ruhy peşgeşlerimiziň ösüşiniň derejesi öz çagyrylan çägimizde nähili üstünligi gazanjakdygymyzy we netijeliligimizi nähili köpeltjekdigimizi kesgitleýär.

Biziň diňe bir ömrümiz bar we biz özümizi oňa bütinleý bermelidiris. Geliň, özümize berlenleriň hijisini saklamalyň, özümizi Hudaýa doly bagyş edip, özümizi bütinleý boşadaly. Ömür, ine, şudur. Hut şonda biz hakykatdan direlip, onuň dolulygyny bileris.

## OÝLANYŇ

1. Siziň çakylygyňyzy ýüze çykarmaklygyň hiç formulasy ýok. Siziň oňat başarýan zatlaryňyzy ýüze çykarmaga kömek etjek materiallar köp bolsa-da, siziň çakylygyňyzy açmak üçin, Hudaýyň gatnaşmasy gerek. Siz öz çakylygyňyz we ruhy peşgeşleriňiz babatda danalyk almak üçin Hudaýy agtardyňyzmy? Ol size näme görkezdi?

2. Öz çakylygymyzy bilmek üçin, biz öz-özümize we başgalara soraglar bermeli. Bu hem agtaryş prosesiniň bir bölegi bolup durýandyr. Özüňiziň ynanýan adamlaryňyzy tapyň we olardan siziň durmuşyňyzda we içiňizde näme görýändiklerini soraň.

3. Potensiala eýe bolmak ýeterlik däl, ol durmuşa ornaşdyrylmaly. Ruhy peşgeşleriňizi ösdürmek näme üçin wajyp? Siz öz ruhy peşgeşleriňizi maksatlaýyn ösdüreniňizde, nämeler bolýar?

*“Bizi Isa Mesihe baglan we seçip-saýlan Hudaýdyr”*

- 2 Korintoslylar 1:21

# 15

# MESH EDİLEN

Minnetdarlyk baýramynyň soňky günleriň birinde maşgalamyz myhman otagynda saçagyň başynda ýygnanyp otyrdy. Liza hakyky meýlis saçagyny taýýarlapdy. Nahardan soň, bu ajaýyp gurşawyň ýylysyna çoýunyp, özara söhbetdeşligimizden lezzet alýardyk. Men ata hökmünde öz maşgalama we baýramçylygymyza goşulan topar agzalaryna nämedir bir zatlary aýtmalydygymy duýdum.

Men aňymda dileg etdim we ýüregime şu sözler geldi:

– Men eýýäm 60 ýaşadym we köp zat babatda danalygy siziň bilen paýlaşmagy öz atalyk borjum hökmünde duýýaryn. Eger siz menden Liza ikimiziň Hudaý bilen gezen soňky 40 ýylymyzyň dowamynda edenlerimiziň arasynda iň wajybynyň nämedigini sorasaňyz, men size şeýle jogap bererin: “*Yzygiderli boluň*”.

Şu ýyllaryň dowamynda biziň ýeňilmäge mümkinçiligimiz köp boldy. Mundan başga-da, şahsy bähbidimiziň, özümizi öňe sürmekligiň ýa-da düşen kyn ýagdaýlarymyzy gowulandyrmagyň hatyrasyna hakykaty ýoýmaga köp mümkinçilikler boldy. Emma biz hakykaty öz labyrymyz edip, ýagdaýlaryň her näçe agyryly bolýandygyna garamazdan, ondan berk ýapyşmagy karar etdik.

Eýýubyň betbagtçylygyndaky iň paýhasly jümleleriniň biri şeýledi: “Men ejirlerimiň güýçlüdigine garamazdan Mukaddes Bolanyň sözlerini ret etmänligimden teselli tapýaryn” (Eýýup 6:10, NLT). Men ýalňyşamda (men bolsa köp ýalňyşýardym), bada-bat toba edip, Hudaýdan-da,

adamlardan-da ötünç soraýardym. Şindi bolsa men hakykata yzygiderli eýerenligimiz üçin berlen bolelin ýalkanyşlary görýärin, olara akyla sygar ýaly däl. Hudaý şeýle ýagşy!

## MESH EDILMEK

Hakykata yzygiderli tabyn bolmaklygyň netijesinde gelen iň uly ýalkanyşlaryň birine "mesh edilme" diýilýär. Mesh edilmäň nämedigine düşünmek üçin, geliň, beýik inaugurasiýa – Ata Hudaý Isa Mesihi gögüň we ýeriň Patyşasy edip bellän güni barada okalyň:

> "Sen dogrulygy söýdüň, pisligi ýigrendiň. Şonuň üçin Hudaý, Seniň Hudaýyň, Seni ýoldaşlaryň içinden seçip-saýlady, başyňa şatlyk ýagyny guýdy" (Ýewreýler 1:9).

"Şonuň üçin" diýen sözlere üns beriň, sebäbi olar bir açary hakykata düşünmek üçin örän wajypdyr. Isa Mesihiň iki zatdaky ýanbermezligi beýik peýda getirdi we Onuň göreldesi biziň üçin nusga bolmaly. Isa Mesih *dogrulygy* söýdi. Bu söz grek dilinde "*dikaisune*" bolup, ol "iň ýokary ygtyýarlygyň talaplaryna laýyk gelme" diýmegi aňladýar. Ýöne şonuň bilen birlikde-de, Ol *pisligi* ýigrendi. Pisligi *halamaýan* mesihiler köp, ýöne Isa Mesihiň ýüregi beýle däl: Ol pisligi ýigrenýär. Grek dilinde bu söz "*anomia*" bolup, aslynda ol "Hudaýyň ygtyýarlygyna boýun egmezlik" diýmegi aňladýar. Isa Mesih Hudaýyň ygtyýarlygyndan daşlaşdyrýan zatlaryň baryny ýigrenýär, nokat. Isa Mesihiň tabynlygy kynçylyklara garamazdan durnukly bolany üçin, Ol ýoldaşlarynyň içinden seçilip-saýlandy we olardan has artyk mesh edildi.

Men näme üçin köpeltmeklik baradaky kitaby *mesh edilme* baradaky gürrüňler bilen tamamlaýaryn? Munuň jogaby sada bolsa-da, wajypdyr. *Mesh edilme – bu Hudaýyň bize beren ruhy peşgeşleriniň baky köpeltmä bolan başarnygyny güýçlendirýän zat*. Mesh edilme babatda öz ruhy peşgeşleriňizi güýçlendirýän zat hökmünde pikir ediň. Gysgajyk iki mysaly dykgatyňyza hödür etmäge rugsat beriň.

Men ajaýyp owazly, ýokary baha mynasyp adamlaryň sesini eşitdim, ýöne men şeýle ajaýyp owazy bolmadyk adamlaryň sesini hem eşitdim,

bu adamlaryň sesi meniň ýüregimi özgerdip, has çuňňur täsir etdiler. Tapawudy – *mesh edilenligindedi*. Men şeýle-de çuňňur habarlary wagyz eden adamlary eşitdim, ýöne başga-da, o diýen görnükli däl habarlary wagyz edenleri-de eşitdim, olar maňa has çuňňur, ýüregimiň derjesinde täsir edip, hereketlerimi özgertdi. Tapawudy – *mesh edilenligindedi*.

Bu çakylyklarynyň haýsy çäklere: hökümet, işewürlik dünýäsi, sungat, bilim ulgamy we ş.m. degişlidigine garamazdan, Hudaýa hyzmat edýänleriň ählisine degişlidir. Dawut patyşa şeýle diýdi:

> “Sen meniň şah badamy (juda uly ygtyýarlygyň we belent mertebäniň nyşany) ýabanyň öküziň şahy dek kuwwatly etdiň, başyma täze ýag guýup, meni *saýladyň*” (Zebur 91:11, AMPC).

Onuň sözleri köp zatlary aýan edýär. Bu aýada berlen esasy teswirleriň birnäçesini öwrenmek bilen, olaryň bir zatda – ýabany öküziň keşbiniň Hudaýdan juda uly ygtyýarlygy almagyň nyşany bolup durýandygy babatda ylalaşýandygyny ýüze çykardym. Mesh edilmek, ýagny seçilip-saýlanylmak şatlyk getirýär. Hudaý muny lezzet ýa şatlyk ýagy diýip atlandyrýar, şatlyk bolsa, Hudaýyň Sözüne laýyklykda, biziň güýjümiz bolup durýar (ser.: Nehemýa 8:10). Mezmurçy aslynda mesh edilmäniň bizi güýçli edýändigini ykrar edýär. Ol dumuşymyzdaky ruhy peşgeşlerimiziň baky hasyly bereri ýaly, olary giňeldýär we güýçlendirýär.

Men munuň talantlar (pully horjunlar) we minalar baradaky tymsallardaky üstünligiň ýaşyryn faktorlarynyň biri bolup durýandygyna ynanýaryn. Köpeldýän iki hyzmatkäriň zähmeti mesh edilme arkaly güýçlendirilipdi. Men bu hakykaty “aç-açan aýdylmadyk” diýip atlandyrýaryn, sebäbi meniň özüm-de oňa ýokarky aýatdan ýetdim. Köpeltmek üçin olaryň tabynlykda durnukly we öz hojaýynlarynyň tabşyryklaryna gulak asmazlygy ýigrenmekleri wajyp zatdy; olar şeýle etmek bilen, öz ruhy peşgeşlerini güýçlendiren mesh edilmäni özlerine çekdiler.

Dawut *täze* ýag barada aýdýar. Mesh edilme bir gezeklik ýagdaý däl;

ol Hudaýa yzygiderli tabynlykda gezýänlerde hereket etmäge başlanýan we dowam edýän ýalkanyşdyr. Ol haýsydyr bir pursat edinip bolýan zat däl; ol öz-özünden bolýan zat hökmünde kabul edilip: “Hä, mende bu eýýäm bar-a” diýip pikir edilýän zat hem däl. Şimşon mesh edilipdi, ýagny seçilip-saýlanypdy, ýöne ol ony terligine saklamady. Ol oňşuklyga ýol berýärdi we gulak asmaýardy; ol pisligi ýigrenmeýärdi. Oňa birnäçe gezek geçirimlik edildi, ýöne ahyrda onuň günäsi onuň başyna ýetdi. Hudaýyň Sözi şeýle diýýär:

> “Şimşon ejizlenip başlady, *onuň güýji gaçdy*. Delila:’Seniň üstüňe piliştliler gelýärler, Şimşon!’ diýende, ol oýanyp, öňki gezekdäki ýaly öz-özüni boşatmakçy boldy. Emma ol Rebbiň indi özünden ýüz öwrendigini *bilmeýärdi*” (Ysraýyl serdarlary 16:19b-20).

Şimşon mesh edilmäniň özünden alnandygyny bilmeýärdi. Ine, hut şonuň üçin-de, Dawut Betşeba bilen eden günäsinden soň janygyp, şeýle dileg edýär:

> “Eý, Hudaý, mende päk ýürek ýarat we içimdäki *sadyklyk* ruhuny özgert. Sen Öz huzuryňdan meni taşlama, menden Mukaddes Ruhuňy alma. Öz halas edişiňiň şatlygyny Sen maňa gaýtar, *yhlasly ruh berip*, maňa söýget bol” (Zebur 50:12-14, NLT).

Dawudyň ýürek nalasy, güýçli dilegi durmuşyndan mesh edilmäniň alynmazlygy üçindi, ol munuň Hudaýa gulak asyp ýaşamakda sadyk we *yzygiderli* bolmaklyga baglydygyny bilýärdi.

Mesh edilme we onuň kime berilýändigi baradaky gürrüňimizi dowam edeliň. Şu baby açýan aýady ýene bir gezek okalyň. Pawlus onda şeýle diýýär:

> “Bizi Isa Mesihe baglan we *seçip-saýlan* Hudaýdyr” (2 Korintoslylar 1:21).

Bu aýatdaky “seçip-saýlan, ýagny mesh eden” jümlesi grek dilindäki “*hrio*” sözünden terjime edilen; ol “gudratly *tassyklama*, ýalkama we ruhy peşgeşleri berme şerti bilen, adamyň öňünde wezipe goýmak – mesh etmek, seçip-saýlamak, goýmak, *bellemek*” diýmegi aňladýar.

Bu kesgitlemede açary sözler bar, biz olara üns bermeli.

“Tassyklama” sözi “haýsydyr bir hereketi etmek üçin häkimiýet tarapyndan berilýän rugsat ýa-da makullama” diýmegi aňladýar. Umuman, mesh etme – bu *hereket etmek üçin Hudaýyň rugsadyny almak*. Isa Mesih şeýle diýýär: “Rebbiň Ruhy üstümdedir. Çünki Ol Meni seçip-saýlady...” (Luka 4:18). Şu aýadyň dowamyny okanymyzda, seçilip-saýlanmanyň, ýagny mesh edilmäniň Hudaýyň Isa Mesihe haýsydyr bir *hereketleri etm*äge razylyk berýändigini aňladýar. Resul Petrus hem şu manyda şeýle diýýär: “Hudaý nasyraly Isany Mukaddes Ruh we güýç-gudrat bilen dolduryp, Ony saýlap-seçdi. Isa çar tarapa aýlanyp, köp ýagşy işler *etdi*...” (Resullaryň işleri 10:38, TRT). Ýene-de hereket etme barada aýdylýar.

“*Hrio*” sözüniň kesgitlemesiniň açary manysynyň ýene biri – “*goýmak*” we “*bellemek*”. Hudaýa hyzmat etmekde hemişe synag döwri bolýandyr. Biz bellenmezden ýa-da mesh edilmezden öň tabynlykda synalýarys.

Dokuzynjy bapda gürrüň beren wakamda Maýk üçin iň wajyp synag Hudaý ondan soňky 200 dollaryny sadaka bermegi soranda boldy. Liza ikimiziň wakamyzda bolsa biziň synagymyz şeýledi: neşirýatlaryň biriniň-de biziň ilkinji iki kitabymyza gyzyklanma bildirmedik ýagdaýynda-da, olara jemgyýetçilik tarapyndan hiç üns berilmedik ýagdaýynda-da biz Hudaýyň kitap ýazmak baradaky tabşyrygyna sadyk galarysmy?

Isa Mesih: “Çagyrylanlar köp, saýlananlar azdyr” (Matta 20:16, 22:14) diýip köp gezek gaýtalaýar. Men “kopleriň” Oňa degişli bolanlaryň ählisidigine ynanýaryn. Biziň her birimiziň Hudaýdan bolan çagyryşymyz bar. Emma “saýlananlar” – bu bellenilen adamlar, Isa Mesihiň sözlerine laýyklykda, gynansak-da, azdyr. Näme üçin? Makullanma synagyndan geçmeli. Şu sözleri ünsli okaň: “Mesihde *synalan* we *makullanylan* Apellä salam aýdyň” (Rimliler 16:10, AMPC).

Çakylygyna tarap gitmek isleýän biziň her birimiz ýaly, Apelle hem synaldy. Onuň öz synagyndan geçendigi aýdyň zat, şonuň üçin-de, ol *seçilip-saýlandy* we *makullanyldy*. Hudaýyň Sözüniň esaslaryna daýanmak bilen, bu barada bärde hiç zat ýazylmadyk bolsa-da, biz

Apelleniň mesh edilendigini we onuň ruhy peşgeşine Hudaýyň güýjüniň galtaşandygyny bilýäris.

Adamlaryň köpüsi öz çagyrylan çäklerine özlerini wagtyndan öň belleýärler, ýöne olar öz şahsy makullanmalaryna däl-de, Rebbiň makullamasyna ymtylmalydyr.

> “Çünki özüni özi beýgeldýän däl-de, Rebbiň beýgeldýäni arzylydyr” (2 Korintoslylar 10:18).

Geliň, Minnetdarlyk günündäki agşamlyk naharyna dolanalyň. Men maşgalamyň we toparymyň agzalarynyň yzygiderli tabynlygyň – dogrulygy söýmekligiň we pisligi ýigrenmekligiň öz çakylygymyzy berjaý etmekde juda wajypdygyny bilmeklerini isleýärdim, sebäbi şeýle yzygiderlilik bize Onuň bizi mesh etmesini almaga ygtyýar edýär.

Liza ikimiz geçen ýyllara garamak bilen, käbir örän kyn döwürlerde-de Hudaýa gulak asýardyk. Gulak asmaklyk käwagt biziň ösüşimiz, abadanlygymyz, meşhurlygymyz we başga şahsy aýratyn hukuklarymyz (biz olardan has uzaklaşýan ýaly görünýärdi) üçin amatsyz, hatda weýran ediji bolup görünýärdi. Ýöne gysgamöhletleýin döwürde biziň üçin amatsyz bolup görnen zatlar biziň çakylygymyza eltýän wajyp gapynyň açary bolup çykdy.

## SIZIŇ TABŞYRYGYŇYZ

Siz hem beýlekileriň bary ýaly, hatda iman gahrymanlary hasaplaýan adamlaryňyz ýaly, çagyrylansyňyz. Siziň çakylygyňyzyň ýygnak çäginde bolmazlygy ahmal, sebäbi diňe käbir adamlar – sanlyja adamlar- bu çäge çagyrylandyr. Siziň öz iberilen çägiňizde üstünlikli bolmaga we tapawutlanmaga aýratyn hukugyňyz bardyr.

- Danyýel Babylda döwlet wezipelerinde *tapawutlandy* (ser.: Danyýel 6:3).
- Ýusup beýik Müsürde *tapawutlandy* (ser.: Gelip çykyş 41:39).
- Fibi Kenhreýada Hoş Habaryň hyzmatçysy hökmünde tapawutlandy (ser.: Rimliler 16:1).
- Siz hem şeýle işlere çagyralansyňyz.

*Siziň üýtgeşik ruhy peşgeşleriňiz bar.* Hudaý siziň içiňize tabşyrygyňyzy berjaý etmäge gerek başarnyklary saldy.

Hudaýyň Sözi Besalel we onuň işçiler topary barada, ine, şeýle diýýar: “Mukaddes öýüň gurluşynyň her bir işini nähili ýerine ýetirmelisini biler ýaly, Reb Besalele, Oholyýaba we başga-da her bir ökde ussalara ukyp hem akyl-paýhas berdi. Olar ähli işi Rebbiň buýrugy boýunça ýerine ýetirmelidiler” (Müsürden çykyş 36:1). Bu ussalaryň Musa, Harun we onuň ogullarynyňky ýaly Hudaýyň Sözüni wagyz etmek we adamlara hyzmat etmek başarnyklary ýokdy. Ýöne olara Mukaddes öýi öz elleri bilen gurarlary ýaly zehin berildi.

Siz hem Hudaýyň özüňize beren başarnyklary bilen Onuň Mukaddes öýüni guraryňyz ýaly ruhy peşgeşleri alansyňyz. Emma bu öý altyndan, kümüşden, bürünçden, gymmatbaha daşlardan, geçi ýüňünden, perdeden we Köne Äht döwründäki Mukaddes öýüň ýa-da Iýerusalimdäki ybadathananyň gurluşygy üçin gerek bolan islendik materialyndan edilen däl. Häzirki wagtda Hudaýyň öýi diri daşlardan – adamlardan bina edilýär; bu diri daşlar Hudaýyň öýi ýaly bina edilýär (ser.: 1 Petrus 2:5 we Efesliler 2:20-22). Hudaýyň şan-şöhraty üçin adamlary bina ederiňiz ýaly, size ruhy peşgeşler berlendir.

*Siz köpeltmek üçin güýç aldyňyz*. Biz – Hudaýyň bize beren ruhy peşgeşleriniň dolandyryjylary. Ol bu peşgeşlerden alnan hasyly esseläp gaýtarmagymyzy isleýär. Köpeldip bilmegimiz üçin, biz gökleriň strategiýasyny agtarmaly. Liderler bize esaslary öwredip bilýär, ýöne göklerden bolan üýtgeşik startegiýalar her bir adama aýratynlykda berilýär; olary kitaplardan ýa-da synp otaglarynda öwrenip bolmaýar.

Biz-liderler Ony gözläp, Onuň sesine gulak asaryňyz ýaly, sizi diňe ruhlandyryp bilýäris. Onuň sesine hemişe, hatda onuň ähmiýetsiz görnäýen ýagdaýynda-da gulak asyň. Köpeltmeklige eltýän zat adatça ähmiýetsiz görünýär. Ýatda saklaň: gorçisa dänesi hemme dänelerden kiçi bolsa-da, ösüp boý alanda, iň uly agaçlaryň birine öwrülýär.

*Siz goýum goýmalar arkaly köpeldýärsiňiz*. Bu köpeltme köp görnüşde bolup bilýär, ýöne biz berenimizde, ýalkanyşlar hasylyny orýarys. Eger tohum ekilmese (goýum goýulmasa), ol ýekeligine galýar; ýöne ol goýulanda, köpeldilen hasyly emele getirýär. Siz islendik pursatda öz

hasylyňyzy saklap bilýäňiz, ýa-da ony gaýtadan goýup bilýäňiz. Goýum goýmagyňyzy bes etmäň; bu siziň netijeliligiňiziň indiki derejesiniň açarydyr.

*Hyzmat sizi höweslendirýär.* Eger siziň niýetiňiz hyzmat etmekden başga niýetleriň islendigi bolsa, siz islemeýän ýeriňize düşersiňiz. Siz başga adamlaryň nazarynda gowy görnüp bilersiňiz, ýöne öz ymtylyşyňyzy ýitirersiňiz. Siziň çyraňyz kem-kemden öçügsilener we hatda öçüp galar. Ýöne siziň teselliňiz – Onuň "tüteýän peltäni söndürmeýänligi"; Ol siziň oduňyzy gaýtadan tutaşdyrmak üçin, siziň ünsüňizi çekmegi dowam etdirer (ser.: Işaýa 42:3). Her näme etseňiz-de, hyzmat etmäge ymtylyň, ikiýüzlilikden söýmäň we duş bolýan kynçylyklaryňyzyň ählisini tutanýelilik bilen ýeňip geçiň.

*Mesh edilmäni almagy arzuwlaň*. Mesh edilme – sizi güýçlendiýän zat. Ol siziň zähmetiňize baky gymmatlygy berer. Ol siziň güýjüňizi köpelder we öz çakylygyňyzyň çäginde tapawutlanmaga ýardam berer. Ol sizi bu dünýäniň adamlaryndan we hatda Hudaýyň beren ruhy peşgeşlerini öz egoistik ýa-da dünýewi maksatlary üçin ulanýan ýygnakdaky adamlardan araňyzy açar.

*Siziň imanyňyz bolmaly.* Bu Hudaýyň size beren potensilayny köpeltmegiň ýeke-täk usulysyr. Iman etmän, "Hudaýy hoşnut edip bolmaz" (Ýewreýler 11:6). Imanyňyzy artdyrmak üçin, siz Onuň Sözüni eşitmeli. Şeýle ýazylan: "Şunlukda, iman eşitmekden, eşitmek bolsa Hudaýyň Sözünden döreýändir" (Rimliler 10:17, NKJV). Eşitmek, eşitmek we ýene-de eşitmek, ine, şu zatlar Hudaýyň Sözüne ýüregiňizde mäkäm ornaşmagyna ýardam berýändir. Eger siz bu kitaby gaýta-gaýta okasaňyz, paýhasly hereket etdigiňiz bolar. Emma ony ýöne okamaň! Okanyňyzda, ony bir gyra goýuň-da, bu hakykatlaryň siz babatda nähili ulanyp bolýandygy barada oýlanyň, soňra bolsa olaryň esasynda hereket ediň. Hudaýyň Sözüni okamak, oýlanmak we dileg etmek arkaly ony ruhuňyza kabul ediň. Ol bu kitapda yzygiderli tertipde berlendir. Töweregiňizde nämeleri görýändigiňize garamazdan, ony tä özüňiziň köpeltmä çagyrylandygyňyza ynanýançaňyz okaň. Siziň köpeltmek baradaky içki ynamyňyz daşky ýagdaýlaryňyzyň size aýdyşyndan has uly bolmalydyr.

Iň soňunda-da, şuny ýatda saklaň: *Hudaý siziň tarapyňyzdadyr!* Ol şeýle diýýär:

> “Çünki siziň üçin niýetlän meýillerimi Özüm bilýärin. Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýamanlyk etmek däl-de, umytly geljek bermek üçin parahatlyk niýetleridir” (Ýermeýa 29:11).

Hudaýyň Sözi şuny ýene-de aýgytly ykrar edýär:

> “Bulardan başga aýdara zat galdymy? Hudaý bizlik bolsa, kim bize garşy çykyp biler? Hudaý hatda Öz Ogluny aýaman, Ony biziň günälerimiz üçin ölüme tabşyran bolsa, onda Onuň bilen birlikde beýleki zatlaryň baryny hem eçilmezmi näme?!” (Rimliler 8:31-32).

Bu dünýäniň hudaýynyň – baş garalawçynyň we arabozaryň basmarlaýjy sözlerini däl-de, ýokardaky aýadyň sözlerini diňläň. Ýaradanyňyz siziň Ataňyzdyr, Ol siziň Öz çagyran işinde üstünlik gazanmagyňyzy isleýär.

Eýýäm 60-dan geçen imandaky ataňyz hökmünde, men hem siziň tarapyňyzdadyryn! Menden we ýaşytdaşlarymdan has uzaga gidip bilmegiňiz üçin sizi ruhlandyrýaryn. Biz bir Patyşa hyzmat edýäris, biz - bir Şalygyň raýatlary we bir maşgalanyň agzalary. Biziň imanymyz we tabşyrygymyz birdir: biz Hudaýyň öýüni gurmaly, Ol onda bütin bakylykda ýaşar.

Geliň, bile zähmet çekeliň. Geliň, agzybir bolup, bütewiligi saklalyň. Geliň, Onuň şan-şöhraty Onuň öýüni gaýta-gaýta doldurary ýaly, elimizden gelenini edeliň. Bu dünýäniň meseleleriniň ýeke-täk çözgüdidir.

Men sizi söýýärin, ýöne Ata Hudaýyň, Isa Mesihiň we Mukaddes Ruhuň sizi güýçli söýýänligi hemme zatdan wajypdyr. *Olaryň size söýgüsi bakydyr*.

Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi goramagy we şatlykdan doldurup, Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsüz getirmegi başarýandyr. Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we baky ýar bolsun! Omyn. Ýahuda 24-25

## OÝLANYŇ

1. Mesh edilme Hudaý tarapyndan berlen ruhy peşgeşlerimiziň köpeltmek ukybyny artdyrýar. Ony nädip alyp bolýar? Mesh edilme siziň ruhy peşgeşleriňiziň hereketlerine nähili täsir edýär?

2. Mesh edilme siziň durmuşyňyzda terligine nädip galyp bilýär? Mesh edilmä öz-özünden bolmaly zat hökmünde garalsa, näme bolar?

3. Siz durmuşyň haýsy çäginde özgerişleri getirmäge çagyrylan? Mesh edilme täsir ýetirmäniň bu çäginde siziň tapawutlanmagyňyza nädip ýardam berer?

*“Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar”.*

- Rimliler 10:9, 10

## Goşundy

# HER BİR ADAMA ELÝETER BOLAN GUTULYŞ

Hudaý siziň hakyky durmuşda ýaşamagyňyzy isleýär. Ol sizi tüýs ýürekden söýýär we durmuşyňyz üçin meýilnamasy bar. Ýöne öz ykbalyňyza eltýän ýoly saýlamagyň ýeke-täk bir usuly – Hudaýyň Ogly Isa Mesih arkaly gutulyşy kabul etmek usuly bar.

Hudaý Isa Mesihiň ölümi we direlişi arkaly size – Öz söýgüli ogluna we gyzyna Öz Şalygyna ýol açdy. Isa Mesihiň haçdaky gurbanlygy arkaly ebedi bolelin ýaşaýyş size elýeter boldy. Gutulyş – bu Hudaýyň peşgeşi, ony gazanmak-da, oňa mynasyp bolmak-da mümkin däl.

Bu gymmat peşgeşi almak üçin, ýaşaýyş beren Ýaradanyňyzdan üzňe ýaşandygyňyz (sebäbi bu siziň öňde-soňda eden günäleriňiziň köki) babatdaky günäňizi boýun almaly. Toba – halas bolmagyň wajyp bölegi. Petrus Resullaryň işleri kitabynda bäş müň adamyň halas bolan gününde bu barada aýdyň aýdypdy: “Indi günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba ediň we Hudaýa tarap öwrüliň” (Resullaryň işleri 3:19). Mukaddes Ýazgylar biziň her birimiziň günäniň guly bolup doglandygymyz barada aýdýar. Bu gulçulygyň köki-damary Adam atanyň eden günäsindedir; ol özdiýenliligiň we bitabynlygyň başyny başlapdy. Toba – bu özüňize we ýalanyň atasy iblise tabyn bolmagy bes edýändigiňiz, mundan beýläk öz täze Rebbiňize – Öz janyny siziň üçin gurban eden Isa Mesihe gulak asjakdygyňyz baradaky saýlawdyr.

Siz özüňizi Isa Mesihe tabyn etmeli, Ony öz Rebbiňiz hökmünde

kabul etmeli, durmuşyňyzy (öz ruhuňyzy, janyňyzy we teniňizi Oňa tabyn edip) Onuň ygtyýaryna tabşyrmaly, özüňizi we özüňizdäki zatlaryň baryny bütinleý Oňa tabşyrmaly. Onyň siziň durmuşyňyzdaky ygtyýarlygy bütinleý bolýar. Siz muny eden badyňyza, Hudaý sizi tümlükden boşadyp, Öz Şalygynyň nuruna we şan-şöhratyna elter. Siz ölümden ýaşaýşa geçip, Onuň perzendi bolarsyňyz!

Eger siz Isa Mesih arkaly halas bolasyňyz gelýän bolsa, şu dilegi ediň:

> *“Eý, Gökdäki Hudaý! Men özümiň günälidigimi we Seniň dogrulyk ölçegleriňe görä ýaşap bilmeýänligimi boýun alýaryn. Men öz günälerim üçin baky jeza mynasyp. Meni şeýle ýagdaýda taşlamaýandygyň üçin Saňa minnetdar, sebäbi Seniň Isa Mesihi, Päkgyz Merýemden doglan ýeke-täk Ogluňy meniň üçin ölüp, meniň jezamy haçda götermek üçin iberendigiňe iman edýärin. Men Onuň üçülenji gün direlip, Seniň sag tarapyňda oturandygyna iman edýärin. Ol meniň Rebbim we Halasgärim. Şu gün men Senden üzňe ýaşandygym üçin toba edýärin we öz durmuşymy bütinleý Rebbim Isa tabşyrýaryn.*
>
> *Eý, Isa Mesh! Men Seni öz Rebbim we Halasgärim diýip yglan edýärin. Meniň durmuşyma Öz Ruhuň bilen aralaş we meni özgerdip, Hudaýyň perzendi et. Men şu çaka çenli bolan tümlügimi ret edýärin we şu günden başlap özüm üçin däl-de, Seniň merhemetiň arkaly Seniň üçin ýaşap başlaryn, çünki meniň baky ýaşarym ýaly, Sen Özüňi meniň üçin gurban etdiň.*
>
> *Ýa Rebbim, Saňa minnetdar. Meniň durmuşym indi Seniň eliňde we Seniň Sözüňde aýdylyşy ýaly, men utanja galmaryn. Isa Mesihiň ady bilen dileýärin, omyn”.*

Maşgala hoş geldiňiz! Edil şu pursat başdan geçirenleriňizi başga imanlylara gürrüň bermäge çagyrýaryn. Mukaddes Kitaba ynanýan yerli ýygnaklaryň birine gatnap başlamak, sizi imanda ruhlandyrjak imanlylar bilen gatnaşmak wajypdyr. Siz biziň hyzmatymyz bilen habarlaşyp

bilersiňiz (MessengerInternational.org saýtyna giriň) we biz size ýaşaýan ýeriňizde ýygnagy tapmaga kömek ederis.

Siz iň täsin syýahata ugradyňyz. Hudaýyň aýanlygynda, merhetinde we Onuň bilen dostlaşmakda günsaýyn ösüp bileriňiz ýaly, goý, Ol sizi boldan-bol ýalkasyn!

# MINNETDARLYK SÖZLERI

Eliňizdäki şu kitap tutuş toparyň bilelikdäki işiniň netijesiidir. Men onuň döredilmegine öz goşandyny goşan toparymyň käbir agzalaryna minnetdarlygymy bildiresim gelýär:

**Brýus Nigren**: Redaktirlemedäki tejribäň üçin minnetdar. Sen ýene-de meniň golýazmymy alyp, meniň sesimi ýitirmezden, ony has oňat etdiň. Seniň çylşyrymly soraglaryň üçin minnetdar, sebäbi olar kitabyň has aýdyň we netijeli bolmagyna ýardam berdi.

**Kori Emberson, Lora Wilber, Loran Jonson**: Şu habaryň anyklygy, grammatikasynyň, dyngy belgileriniň we stiliniň yzygiderliligi babatda eden işiňiz üçin minnetdar. Men siziň ruhy peşgeşiňize haýran galýaryn.

**Kris Peýs**: Şu golýazmany bapma-bap okap çäksiz ruhlandyrmalaryň üçin minnetdar. Şeýle-de 14-nji baby düzmekdäki kömegiň üçin minnetdar. Seniň goşandyňyň bahasyna ýetip bolmaz.

**Edison Biwer**: Seniň redaktorlyk endikleriň we kitaby has oňat, aýdyň eden soraglaryň üçin minnetdar. Hemmesinden-de artyk, seniň sadyk we ruhlandyrýan oguldygyň üçin minnetdar.

**Alan Nigren**: Şu kitabyň we onuň jiltiniň ajaýyp bezegleri üçin minnetdar. Men seniň ruhy peşgeşiňe haýran galýaryn!

**“Messenjer Interneşenel” topary**: Siziň her biriňiz Hudaýyň Şalygy ugrunda ägirt işleri edýärsiňiz. Isa Mesihiň siziň sadyk hyzmatyňyz üçin size baýrak berjek gününde muny öz gözlerimiz bilen görenimizde, siziň bilen örän şatlanaryn.

**Hudaýyň Mukaddes Ruhy**: Meniň iň uly minnetdarlygym Saňa gönükdirilen! Bu habar Seniň ugrukdyrmaň we Seniň danalygyň

arkaly mümkin bolandyr. Men öz Rebbim we iň uly söýgim bolan Isa Mesih barada aýanlyklaryňy bermegi dowam edýänligiň üçin Saňa çäksiz minnetdardyryn. Men Seni bütin ýüregim bilen söýýärin, Saňa hyzmat etmek we Seniň bilen hyzmatdaşlyk etmek meniň üçin beýik mertebedir.

# MUKADDES RUH: GIRIŞ

*Siz Ol barada bilýärsiňiz, ýöne welin Ony tanaýarsyňyzmy?*




Şägirtler üç ýyllap Isa Mesih bilen boldular, Onuň ýanynda gezdiler, Onuň aýdanlarynyň baryny eşitdiler. Ýöne şonda-da Isa Mesih iň ýakyn dostlaryna Mukaddes Ruhuň gelip bilmegi üçin, Özüniň olary taşlap gitmelidigini we munuň olar üçin has gowy boljakdygyny aýtdy (Ýohanna 16:7, 13-14). Eger bu her gününi Isa Mesihiň ýanynda geçiren şägirtler üçin has gowy bolan bolsa, onda biz öz durmuşymyzda Mukaddes Ruhuň huzuryna näderejede mätäç?

Köp adamlaryň Mukaddes Ruhuň Kimdigi we Onuň Özüni nädip aýan edýändigi baradaky bilimden mahrum edilmegi, Oňa köplenç nädogry düşünilmegi diýseň gynandyrýar. Ýöne Mukaddes Kitap Mukaddes Ruhuň nämedeir bir zat däldigini aýdyň aýdýar. Ol - Kimdir Biri, Ol – Şahsyýet, Ol bizi asla taşlamajakdygyny wada berdi. Jon Biwer bu interaktiw kitabynda sizi Ýygnakda iň äsgerilmeýän we düşnüksiz bolan Şahsyýeti, ýagny Mukaddes Ruhy ýakyndan tanamaga çagyrýar.

**MessengerX.com** -da elýeter

# Ýagşylyk ýa-da Hudaý?

*Hudaýsyz edilen ýagşylyk näme üçin ýeterlik däl*




Eger bu oňat bolsa, onda ol hökman hudaýdandyr, şeýle dälmi?

Biziň günlerimizde “ýagşylyk” we “Hudaý” sözleri manydaş sözler hasaplanylýar. Biz haýsydyr bir ýagşy hasaplanylýan zat Hudaýyň erkine laýyk gelýändigine ynanýarys. Sahylyk, pespällik, adalatlylyk – bular ýagşylyk. Diňe özüňi bilmeklik, gedemlik, zabunlyk – bular ýamanlyk. Olary tapawutlandyrnak şeýle aňsat gerek?

Emma hemme zat şeýle aňsatmyka? Eger ýagşylyk şeýle mese-mälim zat bolsa, Mukaddes Kitap näme üçin olary saýgarmalydygymyz barada aýdýar?

*“Ýagşylyk ýa-da Hudaý?”* – bu kynçylyklarymyzy çözmäge gönükdirilen nobatdaky habar däl. Ol siziň edim-gylygyňyzy özgertmekden başga-da has uly zatlary eder. Hudaýyň siziň üçin niýetlän durmuşynda Onuň bilen gezeriňiz ýaly, bu habar size gujur-gaýrat berer, durmuşyňyzyň her bir çägini özgerder.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# BAKYLYKDAN YLHAMLANÝANLAR

*Şu gün we bütin bakylykda mana eýe bolan durmuş*




Günleriň birinde siz Hudaýyň öňünde dik durup, Oňa bütin durmuşyňyz barada hasabat berersiňiz. Şu pursat özüňizden sorap biljek iň wajyp soragyňyz – siz muňa taýyn bolarmysyňyz?

Mesihileriň köpüsi haç babatdaky soraga berjek jogaplarynyň bakylygy nirede geçirjekdigini kesgitleýändigini bilýär. Ýöne siz ýer ýüzünde eden işleriňiziň bakylygy nähili geçirjekdigiňizi kesgitleýändigini bilýärmisiňiz?

Hudaý siziň öz çakylygyňyzy bilmegiňizi isleýär, Ol sizi nadanlykda saklasy gelmeýär. Mundan başga-da, Ol ýer ýüzündäki durmuşyňyzyň sebäbine düşünip, onuň manysyny we maksadyny taparyňyzy isleýär.

Soňky demden soň indiki duralga däl-de, bakylykdaky durmuş bolar. Juda giç bolaryna garaşmaň. Hudaý tarapyndan berlen maksadyňyza görä ýaşap, ýerdäki ýaşaýşyňyz bakylyk üçin hem ähmiýetli bolmagyny gazanyň.

**MessengerX.com** -da elýeter

# KRIPTONITI ÝOK ETMEK

*Güýjüňizi ogurlaýan zady ýok etmegiň usuly*




Islendik päsgelçiligi ýeňip, islendik duşmany syndyryp bilýän Supermen ýaly, Isa Mesihe eýerýänleriň hem öz ýolunda gabat gelýän kynçylyklary ýeňip geçmek üçin adatdan daşary güýji bardyr. Ýöne Supermeniň ýagdaýynda bolşy ýaly, biziň hem bir meselämiz – güýjümizi ogurlaýan kriptonit bar.

Supermen we kriptonit – hyýalymyzyň miwesedigi gürrüňsiz zat. Ýöne ruhy kriptonit dogrudan-da bardyr.

Birinji asyrda ýaşan mesihiler Hudaýyň güýjüne eýediler. Siz şu kitapda köpimiziň şeýle güýçden näme üçin mahrumdygymyzyň sebäbini bilersiňiz.

Jon Biwer “Kriptoniti ýok etmek” atly kitabynda ruhy kriptonitiň nämedigi, onuň jemgyýetimize salýan howpy we onuň ýesirliginden nädip boşanyp bolýandygy barada gürrüň berýär.

*“Kriptoniti ýok etmek”* gowşak adamlar üçin däl, ol süýjüçil adamy hoşwagt etjek kitap hem däl. Bu kitabyň hakykaty Isa Mesihe eýerip, kynçylyklardan doludygyna garamazdan, sylaglary wada berýän we bütinleý özgerdýän ýola gadam urmagy küýseýän adamlar üçindir.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# HUDAÝ, SEN NIREDE?!

*Öz çölüňizde güýç we maksat ediniň*




Siz, belki Hudaýyň sesini eşidensiňiz, ýöne indi Ol dymýan ýaly bolup görünýär. Siz, belki imanda hereket edensiňiz, ýöne indi Onuň huzuryny tapyp bilmeýäňiz. Eger şeýle bolsa, çöle hoş geldiňiz – bu ýer Hudaýdan wada almak bilen onuň berjaý bolmagynyň arasyndaky ýerdir.

Ýöne bir oňat habar hem bar: çöl – bu maksatsyz we boş ýer däl. Siz bu çölden dogry geçen ýagdaýyňyzda, Hudaý ony öz çakylygyňyza taýynlamak we ýol şaýyňyzy üpjün etmek üçin  ulanýar. Köp adamlaryň näme pikir edýändigine garamazdan, biz bu möwsümden diňe Hudaýa garaşyp geçmeýäris. Siz çölden geçeniňizde, öz roluňyzy ýerine ýetirmeli; siziň roluňyz ähmiýetlidir. Eger siz wagtyňyzy biderek sarp edip, şol bir ýerlere öwran-öwran aýlanmak islemeseňiz, çölüň nämedigini bilmelisiňiz.

Bestselleriň awtory Jon Biwer aýanlykdan doly bu kitabynda Mukaddes Kitabyň açary bilimlerini we çuň manyly wakalaryny siziň bilen paýlaşýar. Olar size gurak we kyn möwsümlerden geçip, Hudaýyň siziň üçin taýynlan zatlarynyň ählisine girmäge kömek eder.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# MessengerX

*Her bir adam üçin şägirtçilige ýol we her ýerde*




- **100-den gowrak dilde mugt;**
- priloženiýada we onlaýnda elýeter;
- siziň ruhy ösüşiňiz üçin niýetlenen materiallar;
- öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluňyzy yzarlaň.






Messenger-iň şägirdi bolmak üçin resurslaryň doly kitaphanasyny: elektron kitaplary, wideo we audio okuwlary, audiokitaplary, Mukaddes Ýazgylary alyň. Öz ähli enjamlaryňyzda tomaşa ediň, okaň we diňläň.

**MessengerX.com**

Download on the App Store

GET IT ON Google Play

Bütin dünýä boýunça App Store и Google Play-da elýeter

**“GELIŇ, ÖZÜMIZI HUDAÝA BÜTINLEÝ BAGYŞ EDIP, HIÇ BIR ZADY ÖZÜMIZDE SAKLAMAN, ARADAN ÇYKMANKAK ÄHLISINI BERELI,....HUT ŞONDA BIZ HAKYKATDAN-DA DIRELIP, DURMUŞY ONUŇ DOLULYGYNDA BILERIS”.**

**- JON BIWER**

Siz haçan hem bolsa özüňizi Hudaýyň Şalygynda synlaýjy hökmünde duýupmydyňyz? Siz, belki, haýsydyr bir zatlary etmelidigiňizi bilseňiz-de, kesgitli nämeleri etmelidigiňize doly düşünip bilmeýän bolmagyňyz ahmal. Biziň köpimiz öz durmuşymyz arkaly uly täsirleri ýetirmegi arzuwlaýarys, ýöne, belki, jogapsyz galýan şeýle soraglaryňyzyň bolmagy ahmal:

- Durmuşymda Hudaýyň erkini sypdyrmaýandygymy nädip bilmeli?
- Hudaýyň Şalygyny bina etmekde meniň üýtgeşik ruhy peşgeşlerimiň orny nähili?
- Hudaýyň maňa beren güýjüni ulanýandygyma nädip göz ýetirmeli?
- Eger men “hyzmatda” bolmasam, meniň çagyrylyşym has ähmiýetsiz bolýarmy?
- Hudaýyň merhemetinde ýaýnamak bilen Onuň Şalygy üçin hereket etmegiň arasyndaky deňagramlylygy nädip saklamaly?
- Ynamsyzlygyň we töwekgelligiň bolan ýagdaýynda hem öňe hereket etmek üçin gorkyny nädip ýeňip geçmeli?

Jon Biwer yhlas bilen ýazan bu kitabynda Mukaddes Ýazgylardan jikme-jik öwrenen zatlaryna esaslanýar. Ol siziň öz çakylygyňyz babatda başgaça oýlanmagyňyza, onuň Hudaý üçin näderejede wajypdygyna düşüneriňiz ýaly, ynandyryjy wakalary mysal getirýär. Siz bu kitabyň sahypalarynda Hudaýyň beren ruhy peşgeşlerini köpeltmegi we öz mümkinçilikleriňizi doly ulanmagy öwrenip bilersiňiz!
Eger siz hereketsizligi beýik maksada çalyşmaga taýyn bolsaňyz, onda bu siziň ýoluňyzyň başlangyjydyr.



**JON BIWER** – halkara wagyzçy we bestselleriň awtory. Ol Hudaýyň Sözüne bolan yhlasy bilen giňden tanalýar. Jon we onuň aýaly Liza – “Messenjer Interneşenel” hyzmatynyň esaslandyryjylary. Bu hyzmatyň maksady dünýämizi özgerdýän şägirtleri, Isa Mesihiň yhlasly şägirtlerini aýaga galdyrmakmakdan ybarat. Jon öýünde, Koloradada bolan wagtynda öz dört ogly bilen dürli oýunlary oýanaýar ýa-da Lizany özi bilen golf oýnamaga yrmakçy bolýar.

MessengerX

Mugt indirmeler we akymlaýyn wideo-lar üçin **MessengerX.com** saýtyna giriň.

Has köp bilmek isleýäňizmi? Şu ýerde skanirläň:

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

Bu kitap awtordan sowgat.
Satuwa degişli däl.